TŰRKMENISTANYŃ BILIM MINISTRLIGI

TŰRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE
DOLANDYRYŞ INSTITUTY

# KÄRHANA MALIÝESI

**Okuw kitaby**

Aşgabat-2009ý



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## *GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY*

**Janym gurban saňa, erkana ýurdum,**
**Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,**
**Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,**
**Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.**

**Halkyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim – janym,**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Gardaşdyr tireler, amandyr iller,**
**Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.**
**Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,**
**Nesiller döş gerip gorar şanymyz.**

**Halkyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim – janym,**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň*

## *KASAMY*

**EZIZ TÜRKMENISTAN - ATA WATANYM,**

**GURBAN BOLSUN SAŇA BU JANYM-TENIM !**

**EGER-DE MEN SAŇA SÄHELÇE ŞEK ÝETIRSEM,**

**GOÝ, MENIŇ ELIM GURASYN !**

**EGER-DE MEN SAŇA DIL ÝETIRSEM,**

**GOÝ, MENIŇ DILIM GURASYN !**

**EGER-DE MEN TÜRKMENISTAN WATANYMA,**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINE**

**DÖNÜKLIK ETSEM,**

**GOÝ, MENIŇ ÖMRÜM KÜL BOLSUN !**

**NYÝAZMYRAT HALOW,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň „Maliýe“ kafedrasynyň professory, ykdysady ylymlaryň doktory**

# KÄRHANA MALIÝESI

**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby**

**Aşgabat-2009ý**

**UOK**
**T**

**N.Halow**
**Kärhana maliýesi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy.

“Kärhana maliýesi”okuw kitaby öňi bilen ykdysadyýet ugrunda bilim alýan talyplara niýetlenendir, şonuň ýaly hem aspirantlara, maliýe-karz ulgamynda işleýän hünärmenlere we kärhanalaryň ykdysady gulluklaryna peýdaly bolup biler.

**TDKP № 2009 KBK**

© N.Halow, 2009.

**TŰRKMENISTANYŃ BILIM MINISTRLIGI**

**TŰRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY**

# KÄRHANA MALIÝESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

**Syn ýazan:** Araznury Ataýew, ykdysady ylymlarynyň doktory.

Redaktor
Surat redaktory
Teh.redaktory
Suratçy
Neşir üçin jogapkär

# Giriş

Ýurdumyz öz garaşsyzlygyny gazanandan soňra maliýe gatnaşyklary düýbünden täzeden gurnaldy. Bu gatnaşyklar bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalarda önümçiligiň ýokary depginlerde ösmegine şert döretdi. Netijede jemi içerki önümiň möçberi indi birnäçe ýyllardan bäri iň ýokary depginler bilen ösýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda kärhanalarda maliýe gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän bir topar kanunlar we kanunçylyklar kabul edildi. Mysal üçin kärhanalar, telekeçilik, paýdarlar jemgyýetleri, salgytlar, eýeçilik we beýleki kanunlar hereket edýär. Bu kanunlar şu günki güniň talabyna laýyk geler ýaly derejede kämilleşdirildi.

Kärhana maliýesi maliýe ulgamynyň möhüm düzüm bölegidir. Ol maliýäniň esasyny (fundamentini) düzýär, çünki kärhanalarda jemi içerki önümler natural (gymmat) görnüşinde öndürilýär we pul görnüşinde paýlanylýar. Kärhanalaryň pul girdejileriniň bir bölegi salgytlar we beýleki geçirimler netijesinde Türkmenistanyň döwlet býujetiniň girdeji bölegini emele getirýär. Ýene bir bölegi işçi we gullukçylaryň zähmet haky üçin ulanylýar, galan bölegi kärhanany döredijileriň – eýeleriniň we esaslandyryjylaryň, paýdarlaryň girdejisi emele getirýär. Galan bölegi düýpli maýa goýumlara, durmuş we medeni çärelere, bankdan we beýleki kärhanalardan alan karz pullaryny gaýtarmaga, bergilerini üzmäge we beýleki çärelere gönükdirilýär. Görnüşi ýaly, kärhanalaryň pul girdejileriniň artmagy diňe olaryň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak bilen çäklenmän, döwletimiziň esasy gaznasy bolan býujetiň girdejilerini üznüksiz artdyrmaga, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga mümkinçilik berýär. Döwlet býujetiniň girdejileri örän ýokary depginler bilen artýar, bu bolsa ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik berýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde býujetden we beýleki çeşmelerden dürli pudaklarda ýüzlerçe täze dünýä ülňülerine gabat gelýän tehnologiýaly kärhanalar guruldy we önümçilige berildi. Bu iş häzirki wagtda hem ýokary depginler bilen alynyp barylýar. Ylaýta-da, uglewodorod önümlerini, himiýa, oba hojalykdaky öndürilýän çig mallaryny gaýtadan işläp bejerýän kärhanalaryny gurmaklyga, ulag we aragatnaşyk infrastrukturasyny döretmäge, turizmi ösdürmäge, oba ýerlerini abadanlaşdyrmaga, sagaldyş merkezlerini gurmaga aýratyn üns berilýär. Bazar ykdysadyýetiniň infrastrukturasy bolan bank ulgamlary döredildi. Önümçiligiň ýokary depginler bilen artmagy, haryt bolçulygyny döretmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa öz gezeginde milli walýutamyz – manadyň satyn alyjylyk ukybyny ýokarlandyrýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde biziň ýurdumyzda dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalar hereket edýärler. Hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň paýyna jemi öndürilen önümleriň ýarymyna golaýy düşýär. Söwda dolanşygynyň 90 göterimine golaýy hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň paýyna düşýär.

Hödürlenilýän okuw kitabynda maliýa täsir edýän eýeçilik gatnaşyklarynyň pudak we pudakara gatnaşyklaryň kärhana maliýesine edýän täsiri-de öwrenilýär. Şonuň ýaly-da dürli pudaklardaky kärhanalaryň pul girdejileri, önümçilik harajatlary, esasy we dolanyşyk fondlary, gaznalary, peýdasy, pul girdejisi we onuň paýlanyşy, maliýanyň dolandyrylyşy we gurnalşy, kärhananyň maliýe

ýagdaýynyň seljerilişi, maliýe meýilnamalaşdyrylyşy ýaly soraglara seredilip geçilýär. Şonuň ýaly-da kärhanalaryň maliýe resurslarynyň düzümi, olaryň netijeli ulanylyşy, içki mümkinçilikler (rezerwler), we beýleki möhüm soraglara seredilýär.

Dersiň obýekti hökmünde kärhanalaryň pul gaznalaryny emele getirmekde, paýlamakda we ulanmakda ýüze çykýan pul (ykdysady) gatnaşyklary çykyş edýär. Dersde diňe nazary meseleler däl-de – ykdysady gatnaşyklaryň tejribede ulanylyşyda öwrenilýär. Ders "Maliýe", "Maliýe menejmenti", "Salgytlar we salgyt salmaklyk", "Buhgalteriýa hasabaty", "Hojalyk işiniň seljerilişi" ýaly dersler bilen ýakyndan baglanşyklydyr. Dersiň nazary esasynda döwletimiziň ykdysadyýeti dolandyrmakdaky kabul eden kanunlary we kararlary, Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň garaşsyz maliýe syýasaty durýar.

Okuw kitap 2001-nji ýylda çykan "Kärhana maliýesi" atly okuw gollanmasynyň esasynda ýazyldy. Bu kitapda soňraky maliýe ugrundan üýtgeşmeler hasaba alyndy.

Dersi öwrenmek üçin jemi **148** sagat meýilnamalaşdyrylyp, şondan **68** sagat umumy okuw, **80** sagat amaly okuw göz öňünde tutulýar.

Ders esasan "Maliýe we karz", "Buhgalteriýa hasaby", "Hünäri ýokarlandyrmak" ýaly hünärde okaýan talyplara, maliýe ylmyny öwrenýän ykdysadyýetçi hünärmenlere, aspirantlardyr, ylmy iş alyp barýan dalaşgärlere we beýlekilere niýetlenen.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň Maliýe ulgamlarynyň emele gelmegi we mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi.

1. Maliýäniň obýektiw ykdysady kategoriýa hökmünde zerurlygy we onuň taryhy taýdan emele gelmeginiň sebäpleri.

2. Türkmenistanda irki döwletleriň we beýik Seljuk türkmen döwletiniň maliýesi.

3. Soňraky feodal döwletleri we patyşa Russiýasy döwründe maliýe gatnaşyklary.

4. Türkmenistanyň SSSR – iň düzümine girmegi bilen hökmürowan düzgüne laýyk gelýän maliýe gatnaşyklarynyň emele gelmegi.

5. SSSR – iň dargamagy we Türkmenistanyň Garaşsyzlyk almagy netijesinde düýpgöter täze maliýe ulgamlarynyň emele gelmegi.

6. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maliýäniň ähmiýeti.

7.Maliýe ulgamlaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmekde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň garaşsyz maliýe syýasaty.

Biziň döwletimiz öz Garaşsyzlygyny gazananyna eýýäm 18 ýyl doldy. Ol dünýäde BMG tarapyndan ilkinji gezek ykrar edilen Bitarap döwletdir. Biziň ýurdumyz bazar ykdysadyýetini saýlap aldy, hususy eýeçilikdäki kärhanalar köpeldi, ynha indi bu ugurda ol ep-esli üstünlikler gazandy. Häzir ol Türkmeniň altyn asyry boljak 3-nji müň ýyllyga üstünlikli gadam basdy. Ähli ýurtlaryň tejribesinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň özeni maliýe-bank ulgamydyr. Haryt önümçiligi pul dolanyşygyny emele getirýär, pul dolanyşygy

üznüksiz önümçiligiň barşynda pul toplumlarynyň döwletiň elinde, şeýle-de dürli eýeçilik görnüşdäki kärhanalarda emele gelmegini we maksatly ugurlar boýunça harçlanylmagyny üpjün edýär. Ynha şu ýerde-de ykdysady gatnaşyklar emele gelýär.

“Финанс” sözi “financia” ýagny pul bilen tölenilýän töleg ýa-da köne fransuz dilinde “pul serişdeleri” diýen manyny berip, ol irki Ýewropadaky Genuýa, Florensiýa, Wenesiýa ýaly döwletlerde ýüze çykypdyr, soňra ol Ýewropa döwletlerinde we Russiýada döwletiň pul gaznalaryny döretmek we ulanmak manysyna eýe bolupdyr. Biziň Garaşsyz Türkmenistanymyzda “Finansy” sözi ulanylmaýar, biz hut şol manyny aňladýan öz “Maliýe” sözümizi ulanýarys, ol baryp-ha 6-7 asyr öň Ýewropa seredeňde bizde ulanylypdyr. Biziň ýurdumyzyň baý gadymy taryhy bardyr. Onuň çäginde iňňän uly döwletler bolup geçipdir. “Marguş” döwleti 3-4 müň ýyl mundan öň dörän. Parfiýa ýaly, hat-da gadymy Rim bilen dünýä bäsleşigini eden kuwwatly imperiýalar bolup, olar adamzat taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Olar döwründe dolanşykda bolan pullar häli-şindem tapulyp dur. Emma dünýä taryhynda uly yz galdyran imperiýa beýik Seljuk türkmenleriň guran döwleti – Beýik Seljuk imperiýasydyr. Maliýe gatnaşyklary şol döwürde iňňän ösüpdir, biz şonuň üçin şol döwletiň maliýesi barada-da aýratyn durup geçeris.

Maliýe nazaryýeti jedelli, ylmy çekişmeleriň ýüze çykmagyna getiren çylşyrymly bir ylmy ugurdyr. Bu nazarýet ykdysadyýetiň bazara esaslanyp ösüş ýoluna düşende uly ähmiýete eýe bolýar. Her bir ykdysady kategoriýanyňky ýaly bu kategoriýany esasan adamlaryň arasynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklar düzýär. Meselem, her bir harydyň pul bolmagy üçin şony zerur sarp edýän adamlar arasynda alyş-çalyş esasynda ýüze çykýan gatnaşyklar hökmandyr. Maliýe gatnaşyklary pul-haryt dolanyşygy şertleri nukdaý nazardan döwletleriň emele gelmegi bilen bagly ýüze çykandyr. Döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin pul serişdeleri gerek bolupdyr. Şol serişdeleri toplamak bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklar maliýäni emele getiripdir. Bu göräýmäge düşnükli, ýöne pul-haryt gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösmegi netijesinde diňe bir döwlet möçberinde pul serişdeleriň toplumyny döretmek bilen çäklenmän kärhana möçberinde-de önümçiligi ýola goýar ýaly pul toplumlaryny döretmeklik we ulanmaklyk zerurlygy ýüze çykýar, bu pul toplumlaryny döretmekde we peýdalanmakda kärhanalar arasynda ykdysady gatnaşyklar ýüze çykýar, kärhana maliýesi şu gatnaşyklardan emele gelýär. Çylşyrymly pul-haryt ulgamlarynyň emele gelmegi bilen aýratyn bir haryt bolan puly gazna hökmünde toplamak we gerek ýerine gönükdirmek bilen bagly ýörite institutlar-banklar döredi. Eger arassa maliýe gatnaşyklarynda pullar (girdeji we beýleki görnüşde) bir eýeden beýleki eýä geçýän bolsa (salgytlar), banklarda olar karz görnüşinde, ýagny gaýdyp bermek şertlerinde bir elden beýleki ele geçýärler. Şeýlelikde maliýe ulgamyna döwlet býujeti, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň býujeti, döwlet karzy-krediti, kärhanalaryň maliýesi, karz (kredit) we banklar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, ösüş institutlary, pensiýa gaznalary we beýlekiler girýär. Sözümizi jemläp aýtsak, maliýe bu pul toplumlaryny (merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik görnüşinde)

emele getirmekde we olary belli bir, anyk maksatlar üçin ulanmakda ýüze çykýan pul gatnaşyklary öz içine alýan ykdysady düzlimdir.

"Maliýe" sözi gadymydyr. Ilki bilen "maliýe" sözüniň manysyna üns bereliň. Gadymyýetde mal, haryt, pul – bularyň ählisi şol wagtlarda bir manyny, pul-baýlyk toplamagy aňladýan bolsa gerek. Maliýe sözi döwletiň hazynasyny, pul-baýlyk serişdelerini toplamak we harçlamak bilen bagly ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladypdyr. Ol ykdysady gatnaşyklar aslynda pul öwüşginini alýan ykdysady gatnaşyklardyr, köp ykdysadyýetçi alymlaryň belleýşi ýaly, maliýe gatnaşyklarynyň esasyny diňe pul gatnaşyklary düzüpdir. Biz hem öz gezegimizde şu pikir bilen ylalaşýarys. Ýeri gelende aýtsak, hazyna döwletiň, şalaryň, soltanlaryň toplan baýlyklaryny aňladýar, şindilerem "kazna, kaznaçeýstwo" sözi döwletiň pul baýlygyny aňladyp gelýär. Hat-da "Kazino" – oýnalýan awtomatlar şu sözden gelip çykan bolsa gerek. Maliýe bu ykdysady kategoriýa bolup, ol ýa-da başga görnüşde, ýagny merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde pul gaznalaryny emele getirmek we olary ulanmak bilen bagly pul gatnaşyklary aňladýar. Ol häzirem şeýle.

Maliýe kategoriýasynyň asyl manysy we mazmuny onuň ýerine ýetirýän funksiýalaryndan[1] gelip çykýar. Maliýäniň funksiýasy we olaryň sany sowet ykdysady ylmynda iň bir jedelli meseleleriň biridi. Şeýle jedelleriň ummasyz bolmagyna garamazdan bu barada ýeke-täk bir pikire gelinmedi. Megerem, geljekde-de bu barada jedeller az bolmasa gerek. Ýöne alymlaryň köpüsi onuň diňe iki – paýlaýjy we gözegçilik funksiýasynyň barlygyny tassyklaýar, ýöne onuň toplaýjy hyzmatynyň barlygynyň, şonuňam esasy funksiýadygyny tassyklaýanlaram az däl. Emma paýlaýjy funksiýasynyň tarapdarlary pul gaznalaryny döwletiň diňe jemgyýetdäki pul serişdelerini ilkinji gezek paýlamak esasynda emele getirýär diýýärler, paýlamak bir eýeden beýleki eýä geçmek diýmekdir.

Hawa, döwlet pul gaznalarynyň aglabasyny, paýlaýyş esasynda döredýär, muňa söz ýokdur. Emma häzirki zaman döwletleri öz býujetiniň ep-esli bölegini karz alnan pul serişdeleriniň (döwlet kreditiniň) esasynda döredýär, bu paýlaýyş däldir. Bu kärhanalarada degişlidir.

Döwletler, şol sanda uzak geçmişde öz hazynasyny ilki bilen ýurduň içindäki raýatlardan salgyt ýygnamak, pul zikgelemek, garaşly döwletlerden kontribusiýa ýa-da döwletiň öz mülkünden gelýän girdejilerden toplaýardy.

Döwletiň maksady hazynany köpeltmek; maliýe kategoriýasy şuňa hyzmat etmelidi, ýurduň içindäki döredilen baýlygy salgytlar – zekatlar esasynda adalatly paýlamak, käbir hökümdarlaryň kellesinede gelip duranokdy, emma salgytlar akylly-başly bolmasa tozgunçylyga getirýänligi, ýagny adalatly salgyt ulgamy, ýagny akylly-başly paýlaýyş bolmasa raýatlaryň tozýanlygyny basym tejribede mälim bolansoň muňa akylly-başly çemeleşmelidigi aýan boldy.

---

[1]Seret wezipe manysynda

“Döwlet bir daragt bolsa raýatlar onuň köküdir” diýip gadymy akyldarlaryň belleýşi ýaly, köküni çapsaň daragt gurap galýar, raýatlar tozsa bu döwletiň synmagyna getirýär. Bu düşünjäni orta asyr döwründe ylaýta-da Seljuk döwletini dolandyran Nyzam-Al-Mülk syýasatçylaryň aňyna ornaşdyrdy. Döwlet öz göz öňünde tutýan çärelerini bökdençsiz maliýeleşdirmek üçin öz hazynasyny emele getirmelidir, öz gezeginde her bir kärhana, harajatlaryny bökdençsiz maliýeleşdirmek üçin ýeterlik pul serişdelerini toplamalydyr, onuň üçin ol öz serişdelerini ýa-da hut öz serişdesi ýaly karz alnan serişdeleri ulanyp bilýär. Şonda döwlet ýa-da kärhana, maliýäniň “paýlaýjy” we “toplaýjy” hyzmatlaryny we şol ikisinden gelip çykýan “gözegçilik” hyzmatyndan peýdalanyp biler. Diýmek, maliýäniň azyndan üç funksiýasynyň barlygy hakykata has ýakyn bolsa gerek.

Indi kelam agyz söz biziň ýurdumyzyň çäginde emele gelen hut öz halkymyzyň erki bilen döredilen Beýik türkmen döwletiniň – Seljuk döwletiniň maliýesi barada. Bu maliýe gatnaşyklary taryhda örän uly yz galdyryp, ol soňralaram dünýä ykdysadyýetiniň ösmegine uly täsir etdi. Orta asyrlar taryhynda iňňän möhüm rol oýnan Seljuk döwleti Gündogarda ägirt uly çägi günbatarda, Wizantiýa, demirgazykda Gara deňzi, Baş Kawkaz daglary we Aral deňzi, gündogarda demirgazyk Hytaý-Kaşgar we günortada Pars aýlagy we Siriýa çöllügini öz içine alypdyr. Günbatarda kuwwatly Wizantiýa imperiýasy oňa paç töläpdir. Gaznewidler döwleti, Günortada Hytaýyň beýik Hytaýyň diwaryndan demirgazygyndaky halklar salgyt, paç töleg töläpdirler. Aral deňzinden demirgazykdaky halklar hem salgyt töläpdir, köp döwletler wassal ýagdaýynda bolupdyr.

Seljuk imperiýasy ägirt – uly aşa ýokary deržawa bolupdyr. Şol ägirt çäkde häzirki wagtda ençeme ýüz million adam ýaşaýar. Ol ençeme döwletleri öz içine alýar, mysal üçin Eýran, Turkiýe, Orta Aziýa döwletleri, Yrak, Zakawkazýe, Pakistanyň demirgazygy we beýlekiler, şol ägirt uly çägi dolandyrmak üçin uly edara ediş sungaty we döwlet diwany gerekdir hem-de çeýe salgyt ulgamy gerekdir.

Gaznewiler döwründe salgytlar merkezi apparat tarapyndan toplanylýardy. Döwletiň salgyt toplaýjylary salgytlaryň üstüne özleri üçin goşmaça alýardylar. Bu salgytlaryň agyr bolmagyna, ylaýta-da türkmenleriň köpçülikleýin gozgalaňlaryna getirdi. Birinjiden, salgytlar ýeňilleşdirildi. Ikinjiden salgydy mülk berilen ýerlerden indi ikdadarlar toplaýardy. Bu şol wagt üçin örän progressiw, ykdysadyýetiň ösmegine uly täsir edip biljek ädimlerdi.

Seljuk hökümdarlygy bilen olara garaşly bolan sähra taýpalarynyň arasynda ýokary derejede ýere hem-de öri meýdanlaryna döwlet eýeçiligi bolupdyr. Harby gulluk edýänlere döwlet öri meýdanyny, ýer we suwy beripdir. Göçme we oturymly taýpalar ýer, suw we meýdanlar üçin salgyt töläpdirler. Mysal üçin, Horasanda ýaşaýan türkmen taýpalary döwlete gara öýleriň belli bir sanyna ýa-da jaýlaryň sanyna görä salgyt töläpdirler. Her bir tiräniň özüniň tagmasy bolupdyr. Ýurtgäh hem-de öri meýdanlary bolupdyr. Gürgen türkmenleri öri meýdany üçin salgyt töläpdirler. Ýöne ol salgyt şeýle tertipde alnypdyr. Mysal üçin, 100 ene maldan biri (käte pul bilen alnypdyr) göçme taýpalar käte ýer ekip peýdalanypdyrlar. Gündogar Seljuk imperiýasynda ekerançylyk bilen

meşgullanýan taýpalaryň köpüsi Hyraç we Uşir-girdejiniň ondan birini töläpdir. Bular jykyr bilen suwarylýan ýerlerden alnypdyr. Salgyt töleýjiler feodal hem-de baý daýhan bolupdyr. Emma käte mülk eýeleri bolup durýan iri ýer eýeleri salgytdan boşadylypdyrlar. Musulman wekilleri Seýid, Ymam, Şyh öz gezeginde salgyt ýeňilliginden peýdalanypdyrlar. Hyrajyň üç görnüşi hereket edipdir.

1. Ýeriň her ölçeginde (Missaha)
2. Hasyllylygyň möçberine bagly (Muka-sama)
3. Hemişelik (Mukatta). (Mawerenahar), iki öküz bilen sürülýän ýere bagly (djubut-i gaw). Eýranda bolsa bir günde iki öküzde sürülýän ýer salgyt tölemegiň birligi bolupdyr. Umuman, şerigat tarapyndan kesgitlenilen salgytlar (Rusum) hem-de adatdan daşary salgytlar girizilipdir.

Salgytlar adatça natural görnüşinde (Mahsulat) hem-de gymmatlaýyn pul görnüşinde (Nagt), käte ikisi garyşyk görnüşde alnypdyr.

Pul görnüşinde alynýan esas salgyda, MAL diýlip at berlipdir (S.G.Agadjanow) (Gosudarstwo Seljukow i Srednýaýa Aziýa w 11-12 wekah str 141). Maliýe termini şondan gelip çykypdyr diýmäge esas bar.

Seljuk döwürlerinde ýene-de bir giň orun alan salgyt (Mu-amala). Bu megerem kärende haky bilen kybapdaş bolsa gerek.

Ol esasanam döwlet eýeçiligindäki ýerlerden hem-de şa mülkündäki ýerlerden alnypdyr. Käte adatdan daşary salgytlar ulanylypdyr. Oňa "kysmat" diýip at berlipdir.

Tölenmedik salgytlar ýörite Da-Min tarapyndan emlägini ýazmak bilen salgytçydan töletdirip alnypdyr. Salgydy esasy töleýjiler: Kiçi mülküň eýesi bolan daýhanlar bolupdyrlar. Daýhanlaryň ep-esli bölegi kärendeçi bolupdyr. Şonuň bilen bir hatarda obşina eýeçiliginde ýer we suw bolupdyr. Az ýer eýesi ýa-da ýersiz daýhanlar – döwlet şa mülkünde, hususy hem-de wakf ýerlerinde zähmet çekipdirler.

Şol daýhanlara "barzigarlar" diýip at beripdirler. Ýokardaky sanalan salgytlardan başga-da daýhanlar goşmaça köşgi we harby adamlary saklamak üçin dürli salgytlary töläpdirler ýa-da bolmasa salgyt-peşgeş hökmünde Nezir töläpdirler. Iktalaryň eýelerine tölenýän salgyt hem bolupdyr.

Ikta bu seljuk hökümdarlary tarapyndan ýurtlary, şäherleri, obalary patyşanyň dinastiýasynyň agzalaryna, harby taýdan tapawutlanan adamlara berlen mülk. Ikta hökmünde mülk paýlamaklyk giň gerim alýar. Öňler esgerlere zähmet haky hazyndan tölenen bolsa, indi olaryň ygtyýarlaryna berlen ýerden – mülkden alnan girdejilerden hak berlipdir. Mysal üçin, harby esgerleriň ygtyýaryna berlen ýer daýhanlaryň arasynda paýlanypdyr. Şondan alnan salgytlaryň bir bölegi şol iktalaryň girdejisi bolupdyr. Ýa-da şol obadan, etrapdan, welaýatdan toplanan salgytlaryň bir bölegi Iktadaryň girdejisi bolupdyr. Galan böleginden Iktadaryň öz raýatlarynyň ykdysadyýetiniň we hojalygynyň gülläp ösmegine, höweslenmegini mundan beýläk-de artdyrypdyr. Çünki raýatlar näçe köp girdeji alsa şonça-da olaryň töleýän salgytlary şoňa bagly bolupdyr, bu bolsa iktadaryň girdejisini artdyrypdyr.

Iktadar öz gezeginde raýatlaryň ykdysadyýetini ösdürmäge mümkinçilik döretjek, suwaryş ulgamlaryny täzeden gurmaga, kerwensaraýlary, ýollary

bejermäge, medresedir okuw jaýlaryny köpeltmäge, hat-da keselhanalardyr bir topar hammamlary gurmaklyga serişdeler gönükdiripdirler. Mysal üçin, Dänew bilen Darganata etrabynyň aralygyndaky Daýahatyň diýilýän ägirt uly kerwensaraý şol wagtlarda gurulyp, öz gözelligini we durkuny şu günlere çenli saklap galypdyr.

Iktadaryň durmuşa girizilmegi esgerleriň ilaty talamagyny bes edipdir. Mysal üçin, Mälik şa döwründe 40-47 müň atly esger ikta hököminde ýer alyp, şondan gelen salgydyň bir bölegini özüne alypdyrlar. Mälik şa döwründe Ikta hökmünde tutuş bir Siriýa, Ýemen ýaly döwletler öz dinastiýasyndaky uly wezipeli adamlara berlipdir.

Iktadar seljuk döwründe döwletiň ykdysadyýetiniň we hut döwletiň berkemegine getiripdir. Emma soňra Iktadarlaryň baýlygynyň – kuwwatynyň artmagy bilen olaryň merkezi hökümete garşy feodal-seperatistik meýilleriniň ýüze çykmagyna getiripdir. Bu bolsa soňra feodal hereketleriniň güýjäp, Seljuk imperiýasynyň dargamagyna getiren sebäpleriň biri boldy.

Seljuk imperiýasynda görnükli rol oýnan baş wezir Nizam-Al-Mülkdür, ol suwaryş desgalarynyň, suwuň adalatly paýlanmagyna aýratyn üns berýär. Ol salgyt ýygnaýanlaryň özleriniň işiniň göwnejaý alyp barmagyny talap edýär. Mysal üçin: salgyt ýygnaýjylaryň (Amil) kä halatlarda bellenilen derejeden ýokarda salgyt alyp raýatlary horlapdyr. Bu bolsa gozgalaňlaryň turmagyna getiripdir. Şonuň üçin Mälik şa käbir salgytlary ýatyrypdyr.

Salgyt ulgamyna berk gözegçiligi ýola goýupdyr. Salgyt tölenmän galanda näme edipdirler? Şol tölenmän galan salgytlara (weksel) barat diýilipdir. Käte baratlar puluň deregine aýlyk hökmünde berlipdir. Şol baratlar hat-da bazarda alnyp-satylyp dolanyşyga girizilipdir. Baratlary ýörite agentler hem-de (maklerler) – tahwildar alyp satypdyrlar, olar barat üçin alnan harydyň gymmatyny kesgitläpdirler we satypdyrlar hem-de ondan düşen puly baratyň eýesine töleg hökmünde beripdirler. Barat weziriň diwanynda ýazylyp çykarylyp, oňa döwletiň möhri basylypdyr. Şeýle görnüşde düzülmedik baratlar kabul edilmändir. Baratdan başga iş ýüzünde (Hawala) bir adamyň başga bir adama bolan bergisi tassyklanylýar, şol Hawala resminamasy esasynda algy-bergi hasaplaşyk geçirilýär.

Seljuk döwletinde iň ýörgünli pul rukniýa dinarlary bolupdyr. Olara elektr (altynyň we kümşüň garyşygy) dinarlary diýipdirler. Salgydyň şol dinarlar bilen tölenilmän, kä halatlarda arassa altyn dinardan tölemelidigini emeldarlar talap edipdirler, bu närazylyk döredipdir.

Seljuk döwletleriniň býujeti nähili bolduka? Bize gelip ýeten çeşmelere görä Mälik şa döwründe imperiýanyň ýyllyk girdejisi 215 mln. dinara golaýrak bolupdyr. Bu häzirki zaman ölçeglerinden çen tutanda näçeräk bolarka?

Şol döwürde altyn dinarlaryň düzümindäki arassa altyny ortaça üç ýarym gram hasap etsek, onda bir dinaryň gymmaty 35 amerikan dollaryna barabar bolardy. Şondan çen tutanda Mälik şä döwründe býujetiň girdejisi 7525 mln. Amerikan dollaryna barabar bolardy, bu häzirki döwrüň nukdaý nazaryndan seredeniňde-de az pul däl.

Býujet aşakdaky ugurlara harçlanypdyr: şol serişdelerden 20 müň miskal altyn Soltanyň köşgüni saklamak üçin harçlanypdyr. Soltanyň hususy girdejisi şa Mülkünden 21000 dinar bolupdyr.

Býujetiň ep-esli bölegi döwlet diwanyny saklamak üçin we goşun üçin harçlanypdyr. Mälik şa ylaýta-da goşuna köp üns beripdir. Patyşanyň ilkinji gününden başlap goşuna berilýän aýlyk 700 müň dinar ýokarlandyrylypdyr. Bu bolsa ony goşunyň mydama goldaw etmegine getiripdir. Mundan başgada ýollary bejermek, köprüler gurmak, kerwensaraýlar, suwaryş desgalary, şäher jaýlary, galalar we berkitmeler gurmaklyk, mowzaleýler, metjit, medreseler we beýleki desgalar üçin harçlanypdyr, galanyndan dini hadymlar, ylym-bilim, sopylar, Gurhan okaýanlar, şahyrlar we beýlekiler üçin her ýylda 300 müň dinar harçlanypdyr.

Seljuk döwletinde salgyt diwany has ösen bolupdyr. Döwletiň girdeji we çykdajy hasabyny, salgyt kadalaryny ýörite diwan-istifa alyp barypdyr. Şol diwanyň ýolbaşçysyna Mustaufy diýip at berilýär. Her bir welaýatda Hyrajyň ýygylyş düzgüni-kadasy bolupdyr. Istifa – diwanynda salgytlaryň sanawy, algy-bergileriň hasaby, kimiň näçe töländiginiň we bergisiniň hasaby muhasaba ýöredilipdir. Mustaufy üzülmän galan salgyt ýüze çykaýdygy töleýjiniň emlägini ýa-da hasylyny hasaplap ony döwletiň ygtyýaryna alyp bilipdir. Gönüden-göni salgyt almak bilen bolsa ähli ýerde bellenilen wezipeli adam – Amil meşgullanypdyr. Emeldar sözüde şondan gelip çykýan bolsa gerek. Salgytlaryň esasy görnüşi hyraç-zekat bolupdyr. Üşir, jykyr bilen suwa ýakylýan we düme ekilýän ýerleriň hasylynyň ondan biri bolupdyr, käbir tireler her bir öýüň sanyndan ugur alyp salgyt döwlete töläpdir. Tireleriň özüniň çäklerini alamatlandyrýan öz belligi bolupdyr. Käbirleri öri meýdandan salgyt töläpdir. Şol salgyt mal sürüsinden alynypdyr, ýagny maldarçylyk ýurtlarda şeýle edilipdir.

Zekadyň möçberi käbir awtorlaryň aýtmagyna görä: her 5 maldan birisi, 10 düýeden bir geçi, 10-14 düýä çenli bolsa iki geçi, 25-30 düýeden bir düýe, 40 sany geçi we goýundan – bir geçi ýa-da goýun, 120-200 baş sandan iki geçi ýa-da goýun, her bir atdan bir dinar alnypdyr.

Soltan şa mülkiniň eýesidir. Ol iň uly ýer eýesi bolup durýar. Ondan soňra patyşa dinastiýasynyň agzalary, baý şäher we oba feodallary, kiçi mülküň (emma iň köp ýaýran) eýesi daýhanlar bolupdyr. Mülk Mirasdan geçipdir ýa-da satyn alynypdyr. Mysal üçin: taryhçylaryň galdyran maglumatyna görä, bir mülküň hasylyndan alnan girdeji 6 müň altyn dinara barabar bolupdyr ýa-da häzirki baha bilen 162000 dollara golaý bolardy.

Wakf-emläk wesýet berilen ýer, okuw jaýy, metjit, degirmen, kerwensaraýlara we beýlekiler wesýetnama boýunça olaryň girdejisi paýlanypdyr, ýagny keselhana we beýlekilerde wakfy-edara edýän adama Mutawelli diýilýär. Bu wezipe Türkiýede häzirem şeýle atlandyrylýar.

Seljuklar tarapyndan ilkinji altyn dinar 1041-nji ýylda Nişapur şäherinde Togrul begiň adyna çykarylýar. Onuň agramy 3,35 gr. pul çykarmaklyk 9 şäherde ýola goýulýar. Ýagny 9 – şäherde pul çykarylýan sehler işe girizilýär. Nişapur, Reý, Kumm, Hyrat, Ispihan, Hemedan, Ahwaz, Bagdat we Basra. Ýöne soňraky çykarylan altyn dinarlaň agramy 3,58 – 3,80 çenli artypdyr. Iň uly altyn dinaryň

agramy 5,7 gr. bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtda Alp-Arslanyň adyna Kümüş dirhemler çykaryp başlapdyrlar, olaryň agramy 3,09 – 4,12 gr. aralygynda bolupdyr. Kümüş çykarylmagynyň azalmagy bilen onuň düzümine mis goşulyp başlanypdyr. Dolanyşykda şonuň bilen bir hatarda basylyp alnan ýurtlaryň altyn dinarlary bolupdyr. Seljuk pullarynyň kursy – hümmeti nähili bolupdyr?

Bizde häzirki wagtda doly maglumatlar ýok, emma şol wagtlar gytçylyk döwründe awtorlaryň aýtmagyna görä, Ispihan bazarynda bir kümüş dirheme bir kilograma golaý çörek alyp bolýan eken, şu günkä seredeň-de çöregiň bahasy örän gymmat ekeni, aslyýetinde altyn hem uly möçberdäki lomaý alyş-çalyşda ulanylypdyrlar, ownuk söwda-da gymmaty pes bolan ownuk şaýlar (akça) ulanylypdyr. Uzak ýerden köp haryt getiren bir söwdagär öz harydyny zikge döwýän menýala – serrafa tabşyrýar, ol şol alnan harytlar barada dil haty berýär, dil hatyň eýesi menýaldan – serrafdan nagt pul alyp bilýän eken. Soňra Alp Arslan soltan döwründe dolanyşyga ilkinji gezek elektr (kümüş we altyndan goşulan splaw) dinary girizilýär. Ýöne onuň 10% altyn eken. Elektr dinarlary dolanyşykda altyn dinarlaryň ornuny tutmaly eken, emma elektr dinarlar köpräk gündogar seljuk imperiýasynyň çäklerinde hereket edipdir. Emma soňra Mälik şa döwründe altyn düzüminde has az bolan dinarlaram dolanyşykda bolupdyr.

Mälik şa ýogalandan soň imperiýany Soltan Sanjar dolandyrýar. Soltan Sanjar döwründe başdaky şöhratly ýeňişlerden soňra, birnäçe ýeňilişlerden soň, ylaýta-da öz Oguz tirelerinden imperiýa pese gaçýar. 1157-nji ýylda ol ýogalandan soň Seljuk imperiýasy dagaýar, emma kiçiräk seljuk döwletleri ýene-de birnäçe ýyllar dowam edýär. Seljuk türkmen döwleti häzirki Türkmenistanyň çäginde öz ýaşamagyny bes edenden soň, onuň ýerine Beýik Horezm döwleti (paýtagty Köne Ürgenç) emele geldi, Seljuk Türkmenleriň döwleti entegem Siriýa, Kiçi Aziýa sebitlerinde dowam edýärdi. Horezm döwletinde Salgyt – maliýe ulgamy, hut seljuk imperiýasynyňky ýalydyr. Emma pul Horezm şalaryň adyndan zikke edilýärdi. Horezm döwleti döwründe häzirki Türkmenistandaky şäherler, Mary, Köneürgenç, Nusaý we beýlekiler gülläp ösdi. Mary entegem baý we iň iri şäherleriň biridi. Horezm döwletini hut Türkmen-Oguz dinastiýasyndan (begdili) bolan şalar dolandyrypdyr, ilatyň ep-esli bölegi oguzlar – türkmenlerden ybaratdy.

Horezm döwletiniň gülläp ösmegi Çingiz hanyň ordalarynyň Orta Aziýa kürsäp girmegi bilen bes edildi. Salgydyň ýerine zorluk aralaşyp, göze ýarar ýaly zatlar talanylyp, zor bilen alyndy. Gözi bilen gören taryhçylaryň ýazmagyna görä Çingiz hanyň her bir esgeriniň talap alan we öz ýurdyna getiren, esasan Orta Aziýadan alan altyn-kümüşi 30-50 kg. golaý bar eken. Mälik şa tarapyndan gurlan Murgapdaky bentler ýykylyp, ilat gyrylyp tozgunçylyk aralaşdy. Ýurtda öndüriji güýçler ýok edildi. Ilatyň köpüsi Ruma gaçyp, galany Mawerennahra, Çagataý Ulusyna, Horezme, Altyn orda, Günorta Türkmenistan bolsa Eýrandaky Ilhanlara tabyn edildi, ol ýerlerde ilki başda döwlet gaznasynyň girdejisi talaňçylyk bilen doldurylan bolsa, soňralar şerigat kanunlary esasynda salgyt ulgamy dikeldildi. Mongol zulmy Temirleň döwründe ýok edilmegine seretmezden Horezm, Altyn orda bilen Temirleňiň uruş arenasyna öwrülip, Köneürgenç ikinji gezek Temirleň tarapyndan weýran edildi. Temirleň we onuň nesilleri Orta Aziýada we beýleki basylyp alnan ýerlerde, ylaýtada-da Horasanda şäherleri, suwaryş desgalaryny

dikeltmäge, döwlet-maliýe, salgyt düzgün-nyzamyny berkitmäge ünsi güýçlendiripdirler.

Soňky asyrlarda Türkmeniň öz döwleti bolman, ol Hywa, Buhara, Eýran döwletlerine bakna bolup, şol ýerlerdäki salgyt ulgamy esasynda salgyt töledi. Käbir döwürlerde ol şol döwletleriň arasynda uruş arenasyna öwrüldi. Özbaşdaklyk ugrundaky göreşler güýçlenýärdi. Şony basyp ýatyrmak üçin, bakna etmek üçin alamançylykly ýörişler, halkyň barja mal-gara emlägini talaňçylyk edip, halky gedaý, tozgunçylyga getirdi. 19-njy asyryň ikinji ýarymynda Türkmenistanda Patyşa Russiýasynyň Ekspansiýasy güýjäp, Zakaspiý oblasty basylyp alyndy. Hywa we Buhara wassal ýagdaýda boldy.

Patyşa Russiýasy kolonial syýasat alyp bardy, demir ýollar guruldy, bu koloniýany metropoliýa bilen birleşdirmek üçin edildi, tebigy baýlyklar, nebit, himiýa önümleri merkeze daşaldy, bu döwürde ýek-tük pagta arassalaýjy zawodlar gurulan bolmasa edilen iş ýokdy. Iň mes toprakly ýerler Patyşa mülküne öwrüldi. Kapitalizm gatnaşyklary ösüp başlady, emma kapitalistleriň aglabasy türkmenler däl-de, ruslar we başga milletlerdi, olar bütin Russiýada bolşy ýaly alan peýdasyndan salgyt töleýärdiler. Hywa we Buharada ýagdaý şundan gowy däldi, ol döwletler Türkmen raýatlaryny ösdürmek üçin hiç zat etmeýärdi, gaýta uruş ýyllarynda Salgytlaryň möçberi has artýardy. Patyşa Russiýasy 1-nji jahan urşy döwründe atdyr, galla, päle üçin ýaş ýigitleri urşa alyp halkyň öndüriji güýjini mundan beýläk-de pese gaçyrdy, halk tozgunçylykly ýagdaýdady.

Patyşa Russiýasy ýykylyp täze bir döwlet (buda Gyzyl imperiýa adyny alan) SSSR, ýagny Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzy emele geldi. Türkmenistan soýuz respublika hökmünde onuň düzümine girizildi. Halk köplenç bir ideýa, ýagny “adalatly bir jemgyýet” – Sosializmi ýer ýüzünde gurmaklyk diýen ideýa uýýardy. Şu ideýa bilen ýugrlyp, ähli çäreler şu döwletiň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, ykdysadyýet bolsa harby-senagat toplumyny ösdürmäge niýetlenipdi.

Türkmenistan formal ýagdaýda döwlet atributyna eýedi. Aslyýetine ähli döwlet bir Merkezden dolandyrylýardy. SSSR Harby kuwwatyny gün-günden ösdürýärdi, bu barada ol uly üstünlikler gazandy we ýer ýüzünde aşa uly deržawa öwrüldi. Graždanlyk urşy, 2-nji jahan urşy, ýene-de sowuk uruş, bu uruş howpyny aradan aýyrmaýardy, SSSR-e agressiýa edip biljek döwlet hökmünde seredilýärdi, şeýle bolansoň ABŞ, NATO girýän ykdysady taýdan ösen döwletler, ýaraglanyşygy güýçli depginler bilen amala aşyrýardy, bu bolsa ykdysady taýdan yza galan SSSR üçin agyr düşýärdi we ahyr ozal onuň ykdysadyýetiniň durgunlygyna getirdi. SSSR-de 90%-den gowrak kärhanalar döwlet eýeçiliginde bolup, býujetiň 90%-den gowrak girdejisi döwlet eýeçiligindäki kärhanalardan gelýärdi. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalardan iki ugur boýunça salgyt gelýärdi;

Dolanyşykdan alynýan salgyt, ol harytlaryň dolanşygyndan göterim hasabynda alynýardy, özem gytaklaýyn salgyt bolup, ol köplenç serhoş ediji içgilerden gelýärdi. Ikinji salgyt: kärhanalaryň peýdasyndan alynýan otçisleniýeler. Ol kärhanalaryň alýan peýdasynyň ýarymyndan gowragyny býujete almaga mümkinçilik berýärdi. Munuň daşyndan kärhanalaryň peýdalanylman galan höweslendiriş gaznalarynyň galyndysy islendik wagt býujete geçirilýärdi,

kärhanalaryň düýpli gurluşygyna serişdeler köp derejede býujetden göz öňüne tutulýardy.

Kärhanalaryň esasy görkezijisi jemi önüm ýa-da önüm satmakdan gelen pul girdeji bolup hyzmat edýärdi. Sosializmiň teoretikleri sosializmde pul-haryt gatnaşyklarynyň ähmiýetini inkär edýärdiler, olar her bir önümi öndürmegi plan, direktiwa bilen ýokardan görkezme esasynda amala aşyrypbolar diýip, bazary inkär edýärdiler, şeýlelikde, milliardlarça manatlyk öndürilen önümler satylman galyp ahyr soňunda ýa-da arzanlandyrylýardy ýa-da ýok edilýärdi, netijede her ýylda ençeme milliard manatlyk zyýan çekilip, halk zähmeti yrýa bolup, buda ykdysadyýetiň çagşamagyna getirdi.

Býujetiň 9% golaýy ilatdan gelýän salgytlaryň hasabynady. Esasy salgytlara girdeji salgytlary, sallahlardan alynýan salgyt we oba hojalyk salgydy girýärdi. Obalarda ýer döwlet eýeçiliginde bolup, daýhanlar zor bilen kolhozlara girizilip krepostnoý zähmet çekýärdiler. Kolhozyň önümi pagta, ýag, et, süýt, galla barysy arzan nyrhdan döwlet ammarlaryna girýärdi. Munuň daşyndan daýhanlar oba hojalyk salgydyny töleýärdiler, mellek ýeriň möçberi 0,25 geçmeýärdi, malyň sany: gara-mal 1, ownuk mal her hojalyk üçin 10-dan geçmeli däldi. Watançylyk urşy wagtynda we ondan soňra salgyt natural görnüşde et, ýag, ýumurtga, ýüň alynýardy. Bu bolsa çala gün-güzeran görýän daýhan üçin tozduryjydy.

N.S.Hruşýew döwründe miweli agaçlaryň düýp sanyna bagly salgyt girizildi, bu miweli baglaryň köpçülikleýin ýok edilmegine getirdi. Käbirileri SSSR döwründe Türkmenistanda köp işler edildi diýýärler. Biziň pikirimizçe, bu dogry däldir. Türkmenistanyň çig mal bazasyna öwrülen, onda çig maly işläp bejerýän, emma gutarnykly önüm öndürmeýän pagta arassalaýjy zawodlar, gaz-nebit çykarýan guýylar, gaz geçirýän turbalar we ş.m. gurulýardy.

Gaz we nebit, pagta süýümi, garaköli bagana, pile merkeze gidýärdi we şol ýerde gutarnykly önüm öndürilýärdi. Garagum kanalynyň düýp maksady Türkmenistanda pagtaçylygy ösdürmek üçin gurulýardy. Şoňa gönükdirilen pulyň diňe ýarymyndan gowragy harçlanyldy. Türkmenistan şunça tebigy baýlyklary merkeze iberýänem bolsa, onuň ykdysadyýeti beýleki soýuz respublikalar bilen deňeşdirilende yza galypdy. Ilatyň sanynyň ep-esli köpelýänligine seretmezden býujetiň harajatlarynyň jan başyna düşýän summasy boýunça diňe bir Pribaltika respublikalaryndan däl, beýleki respublikalardan-da ep-esli yza galýardy, býujet dotasiýalydy. Şol bir wagtyň özünde 90 mlrd. kub metr öndürilýän gazdan bary ýogy 16 mln. rubl Respublikanyň býujetine girýärdi. Beýleki çig mal resurslary barada ýagdaý şýleräkdi.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňra, ýurtda täze maliýe ulgamlary, ýagny bazar ykdysadyýetine geçmek üçin şert döredýän maliýe ulgamlary emele geldi. Döwletimiz bazar ykdysadyýetini saýlap aldy, hususy eýeçilige giň ýol berildi.

Öň salgyt ulgamyna gözegçilik edýän aýratyn edara ýokdy. Ol Maliýe ministrliginiň Döwlet girdejileri diýen bir bölüminiň üstüne ýüklenipdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen (1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy döredildi. Ol salgyt kanunçylygynyň berjaý edilmegine gözegçilik edýär. Onuň welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde

ýörite salgyt gulluklary bar. SSSR döwründe Döwlet plan komiteti bilen, aýratyn Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hereket edýärdi. Soňra ýurtda ykdysady we maliýe işlerini kadalaşdyrýan aýratyn bir ministrlik (1992-nji ýylyň 2-nji awgustynda) Ykdysadyýet we maliýe ministrligi döredildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň tagallasy bilen maliýe ulgamlary mundane beýläkde kämilleşdi. Onuň karary bilen 2008-nji ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Ykdysadyýet we ösüş ministrligi döredildi. Galkynyş zamanynda ösüşiň uzak möhletli maliýe strategiýasyny işläp düzmeklige täzeçe çemeleşmek zerurçylygy ýüze çykdy. Şeýle-de, ykdysady pudaklarda, maliýe ulgamlarynda dolandyryş işine täzeçe çemeleşilýär.

Maliýe ministrligi Türkmenistanda maliýe, býujet, salgyt, ätiýäçlandyrylyş, auditorlyk işlerini, buhgalter hasaba alnyşynyň, buhgalter hasabatlylygynyň usullaryny işläp düzmek babatda bir bitewi döwlet syýasatynyň işlenip taýýarlanylmagyny we durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, şeýle hem bu ugurda ýurduň beýleki ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we özüni dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrmagy amala aşyrýan döwlet edarasy bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde dürli eýeçilik görnüşleri esasynda işleýän dürli ätiýaçlandyryş kompaniýalary işläp başlady. Emma olaryň içinde Döwlet ätiýaçlandyryşy esasy orna eýedir, ol hojalyk hasaplaşygy esasynda işleýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda dürli eýeçilik görnüşlerinde işleýän firmalardyr, kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny kadalaşdyrmak üçin dürli kanunçylyk namalary işlenip düzüldi.

Salgytlar we önümçiligi ýola goýmagy höweslendirmäge niýetlenen bir topar kanunlar işlenip düzüldi, bular bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalaryň kadaly işlemegine ýol açýar. 2005-nji ýylda “Salgytlar barada” bitewi kanun kabul edildi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde jemlenen-konsolidirlenen býujete girýän bir topar maksatly gaznalar döredildi. Tutuşlaýyn olaryň summasy esasy býujetiň möçberinden has ulydyr. Mysal üçin: Türkmenistanyň Prezidentiniň №2958 karary bilen 1997-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda döredilen ulag we aragatnaşygy ösdürmek döwlet gaznasy.

1996-njy ýylyň 25-nji aprelinde oba hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet gaznasy.

1996-njy ýylyň 1-nji iýulynda döredilen nebit, gaz we mineral resurslary ösdürmek boýunça döwlet gaznasy.

1998-nji ýylyň 13-nji martynda döredilen saglygy saklaýşy ösdürmek boýunça döwlet gaznasy.

1999-njy ýylyň 20-nji iýunynda döredilen bilimi ösdürmek boýunça döwlet gaznasy we beýlekiler, hut şeýle-de pensiýa we durmuş üpjünçilik gaznasy, Aşgabat şäherini ösdürmek gaznasy we beýlekiler döredildi. Türkmenistanda bank ulgamyny gurmaklygyň zerurlygy, täjirçilik banklaryny ösdürmeklik wezipesini öňe çykardy. Onlarça ýyllap hereket edip bank işine döwlet monopoliýasy 90-njy ýyllaryň başynda ýatyryldy.

Ýurduň häzirki bank ulgamynda täjirçilik banklary ilkinji zwenony düzýärler. Olar onuň esasy bolup çykyş edýärler, çünki döwlet olara müsderiler bilen karz hasaplaşyk işlerini amala aşyrmak üçin ygtyýaryny berdi. Biziň ykdysadyýetimiziň önümçilik, üpjünçilik, söwda ulgamynda eýeçiligiň alternatiw görnüşi bilen dürli täjirçilik gurluşlarynyň döremegi, olara barabar, meňzeş esasda täjirçilik hasaplaşygynda işleýän, giň hukuklary bolan karz edaralaryny talap etdi.

Täjirçilik banklary döwlet bank düzüminiň alternatiwasy hökmünde döräp, bazar ykdysadyýetiniň infrastrukturasy hasaplanýar. Bu ýerde demonopolizasiýa anyk amala aşyrylýar, bäsdeşlik ýuwaş-ýuwaşdan herekete gelýär, pul we karz bazar mazmunyna eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda täjirçilik banklarynyň birnäçe görnüşi bar. Olary bolsa: düýpli maýa gorunyň degişliligi we onuň emele gelşiniň usuly (paýdarçylyk banklar we daşary ýurt maýasynyň gatnaşygynda çäklendirilýän jogapkärçilikli banklar) amallaryň görnüşleri (uniwersal we ýöriteleşdirilen); işiniň çägi, pudaklaýyn ugry boýunça tapawutlandyrylýar.

Paýdarlyk esasda täjirçilik banklaryň döredilmegi bilen banklaryň öz karz (kredit) serişdeleri ep-esli artdy. Olar kärhanalaryň harajatlaryny maliýeleşdirmeklige gönükdirilýär. Täjirçilik banklary halk hojalygynyň maddy-maliýe taýdan deňagramlylygynyň gowulanmagyna täsir etdi, banklaryň karz goýumlarynyň umumy möçberinde olaryň öz serişdeleriniň paýynyň köpelmegi bank ulgamlarynyň durnuklylygyny ýokarlandyrdy.

Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyny almagy we bazar ykdysadyýetine geçmegi maliýe ulgamyny we bank kanunyny üýtgetmek, hökümet we banklaryň wezipelerini anyklaşdyrmak boýunça birnäçe meseleleri öňde goýdy. Şonuň üçin 1992-nji ýylyň maýyndan “Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky” we “Banklar we bank işleri” hakyndaky kanunlar kabul edildi. Bu bank edaralarynyň işinde möhüm rol oýnady. Öňden hereket edýän döwlet banklarynda işler täzeçe guralyp başlandy. Täjirçilik banklarynyň şertleri döräp ugrady.

Döredilen ulgamlar üç derejäni emele getirdi: 1-nji dereje merkezi bank; 2-nji dereje – döwlet banklary; 3-nji dereje paýdarlar we döwlet täjirçilik banklary. Her derejedäki banklaryň işiniň wezipesinde, döreýiş şertinde we karz serişdeleriniň peýdalanyşynda, düzgüne salynmagynda gözegçiliginde we ş.m. öz aýratynlyklary bar.

Täze kanunlara laýyklykda täjirçilik banklary karz syýasatyny amala aşyrmakda doly özbaşdak hasaplanýarlar, emma Merkezi bankdan tapawutlykda pul-karz (kredit) emissiýasynyň hukugyndan peýdalanyp bilmeýärler we karzlary özleri tarapyndan hakyky çekilen serişdeleriň çäklerinde berýärler. Şeýle ulgam bazar ykdysadyýetli ýurtlar üçin häsiýetlidir. “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” kabul edilen kanunda milli bank hökmünde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işi, onuň beýleki banklar bilen özara gatnaşyklary düzgünleşdirýär, kreditorlaryň we goýumçylaryň berjaý edilmegi kepillendirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlary, ilkinji nobatda: manadyň durnuklylygyny üpjün etmek, nyrhlary goldamak, bank ulgamynyň işlemegini üpjün etmek, şeýle hem ýurduň hökümetiniň ykdysady syýasatyny maliýe taýdan goldamak hasaplanýar.

Häzirki wagtda manadyň hümmeti ýokarlandy, 2009-njy ýylyň birinji ýarymyndan başlap onuň denominasiýasy netijesinde, dolanşykdaky puluň möçberi köp esse azaldy, hasap-hesip işleri ýeňilleşdi, öň hasap-hesip işinde astronomiki sanlar ulanylýardy, indi bu sanlar köp esse kemeldi. Kärhanalarda hasap-hesip ýeňilleşdi.

Kanuna laýyklykda, ýurduň Merkezi bankynyň täjirçilik banklaryndan, ähli banklar üçin birden, kesgitli minimal derejede Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasabyna goýumlary goldamaga, talap etmäge hukugy bar. Emma şunda goýumlaryň göwrümi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan hökmany ätiýaçlyklar ýaly kesgitleýän zaýom serişdeleriniň we beýleki borçlaryň tölenilmeginiň möhletine baglydyr.

“Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” kabul edilen kanun Merkezi banka, olar üçin işlenilip düzülen şertler we düzgünler esasynda, onuň bankynda hasaby bar bolan beýleki banklara karzlary bermeklige mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bank hasabynyň eýelerine berilýän karz pullar olaryň diňe Türkmenistandaky baş banklaryna berilýär.

Täjirçilik paýdarlar banklary kanuna laýyklykda ýokardaky kanunlar esasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga döwlet borçlary boýunça jogap bermeýär, döwlet hem banklaryň borçlary boýunça jogap bermeýär.

Garaşsyzlygyň ýyllary içinde bazar ykdysadyýetine geçmegiň hukuk bazasy yzygiderli döredildi we täze gatnaşyklar kemala geldigiçe, ulanylyp gelýän kadalaýyn namalar gyşarnyksyz kämilleşdirilýär.

Bazar institutlaryny döretmäge gönükdirilen kanunlaryň birgideni kabul edildi. Olaryň arasynda şu aşakdakylar bar.

1991-nji ýylda “Türkmenistanda telekeçilik işi hakynda”.

1999-njy ýylyň 23-nji noýabrynda – “Paýdarlar jemgyýetleri hakynda”.

1992-nji ýylda “Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda”.

“Eýeçiligi döwletden aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda”.

1993-nji ýylda “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda”.

“Täjirçilik banklary we bank işi hakynda”.

“Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we gazna biržalary hakynda”.

“Salgytlar hakynda” bitewi kanun (2005 ýyl).

“Haryt çig mal biržalary hakynda”.

“Türkmenistanda walýutany düzgünleşdirmek hakynda”.

“Batmak hakynda”.

“Girew hakynda”.

“Kärhanalar hakynda” (2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda) we başgalar.

Türkmenistanda pul dolanyşygy barada öz ulgamymyz ýöredilýär, bu ulgam bolsa milli kanunlar bilen berkidilýär. “Türkmenistanyň pul ulgamyny goramak baradaky çäreler hakyndaky” kararyň kabul edilmegi bilen 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlap milli walýuta-manat girizildi.

Türkmenistanyň çäginde nagt pullar çykarmak, olaryň dolanyşygyny guramak we olary dolanyşykdan çykarmak baradaky hukuk Türkmenistanyň diňe Merkezi bankyna degişlidir.

Bankyň banknotlarynyň we metal şaýlarynyň Türkmenistanyň bütin çäginde tölegiň ähli görnüşleri üçin şonuň ýaly-da hasaplara, goýumlara, akkreditiwlere goýmak üçin we başga ýere ibermek üçin özleriniň nominal gymmaty boýunça kabul edilmegi hökmanydyr.

Merkezi bankyň üstüne şu aşakdaky jogapkärçilik ýüklenilýär:

pul çykarmagyň möçberlerini meýilnamalaşdyrmak; banknotlaryň we şaý pullaryň ätiýaçlyk gaznalaryny döretmek; pullary saklamak, äkitmek, nagt pullaryň inkassasiýasy baradaky kadalary kesgitlemek; pul nyşanlaryň töleg alamatlaryny bellemek; hojalykda kassa amallary baradaky kadalary tassyklamak.

Emission ulgam Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank banknotlaryny çykarmagyndan ybaratdyr.

Pul syýasatynyň karz syýasaty bilen ýakyndan baglanyşykly bolmagy mynasybetli, Türkmenistanda ykdysadyýeti pul-karz taýdan düzgünleşdirmek işi, ýagny dolanyşykdaky pul massasynyň ösüşini we karzy düzgünleşdirmekde belli bir maksatly çelgileri-Merkezi bankyň berjaý etmeli bolan çelgilerini bellemek işi döwlet tarapyndan amala aşyrylýar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maliýäniň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Maliýe syýasaty nädogry bolsa, onda ykdysadyýetde üýtgeşme geçirmek mümkin däldir. Geçiş döwründe-de döwlet býujetinde serişdeleri toplamak bilen halkyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak syýasaty amala aşyrylyp bilner. Býujetde serişdeler ýeterlik wagty mysal üçin, işgärleriň zähmet hakyny ýokarlandyryp bolýar, pensiýa, kömek pullary artdyryp bolýar, talyp haklaryny ýokarlandyryp bolýar, halkyň sarp edýän harytlarynyň nyrhyny kemeldip şol summanyň öwezini býujetden ýapyp bolýar. Bazar infrastrukturasyny döretmekde zerur demir ýollary, awtomobil ýollary, ulag serişdeleri, ýaşaýyş jaýlar, syýahat toplumlary we myhmanhanalar, köp senagat kärhanalary döwletiň hasabyna gurulýar. Geçen ýyllarda onlarça milliard amerikan dollaryna golaý düýpli maýa goýumlar goýuldy. Görülýän çäreleriň barysy bazar ykdysadyýetini ornaşdyrmaga, kärhanalara göwnejaý salgyt ulgamyny döretmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin: salgytdan köp sanly kärhanalara ýeňillikler berilýär. Köp sanly oba hojalyk kärhanalaryna we fermerlere hem salgytdan ýeňillik berilýär. Daşary ýurt maýa goýumlaryny getirmek üçin “Açyk gapylar” syýasaty alnyp barylýar. Ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek üçin maliýe institutlary bolan täjirçilik banklarynyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Banklar öz gezeginde maliýe ulgamynyň özenidir, çünki olar halk hojalygynda hasap-hesibi çaltlandyrmaga, pul dolanyşyk işlerini gowulandyrmaga, manadyň hümmetini berkitmäge mümkinçilik berýär. Maliýe syýasatynda manadyň satyn alyş ukybyny mundane beýläk ýokarlandyrmak meselesi esasy orunlaryň birini tutýar. Esasy ugurlaryň biri býujetiň girdeji tarapyny artdyrmak esasynda býujet gytçylygyny ýok etmekdir.

Türkmenistanyň maliýe ulgamy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Döwlet býujeti, döwlet tarapyndan döredilýän her hili pul gaznalary, ýerli maliýe ulgamy, döwlet kärhanalaryň maliýesi we hususy kärhanalaryň, gaznalaryň we korporasiýalaryň maliýesi, täjirçilik başlangyçlarynda däl edaralaryň maliýesi, paýdarlar we bilelikdäki kärhanalaryň maliýesi, maliýe institutlary, täjirçilik banklary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we ş.m. girýärler. Döwlet paýdarlar,

şereketler, ýekebara kärhanalar, ýoldaşlyk esasynda gurulan kärhanalar, daýhan birleşikleri kärhana maliýesini düzýär. Maliýe ulgamynda esasy orun döwlet býujetine degişlidir. Döwlet býujetiniň netijesinde döwlet ýurduň milli girdejisiniň ep-esli bölegini paýlanmagyna gözegçilik edýär.

Býujet – bu Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda döwlet häkimiýetleri, ýerine ýetiriji häkimiýet guramalary tarapyndan belli bir döwür üçin hem-de maksatly ugurlara gönükdirilýän maliýe serişdeleriniň jemidir. Býujet tarapyndan umumy döwlet ähmiýetli köp sanly çäreler maliýeleşdirilýär. Döwlet býujetiniň düzüminde ýörite maksatly pul gaznalary döredilýär, olar esasan 1999-njy ýylyň býujetinden başlap goşuldy. 2008-nji ýyldan başlap bu gaznalaryň serişdeleri degişli ministrlikleriň we wedomstwolaryň ygtyýaryna berildi. Döwlet býujeti iki bölekden durýar: merkezleşdirilen we ýerli býujetler.

Merkezleşdirilen býujetden döwlet häkimiýetiniň we edaralaryň, guramalaryň wezipesini amala aşyrmak üçin çäreler maliýeleşdirilýär.

1. Önümçilik we önümçilik bilen bagly däl gurluşyk obýektleri üçin şeýle-de taslama barlag işleri, tebigaty goramak we beýleki çäreler üçin.

2. Saglygy saklaýyş, bilim, sport we medeni çäreler.

3. Döwlet häkimiýet guramalaryna, edara edilişe, sud we prokuratura, hukuk goraýyş guramalar hem-de goranmak üçin harajatlary maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

“Türkmenistanda durmuş – ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry” Milli maksatnamasynda maliýe-karz mehanizminiň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegine aýratyn üns berildi. Ol syýasat: salgyt-býujet we pul-karz ugurlaryndan ybaratdyr.

Býujet möhüm ykdysady gurallaryň biri bolup, onuň hukuk binýadyny kämilleşdirmeklik, ýerine ýetirilmegi hökmany bolan anyk býujeti düzmek, onuň ýetmezçilik derejesini azaltmak, manadyň hümmetsizlenmeginiň öňüni almak üçin onuň çykdajylaryny üýtgetmäge mümkinçilik bermek, býujeti gurmaklyk, býujetden daşary hasaplary ýapmak, bir bitewi býujet gurmaklyga geçmek esasy wezipeleriň biridir. Maýa goýum býujetini işläp düzüp, onda içerki we daşarky maýa goýum serişdelerini jemlemek göz öňünde tutulýar. Ministrlikleriň we wedomstwolaryň merkezi dolandyryş diwany býujetden maliýeleşdirmäge geçiriler. Döwlet kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleriniň peýdalanylşyna gaznaçylyk gözegçiligi ýokarlanar. Kompýuter boýunça maglumatlar bankyny döretmek hem-de döwlet hasaplaryna hökmany garaşsyz audit geçmeklik göz öňünde tutulýar. Salgyt syýasaty boýunça: eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalara salgyt boýunça deň şertleri döretmek we ýokary salgyt salmaklyga ýol bermezlik, maýa goýumy we telekeçiligiň kiçi we orta görnüşlerini höweslendirmek, salgydyň doly ýygnalyşyna gözegçiligi ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýardy. Bu wezipeler eýýäm amala aşyryldy.

Şonuň ýaly-da daşary ýurt maýa goýumlaryny Türkmenistanyň ykdysadyýetine çekmeklik höweslendirildi. Ýerli salgytlary emele getirmegiň we ýygnamagyň bir bitewi ulgamyny işläp taýýarlamaklyk bolsa eýýäm amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow maliýe gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge aýratyn üns berýär. Mysal üçin, 2007-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň 2007-nji ýylyň 8 aýynyň jemlerine bagyşlanan mejlisinde sözlän sözünden gelip çykýan maliýe gatnaşyklaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek meseleleri ýüze çykdy. Ol öz çykyşynda käbir meseleleri çözmeklige ünsümizi çekdi, biz şol meseleleriň käbirleri barada durup geçjek. “Döwlet adam üçindir” diýen ýörelgeden ugur alýan Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow “döwlet býujetine salynýan agramy azaltmak barada” adalatly wezipe goýdy. Döwlet býudetiniň köp bölegini düýpli maýa goýumlar eýeleýär. Bu çärleleri maliýeleşdirmekde biziň pikirimizçe, ylaýtada ösen ýurtlaryň tejribesinden belli boluşy ýaly, döwlet karzynyň we bank karzynyň ähmiýeti ulydyr. Döwlet mysal üçin, bir pudagy ösdürmek üçin maksatly obligasiýalary, paýnamalary (aksiýalary) we beýleki gymmat bahaly kagyzlary çykaryp olary ilatyň, kärhanalaryň we banklardyr beýleki guramalaryň arasynda ýerleşdirip, boş ulanylman ýatan serişdeleri, şol sanda walýuta serişdelerini iki tarapada bähbitli we netijeli ulanyp biler.

Düýpli maýa goýumlaryň ýene bir esasy çeşmesi täjirçilik banklaryň ulanylman ýatan kars resurslary (çeşmeleri) bolup biler. Ýaşaýyş jaý gurluşygynda edaralaryň, kärhanalaryň, raýatlaryň serişdeleri bilen bir hatarda banklaryň ipoteka karzlary giňden ulanylsa maksada laýykdyr. Bu barada kabul edilen kararlar il bähbitlidir.

Kärhanalaryň serişdeleriniň düýpli maýa goýumlara çekilmegi salgyt we beýleki çäreler arkaly höweslendirilmelidir. Şäherleri, obalary abadanlaşdyrmakda, ylaýtada, edara-kärhanalaryň daş-töweregini abadanlaşdyrmakda olaryň ähmiýeti ulydyr.

Biziň döwletimiz açyk gapylar syýasatyny alyp barýar. Düýpli maýa goýum işlerine daşary ýurt maýadarlarynyň serişdeleriniň çekilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Biziň ýurdumyz tebigy serişdelere baý bolansoň, çig-mal we beýlekileri işläp bejerip, ahyr önümler çykarmakda, täze kärhanalary gurmakda daşary ýurt maýalaryny çekmeklik maksada laýykdyr.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda “döwlet eýeçiligini, maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaly diýip” belleýär. Mysal üçin, biziň ýurdumyzda döwlet eýeçiliginiň geçiş döwründe tutýan orny ulydyr. Döwletiň eýeçiliginde ummasyz emläkler bardyr. Olary netijeli ulanmagyň ähmiýeti ulydyr. Döwlet eýeçiligine esasan şular degişlidir: ýerler, tokaýlar, ýerasty baýlyklar, suw we beýleki obýektler döwlet eýeçiligindäki karhanalaryň emläkleri, döwlet eýeçiligindäki paýnamalar we beýleki emläklar, döwlet eýeçiligindäki gozgalmaýan emläklar, şeýle-de kärendesine berlen we beýlekiler degişlidir. Mysal üçin döwlet eýeçiligindäki emläkleriň hökmany suratda bahasy bolmaly. Şonda konsesiýa ýa-da kärendesine berilýän ýa-da ynam etmek arkaly dolandyrylýan emläkleriň gymmaty anyklanylmaly, girew emlägi hökmünde ulanylanda ýa-da satylanda, bergi borçlary esasynda ulanylanda ýa-da esaslyk maýasyna, gaznasyna geçirilende ýa-da raýatlardyr edara görnüşli taraplaryň emlägi döwlet eýeçiligine

geçirilende we beýleki ýagdaýlarda Döwlet emlägi maksatnama düzmeklik esasynda ulanylmalydyr we olar dolandyrylmalydyrlar. Döwlet emlägini kärendesine bermeklik, emläk girewini ulanmak, ynanç esasynda dolandyrmak (döwlet paýnamalar esasynda belli bir möhletde dolandyryja emlägini berip biler) ýa-da gozgalmaýan emläkleriň hossarlyk gözegçiligi esasynda dolandyrmaklyga, döwlet emläginiň konsesiýa esasynda, beýleki bir tarapa möhletli we yzyna gaýtarmak esasynda, döwlet emläginiň muztsyz bermek (bir kärhanany beýleki pudaklara geçirmek) we ş.m esasda ulanmak bähbitlidir. Döwlet emlägini hususylaşdyrmaklykda oňyn netijeli ulanmagyna esas döredýär. Tölege ukypsyz kärhanalary hususy eýelere satmaklyk, olaryň işini mundan beýläk gowulandyrar.

Aýgytlaýjy pudaklardaky (nebit-gaz, ulag-aragatnaşyk, energetika, tekstil ýaly pudaklar) kärhanalar geçiş döwründe döwletiň eýeçiligindedir. Bu maksada laýykdyr. Milli baýlygymyzy ähli halk bähbitlerine laýyk ulanmaklygy bazar ykdysadyýetine geçiş döwürde döwlet gurnaýjy bolup çykyş edýär. Mysal üçin, ilata satylýan benziniň bahasy başga döwletler bilen deňeşdireniňde iň pes derejededir. Benzin we dizel ýagy ýurdumyzdaky raýatlara indi mugt berilýär. Gaz, elektrik energiýasy, duz, suw, benzin we dizel ýangyjy mugutdyr. Çörek döwlet tarapyndan iň arzan bahadan satylýar. Ulag, aragatnaşyk hyzmatlary, ýaşaýyş jaýlar üçin tölegler iň pes derejede. Bularyň hemmesi halkyň durmuş hal--ýagdaýyny gowlandyrmak üçin niýetlenilendir. Aslyýetinde mugt berilýän gaz, elektrik energiýasy, benzin, duz, suw döwletiň býujetiniň hasabynadyr. Bu maksatlar üçin 2007-nji ýylda 1476,2 mlrd. manat göz öňünde tutulypdy. Bu çäreler üçin harajatlar ýylyň-ýylyna ýokarlanýar.

Bu çäreler umumy döwlet möçberinde, ýagny diňe bir döwlet sektorynda däl, hususy telekeçilik sektorynda-da nyrhlaryň ýokary galmazlygyna, kadaly bolmagyna täsir edip bilýär.

Döwlet eýeçiliginiň paýy ykdysady taýdan ösen ýurtlarda 15-20%-den geçmeýär. Mysal üçin, ol ABŞ-da 12 göterime deňdir. Gelejekde bizde-de bazar gatnaşyklaryna doly geçilmegi bilen döwlet eýeçiliginiň paýy kemeler.

Biziň pikirimizçe, ilatyň, kärhana-guramalaryň ulanylman boş ýatan pul serişdelerini dolanyşyga çekmegiň bir ýoly paýdarlar kärhanalaryny giňeltmeklikdir. Dünýäde bu görnüşli kärhanalar iň köp ýaýranlarydyr we netijelileridir. Şonuň bilen bir hatarda paýnamalaryň (aksiýalaryň) we obligasiýalaryň we beýleki gymmat bahaly kagyzlaryň alnyp satylýan erkin bazaryny (font biržalaryny) döretmäge mümkinçilik açylar.

Bu döwlet üçinde bähbitlidir, çünki täze kärhanalary gurmak üçin döwlet býujetinden goýberilýän serişdeleriň öwezini tutar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly döwlet eýeçiligini dolandyrmakda ähli mümkinçilikler ulanylmaýar. Biziň pikirimizçe döwlet eýeçiligindäki karhanalarda bazar gatnaşyklary giňeldilse, ylaýta-da hojalyk hasaplaşygy berkidilse gowy bolardy. Döwlet emlägindäki kärhanalaryň emläklari, Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly hakyky bahasyndan pesdir. Bular biziň pikirimizçe gaýtadan bahalandyrmak arkaly hakyky bahasyna getirilse gowy bolardy. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň maliýe ýagdaýyna düýpli seljeriş geçirilse, şonda özüni ödemeýän kärhanalary anyklap, olary auksionda bahalandyryp beýleki eýeçilik görnüşindäkilere satylsa

gowy bolardy. Mundan gelen pul girdejileri birinjiden-ä býujetiň girdejilerini artdyrar, ikinjiden pudaklaryň şol kärhanalaryň zyýanyny ýapmak üçin gönükdirýän serişdelerini kemelder. Aslyýetinde döwlet eýeçiligi eýeçiligiň netijeli görnüşi däldir, muny dünýa tejribesi, sowet ykdysadyýeti doly tassyklady. Eýeçiligiň beýleki görnüşleri, esasanda hususy eýeçilik netijelidir, bu kärhanalar täze şertlerde netijeli işleýärler.

Soňra Prezidentimiz önüm öndürmäge goýulan goýumlaryň netijeliligi – täze kärhanalar gurlanda "olaryň netijeliligini hasaplamalary ýok" diýip adalatly belledi.

Aslyýetinde täze kärhanalaryň taslamasy düzülende olaryň netijeliligini hasaplamaklyk doly derejede şol kärhanalary maliýeleşdirýän döwlet edaralary we beýleki eýeçilik görnüşindäki kärhanalara şu maksatlar üçin karz berýän banklar tarapyndan geçirilmeli. Düýpli maýa goýumlaryň netijeliligini hasaplamaga mümkinçilik berýän halkara derejesinde ulanylýan bir topar görkezijiler bar, şolary ulanyp hasaplama geçirilse gowy bolar. Mundan başgada monitoring işlerini geçirmek esasda täze kärhanalaryň gymmaty, öndürilen önümleriň daşary we içerki bazarlarda nyrhy, oňa bolan isleg we beýlekiler göz öňünde tutulmalydyr. Hormatly Prezidentimiziň adalatly belleýşi ýaly belkide şol öndürilmeli önümleri daşary ýurtlardan satyn almak bähbitli bolar. Ýönekeý bir mysal: özümizde täze kysymly uçar öndürmek bize bähbitlimi? Munuň üçin bizde tehnologiki enjamlaram, tejribede ýok, bu bize örän gymmat düşmegide mümkin. Şeýle bolansoň olary beýleki ýurtlardan satyn alanyň bähbitli. Aslyýetinde dünýä boýunça, pudaklar boýunça ýöriteleşdirmeklik prosesi hereketdedir. Mysal üçin bir ýurtlarda awtomobil senagaty, beýleki ýurtlarda uçarlary öndürmeklik giň gerim alandyr. Döwlet býujetiniň salgytlara degişli däl girdejileri bolup durýan – döwlet eýeçiliginiň kärendesinden alynýan tölegler, roýaltiler, döwlet emlägini peýdalanmak, renta üçin we beýleki tölegleri doly möçberde ulanylmaýar diýip Hormaly Prezidentimiz adalatly belleýär. Bu tölegleri kämilleşdirmek döwlet emlägini we onuň gymmatyny doly hasaplamak netijesinde döwlet býujetiniň girdejilerini artdyrmakda möhüm çeşme bolup hyzmat ederdi. Bizde häzir Salgyt kodeksi – bitewi kanuny herekete girdi, indi hut şonuň ýaly býujet kodeksiniň işlenip düzülmegi – onuň girdeji we çykdajylarynyň düzümini kadalaşdyrmaga mümkinçilik bererdi.

Ykdysadyýeti ösdürmekde häzirki zamanda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ähmiýeti ulydyr. Ösen ýurtlarda ABŞ, Ýaponýa ýaly ýirtlarda kiçi we orta telekeçilik görnüşindäki kärhanalar jemi içerki önümiň 50-60 %-e golaýyny berýär. Häzirki zamanyň tehnalogiýasynyň ösen derejesi robotlary we awtomatlary ulanmak, orta we kiçi kärhanalarda-da uly önümçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berýär, bu ylaýtada halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklarda ähmiýetlidir. Bizde kiçi telekeçilik esasan söwda pudagynda giň gerim alandyr. Kiçi telekeçilik bazar konýunkturasynyň üýtgeýän şertlerine ullakan ýitgi çekmezden uýgunlaşagan bolýarlar. Uly kärhanalarda tehnalogiýany üýtgetmek köp maliýe serişdelerini talap edýär, kiçi kärhanalar gysga möhletde we az serişde bilen önümçiligi üýtgedip gurup bilýärler. Biziň pikirimizçe ilki bilen biziň ýurdymyzda kiçi kärhanalar toparyna haýsy kategoriýadakylar girmeli, işçileriniň

sany näçe bolmalydygyny doly anyklamaly. Öň salgytlardan kiçi kärhanalara ýeňillik berilse önümçilikde işgärleriň sany ýüz elli adama çenli diýilýärdi. Ýaponiýada mysal üçin işgärleriniň sany elli adama çenliler, önümleriniň möçberi 5 mln. manat kiçi kärhanalar toparyna degişli edilýär. Başga ýurtlarda-da dürli-dürli.

Kiçi kärhanalar – hususy eýeçilikdäkilere salgytlaryň möçberi azaldyldy. Patent bilen işleýän şahsy telekeçilere salynýan salgytlar hasam kemeldi, ol iki göterimdir. Şeýle ýagdaýda mysal üçin, söwda pudagyndaky kiçi edara görnüşli taraplaryň käbiri şahsy telekeçilere öwrüldiler. Edara görnüşli hususy taraplaryň döwlete töleýän salgytlary we tölegleri şahsy tarapyň töleýäninden entegem köpdür. Mysal üçin, olar jemi girdejisinden 2% girdeji salgydy, peýdadan 3% oba hojalyk gaznasyna, oba we şäher ýerlerini abadanlaşdyrmaga 1 %, zähmet hakyndan, 10 % girdeji salgydy, durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri (zähmet hakyndan ugur alyp 20 %). Biziň pikirimizçe käbir tölegleri – durmuş ätiýaçlandyryş üçin geçirilýäni kiçi kärhanalarda kemeldilse, bu olaryň sanynyň artmagyna getirer.

Ösen ýurtlarda-da salgytlarda ýeňillikler, çaltlandyrylan ulanyş tölegler (amortizasiýa), banklar we býujet tarapyndan ýeňillikli karz pullar, erkin ykdysady zonalar we ş.m. beýleki çäreler ulanylýar. Mundan başgada biziň ýurdumyzda ulag aragatnaşygynyň ýokary depginler bilen ösmegi (demir we gara ýollar, howa ýollary) telekeçiligiň mundan beýläkde ösmegine, ulag üçin harajatlaryn kemelmegine getirer.

Manadyň erkin konwertasiýasy möhüm ykdysady reformalaryň birisidir. Indi islendik ýerde islendik wagtyň halkara hasaplaşyk serişdesi bolup durýan amerikan dollaryny nagt we nagt däl görnüşde alyp bolýar. Bu öz gezeginde telekeçiligiň ösmegine itergi berýär.

Hormatly Prezidentimiz maliýe maksatnamasyny (finansowaýa programma) ýurdyň derejesinde we häkimlikleriň derejesinde düzülmelidigini nygtaýar.

Bazar ykdysadyýeti planly ykdysadyýetiň tersine bolup, munda plan esasynda däl-de, bazaryň islegini öwrenmek (marketing) esasynda önüm öndürilýär. Maliýe meýilnamalaýyş, maliýe maksatnamalar entek aradan aýrylmaýar, olar bazar şertlerinde-de ulanylýar. Mysal üçin döwlet býujeti döwletiň esasy maliýe meýilnamasydyr. Ol diňe bir ýyl däl, köp ýyllar içinde düzülip we tassyklanylyp biliner. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlardaky kärhanalarda-da kalendar, maliýe meýilnamasy, köp ýyllar üçin maliýe maksatnamasy ulanylýar. Bular maksatnamalar hökmünde ulanylýarlar.

Biziň pikirimizçe maliýe maksatnamasynyň döwlet derejesinde we häkimlikleriň derejesinde düzülmegi perspektiwada – uzak döwürde girdejileriniň we çykdajylarynyň öňünden anyklanylmagyna mümkinçilik bererdi. Şeýlelikde ykdysady we durmuş maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan serişdeleri öňünden anyklamaga mümkinçilik bererdi. Döwlet salgytlaryň kömegi bilen ykdysadyýetiň, telekeçiligiň ösmegine täsir edip biler. Salgytlar agyr bolman, olar her bir kärhananyň, telekeçiniň giňeldilen üznüksiz önümçiligi alyp barary ýaly şerti döretmelidir. Bizde salgytlar pes derejede bolup, olar telekeçiligiň ösmegine giň ýol açdy. Salgytlar gural hökmünde telekeçilige täsir edip bilýär.

Mysal üçin şahsy telekeçilikde salgytlaryň möçberiniň azlygy sebäpli, edara görnüşli taraplarda telekeçilik bilen meşgullanýanlar, esasan-da söwda ulgamynda patent bilen işläp şahsy telekeçilige geçip başladylar. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda mydama salgytlaryň täsirini öwrenýän ylmy-barlag işler alynyp barylýar. Mysal üçin, Goşulan baha üçin salgyt. Bu salgytdan konditer önümler, däri--dermanlar import edilende boşadylýar. Aýdaly, salgyt ýeňilligi bu harytlaryň getirilişine täsir edýärmi? Ýa-da, tersine sanksiýalary, düzgüni bozmaklygyň öňüni almaga nähili täsir edýär we ş.m.

"Döwlet eýeçiligini, maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaly, ýolbaşçylaryň we döwlet gullukçylarynyň bilim derejesini ýokarlandyrmaly bolar" diýip hormatly Prezidentimiz belleýär.

Biziň pikirimizçe muny amala aşyrmak üçin ýokary mekdeplerde, gysga möhletli kurslary açmaly bolar (Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda). Munda diňe ýokary derejeli professorlar we mugallymlar sapak berse, gerek bolsa daşary ýurtlardan bu ugurdan ýokary hünärli professorlaryda çagyrmaly bolar. Bu okuwlar hökümet tarapyndan goýberilýän Grantlaryň esasynda-da amala aşyrylyp biliner. Mundan başga hut institutymyzda taýýarlanylýan gelejekgi hünärmenleriň (menejerleriň) bilim derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermeli, bular ýakyn wagtda önümçilige bararlar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döredilmegi bu meseläni çözmeklige uly ýardam eder. Maliýe hasabatlary halkara ölçeglerine getirmek ýaly wezipeleride ol nygtady.

Maliýe hasabatlaryny halkara ölçegine getirmek üçin, Türkmenistanyň Ykdysadyýt we maliýe ministrligi köp işler etdi, 2-3 ýyl mundan öň daşary ýurt hünärmenleri gelip köp işler etdiler, okuw geçirildi. Bu işlere biziň Türkmen halk hojalyk institutymyzyň professor – mugallymlaryda gatnaşdylar. Netijede maliýe hasabatlaryna üýtgeşiklerde girizildi, emma bu çäreler entek ýeterlik däldir.

Maliýe hasabatynyň möçberi gaty uly bolmaly däldir. Ol salgytlar baradaky kanunlar bilen utgaşykly bolmalydyr. Buhgalteriýa taýdan hasaba almagy kämilleşdirildi. Biziň institutymyzyň hünärmenleriniň – alymlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resminamalar (2005ý.) işlenip düzüldi. Emma bu hasaba almagyň halkara ölçeglerine (standartlaryna) laýyk getirmekde entek edilmeli işler kändir. Mysal üçin kiçi we orta görnüşdäki kärhanalarda buhgalteriýa işiniň ýönekeýleşdirlen görnüşlerinide işläp, düzüp olar durmuşa ornaşdyrylsa gowy bolardy.

"Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň güýçli depginlerde ösmeginde salgyt syýasatna hem möhüm orun berilýär. Döwlet bilen salgyt töleýjileriň özara maliýe gatnaşyklarynda bähbitleriň geçirilişini üpjün etmeklik göz öňüne tutuldy. Bu çäreler umuman, ýerine ýetirilýär. Mysal üçin "Salgytlar hakynda" birewi kanun kabul edildi. Salgytlar mydama kämilleşdirilip dur.

Biz bu okuw kitapda dürli eýeçilik görnüşinde hereket edýän, mysal üçin paýdarlar jemgyýeti, söwda firmalary, şereketler, korporasiýalar we ş.m.

umumylaşdyrylan görnüşde kärhana diýip aýtdyk. Okuw kitapda jedelli, nazary meseleleriň käbirlerine seretdik. Mundan başgada önümçiligiň esasy pudagy bolan senagat kärhanalarynda köpräk durup geçdik.

## TEMA 1. KÄRHANA MALIÝESINIŇ MAZMUNY WE ÝERINE ÝETIRÝÄN FUNKSIÝALARY (WEZIPELERI)

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Kärhana maliýesi dersiniň öňünde durýan wezipeler, onuň mazmuny
2. Kärhana maliýesiniň ýerine ýetirýän funksiýalary
3. Kärhana maliýesini emele getirýän pul gatnaşyklary
4. Maliýe gulluklarynyň wezipeleri
5. Dürli eýeçilik görnüşleriniň maliýä edýän täsiri

1.1. Kärhana maliýesi dersiniň öňünde durýan wezipeler we onuň beýleki dersler bilen arabaglanyşygy, düýp mazmuny hem-de onuň ýerine ýetirýän wezipeleri.

Türkmenistan kem-kemden bazar ykdysadyýetine geçip başlady, bazar ykdysadyýeti öz miwelerini berýär. Ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär. Bu bolsa halkyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna getirýär. Şonuň ýaly-da döwlet býujetiniň girdejiler böleginiň ýokarlanmagyna getirýär, bu bolsa öz gezeginde döwletiň elindäki maliýe serişdeleri artyp, ony ýene-de ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini bökdençsiz maliýeleşdirmäge, ulanmaga mümkinçilik berýär.

**Tablisa №1**

**2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary**

**1. Türkmenistanyň ösüşiniň Makroykdysady görkezijileri**

| Görkezijiler | Ýanwar – oktýabr aýlary | | |
|---|---|---|---|
| | 2007 ýyl | 2008 ýyl | Ösüş depgini % |
| Sarp ediş nyrhlarynyň jemleýji indeksi, % | 104,9 | 109,4 | 104,3 |
| Maýa goýumlary, mlrd. manat* | 16417,5 | 33693.7 | 2,1e |
| Daşary söwda dolanyşygy mln. amerikan dollary* | 9526,4 | 13237,5 | 139,0 |
| eksport | 6511,9 | 9306,2 | 142,9 |
| import | 3014,5 | 3931,3 | 130,4 |
| Daşary söwdanyň onuň tapawudy, mln. amerikan dollary* | 3497,4 | 5374,9 | X |
| Öý hojalyklarynyň jan başyna düşýän ortaça aýlyk jemi girdejileri, müň manat* | 832,0 | 931,8 | 112,0 |
| Öý hojalyklarynyň jan başyna düşýän ortaça aýlyk pul çykdajylary, müň manat* | 686,7 | 796,8 | 116,0 |
| Ortaça aýlyk iş haky, müň manat* | 2529,5 | 2890,7 | 114,3 |

***2008 ýylyň ýanwar-sentýabr aýlary 2007 ýylyň ýanwar-sentýabr aýlary bilen deňeşdirilende**

**“Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy” Statistiki ýygyndysy. Aşgabat 2008ý.**

Maglumatlardan belli boluşy ýaly, daşary söwdamyzda eksport importdan ep-esli artykdyr, bu bolsa döwletimiziň maliýe ýagdaýyna oňyn täsir edýär. Jemi içerki önüm ýokary depgindedir, ol 2008-nji ýylyň 11 aýynyň maglumatlaryndan belli boluşy ýaly öňki ýylyň şu döwri bilen deňeşdirilende 23,7 göterim artandyr. Infliýasynyň möçberi-de göz öňünde tutulanyndan ýokary däldir. Ortaça zähmet haky on aýda 14,3 göterim ýokarlanandyr. Öndürilen pagta we beýleki oba hojalyk önümleri öňki ýyl bilen deňeşdirilende ep-esli ýokarydyr. 11-aýdaky maglumatlardan belli boluşy ýaly düýpli maýa goýumlaryň möçberi 4,3 milliard ABŞ-nyň dollaryna barabardyr. Ýene-de bir bellemeli zat, biziň ykdysadyýetimize daşary ýurtlaryň maýa goýumlary köpelip, ol 2007-nji ýylyň deňeşdirilýän döwründen dört essä golaý ýokarlanandyr. Bu öz gezeginde "Açyk gapylar" syýasatynyň amala aşýanlygynyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň milli girdejisi önümçilikde, ýagny senagat we dürli pudaklarda emele getirilýär. Şol milli girdejini emele getirmekde esasy roly dürli eýeçilik görnüşdäki hereket edýän önümçilik kärhanalary oýnaýar. Kärhanalar diýlende dürli eýeçilik görnüşlerinde hereket edýän kiçi, orta we uly kärhanalar, firmalar, korporasiýalar, şol sanda dürli pudakda hereket edýänler (banklar we beýlekiler) umumylaşdyrylyp aýdylýar. Kärhanada jemi içerki milli önüm hem-de onuň bir bölegini tutýan milli girdeji öndürilýär hem-de pul görnüşinde maliýäniň üsti bilen paýlanylýar. Netijede, milli girdejini öndürmekde, artdyrmakda hem-de paýlamakda kärhananyň maliýesiniň roly iňňän ýokarydyr. Jemi içerki önümiň möçberi 2008-nji ýylda 43,68 milliard manada deň bolup, ol öňki ýyl bilen deňeşdirilende 110,5 göterim boldy. Jemi içerki önüm satuw bahasynda 46,24 milliard manat bolup, ol deňeşdirilýän döwürde 123,9 göterim boldy. Manadyň hümmetsizlenmegi 2008-nji ýylyň ahyrynda 8,9 göterim derejede saklanyldy. Kärhana maliýesi umumy maliýäniň bir bölegi bolup, ýagny onuň esasyny tutýar. Kärhanada ýüze çykýan maliýe gatnaşyklary kärhana maliýesini düzýär. Üznüksiz önümçilik şertlerinde kärhanany pul serişdeleri – maliýe serişdeleri bilen doly, öz wagtynda bökdençsiz üpjün etmeklik kärhana maliýasynyň esasy wezipesidir. Kärhanada öndürilen milli girdejini dürli ugurlar boýunça akylly-başly paýlamakda kärhana maliýasynyň ähmiýeti uludyr. Kärhanada milli girdeji paýlanylan wagtynda salgytlar esasynda döwletiň bähbidi göz öňünde tutulyp, onuň býujetiniň girdejileri emele getirilýär, kärhana üçin zerur bolan pul toplumlary döredilýär.

Kärhanany döredijileriň (esaslandyryjylaryň, paýdarlaryň) bähbidi göz öňünde tutulýar, önümçilige gös-göni gatnaşan işçi gullukçylaryň zähmet haky tölenilýär, şonuň ýaly-da banklardan we beýlekilerden alynan pul serişdeleri yzyna gaýtarylýar. Maliýe gatnaşyklary emele getirilende hökmany suratda höwes döretmelidir. Şonuň ýaly-da maliýe serişdeleriniň rejeli, maksatly, tygşytly ulanmaklygyna şert döretmelidir.

Maliýe we karz hünärleri boýunça taýýarlanylýan talyplar kärhana maliýesiniň düýpli öwrenmelidirler. Talyplar diňe Ykdysadyýet we Maliýe ministrligi, salgyt, ätiýaçlyk ulgamlary üçin däl-de gönüden-göni kärhananyň maliýe bölümlerinde ykdysatçy-maliýeçi bolup işlemeklik üçin taýýarlanylýar. Banklarda işleýänler mysal üçin, karz pul beren wagty kärhananyň maliýe

ýagdaýlaryny bilmelidirler. Salgyt ulgamynda işleýänler kärhananyň maliýe işini wagtal-wagtal derňew edýärler. Şol sebäpli olar kärhana maliýesini öwrenmelidirler. Ätiýaçlyk guramalarynda işleýänlerde ätiýaçlyk şertnamasy baglaşylan kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny bilmelidir. Kärhana maliýesi hünäri boýunça okadylýan ýörite sapaklaryň ählisi bilen diýen ýaly ýakyn arabaglanyşyklydyr. Ylaýta-da maliýe we bank menejmenti, döwlet býujeti, salgytlar we salgyt salmak, maliýe we bank auditi, maliýe we bank töwekgelçiligi sapaklary bilen örän arabaglanyşyklydyr.

Kärhana maliýesi sapagynyň öňünde durýan esasy wezipeler kärhanalaryň ilki başdaky düýpli maýalarynyň emele gelşi, öz dolanyşyk serişdeleriniň, peýdanyň amortizasiýa, maýa toplamak we sarp etmek toplumlarynyň emele gelşi, pul girdejileriniň we peýdasynyň emele gelşi we paýlanyşy we harajatlaryň, maýa goýumlaryň düzümi, esasy we dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi, kärhananyň maliýe ýagdaýy, düşewüntliligi artdyrmagyň ýollary, öz serişdeleri ýetmese karz we gymmat bahaly kagyzlary goýbermek netijesinde üznüksiz önümçiligi maliýe serişdeleri bilen üpjün etmeklik we beýleki maliýe gatnaşyklary, pudaklardaky aýratynlyklary talyplara öwretmekdir.

Haryt önümçiligi puluň aýlanyşygyny we pul gatnaşyklarynyň döremegini öňünden kesgitleýär, munuň netijesinde her aýratyn kärhanada gaznalaryň pul görnüşinde dolanyşygyny ýüze çykarýar. Hut şonuň esasynda giňeldilen üznüksiz önümçiligi üpjün etmek üçin gerek bolan pul – maliýe serişdeleri gaznalarynyň döremeginiň we ulanmagynyň netijesinde ýüze çykýan maliýäniň ykdysady kategoriýa hökmünde obýektiw hereket edýän bazasy dörediýär.

Maliýe gös-göni puluň hereket etmegi bilen hem bagly bolsada I.D. Zlobiniň[1] tassyklaýşy ýaly ol pulam däl, olaryň gaznalarynyň jemi hem däl, adamlaryň pula bolan gatnaşygam däl-de, pul serişdeleriň – gaznalaryň döremegi we ulanylmagy sebäpli adamlaryň gatnaşyklarydyr. Başgaça aýdylanda, maliýe jemgyýetiň pul serişdeleriniň belli bir bölegini paýlamak, gaýtadan paýlamak we ulanmagyň barşynda ýüze çykýan ykdysady kategoriýany aňladýar.

Taryha görä maliýe döwletiň döremegi bilen, onuň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi bilen baglydyr. Ylmy barlag geçirijileriň bu barada ýeke-täk bir pikirleri bar; Buýruk formany eýeleýän, döwleti pul bilen üpjün etmek üçin we onuň işleýşini üpjün etmek üçin ulanylýan pul toplumlarynyň döremegiň barşyny görkezýän, jemgyýet häkimiýetiniň ösmegine we berkemegine görä barha giňden ulanyp başlanýan pul gatnaşyklary hökmünde döwletiň döremegi bilen maliýe hem döreýär. Döwlet bilen kärhanalaryň we edaralaryň, pudaklaryň, sebitleriň (regionlaryň) we aýry-aýry raýatlaryň arasyndaky döreýän ykdysady gatnaşyklar maliýe gatnaşyklaryny emele getirýärler.

Maliýe haryt-pul gatnaşyklarynyň esasy bölegi bolup, tutuşlygyna haryt-pul gatnaşyklarynyň ulanylmagyny, olaryň önümçilikdäki roluny, jemgyýetçilik önüminiň we milli girdejiniň paýlanylmagyny şertlendirýär, pikir edip görsek, eger-de haryt önümçiligi we pul bolmadyk bolsa, onda döwlet öz ençeme

[1]Zlobin I.D. “Finansy SSSR”., M., 1971., sah. 16

wezipelerini ýerine ýetirmek üçin maddy serişdelere mätäç bolardy, olar mejbury ýol bilen öndürijilerden salgyt we töleg görnüşinde natural önümleri almak tertibinde emele gelýär.
Şeýle ýagdaý dogrudanam taryhda bolup geçipdir, haçan-da döwlet önümleri almagyň dürli görnüşleri bilen öz harby goşunyny üpjün edende, mejbur ediş hökmünde döwlet diwanyny, ambarlaryny üpjün etmesi, uruş döwründe, maliýe we pul dolanyşyk ulgamy bozulan wagtynda anyk ýüze çykýar.

Şol uzak döwürde haryt-pul gatnaşyklarynyň pes ösüşi şertlerinde döwlet girdejileri we çykdajylary, esasan, natural häsiýete eýe bolupdyr. Rim imperiýasynyň, onuň iň ösen döwründe, natural salgytlar we tölegler esas bolup durupdyrlar. Pul hojalygy diňe harby goşunda ösen bolupdyr. Şeýle ýagdaý Gündogar we Günbatarda gul eýeçilik we feodal döwletlerinde bolupdyr. Puluň we teňňeleriň basyp çykarylmagy döwletiň monopoliýasy bolupdyr. Beýle şertlerde natural salgytlar we tölegler bilen birlikde gazna, pul, (gymmat bahaly metallar) bilen doldurylýardy. Aslyýetinde natural salgytlar uruş döwründe we ondan soňraky ýyllar SSSR-de dowam etdi. B.G.Boldurewiň[1] belleýşi ýaly: feodal gurluşyň dargamagy we önümçiligiň kapitalistik usulynyň ösmegi bilen döwletiň pul girdejileri we çykdajylary uly ähmiýete eýe bolýarlar; natural salgytlaryň we tölegleriň paýy peselýär. Bu ýagdaý haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüşiniň giňelmegi bilen, döwletiň wezipeleriniň ösmegi we kynlaşmagy bilen güýçlenýär. Döwlet gaznasynyň hökümdaryň şahsy kassasyndan we eýeçiliginden aýrylmagy bilen döwlet maliýesi, döwlet býujeti, döwlet krediti diýen düşünjeler emele gelýär.

Kapitalizmiň ösmegi bilen haryt önümçiligi we pul ählumumy görnüşe eýe bolýarlar. Döwlet maliýäni öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ulanýar. Ýöne taryhdan belli bolşy ýaly, girdejiler, esasan, pul görnüşinde, has gijiräk wagtda emele gelip başlaýar. Şunuň bilen baglanyşykda sowat ýüze çykýar. Eger maliýe girdejileriň diňe pul görnüşde emele gelmegi bilen baglanyşykly diýseň dogry bolarmy ýa-da onuň bilen birlikde döwletiň natural görnüşdäki emläginiň emele gelmeginiň barşynda döreýän gatnaşyklaram hasaba alsaň? Şeýle-de käbir ykdysatçylar natural häsiýeti maliýä goşýarlar, (mysal üçin G.M.Toçilnikow)[2] diňe döwletiň tölegleriniň we salgytlarynyň kömegi bilen jemgyýetçilik önümi paýlamakda we ulanmakda döreýän gatnaşyklary “maliýe düşünjesine” degişli etmeklige tarap çykyş edýär. Onuň pikirine görä, gul eýeçilik döwri barada gürrüň gidende, haryt önümçiliginiň ösmegine görä we gul-eýeçilik döwletiniň rolunyň berkemegine görä, başlangyç görnüşde bolsa-da “Maliýe” döreýär. Soňra ol “eger, umuman, feodalizm döwrüni alsak, onda haryt-pul gatnaşyklar wagtal-wagtal bolmak häsiýete eýe bolandyklary we höküm ediji bolmandyklary üçin maliýe aýry-aýry görnüşde bolsa-da maliýe ulgamy döremändir” diýip tassyklaýar. G.M.Toçilnikowyň pikirine görä, maliýe gatnaşyklary haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen we kapitalistik jemgyýetiň döremegi bilen emele gelýär we ösýär:

---

[1]Boldurew B.G. Finansy kapitalistiçeskih gosudarstw. M., 1985
[2]Toçilnikow G.M. Sosialistiçeskiýe finansy. M., 1974

”irki orta asyrlar döwründe natural gulluklar we natural tölegler agdyklyk edýän bolsa we diňe kiçijik çeşme bolup pul görnüşde ýüze çykýan maliýe aragatnaşyklary ýüze çykyp başlan bolsa, giçki orta asyrlarda – kapitalizmiň ösmeginiň başynda – kapitalistik maliýesiniň başlangyjy hökmünde döwlet maliýe ulgamy bardy” – diýip ol tassyklaýar.

“Maliýe” düşünjesi pul gatnaşyklary bilen bagly. Bu hem dawasyz ýaly, sebäbi pul gatnaşyklaryndan daşarda döwlet karzy-krediti, döwlet býujeti, girdejiler we çykdajylar düşünjeleri, ssuda, göterimler we beýleki kategoriýalar özbaşdak hereket etmeýärler. Natural usullar pul gatnaşyklaryň öňünden bolupdyr we şol bir wagtda pul gatnaşyklary garaşly häsiýete eýe bolupdyrlar, wagtyň geçmegi bilen bolsa, haçanda haryt-pul gatnaşyklary güýçli ösende, kämilleşmegiň pul usullary hökmürowan häsiýete eýe bolýarlar, natural usul bolsa ýa-da ýok bolýar ýa-da garaşly häsiýete eýe bolýar.

Raýatlyk urşy we daşary interwensiýasy döwründe pul-haryt gatnaşyklarynyň birden gowşamagynda SSSR-de döwletiň serişdeleriň döremeginde natural usullar köp ulanyldy (harby kommunizm). Halk hojalygynyň dikeldilmegi we täze ykdysady syýasaty geçirilen döwründe haryt-pul gatnaşyklary ýene-de ösýär. Sowet döwletiniň maliýesi hem ösýär. Maliýe pul gatnaşyklarynyň ulgamyna seredip G.M.Toçilnikow “bu ýönekeý, entäk ösmedik forma”, ýöne oňa has bolan pul forma ewolýusion ösen “maliýe” mazmunyny saklaýar diýip hasap edipdir. E.A.Woznesenskiý bilen jedelleşip, ol dowam edýär: Kapitalizmden öňki formasiýalaryň maliýesinde natural gatnaşyklaryň abstragirlemesi olaryň bolandygyna inkär etmäge deňdir. Şeýlelikde, ilki bilen maliýanyň taryhlylygy hakynda, ikinjiden onuň haryt-pul gatnaşyklarynyň we döwletiň döremegi we ösüşi bilen baglylygy hakynda aýdyp bolar.

Haýsysy taryhy? Düşünjeleri häsiýetlendirýän adalgamy ýa-da tersine?. “Pul” düşünjesi – harytlaryň umumy ekwiwalenti, dürli halklarda ulanylýan adalgalardan ulydygy belli, aýdaly: rubl ýa-da dollar, funt sterling ýa-da frank, dinar ýa-da altyn, teňňe, manat, pul we ş.m. Her bir halkda “pul” düşünjesini häsiýetlendirmek üçin dürli adalgalar ulanylypdyr we ulanylýar. “fransiýa” adalgasy ylmy edebiýatda bellenilişi ýaly, XIII-XV asyrlarda Ýewropada birtopar şäherlerde (Florensiýa, Wenesiýa, Genuýa) – ýüze çykypdyr. Şol wagtlar söwdanyň, hasaplaşyklaryň we bank işiniň uly merkezleri bolan Italiýada pul tölegleri we pul summalaryny kesgitlemek üçin giňden ulanylyp başlanýar, soňra bu adalga pul gatnaşyklaryň ulgamy bilen bagly düşünje hökmünde ulanylýar, onuň netijesibde döwletiň öz syýasy we ykdysady wezipelerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenen girdejileri döredilýär. “fransiýa” adalgasy gijiräk Ýewropada döreýär, ýöne döwlet gaznasynyň döremegi bilen bagly maliýe gatnaşyklary gul-eýeçilik döwletlerinde döreýär. (Müsür, Gündogaryň we Günbataryň gadymy döwletleri). Mysal üçin, zikge kakylmagy hem-de Hytaýda ýüpek pullaryň goýberilmegi. Döwlet tarapyndan teňňeleriň çykarylyşy we gaznalaryň emele gelmegi, olaryň goşuny saklamaga we başga maksatlara ulanylmagy ýaňy döreýän maliýe gatnaşyklarynyň düýbüni tutýar. Mysal üçin, maliýäniň esasyny emele getirýän gatnaşyklar dürli halklarda dürli-dürli atlandyrylýar. Mysal üçin, Orta

Gündogarda maliýe gatnaşyklary "Maliýe" diýen düşünje bilen atlandyrylýar, bu gönüden-göni gaznaçylyk bilen bagly düşünjäni aňladýar.

"Maliýe" ýagny "mal" sözi seljuk-türkmen döwletinde pul görnüşinde ulanylýan esasy salgyt bolupdyr. Şol sözden hem maliýe sözi, ýagny kategoriýasy emele gelipdir.

Kärhana maliýesi bütin maliýe ulgamlarynyň esasyny tutýar, çünki kärhanada önüm öndürilýär hem-de milli girdeji emele getirilýär. Kärhana maliýesiniň ýüze çykmagy, esasan, pul-haryt gatnaşyklarynyň şertlerinde mydama üznüksiz önümçilik dowam edip, şonda her bir haryt pul görnüşine eýe bolýar. (H-p-H)

Haryt önümçiliginde harydyň pul görnüşine eýe bolmaklygy hökmany şertdir. Çünki haryt satylmasa oňa siňdirilen zähmet biderekdir. Kärhana öz önümini satandan soň pul girdejisini gazanýar. Şol pul girdejisiniň bir bölegi döwlet býujetine we önümçilik harajatlaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär. Harajatlary ýapandan soň, galan bölegi kärhananyň sap girdejisi – peýdasy bolup durýar. Kärhananyň pul girdejisiniň bir bölegi goşulan baha üçin salgyt, goşmaça tölegler-aksiz hökmünde döwlet býujetine geçirilýär. Alnan sap girdejiniň ýa-da peýdanyň bir bölegi peýdadan alynýan salgyt hökmünde geçirilýär. Kärhananyň peýdasynyň galan bölegi onuň hojalyk hasaplaşyk girdejisi bolup, ol maýa toplamak we sarp edişe gönükdirilýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir kärhananyň girdejili, netijeli, peýdaly işlemegi, onuň maliýe ýagdaýynyň gowy bolmagyna we döwlet býujetiniň girdejisiniň artmagyna şert döredýär. Bu bolsa öz gezeginde ýurduň ykdysadyýetini galkyndyrmaga, halkyň maddy hal ýagdaýyny gowulandyrmaga, durmuş çäreleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Kärhanalaryň we halk hojalyk pudaklarynyň maliýesi barada dürli garaýyşlar bar. Mysal üçin, A.M.Aleksandrow[1] aşakdaky görnüşdäki kesgitlemäni berýär: ýagny kärhanalaryň hojalyk işiniň netijesinde ýüze çykýan we olaryň gaznalarynyň dolanyşygyny, şeýle hem şol dolanyşygyň netijesinde gymmatyň görnüşleriniň üýtgemegi we jemgyýetiň girdejileriniň paýlanylmagy bilen bagly bolan pul gatnaşyklar kärhana maliýesiniň mazmuny bolup durýar.

1. Biziň pikirimizçe, berlen kesgitlemede, maliýä pul serişdelerini ýygnamak (döretmek) we ulanmakdan has giň, pul gatnaşyklary girýär. P.N.Žewtýak[2] öz gezeginde başgaçarak kesgitleme berýär. Kärhanalaryň maliýesi – bu önümçilik bilen bagly jemgyýetçilik önümiň, milli we sap girdejiniň paýlanmagy we ulanmagy bilen bagly ýüze çykýan we kärhanalaryň serişdeleriniň aýlawuny üpjün etmek üçin gerek bolan maliýe serişdeleriniň zerur gaznalaryny döretmäge mümkinçilik berýän pul gatnaşyklarynyň jemini aňladýar. Pul gatnaşyklarynyň esasynda maliýe serişdeleriniň zerur pul gaznalary döredilýär. Awtoryň pikir edişine görä ol şu aşakdaky gaznalardan durýandyr:

2. Önümçiligi, ylmy we tehnikany ösdürmek gaznasy.
3. Maddy taýdan höweslendirmek.
4. Durmuş-medeni çäreler we ýaşaýyş jaý gurluşygy.

---

[1]Aleksandrow A.M. Finansy sosializma M., 1965

[2]Žewtýak P.N. Finansy sosializma M., 1984

5. Amortizasion tutumlar.

6. Täze tehnikany döretmek we ornaşdyrmak işlerini höweslendirmek.

Şu kesgitlemä görä, kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň esasynda döredilýän serişdeler, esasan, ykdysady stimulirleme we amortizasion tutulmalardyr. Elbetde, bu ýerde bir sowal ýüze çykýar, eger-de maddy höweslendirme gaznasy maliýe serişdelerine girýän bolsa, onda näme üçin zähmete hak tölemek gaznasy üçin zerur bolan serişdeler maliýe serişdeleriniň hataryna girmeli däl. N.G.Syçýewyň öz redaksiýasy bilen 1970-nji ýylda çykaran "Kärhanalaryň we halk – hojalyk pudaklarynyň maliýesi" diýen kitabynda şu aşakdaky kesgitlemä gabat gelmek bolýar: Maliýe – bu giňeldilen üznüksiz önümçiligiň barşynda serişdeleriň dolanyşygy, pul girdejileriniň emele gelmegi, paýlanmagy we ulanylmagy, pul serişdeleriniň gaznalary we toplumlary, jemgyýetçilik önümiň we milli girdejiniň emele gelmegi, paýlanmagy we ulanmagy bilen bagly ýüze çykýan pul gatnaşyklarydyr.

B.M.Sabanti[1] öz gezeginde pul hojalyklaryny özbaşdak ykdysady kategoriýa hökmünde häsiýetlendirilip, maliýäniň düzüminden bölüp aýyrýar. Agzalan gatnaşyklaryň haýsy biri maliýä, haýsy biri pul hojalygyna degişli?. B.M.Sabanti ykdysady kategoriýa hökmünde maliýa şu aşakdaky gatnaşyklar degişlidir diýip aýdýar: ýagny, kärhanalar bilen býujetiň arasynda dolanşykdan alynýan salgyt paýlananda, bir bölegi kärhanalaryň ygtyýarynda galýar, beýlekisi döwlet býujetine geçirilýär. Üznüksiz önümçilik gatnaşyklaryny maliýe däl-de ykdysady kanunlar sazlaýar, önümçiligi ösdürmek, ykdysady höweslendiriş gaznalary emele gelende ýüze çykýan gatnaşyklar maliýe tarapyndan sazlanýar. B.M.Sabantiniň pikirine görä pul hojalygy özbaşdak ykdysady kategoriýa hökmünde öz täsir ediş ulgamyna şu aşakdakylary gurşap alýandyr:

1. Esasy we dolanyşyk gaznalarynyň üznüksiz dolanyşygyny üpjün etmek üçin zerur bolan pul serişdelerini emele getirmek bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklar.

2. Zähmete hak tölemek we durmuş harajatlar boýunça.

3. Ulanyş tölegleri, renowasiýa we düýpli bejermek gaznalaryny emele getirmek we peýdalanmak.

4. Rezerw we ätiýaçlyk gaznalaryny emele getirmek we peýdalanmak.

Ýokarda agzalan pul gatnaşyklarynyň ähli̇si pul hojalygy diýip atlandyrylýar we özbaşdak ykdysady kategoriýa bolup durýar diýip, ol tassyklaýar, biziň pikirimizçe bu dogry däldir. Maliýäniň täsir ediş ulgamy giň, ol şu aşakdakylary gurşap alýar:

1. Esasy we aýlanyşyk gaznalarynyň üznüksiz dolanyşygyny üpjün edýän işçi güýjüni gaýtadan döretmek üçin zerur bolan zähmet haky we durmuş harajatlar.

2. Amortizasiýanyň döredilmegi we ulanylmagy bilen bagly gatnaşyklar.

3. Täzeden dikeldiş we düýpli abatlamak we ätiýaçlyk gaznalaryň emele gelmegi we peýdalanmagy we ş.m.

---

[1]Sabanti B.M. Model finansow sosialistiçeskogo gosudarstwa. M., 1989

G.M.Toçilnikow kärhanalaryň maliýesine şeýle kesgitleme berýär:

Girdejileriň we çykdajylaryň şeýle hem önümçiligiň netijeliliginiň görkezijilerini öz içine alýan, hojalygy alyp barmakda (hojalyk hasaplaşygy we prinsipinde) ýüze çykýan, ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna kärhana maliýesi diýilýär. [1]E.A.Woznesenskiý halk-hojalyk pudaklarynyň maliýesine täze kesgitleme berýär. Ýagny, maliýe bu merkezleşdirilmedik pul gaznalaryň ýekebara dolanyşygynda plana laýyk emele gelmegini we ulanylmagyny aňladýan pul gatnaşyklarydyr.

Agzalan pul gaznalar giňeldilen esasda hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalaryň önümçilik gaznalarynyň dolanyşygyny üpjün edýär, şol kärhanalary we zähmet kollektiwlerini ykdysady höweslendirýär, kärhanalaryň ýekebara dolanşygyna hyzmat edýär. Soňra merkezleşdirilmedik gaznalaryň emele gelmeginiň we peýdalanmagynyň barşynda kärhanalaryň döwlet býujetini, ýokarda duran guramalar, durmuş ätiýaçlandyrmasy guramalary we banklar bilen gatnaşyklary ýüze çykýar.

I.D.Zlobin, kärhanalaryň we halk hojalygynyň pudaklarynyň maliýesi diýip: Hususy zerurlyklaryny we umumy döwlet zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin planlaşdyrylan tertipde pul serişdeleriniň – gaznalarynyň emele gelmegi bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryň jemine düşünýär. Kärhanalaryň maliýesi – pul toplumlarynyň we maliýe serişdeleriniň emele gelmegi, paýlanmagy we peýdalanmagy bilen bagly ykdysady gatnaşyklaryň jemini aňladýar diýýär. Ýokardaky käbir awtorlaryň maliýä girýän pul gatnaşyklaryna – kärhanalaryň banklardan karz almagyny goşman, diňe gysga we uzak möhletleýin karzlar üçin tölenýän göterimler bilen bagly gatnaşyklary goşýandyklary üns bererlikdir. “Jemi jemgyýetçilik önümiň we milli girdejiniň öndürijilikli we öndürijilikli däl ulanylyşa gelmezinden öň bellenilen maksatly gaznalaryň emele gelmegi we paýlanmagy arkaly gymmatynyň pul görnüşinde paýlanylmagydyr”. Köp awtorlaryň şeýle netijä gelýändigini bellemek zerurdyr.

Biz maliýä kärhanalaryň maliýe serişdelerini, pul toplumlaryny emele getirmek we harçlamak bilen bagly pul gatnaşyklar girýär, diýip belläp geçipdik. Eýsem-de nähili pul gatnaşyklar maliýä degişli bolup durýar? Kärhanalar bilen hojalyk guramalaryň arasynda pul gatnaşyklary dürli ýagdaýlarda emele gelip biler. Kärhana sarp edijilere önümini ýerledi, sarp ediji üpjün ediji bilen hasaplaşdy, pul serişdeleri hasaplaşyk hasabyna geldi. Bu ýagdaýda gymmatyň haryt görnüşi pul görnüşine geçýär. (H-P) Kärhanalaryň maýa goýum üçin harç eden pul serişdeleriniň gymmatyny köpeldip, ýene gaýdyp gelýär. Ol önümçilik prosesini, kesgitlenen pul summasyny awanslaşdyrmak bilen ýene-de dowam edip bilýär. Mundan beýläk pul serişdeleri paýlanýar, ýagny olardan maksatly pul gaznalary emele getirilýär. Gymmatyň pul görnüşi öwezini doluş, sarp ediş we toplaýyş gaznalaryna paýlanýar. Gymmatyň haryt görnüşi hökmany ýagdaýda pul görnüşine geçmelidir. Onuň mundan beýläk paýlanmagynyň esasy şerti-pul serişdeleriniň kärhanalaryň hasaplaşyk hasabyna gelmegidir.

---

[1]Woznesenskiý E.A. Finansy kak stoimostnaýa kategoriýa. M., 1985

Gymmatyň pul görnüşi paýlananda maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Mysal üçin, döwlet bilen kärhanalaryň arasynda býujete tölegler tölenende ýa-da býujetden pul serişdeleri alnanda; kärhanalar bilen banklaryň arasynda bergiler üzülende, karz pullar alnyp, göterimleri bilen gaýtarylanda, kärhanalaryň arasynda paýnamalara diwidendler, jerimeler, bergiler tölenende; kärhanalar bilen işgärleriň – gullukçylaryň arasynda zähmet haky we ondan salgyt tutulanda, sylaglar we diwidendler tölenende we ş.m. algy-bergilerde pul gatnaşyklary ýüze çykýar. Harydyň gymmaty pul bilen tölenilende maliýe gatnaşyklary ýüze çykanok. Goý aýdalyň alyjylaryň hasaplarynda pul serişdeleri ýok, töleg saklanýar, pullaryň gelip gowuşmagy gijä galýar, şeýle ýagdaýda kärhana wagtlaýyn maliýe kynçylyklaryny başdan geçirýär. Şonuň üçin algylary almak zerur bolup durýar. Bu ýerde gürrüňsiz maliýe gatnaşyklary ýüze çykýandyr. Jerimeler, puşman tölegleri, peniýalar, kompensasiýalar we kreditor bergileri hasaplaşygynda hem maliýe gatnaşyklary ýüze çykýandyr. Goý zähmet haky gaznasynyň emele gelmegi we işçilere we gullukçylara zähmet hakyny tölemek maliýe gatnaşyklaryna girenok diýeliň. Onda işçi güýji haryt (hyzmat) öndürmek üçin sarp eden zähmetine görä gymmaty nähili ýagdaýda almaly? Emma işgärleriň zähmet hakyny wagtynda tölemek üçin döredilýän (toplanylýan) pul serişdeleri maliýe gatnaşyklarynyň obýekti bolup durýandyr. Bu işçileriň we gullukçylaryň zähmet hakyndan salgytlary, tutumlary alyp galmaklyga hem degişlidir. Üpjün edijiler bilen hasaplaşmak üçin pul serişdeleriniň käbir ýagdaýlarda bolmaýandygyny nazara alsak, ýörite maksatly gaznalar döredilmese işgärleriň zähmetine hak tölenmeli bolanda hem şonuň ýaly kynçylyklara sezewar boljakdygymyz gürrüňsizdir. Has takyk aýtsak, eger-de zähmet haky gaznasy döredilmese, onda işgärleriň zähmetine haýsy çeşmelerden hak tölenmeli? Elbetde, kärhana bu ýagdaýda banka ýüz tutup karz almaly ýa-da işgärleriň zähmetine wagtynda hak tölemek üçin başga mümkinçilikleri agtaryp tapmaly.

Kärhanalar aksiýalary – paýnamalary çykarýarlar, başga kärhanalaryň işine paýly gatnaşyp girdeji alýarlar, esasy gaznalaryny kärendesine berip kärende töleglerini alýarlar, wagtlaýyn serişdeleri karz alýarlar, ýagny öz maliýe serişdelerini emele getirýärler. Elbetde, bu ýagdaýda kärhana bilen kärhananyň, gaýry taraplaryň arasynda maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Kärhananyň hereket etmeginiň esasy şerti pul serişdeleriň elmydama bolmagydyr. Döwlet maliýe gulluklarynyň esasy wezipesi döwlet gaznasyny üznüksiz pul resurslary bilen üpjün etmek bolýan bolsa, kärhanalaryň maliýe gulluklarynyň esasy wezipesi kärhananyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin pul resurslaryny toplamagyny üpjün etmegi bilen durýar. Maliýäniň funksiýalaryda jedelli meseledir. Mysal üçin, Moskwanyň maliýe akademiýasyndan professor D.S.Molýakow “Kärhana maliýesiniň” diňe iki funksiýasy paýlaýjylyk we gözegçilik hyzmatyny tassyklaýar. Moskwada akademik L.A.Drobozinanyň redaksiýasynda 1999-njy ýylda çap edilen “Maliýe, pul dolanyşygy we kredit” diýen okuw kitapda kärhana maliýesiniň diňe iki paýlaýjy we gözegçilik funksiýalary tassyklanylýar.

Paýlaýjy hyzmaty bilen, awtorlaryň pikiriçe ilkinji maýa uçreditelleriň hasabyna döredilýär. Eger şeýle pikirden ugur alsaň paýdarlaryň serişdesi, gymmat

bahaly kagyzlardan toplanan serişdeler asla paýlaýyşyň barşy bir eýeden başga eýä geçmekligi aňlatmaýar. Awtorlar, banklary we bank kreditini, karz serişdeleri maliýe ulgamlaryndan üzňeleşdirýärler. Bu biziň pikirimizçe dogry däldir, çünki dünýä tejribesinde banklar, ätiýaçlyk edaralary, döwlet krediti esasy Maliýe institutlarynyň biridir. Maliýäniň, şol sanda kärhana maliýesiniň esasy wezipesi, öz wagtynda doly hem-de bökdençsiz, kärhanalaryň üznüksiz önümçiligi şertlerinde ýüze çykýan pul serişdelerine bolan isleglerini üpjün etmeklikdir. Ol şol pul serişdeleri – maliýe resurslaryny toplap gaznalar – toplumlar hökmünde dürli maksatlara paýlaşdyrýar.

Ykdysadyýet ylmynda kärhana maliýesiniň ýerine ýetirýän funksiýalary iň bir jedelli meseleleriň biridir. Käbir alymlar kärhana maliýesiniň funksiýasynyň 7-12 çenli ýetirýärler. Köp alymlar bolsa onuň funksiýasyny bary-ýogy 3-e ýetirýärler. Emma biz şu aşakdaky funksiýalary tassyklaýarys:

1. toplaýjy
2. paýlaýjy
3. gözegçilik

Bu barada giňişleýin durup geçeris. Kärhananyň maliýesiniň funksiýalary häzirki güne çenli hem iň bir jedelli, düşündirmesi kyn bolan meseleleriň biri bolmagynda galýar. A.M.Birman[1] "Kärhananyň maliýesine" maliýe bilen degişlilikde şol 3 funksiýa mahsusdyr" diýip aýdýar. Mysal üçin:

1) Kärhanalary we guramalary pul serişdeleri bilen üpjün etmek.

2) Gözegçilik we 3) paýlaýjy. E.A.Woznesenskiý Kärhananyň maliýesine maliýe hökmünde garap 3 funksiýany öňe sürýär. 1) pul gaznalarynyň (girdejileriň) emele gelmegi. 2) pul gaznalarynyň (girdejileriň) ulanylyşy. 3) gözegçilik. E.N.Žewtýak hem 3 funksiýanyň bardygyny kesgitleýär. Emma olara aşakdaky görnüşde kesgitleme berýär.

1) Serişdeleriň dolanyşygyna pul resurslary (serişdeleri) bilen hyzmat etmek.

2) Pul girdejileriniň paýlanmagy.

3) Kärhananyň önümçilik – hojalyk işine maliýe gözegçiligi.

Emma ol 1-nji funksiýasynda pul serişdeleri bilen üpjün etmek roluny daşlaşdyrýar. Biziň bilişimiz ýaly, dolanyşyk prosessinde zähmete hak tölemek üçin, býujete tölegleri amala aşyrmak üçin kärhanalarda pul serişdelerine zerurlyk ýüze çykýar. Pul serişdelerine bolan zerurlygyň meýilnamalaşdyrylmagy dolanyşygy pul serişdeleri bilen kadaly ýagdaýda hyzmat edilmegine mätäçlikden gelip çykýar. Şeýlelikde onuň pikirine görä, kärhanalaryň serişdeleriniň indiwidual dolanyşygyna pul serişdeleri bilen hyzmat etmek, material we pul serişdeleriň arasyndaky herekete doly deň agramlylygy gazanmak, kärhana maliýesiniň bu funksiýasynyň esasy many-mazmuny bolup durýar. Bir az soňrak P.N.Žewtýak senagat kärhanalarynyň maliýesiniň 3 funksiýasyny tassyklaýar. Birinjisi, serişdeleriň dolanyşygyny pul serişdeleri bilen üpjün etmek, ikinjisi jemgyýetçilik önümi we milli girdejini we arassa girdejini paýlamak we gaýtadan paýlamak,

---

[1]A.M. Birman. Oçerki teoriý sowetskih finansow. M., 1989

üçünjisi kärhanalaryň we guramalaryň önümçilik-hojalyk işine maliýe gözegçiligini amala aşyrmak. W.Raudsep[1] pudaklaryň maliýesini öwrenip 3 funksiýasyny görkezýär: paýlaýjy, kärhanalaryň serişdeleriniň dolanşygyny pul serişdeleri bilen üpjün etmek, gözegçilik. Gyzykly tarapy Raudsep paýlaýjy funksiýany esasy hasap edip, "galanlary şondan gelip çykýar" diýip aýdýar. D.S.Molýakow[2] diňe 2 funksiýany-paýlaýjy we gözegçilik-tassyklaýar. Awtorlaryň köpüsi kärhana maliýesine umumy mäliýäniň funksiýasy mahsusdyr diýen netijä gelýärler. I.D.Zlobin "Kärhana maliýesiniň funksiýalary" hojalykda pul girdejilerini toplumlaryny paýlamak – paýlaýjy hyzmaty we halk-hojalygynda serişdeleriň emele gelşine we peýdalanşyna maliýe gözegçiligi-gözegçilik hyzmatyny amala aşyrýar diýip ýazýar. Ol professor A.M.Birmanyň we beýlekileriň tassyklaýan üpjün ediş-toplaýjy hyzmatyny inkär edýär. Ýagny üznüksiz önümçiligiň barşynda önümcilik gaznalaryň dolanşygyny üpjün etmek üçin pul serişdelerini toplamak – bu şol dolanşyk üçin zerur bolan pul serişdeleriň gaznalaryny döretmek we peýdalanmakdyr. Bu bolsa paýlaýjy funksiýasynyň kömegi bilen amala aşyrylýar diýýär.

Bu ýagdaýda kärhana maliýesiniň paýlaýjy, önümçilik hyzmatyndan daşary 3-nji funksiýasyny bölüp çykarmaga esas ýok. Dogurdan hem pul gaznalary kärhanalaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilýär. D.A.Allahwerdýan[3] öz çykyşlarynda kärhana maliýesiniň diňe 2 funksiýasyny-paýlaýjy we gözegçiligi tassyklaýar. Käbir awtorlar, mysal üçin E.A.Woznesenskiý maliýäniň paýlaýjy funksiýasyny pul serişdeleriniň gaznalaryny emele getirmek hyzmaty bilen düşündirilýär. K.Marksyň düşünjesine görä jemgyýetçilik önümiň girdejileri emele getirmek, natural-zat görnüşinde we gymmat boýunça paýlanyp, paýlamak gatnaşyklary çäklidir we çalyşmak netijesinde girdeýji paýlanýandyr, diýip belläp geçýär. Şundan ugur alsaň onda paýlaýjy funksiýa däl-de emele getiriji, ýagny toplaýjy funksiýa we peýdalanmak funksiýasy dogry bolup durýar. Emma biziň pikirimizçe, toplamak we peýdalanmak prosessi jemgyýetçilik önümiň we milli girdejiniň gymmatynyň pul görnüşinde paýlanmagyna we gaýtadan paýlanmagy bilen çuňňur arabaglanyşykda bolýar. Maliýäniň 2-nji funksiýasyna – pul gaznalaryny peýdalanmak, E.A.Woznesenskiý aşakdaky görnüşdäki kesgitlemäni berýär. Maliýe üznüksiz önümçiligiň subýekitleriniň öz isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen material bähbitleri satyn almak üçin agzalan gaznalary peýdalanmak prosessine hyzmat edýär.

Şu ýerde maliýäniň önümçilik we önümçilik däl ulgamlarda pul serişdeleriniň gaznalaryny emele getirmegi we üpjün edýändigini aýtmak ýerlikli bolardy. Mysal üçin, jemgyýetçilik pul serişdeleriniň paýlanmagy esasynda önümçilik däl sferalarda pul serişdeleriniň gaznalaryny emele getirmek bolup geçýär. Pul serişdeleriniň döredilen gaznalarynyň maksatly we tygşytly peýdalanmagy biziň pikirimizçe agzalan ykdysady kategoriýanyň hyzmatyna

---

[1]W.R.Raudsep. Prikladnaýa finansofaniýa. Tallin., 1981
[2]D.S.Molýakow. Teoriýa finansow sos.predpriýatiý. M., 1986
[3]D.A.Allahwerdýan. Finansy i sosialistiçeskaýa wosproizwodstwo. M., 1971

degişli bolman, eýsem kärhana maliýesiniň we maliýäniň hyzmaty bolup durýar. Ondan başga-da awtoryň “maliýe üznüksiz önümçiligiň subýektleriniň sarp etmek maksady bilen material bähbitleri satyn almak üçin agzalan gaznalaryň onuň kesgitli peýdalanmagyna hyzmat edýär” diýen pikiri ylalaşykly däldir. Pul we haryt gymmatynyň iki taraplaýyn hereketi netijesinde agzalan gaznalaryň anyk peýdalanmagy bolup geçýär. Şonuň üçin maliýäniň pul serişdeleriniň gaznalaryny peýdalanmak funksiýasyny bölüp aýratyn görkezmek esaslandyrylan däldir. Maliýäniň funksiýasyna paýlaýjy, dürli maksatly gaznalary emele getirmek we gözegçilik funksiýalar bilen doly kesgitlenilýär. G.Toçilnikow hem “maliýäniň oblasty serişdeleri gutarnykly peýdalanmak bilen bagly däl” diýip tassyklaýar. “Bu dogrudan hem maliýe ylmynyň predmeti däl” diýip belläp geçýär. Serişdeleri almagyň görnüşleri hut şular maliýe ylmynyň predmeti bolup durýar. Emma onuň pikirine görä kärhana maliýesiniň esasy funksiýasy maliýe meýilnamalaşdyrmanyň mazmuny bilen kesgitlenýär.

Meýilnamalaşdyrmanyň barşynda pul gaznalaryny emele getirmekde we ulanmakda maliýäniň uly roly bardyr. Jemgyýetçilik önümi meýilnamalaşdyrmakda we peýdalanmakda maliýe balansy esasy gurallaryň biridir. Emma maliýäni diňe maliýe meýilnamalaşdyrylyşynda görsek, onda ykdysady kategoriýa hökmünde onuň many-mazmuny doly açylyp görkezilenok. Maliýäniň 2-nji funksiýasyna awtor “kärhanalaryň maliýesi döwlet we kredit ulgamy bilen ykdysady gatnaşyklaryň formasy” diýip düşünýär. Şeýle bolan ýagdaýynda maliýäniň mazmuny kesgitlenen ykdysady gatnaşyklary aňladýan ykdysady gymmat kategoriýasy hökmünde name aňladýar? Näme bilen düşündirilýär? Bu ýerde kärhana maliýesi umumy döwlet maliýesinden (göz-görtele) mese-mälim tapawutlanýandyr. Kärhana maliýesiniň funksiýalary jemgyýetiň merkezleşdirilmedik şertinde pul gaznalarynyň emele gelmegi we peýdalanmagy bilen ýüze çykýar, şol bir wagtda umumy döwlet maliýesi ýüze çykýar. Býujet we karz ulgamy bilen aragatnaşyk döwlet maliýesiniň paýlaýjy funksiýasynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Emma Toçilnikow kärhana maliýesine “paýlaýjy funksiýasy mahsus däldir” diýip nädogry tassyklaýar.

Kärhananyň özüne gerek bolan pul serişdeleri diňe bir paýlamak netijesinde emele gelmeýär. Mysal üçin, banklardan we beýleki firmalardan alnan karzlar. Gymmat bahaly kagyzlary satmakdan alnan serişdeler we ş.m. şu sanalylanlar kärhana maliýesiniň diňe toplaýjy funksiýalarynyň netijesinde bolýar. Kärhana maliýesiniň paýlaýjy funsiýasynyň netijesinde kärhananyň pul girdejileri, peýdasy paýlanylýany döwlet býujetine salgyt geçirilýär, banklara karzlar (kreditler) we prosentler bölünýär. Başga kärhanalar bilen algy-bergiler hasaplanylýar, galan bölegi kärhananyň hojalyk hasaplaşyk girdejisi bolup durýar we zähmet haky gaznasyny döretmäge gönükdirilýär. Gözgeçilik funsiýanyň esasynda jerime sanksiýalary ulanylýar, puşman tölegi tölenýär, ýetiren zyýanlary üçin başga kärhanalardan öwezini doluş pullary alynýar. Kärhananyň pul serişdeleriniň wagtly-wagtynda toplanma-gyna hem-de olaryň dogry we ýerlikli ulanylmagyna gözegçilik edip durýar. Maliýäniň mazmuny onuň ýerine ýetirýän funksiýalaryndan gelip çykýar. Ol kärhananyň giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde ýüze çykýan pul serişdeleri-ne bolan isleglerini, şol sanda döwletiň

öňündäki borçlary, beýleki kärhanalardyr, banklara, uçreditellerdir, paýdarlara, işçi gullukçylara bolan borçlaryny berjaý etmek üçin gerek bolan pul serişdelerini – maliýe resurslaryny toplap hem-de olary maksatly ugurlara paýlamakda ýüze çykýan (pul toplumlary görnüşde) we olary ulanmakda emele gelýän pul (maliýe) gatnaşyklarynyň jemidir, ýa-da gysgaça aýdanyňda merkezleşdirilmedik tertipde we kärhanalar, guramalar üçin zerur bolan pul toplumlaryny döretmekde, paýlamakda we ulanmakda ýüze çykýan pul (ykdysady) gatnaşyklaryň jemidir.

Döwletiň maliýesiniň esasy wezipesi-döwlet gaznasyny-döwlet býujetiniň girdejilerini üpjün etmek bolýan bolsa, kärhanalaryň maliýesiniň esasy wezipesi-giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde kärhanalaryň maliýe resurslaryna bolan isleglerini üpjün etmek we olaryň netijeli ulanylyşyna gözegçilik etmekdir. Adatça käbir ykdysatçylaryň belleýşi ýaly-kärhana býujetini emele getirmekdir. Şu taýda ýene-de bir zady bellemekçidiris-her bir hojalygyň-raýatlaryň býujeti bar diýilýän garaýyşda ýörgünlidir.

Maliýe esasy wezipesini-döwlet gaznasyny we kärhanalaryň maliýe resurslaryny emele getirende we ony ulananda gürrüňsiz paýlaýyş wezipesinide ýerine ýetirýär. Kärhanalar tarapyndan öndürilen milli girdejiniň bir bölegi we raýatlaryň, şahsy taraplarynyň girdejileriniň bir bölegi salgytlar salynmagy netijesinde döwlet gaznasyna gönükdirilýär, bu paýlaýyşdyr we býujetiň üsti bilen toplanan serişdeler gaýtadan paýlanylýar, has anygy maliýe gatnaşyklary netijesinde, pul toplumlarynyň we gaznalarynyň ulanylmasy netijesinde jemi içki önüm natural görnüşinde paýlanylýar. Maliýäniň ulanylmasy netijesinde maliýe resurslary toplanylýar. Maliýäniň häsiýetli tarapyda, onuň kömegi bilen toplanan pul serişdeleri – maliýe resurslaryna öwrülip, olar gazna görnüşine eýe bolýarlar, bular belli bir maksada gönükdirmek üçin şeýle häsiýete eýe bolýarlar. Mysal üçin döwletiň esasy gaznasy bolan döwlet býujeti we oňa girýän maksatly pul toplumlary we gaznalary, ätiýaçlandyryş gaznasy, pensiýa we medisina ätiýaçlandyryş gaznalary, kärhanada döredilýän düýpli maýa goýum üçin toplanýan serişdeler, öz hususy dolanyşyk serişdeleri, amortizasiýa toplumy, sarp ediş we maýa toplaýyş, ätiýaçlyk toplumlary we ş.m. bu toplumlara we gaznalara girýärler.

Maliýe ulgamlaryna nämeler girýär? Biziň öň belleýşimiz ýaly döwlet býujet ulgamlary, býujete girýän we býujetden daşary pul toplumlary we gaznalary, döwlet karzy, döwlet ätiýaçlandyrylyşy we dürli eýeçilik görnüşlerindäki kärhanalaryň maliýesi, fond biržalary, karz institutlary girýärler diýipdik. Maksady karz esasda üznüksiz önümçiligi pul serişdeleri bilen üpjün edýänligi we şu jähtden maliýe bilen meňzeşliginiň barlygy sebäpli bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda giňişleýin alanyňda maliýe ulgamlaryna banklarda girizilýär.

Emma Rossiýa federasiýasy we käbir beýleki ýurtlaryň alymlary karzy (krediti) aýratyn ykdysady kategoriýa hasaplaýarlar. Bu-da görşümiz ýaly jedelli meseledir.

Döwlet býujetiniň girdejileri, raýatlardan we dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalardan alynýar, salgytlardan we döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň girdejileriniň bir bölegini toplamakdan, dürli geçirimlerden we girimlerden, biziň ýurdumyzda uly ähmiýeti bolmasa-da, bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda gymmat

bahaly kagyzlary çykarmakdan we olary ýerleşdirmekden, (döwlet karzy) emele gelýär. Mundan başga-da biziň ýurdumyzda býujetiň çykdajylarynyň bir bölegi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimsiz karzynyň esasynda maliýeleşdirilýär. Bu gatnaşyklarynyň esasynda arassa, diňe bir paýlaýjylyk gatnaşyklary ýatmaýar, çünki döwlet karzy ýa-da banklardan karz pul alynanda eýe çalyşmaýar-serişde bir eýeden başga eýä geçmeýär, bu paýlaýyş däldir. Ol serişdeleri bir maksada gönükdirmek üçin toplamaklykdyr, ýagny toplum-gazna görnüşine getirmeklikdir, munda köplenç eýe çalyşmaýar.

Biziň pikirimizçe maliýäniň aýratyn toplaýjy wezipesiniň barlygy äşgär bolup, ony inkär etmek dogry bolmazdy. Pensiýa, ätiýaçlyk gaznalaryna serişdeler çekilende paýlamaklyk däl-de toplamaklyk bolup geçýär, çünki bu serişdeler soňra yzyna gaýtarylýar.

Maliýäniň toplaýjy funksiýasy kärhana maliýesinde has-da äşgär ýüze çykýar. Şunuň bilen birlikde kärhana maliýesiniň paýlaýjy funksiýasyda bardyr. Onuň bilen kärhananyň pul girdejileri, peýdasy paýlanylýar. Mysal üçin, döwlet býujetine salgytlardyr-girimler, ýygymlar geçirilende, banklara göterimler tölenende, kärhanada maýa toplaýyş we sarp ediş gaznalary döredilende, diwidendler-paýhaky tölenende we ş.m. ýagdaýlarda. Biz bu barada giňräk durup geçeris.

Maliýe kategoriýasynyň ilkinji nobatda wezipesi – onuň ýerine ýetirýän, hut şoňa mahsus bolan işidir, onuň jemgyýetçilik üçin ýerine ýetirýän işiniň aýdyň göze görnüp duran ýüze çykmasydyr. Mysal üçin maliýäniň ýokarda belleýşimiz ýaly esasy işi köp sanly merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele getirilýän we ulanylýan pul toplumlaryny-gaznalaryny döretmekdir. Şu nukdaý nazardan seredeniňde maliýäniň esasy wezipesi, A.M.Birmanyň belleýşi ýaly üpjünçilikdir, belli alym şol bir wagtyň özünde, paýlaýjy we gözegçilik wezipelerinde aradan aýyrmaýar. Bu wezipeleri barada başgada köp alymlar tassyklap çykyş etdiler. Maliýe nazaryýeti ugrundan köp işlän A.M.Aleksandrow, E.A.Wornesinskiý ýaly alymlar maliýe üç funksiýany, ýagny pul toplumlaryny emele getiriji (toplaýjy), ulanyjy we gözegçilik-ýerine ýetirýär diýip tassyklaýardylar. Olar, hatda-maliýäniň paýlaýjy wezipesini inkär edip, ol diňe maliýe däl beýleki ykdysady kategoriýalarada mahsus diýip, esaslandyrýardylar, wezipe boljak bolsa diňe bir kategoriýa- “şu paýlaýjy häsiýet mahsus bolmalydyr” diýip tassyklaýardylar. Alymlaryň, maliýe paýlaýjy kategoriýa bolan soň, oňa diňe iki wezipe paýlaýjy we gözegçilik funksiýalary mahsusdyr diýýänleride az däldi. Kärhana maliýesine gezek gelende bolsa, oňa hut umumy maliýäniň wezipeleri mahsusdyr diýip tassyklaýardylar. Bizde şu pikir bilen ylalaşýarys.

Ykdysadyýet ylmynda mysal üçin şu günlerde kärhana maliýesiniň-de üç wezipesini tassyklaýanlar az däl: 1) kärhananyň maliýe resurslaryny emele getirmek, düzüminiň optimal derejesini saklamak we ykdysady potensialyny artdyrmak; 2) gündelik hojalyk maliýe işini üpjün etmek; 3) hojalyk subýektiniň durmuş syýasatyny amala aşyrmakda bolan gatnaşygy.

[1]Käbir alymlar maliýe gatnaşyklaryna diňe döwlet tarapyndan gurnalýan (esasanda býujet) maliýe gatnaşyklary girýär diýýärler. [2]Käbir belli maliýe ugrunda işlän awtorlar, kärhana maliýesiniň üç wezipesini: “1) Hojalyk işini pul serişdesi bilen üpjün etmek; 2) Paýlaýjy we emele getirmek, [3]Pul toplumlaryny peýdalanmak we gözegçilik, bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýäniň paýlaýjy wezipesi ýitip gitdi” diýýänler bar.

Kärhana maliýesine gezek gelende onuň üç wezipesini: paýlaýjy, gözegçilik we dürli pul toplumlaryny emele getirmek we ulanmak wezipeleriniň barlygyny tassyklaýan alymlarda bar[4].

Maliýäniň wezipesini 5-e ýetirýänlerem az däl[5]. Döwlet karzyny käbir alymlar aýratyn ykdysady kategoriýa hasap edýärler.

Ýokary mekdep talyplaryna ýüzlenilen 2005-nji ýylda Minskde çykan “Finansy predpriýatiý” kitapda (sah.138) kärhana maliýesiniň 3 funksiýasy: gaýtadan önümçilik, paýlaýjy we gözegçilik bar diýlip tassyklanýar. Bu taýda “maliýe gatnaşyklary esasynda kärhananyň üznüksiz önümçiligini dowam etdirmäge şert döredilýär” diýilýär. Biziň pikirimizçe bu funksiýany paýlaýjy funksiýa üpjün edýär, gaýtadan önümçiligi dowam etdirmek – menejmentiň işidir.

Biz aslyýetinde başga bir maliýä mahsus häsiýetleriň barlygynyda görýäris. Onuň ikinji wezipesi: pul serişdelerini maksatly bir ugra gönükdirmek üçin gerek bolan belli bir möçberini toplamakdyr. Mysal üçin onuň düzüm bölegi bolup durýan salgytlaryň esasy wezipesini fiskal (gaznany emele getirmek üçin) hiç kim inkär etmeýär. Döwlet ilkinji nobatda öz esasy gaznasyny, öz öňünde goýan maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan pul serişdeleriniň belli bir möçberini döretmegi alada edýär. Ol muny uruş wagtlary, hat-da emissiýa, adatdan daşary salgytlary girizmek, daşary ýurtlardan karz almak, zaýom çykarmak ýaly we kähalatlarda milli baýlyklary ulanmak arkaly çözýär. Kärhanalar öz sermaýalaryny dürli çeşmelerden toplaýarlar.

Paýlaýyş näme? Ol biziň pikirimizçe nämede bolsa maliýe nukdaý nazaryndan seredeniňde-girdejileri paýlamak, bir eýeden başga eýä bermek, mysal üçin salgytlar netijesinde paýlamak netijesinde diňe eýe çalyşýarmy? Hawa. Emma maliýe gatnaşyklary netijesinde mydama eýe çalyşmaýar. Mysal üçin gymmat bahaly kagyzlary satyp maliýe resurslary toplananda, ýa-da banklardan wagtlaýynça karz pul alynanda. Döwlet maksatly pul toplumlaryny, mysal üçin, nebit gaz toplumyny döredende aglaba döwlet eýeçiligindäki kärhanalarynyň pul serişdelerinden, girdejilerinden, aýyryp goýulmalar esasynda döredýär, bu taýda eýe çalyşmaýar. Umuman alanyňda bolsa maliýäniň netijesinde paýlaýyş gatnaşyklary gürrüňsiz ýüze çykýar.

---

[1]B.B.Kowalýow., B.Bedeniýe we finansowyý menedžment. M. Finansy i statistika. 2000ý. 20 sah.

[2]Finansy. M. Finansy i statistika. 1997ý. 4 sah.

[3]Şol ýerde. 16 sah.

[4]Şol ýerde. 94 sah.

[5]Finansy. Moskwa. 2000ý. L.A.Drobozinanyň redaksiýasy bilen. 13 sah.

Döwlet ony diňe bir öz girdejilerini emele getirende ulanman, raýatlaryň, kärhanalaryň girdejilerini kadalaşdyranynda-da, sebitleriň, welaýatdyr etraplaryň ösüşini býujet arkaly serişdeleri kadaly paýlanda-da, işçi we gullukçylaryň zähmet haklaryny nepagat we kömek pullaryny, talyplaryň talyp haklaryny köpeldende we beýleki halatlarda giňden ulanýar. Diýmek maliýä paýlaýjylyk häsiýetide mahsusdyr. Maliýäniň kömegi bilen, jemi içki önüm we onuň bir bölegi bolup durýan milli girdeji paýlanýar, döwlet karzy bilen, ýagny gymmat bahaly kagyzlary çykarmak bilen ilatyň we kärhanalaryň boş duran serişdeleri toplanylýar we ulanylýar, karzda (kredit) şu maksatlara gönükdirilendir, ýöne ol bu toplanan serişdeleri karz bermek bilen ulanýar. Aslyýetinde banklarda-da karz resurslary dürli çeşmelerden toplanylýar we ulanylýar.

Maliýäniň paýlaýjy wezipesini biziň pikirimizçe inkär edip bolmaz. Ol beýleki ykdysady kategoriýalar bilen deňeşdireniňde-de köpräk maliýä mahsus bolup durýar.

Gözegçilik wezipesiniň barlygyny alymlaryň aglabasy tassyklaýar. Bizde öz gezegimizde şolaryň pikirine goşulýarys. Döwlet býujetiniň girdejileri toplananda, salgytlar alynanda, girdejileri ýerine ýetirilende, býujetiň taslamasy düzülende gürrüňsiz maliýe gözegçiligi alynyp barylýar. Gözegçilik paýlaýyş wezipesi ulanylanda has-da täsirli bolýar. Kärhana maliýesinde-de gözegçilik wezipesi aýdyň ýüze çykýar. Mysal üçin amortizasiýa normalary bellenende, tölenmedik salgytlara jerime we puşman ulanylanda, şertnama netijesinde şertleri bozulan halatlary ulanylýan jerimeler we ş.m. gözegçilik wezipesi ulanylýar.

1.3. Kärhanada maliýeleşdirmegiň esasyny düzýän pul gatnaşyklary ýüze çykýar:

1. Kärhanalar arasynda, algy bergiler hasaplaşylanda.

2. Kärhanalar we döwlet arasynda.

3. Döwletlere salgyt tölenende hem-de pul serişdeleriniň döwlete alnan halatynda.

4. Kärhanalar we banklar arasynda. Banklardan karz pullar alnan halatynda, olar gaýtarlanda hem-de göterim tölenende.

5. Kärhanalar we raýatlar arasynda hem-de şol kärhanada işçi gullukçylaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar, kärhanalaryň paýlary we obligasiýalary raýatlara satylanda hem-de diwident tölenende, salgytlar tutulanda we ş.m.

6. Kärhanalar bilen daşary ýurtly hem-de ýurdumyzyň içindäki esaslandyryjylar (uçrediteller) bilen bolan gatnaşyklar we beýlekiler.

Şu sanalan ykdysady gatnaşyklar kärhana maliýesi dersiniň predmeti bolup durýar we maliýäniň mazmunyny kesgitleýär.

4. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýe gulluklarynyň wezipeleri we olaryň kärhananyň maliýesini gowulandyrmakdaky roly uludyr.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde, ýagny, bäsdeşligiň möwç alan şertlerinde her bir kärhana eýesiniň maksady maksimum derejede peýda gazanmakdadyr. Telekeçiniň maýa goýan serişdesi, (kapitaly) peýda getirmese, ol önümçilik bilen meşgullanmaz. Kärhananyň netijeli işlemegine şert döredýän esasy faktorlaryň biride onuň maliýe ýagdaýynyň gowulygydyr. Uly kärhanalarda, korporasiýalarda, trestlerde ýörite maliýe işi bilen meşgullanýan bölümler bar. Maliýe gullugynda

işleýän adamlara maliýe menejerleri diýip at berilýär. Maliýe gullugynyň esasy wezipesi kärhanany öz wagtynda pul serişdeleri, ýagny, maliýe serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmeklikdir.

1.4. Maliýe menejmenti [1]bazar ykdysadyýeti şertlerinde aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Onuň esasy wezipesi maliýe işlerini dogry ýola goýmakdyr. Şeýle bolan soň maliýe işlerinde kompýuterleşdirmek giňden ulanylýar we ýokary bilimli bolan menejerler işe çekilýär. Häzirki zamanda kärhanalarda maliýe işini göwnejaý guramaklyk möhümdir. Maliýe işini alyp barýan bölümleriň işine maliýe menejmenti diýilýär. Maliýe menejmenti bu önde goýlan wezipäni hem-de ýokary derejede peýdany almak üçin kärhananyň maliýe hojalyk işinde ýüze çykýan pul akymlaryny dolandyrmak üçin gerek bolan ulgamlardyr. Maliýe menejmentiniň obýekti hojalyklarda emele gelýän pul dolanyşygydyr. Mäliýe menejmenti kärhanalaryň maliýe hasabatlaryny öwrenmek netijesinde onuň maliýe taýdan taktikasyny we baş ugruny işläp düzmekdir. Maliýe gulluklary kärhananyň esasy işiniň ugruna, uly kiçiligine bagly möçber taýdan üýtgäp durýar. Maliýe gulluklarynyň etmeli işleri şu hyzmatlardan ybarat.

1) Biznes meýilnamasyny düzmekde we ýerine ýetirmekde gatnaşmaklyk.
2) Ösüşiň maliýe taslamasyny işläp düzmek.
3) Karz (kredit) syýasatyny kesgitlemek.
4) Pul akymlaryny dolandyrmak.
5) Walýuta syýasatyny işläp düzmek.
6) Maliýe meýilnamasyny işläp düzmek.
7) Hasaplaşyk, algy-bergi işlerini kadalaşdyrmak.
8) Maliýe töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak işlerini alyp barmak.
9) Kärhana maliýe – hojalyk işiniň netijesini degşirmek.
10) Maliýe serişdeleriniň, pul serişdeleriniň ulanylyşyna gözegçilik etmek.

1.5. Hojalygy alyp barmaklygyň dürli görnüşleri (formalary) we onuň kärhana maliýesine edýän täsiri uludyr.

Häzirki şertlerde biziň ýurdumyzda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy ýokary. Ykdysadyýeti ösen ýurtlarda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy 15-20%-den geçýän däldir. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda önümçilik serişdeleri, maliýe serişdeleri döwlet eýeçiligine degişlidir. Döwlet bu kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň gowulaşmagyna jogapkärçilik çekýär.

2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda kärhanalar barada täzeden Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Şol kanuna laýyklykda kärhanalaryň hukuk guramaçylyk görnüşleri kesgitlendi. Şoňa laýyklykda Türkmenistanda şular ýaly kärhanalar bar. Döwlet kärhanalary, ýekebara kärhanalar, hyzmatdaşlyk kärhanalary, jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary, hojalyk şereketi hem-de paýdarlar jemgyýetleri. Golçyr kärhanalary, döwlet kärhanalarynyň sermaýasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

---

[1]Maliýe menejmenti diýilýän ýörite ders geçilýändigi sebäpli, biz bu barada giňişleýin duryp geçmedik.

Olar döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär ýa-da döwlet eýeçiligine geçirilýän kärhanalar hökmünde hereket edýärler, şol kärhanalar özüne berkidilen emlägini, önümlerini peýdalanyp bilýär. Bu kärhanalar öz işlerini hojalyk hasaplaşygy we öz-özüňi maliýeleşdir-mek şertinde alyp barýar. Ýekebara kärhanalar bir fiziki tarapa-ýeke eýä degişlidir. Şol eýe-de onuň maliýe işine jogap berýär. Onuň sermaýasy öz hasabyna döredilip 25 minimal zähmet hakyndan az bolmaly däldir. Şereket kärhanalar her bir şereketiň agzasynyň serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Şereket agzalarynyň sermaýasy 50 sany minimal aýlykdan az bolmaly däldir. Şereketiň agzalary öz paý goýumlarynyň ululygyna görä arkalaşykly maliýe jogapkärçiligini çekýärler. Jemgyýetçilik esasyndaky döredilen kärhanalar jemgyýetçilik birleşigiň, dini guramalaryň, haýyr-sahawat gaznalaryň hasabyna döredilýär. Şolarda maliýe jogapkärçiligini çekýärler. Olaryň sermaýasy 100 minimal zähmet hakyndan az bolmaly däldir. Hojalyk jemgyýetleri 2 ýa-da ondan köp fiziki ýa-da edara görnüşli taraplaryň paý goýumlary esasynda birleşmegi netijesinde şertnama düzülüp döredilýär. Olaryň sermaýasy 100 minimal aýlykdan az bolmaly däldir. Hojalyk jemgyýetleriniň maliýe borçnamalaryna şony döreden taraplar jogap berýärler. Ynha görşümiz ýaly eýeçiligiň görnüşleri kärhananyň maliýesine öz täsirini ýetirip biler.

2007-nji ýylyň jemi boýunça ýurdumyzda jemi öndürilen önüm 124,8 trillion manada deň bolsa, şonuň 38 göterimi senagatyň paýyna düşdi, 18,9 göterimi oba hojalygyna, 5,6 göterimi gurluşyk, 5,3 göterimi ulag we aragatnaşyk, 6,3 göterimi söwda, 25,8 göterimi hyzmatlaryň beýleki pudaklary tutýar.

Netijede senagat aýgytlaýjy pudaklygyna galýar. Senagat önümleriniň tutýan ornunyň geçen ýyllarky bilen deňeşdireniňde-de ýokarlanýanlygy mälimdir. Mysal üçin 2006-njy ýylyň statistiki hasabatynda jemi içerki önümiň möçberinde senagatyň paýy 37.0 göterime deňdi. Bu bolsa täze senagat kärhanalarynyň önümçilige giň gerim bilen goýberilýänligi sebäplidir. 2007-nji ýylda bu paý 38% boldy.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalaryň hereket etmeginede giň ýol açyldy. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalar sany boýunça köp bolmasada, öndürýän önüminiň möçberi boýunça uludyr.

**Tablisa №2**

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **2007** | **Udel agramy %** |
|---|---|---|---|
| Jemi içerki önüm | Mlrd. man. | 124784 | 100 |
| Senagat (balyk hojalygyny goşmazdan) | -//- | 47434 | 38 |
| Oba hojalygy | -//- | 23638 | 18,9 |
| Gurluşyk | -//- | 7066 | 5,6 |
| Ulag we aragatnaşyk | -//- | 6630 | 5,3 |
| Söwda we ilat üçin tagamlary taýýarlamak | -//- | 7870 | 6,3 |
| Beýleki pudaklar – jemi | -//- | 32146 | 25,8 |
| Jemi içerki önümiň öňki ýyla görä ösüş depgini | % | - | 111,6 |

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri 2000-2007ýý., Aşgabat., 17 sah.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1) Kärhananyň maliýesi barasyndaky kesgitleme näme?
2) Kärhana maliýesiniň gelip çykyşy näme bilen bagly?
3) Kärhana maliýesini düzýän pul gatnaşyklaryny sanaň?
4) Kärhana maliýesiniň funksiýalaryny sanaň?
5) Kärhana maliýesiniň funksiýalary baradaky jedelleri häsiýetlendiriň?
6) Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýe gulluklarynyň wezipelerini sanaň?
7) Dürli eýeçilik görnüşlerini we onuň maliýa edýän täsirini anyklaň?

## TEMA 2. KÄRHANANYŇ MALIÝE SERIŞDELERI (RESURSLARY)

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Kärhananyň maliýe serişdeleriniň düzümi we çeşmeleri
2. Dürli eýeçilik görnüşlerindäki kärhanalarda maliýe resurslarynyň emele gelşiniň aýratynlygy
3. Gymmat bahaly kagyzlar

2.1. Türkmenistanda maliýe serişdeleri (resurslary) merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde döredilýär. Merkezleşdirilen tertipde döwlet býujeti, býujetiň düzüminde we býujetden daşary pul toplumlary, ätiýaçlyk toplumlary döredilýär. Munuň daşyndan merkezleşdirilen görnüşde, daşary ykdysady işden alnan pul girdejileri, döwlet karzy (krediti) täjirçilik banklaryň we beýleki banklaryň serişdelerinde ulanylyp bilner. Döwlet kähalatlarda öz girdejisini emele getirmek üçin ýa-da býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin gymmat bahaly kagyzlary çykaryp ilat arasynda, kärhanalar arasynda ýerleşdirip, şolaryň hasabyna öz maliýe resurslaryny döredip biler. Döwlet serişdeleriniň esasy bölegini edara görnüşli we şahsy taraplaryň töleýän salgytlary emele getirýär. Merkezleşdirilen maliýe serişdeleriniň esasy bölegini ýurdumyzda öndürilen milli girdeji emele getirýär. Milli girdeji diňe önümçilik bilen meşgullanýan kärhanalarda emele getirilýär. Diýmek, döwletiň maliýe serişdeleriniň artmagynyň esasy çeşmesi önümçiligiň ýokarlanmagydyr.

Biziň ýurdumyzyň ykdysadyýeti köp pudaklydyr. Mysal üçin, senagat, oba hojalygy, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk, söwda we üpçünçilik, ýaşaýyş jaý we kommunal hojalyklar, durmuş üpjünçiligi kärhanalary önümçiligiň we maliýe resurslarynyň möçberi boýunça senagat esasy orun eýeleýär. Senagat pudagynyň özüde, bir topar kiçi pudaklardan durýar. Mysal üçin nebit gaz pudagy, mundan ahyr önüm çykarýan iri kärhanalar, maşyn gurluşyk, himiýa senagaty, ýeňil senagata girýän bir topar kärhanalar, azyk senagaty we ş.m.

Türkmenistanyň senagat pudaklary ösen bolup, olar häzirki zaman tehnologiýasy bilen üpjün edilendir, olar ýokary depginler bilen ösýär. Her pudagyň özüne mahsus maliýe gatnaşyklaryda bardyr. Mysal üçin, nebit-gaz senagaty we elektroenergetika görnükli orun eýeleýär. Eksportda tebigy gaz, nebit önümleri esasy orunlary eýeleýär. Senagatda önümçilik esasy serişdeleriniň agdyklaýyn bölegi jemlenendir. Bu pudaklary ösdürmek üçin 2030-njy ýyla çenli uzak möhletleýin maksatnamalar işlenilip düzülendir. Täze ýataklar özleşdirilýär, gazyň eksporty, ylaýta-da Hytaý Halk respublikasyna her ýylda 40 mlrd. kubometre çenli artar. Eksportyň artmagy ýurdumyza gyzyl pullaryň gelmegini artdyryp, oňyn töleg balansyna položitel täsir eder. Mysal üçin nebit-gaz senagatynda esasy önümler çig nebit, gaz we şolardan öndürilen ahyr önümlerdir. Olary ýerleşdirmekden gelen pul girdejileri harajatlaryny ýapmaga gönükdirilýär. Nebit-gazy gazyp almakda birnäçe işler ýerine ýetirilýär, zähmetiň predmeti bolup, nebitli-gazly gatlaklar, skwažinalar esasy serişdeleriň möhüm görnüşidir. Mysal

üçin olaryň amortizasiýasy harajatlaryň deň ýarysyny tutýar. Şeýlede nebiti gazyp almak üçin köp energiýa ulanylýar, oňa bolan harajatlar ep-esli orun tutýar. Harajatlar kalkulýasiýa esasynda paýlanylýar, kalkulýasiýanyň düzümide aýratyndyr. Mysal üçin kalkulýasiýon maddalaryň nomenklaturasynda "Çig mallar we materiallar", "Seh harajatlary we käbir beýleki harajatlar" görkezilmeýär. Nebit we gazdan ahyr önüm işläp çykarýan kärhanalarda önümler köp dürli bolup, bular sehlerde yzygiderli önümçilik esasynda çykarylýar we ýerleşdirilýär.

Ýurdumyzda häzirki döwürde maşyn gurluşygy we metal işleýän kärhanalar işleýände bolsa, olar senagat önümçiligine uly orun tutmaýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde bu pudagy ösdürmäge üns güýçlendi. Ýurdumyzda ähmiýetli pudaklaryň biride himiýa senagatydyr. Ykdysadyýetimiziň ýokary depginler bilen ösmegine uly täsir edýän pudaklaryň biri gurluşyk senagatydyr. Şeýle bolansoň bu pudak garaşsyzlyk ýyllarynda ýokary depginler bilen ösdürilýär. Ilatyň ösen isleglerini ýokary hilli harytlar bilen üpjün etmekde, ýeňil we azyk senagatynyňda ähmiýeti ulydyr. Ýeňil senagatynyň düzümine dokma, tikin, bagana, gön-aýakgap, trikotaž önümçilikleri, şeýle-de, pagta arassalaýjy senagat, maldarçylyk önümlerini işläp bejerýän gön-deri, ýüň we beýleki pudaklar ösüp barýandyr.

Azyk senagaty ösüp barýan pudakdyr, munda esasan oba hojalyk pudagynyň çig mallary gaýtadan işlenilýär. Azyk garaşsyzlygymyzy üpjün etmek üçin bu pudagyň ähmiýeti ulydyr.

Biz şu okuw kitapda senagata girýän kiçi pudaklardaky kärhanalaryň maliýesine aýratyn seredip geçmeýäris. Senagat pudagyndaky kärhanalaryň maliýesiniň aýratynlyklary bar. Mysal nebitden ahyr önüm çykarýan, tekstil, azyk senagaty pudaklarda dolanyşyk ätiýaçlyklary aýratyn uly möçberdedir. Gazyp alyjy senagatda dolanyşyk ätiýaçlyklary az möçberdedir. Emma senagat kärhanalaryň ählisine diýen ýaly mahsus maliýe gatnaşyklar bardyr. Mysal üçin, pul girdejililik, esasy we dolanyşyk serişdeleri, maliýe meýilnamalaşdyrylyşy, maliýe seljermesi ýaly gatnaşyklar ählisine mahsusdyr. Şeýle bolansoň biz umumylaşdyryp, senagatda kärhanalaryň maliýe resurslary, önüm öndürmek we satmak bilen bagly harajatlar, önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileri, jemi girdeji, jemi peýda, pul maýa toplumlary, esasy we dolanyşyk serişdeleri, maliýe durnuklylygy, maliýe meýilnamalaşdyrylyşy ýaly soraglara seretdik.

Kärhananyň maliýe serişdesi esasan 4 sany toparyň hasabyna emele getirilýär:

1. Öz serişdeleriniň hasabyna; ilki başda ýa-da döwletiň hasabyna;

2. Maliýe bazarynda gymmat bahaly kagyzlary satyp toplanan maliýe serişdeleri;

3. Banklardan we beýleki kärhanalardan (kreditor) alynýan karz pul serişdeleriniň hasabyna.

4. Döwletiň we daşary ýurtly maýadarlaryň hasabyna.

Kärhananyň maliýe serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

Ilkibaşda öz serişdeleriniň hasabyna ýa-da keseden çekilen pul serişdeleriniň hasabyna döredilen esaslyk maýasy, (gor - kapitaly), önümçilik başa barandan soň umumy pul girdeji we girdejisiniň belli bir bölegi bolup durýan peýda, ylmy barlaglaryň netijesinde alnan peýda, her-hili maliýe amallaryndan alnan peýda,

başga kärhanalardan alnan öwezini dolmalar, sylaglar, maliýe kömekleri we beýlekiler; hojalyk usulynda gurluşygy alyp barmak netijesinde gazanylan peýda, amortizasiýa toplumyna edilýän aýrylyp goýulmalar (otçisleniýeler); kärhananyň balansynda görkezilen durnukly passiwler we beýleki çeşmeler (býujet we ş.m.).

Kärhananyň balansynda çagalar edaralary, sagaldyş edaralary bar bolsa ilat tarapyndan şolara tölenýan tölegler, kärhana gurluşyk – abatlaýyş işlerini edýän bolsa, şondan peýdalanman galan material serişdeleri bar bolsa, şolary satmakdan gelen pul girdejileri – goşmaça maliýe serişdeleri bolup hyzmat edýär. Paýdarlar we beýleki kärhanalaryň çykarýan paýnamalary, obligasiýalary we beýleki gymmat kagyzlary çykaryp we ony satmakdan gelen pul girdejileri maliýe serişdeleriň 2-nji toparyny emele getirýär. Öz serişdeleri ýetmedik halatynda banklardan alynýan gysga we uzak möhletli karzlar, banklarda hasaplaryny saklanlygy üçin banklaryň töleýän göterimleri. Munuň daşyndan şol kärhana depozit hasaplaryny açan bolsa üçin alynýan göterimler.

Kärhana beýleki bir kärhananyň paýnamasyny we obligasiýasyny satyn alan bolsa, şoňa başga kärhananyň tölän diwidentleri, paý haklary, kärhananyň maliýe serişdeleriniň 3-nji toparyna degişlidir. Eger-de kärhana emlägini ätiýaçlandyran we zyýan çeken bolsa, şolaryň öwezini dolmak ätiýaçlyk kompaniýasynyň paýyna düşýär, olar pul geçirýär. Maliýe serişdeleri köplenç halatlarda maksatly hem-de belli bir ugra gönükdirilen toplumlaryny döretmek netijesinde ulanylýar. Kärhananyň düýpli maýasy öz serişdelerini döretmek üçin ulanylýar. Kärhana mundan beýläk hem önümçiligi giňeltmegi maksat edinen bolsa, onda ol düýpli maýa goýumlar goruny döredýär. Her bir önümçilik kärhanalarynda esasy serişdeleriň könelişen hem-de olary düýpli bejeriş maksady bilen amortizasiýa-tutumlary ulanylýar, mundan başgada peýdanyň galan böleginden 3 sany höweslendiriş pul toplumy döredilýär. Maksatly pul toplumlarynyň esasylarynyň biri, hut öz dolanyşyk serişdeleridir, ol kärhananyň öz serişdeleriniň, ol ýeterlik bolmasa banklardan alynýan gysga möhletli karz pullaryň, kreditor bergileriň we içki wagtlaýyn ulanylman duran serişdeleriň hasabyna döredilýär.

2.2. Eýeçilik görnüşleri kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň döreýşine öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň maliýe serişdeleri döwletiň hasabyna döredilýär. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň esaslyk maýasy (ustaw hazynasy) döwletiň hasabyna döredilýär.

Her bir kärhana döredilende we hasaba alynanda öz esaslyk maýasynyň minimal möçberini döretmelidirler. Olaryň möçberi kärhanalar baradaky kanunda görkezilendir. Bu serişdeler bir bölegi nagt pul möçberinde we emläk görnüşinde goýulyp biliner. Soňra onuň möçberi ulaldylyp biliner, munyň üçin ustawy üýtgetmek gerek, onuň üçin kärhanany esaslandyryjylaryň karary gerekdir. Esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) minimal möçberi dürli-dürli bolup biler.

**Seret tablisa №3.**

**Tablisa № 3**

**Dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalaryň kärhana döredilendäki talap edýän esaslyk maýasynyň minimal möçberi**[1]

**manat**

| № | Kärhanalaryň görnüşleri | Esaslyk maýasynyň normatiwi | Esaslyk maýasynyň in pes möçberi |
|---|---|---|---|
| 1. | Döwlet kärhanalary | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kesgitleýär | Dürli-dürli bolup bilýär |
| 2. | Ýekebara kärhanalar | Minimal zähmet hakynyň 25 essesi | 1250 |
| 3. | Hyzmatdaşlyk kärhanalar | Minimal zähmet hakynyň 50 essesi | 2500 |
| 4. | Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary | Minimal zähmet hakynyň 100 essesi | 5000 |
| 5. | Hojalyk şereketi | Minimal zähmet hakynyň 100 essesi | 5000 |
| 6. | Paýdarlar jemgyýeti | Paýdarlar geňeşi tarapyndan kesgitlenýär | Dürli-dürli |
| 7. | Golçur kärhanalary | Baş kärhanalar tarapyndan kesgitlenýär | Dürli-dürli |
| 8. | Kärhanalaryň bilelikdäki işi | Bilelikdäki işe gatnaşýan döredijiler kesgitleýär | Dürli-dürli (Türkmenistanyň paýy 51% az bolmaly däl) |
| 9. | Kärhanalaryň birleşigi (Assosiasiýalar, konsern) | Ustawanyň möçberini şoňa girýän kärhanalar tarapyndan kesgitlenýär | Dürli-dürli |

[1]Kärhanalar baradaky kanundan alyndy 15 iýun 2000ý.

Maglumatlardan görnüşi ýaly esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) iň pes möçberi ýekebara kärhanalaryna degişlidir. Ýekebara kärhanalar bir fiziki tarapa degişli bolan kärhana hasaplanýar, onuň emlägi şahsy tarapyň emläginden, girdejilerinden we beýleki kanuny çeşmelerden emele gelýär. Ustaw hazynasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden (50 manat) 25 esse köp bolmalydyr. Hyzmatdaşlyk (kooperatiw) kärhanalaryň ustaw hazynasynyň iň pes möçberi zähmet hakynyň iň pes möçberinden 50 esse köp bolup, ol onuň agzalarynyň pul we emläk tölegleriniň hasabyna we kanunda gadagan edilmedik başga çeşmeleriň hasabyna döredilip biliner. Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary şol guramanyň serişdeleriniň we beýleki esaslandyryjylaryň serişdeleriniň we kanunda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna döredilip biliner.

Hojalyk şereketi diýilip, bilelikdäki işi amala aşyrmak üçin iki we şondan köpräk şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň birleşigi hasaplanylýar. Olaryň emlägi şerekete gatnaşyjylaryň ustaw hazynasyndaky paýlaryň (goýumlaryň) birleşmeginiň hasabyna emele gelýär, ustaw hazynasynyň iň pes möçberi zähmet hakynyň iň pes derejesinden 100 esse bolmalydyr.

Golçur kärhanalary, filiallar we wekilçilikler, eger kärhananyň ustaw hazynasynyň ýa-da emläginiň 50 göteriminden köp, ýöne 100 göterimden az bölegi başga kärhana degişli bolsa, şonuň ýaly kärhana garanda ol golçur kärhana bolýar, ýöne olar özbaşdak edara görnüşli tarap däldir. Kärhanalaryň bilelikdäki işinde – olar bilelikdäki iş hakynda şertnama boýunça şerekede birleşip bilerler. Kärhanalar öz aralaryndaky şertnama boýunça edara görnüşli tarapyň hukuklaryna eýe bolan assosiasiýalara, konsernlere, korporasiýalara birleşip bilerler we emläkleriniň bir bölegini olary saklamaga gönükdirip bilerler. Olaryň düzümine girýän kärhanalar öz özbaşdaklygyny, edara görnüşli tarapyň hukuklaryny we borçlaryny saklap galýar.

Häzirki wagtda hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň sany köpeldi, öndürilýän önümleriň we hyzmatlaryň jeminde 40 göterime golaýy döwlet eýeçiliginden beýleki kärhanalaryň paýyna düşýär. Biz aşakda guramaçylyk-hukuk görnüşi boýunça kärhanalaryň bölünişini tablisada görkezeris. **Seret tablisa №4**

Hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň düzüminde ýekebara kärhanalar köpdür (41%). Bu kärhanalar uly bolman, işçi güýjüniň sanyna görä kiçidirler.

**2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ine guramaçylyk hukuk formasy boýunça kärhanalaryň (guramalaryň) bölünişi berlen[1]**

**Tablisa №4**

| | **Sany** | **Tutýan orny (%)** |
|---|---|---|
| Kärhanalaryň (guramalaryň) hemmesi | 17902 | 100 |
| **şol sanda:** | | |
| Telekeçilik bilen meşgullanýan taraplar | 15450 | 86,3 |
| **şolardan:** | | |
| Döwlet kärhanalary | 1938 | 10,8 |
| Ýekebara kärhanalar | 7342 | 41,0 |
| Daýhan hojalyklary | 1676 | 9,4 |
| Golçur kärhanalar | 356 | 2,0 |
| Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary | 188 | 1,0 |
| Hojalyk jemgyýetleriniň şereketleri | 2331 | 13,0 |
| Paýdarlar jemgyýetleri | 278 | 1,5 |
| Kooperatiw kärhanalar | 276 | 1,5 |
| Daýhan birleşikleri | 588 | 3,3 |
| Assosiasiýalar, konsernler, korporasiýalar | 58 | 0,3 |
| Beýleki kärhanalar | 421 | 2,3 |
| Telekeçilik bilen meşgullanmaýan ýuridiki taraplar | 2452 | 13,7 |

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri 2000-2007-2008ýý., Aşgabat., 119 sah.

Tablisadan belli boluşy ýaly täjirçilik kärhanalary esasy orny eýeleýär. Hususy kärhanalar sany boýunça agdyklaýyn bolmagyna seretmezden olarda işleýän işçi güýjüniň sany azdyr. Mysal üçin döwlet kärhanalarynda ähli işçileriň 35.1 göterimi işleýän bolsa, hususy kärhanalarda 4.2 göterimi zähmet çekýär. Soňky wagtlarda ýuridiki tarap bolman, işi gurnaýan telekeçileriň sany artdy. Bu olaryň töleýän salgytlarynyň ýeňillikliligi bilen aňladylýar.

Buhgalterlik hasaba alnyşynda kärhananyň (guramanyň) maýasy aktiw we passiw böleklere bölünýär. Mysal üçin, aktiw maýasy esasy serişdeleriň, maddy däl aktiwleriň, maliýe goýumlarynyň (inwestisiýalarynyň), maddy dolanyşyk serişdeleriniň, hasaplaşykdaky serişdeleriň we pul serişdeleriniň jeminden ybarat bolup durýar. Passiw maýa ustawlaýyn, ätiýaçlyk (rezerw), ýörite (maksatlaýyn) gaznalardan we öz hususy kapitalynyň jemini emele getirýän bölünmedik girdejiden, şeýle hem karz berilen serişdeden, zaýomlardan, zaýom maýasy bolup durýan gündelik kreditor bergiden ybaratdyr.

Esasy serişdeler munuň özi uzak möhletiň dowamynda hereket edýän maddy-zat obýektleriniň, zähmet gurallarynyň we natural görnüşdäki gymmatlyklaryň jemidir. Biz bularyň düzümi barada soňky baplarda durup geçeris.

Maliýe inwestisiýalara, gymmatly kagyzlara we bank depozitlerine puly we başga zatlary goýmaklyk girýär.

Gymmatly kagyzlaryň hakyky çykdajylarynyň summasy bilen nominal bahasynyň arasyndaky tapawudy kärhananyň (guramanyň) maliýe netijelerine täsir edýär. Bu goýumlar girdeji getirýär.

Gutarylmadyk uzak möhletli goýumlara-inwestisiýalara, gutarylmadyk gurluşyga we satyn almaga edilen hakyky çykdajylar girýärler.

Maddy dolanyşyk serişdelerine önümçilikde peýdalanylýan, önümçilik işi üçin kärhanada ulanylýan we saklanylýan materiallar we kömekçi serişdeler görnüşinde ulanylýan haryt – material ätiýaçlyklary we şol sanda ilata hyzmat etmek, satmak üçin taýýar edilen, şeýle hem tamamlanmadyk önümçilik degişlidir. Olar özüne düşýän gymmatyndan we arassa satlyk nyrhyndan ugur alynyp, hasaba alynýar. Gündelik hasaplaşyklardaky serişdeler diýilip, şahsy we edara görnüşli taraplaryň kärhana (gurama) babatyndaky borçnamalaryna düşünilýär. Mundan başga-da pul serişdeleri bolup, olar nagt we bank hasaplaryndakylardyr.

Passiw maýanyň düzüm böleginde hususy maýanyň ähmiýeti uly bolup, oňa esaslyk maýa degişlidir. Oňa goýumlar (wznoslar) esaslandyrylýar (uçrediteller) boýunça hasaba alynýar. Mundan başga-da rezerw-ätiýaçlyk we ýörite (maksatly) gaznalar, bölünmedik girdeji hasaba alynýar.

Kärhanalaryň maliýe resurslarynda karz serişdeler uly orun eýeleýär. Karz maýasy diýlip, gaýtaryp bermek borçnamalarynyň hasabyna kärhana (gurama) tarapyndan alnan emlägiň gymmatyna we pul serişdelerine düşünilýär. Kärhanalar hojalyk hasaplaşyk şertlerinde işleýärler, döwlet şol kärhanalaryň kollektiwine emlägi ulanmaklyk üçin berkidýär. Kärhana öndürilen önümleri döwletiň sargydy boýunça tabşyryp biler ýa-da özbaşdak satyp biler, onuň tertibini döwlet belleýär. Haçanda kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşan wagty ýa-da maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik eden wagty döwlet maliýe kömegini berip biler. Ylaýtada esaslyk maýa goýumlaryna öz serişdeleri ýetmedik wagtynda döwlet

tarapyndan serişde goýberilip bilner. Kärhana ýok edilen wagty onuň emlägi döwletiň haýryna – ygtyýaryna geçirilýär. Umuman döwlet gerek wagty kärhananyň maliýe serişdelerini öz ygtyýaryna-da alyp biler, önümleriň nyrhlaryny kesgitläp biler. Ýekebara – hususy eýeçilik esasynda döredilen kärhanalaryň başda esaslyk maýasy (ustaw – hazynasy) hususy eýäniň öz hasabyna döredilýär. Maliýe serişdeleri ýetmezçilik eden halatlary hususy eýe banklardan we beýleki kärhanalardan karz pul serişdelerini alyp biler, hat-da gymmat bahaly kagyzlar çykaryp hem-de ony ýerleşdirip biler. Hususy kärhanalaryň maliýe serişdeleri döwlet öňündäki borçlaryny üzenden soň, onuň öz ygtyýaryna galýar we ol ony maksatly ugurlara ulanyp biler. Hojalyk şereketligi esasynda döredilen kärhanalarda ilki başky düýpli maýasy, şereketiň agzalarynyň hasabyna döredilýär. Şereketiň maliýe ýagdaýynyň kadaly bolmagyna onuň agzalary jogapkärçilik çekýär. Her bir paýçysy öz paýynyň möçberine görä maliýe jogapkärçiligini çekip biler. Jemgyýetçilik edaralarynda-da maliýe serişdeleriniň toplanmagyna, maksatly ugurlara ulanylmagyna, şony döreden (uçrediteller) esaslandyryjylar jogap berýär. Hut şonuň ýaly tertipde hyzmatdaşlyk kärhanalarynyň (guramalarynyň) maliýe serişdeleriniň ulanylyşy. Hojalykda iki we ondan köp bolan şahsy we edara görnüşli taraplar kärhananyň maliýe serişdelerini toplamaga jogapkärçilik çekýärler.

2.3. Degişli kanunçylyk boýunça Türkmenistanda paýdarlar jemgyýetleri işläp bilerler. Olaryň esaslyk maýasy çykarylan hem-de satylan paýnamalaryň hasabyna döredilip bilner. Paýdarlar jemgyýetleriniň emlägine şu paýnamalary satyn alan paýdarlar eýeçilik edýär. Ähli gymmat kagyzlar üç görnüşe bölünýär. Bu paýnamalar we olardan gelip çykýan gymmat kagyzlar. Mysal üçin, paýnamalar korporasiýalar tarapyndan çykarylýar diýeli. Paýnamanyň çykarylmagy – bu korporasiýalary döretmegiň usulydyr. Paýnama onuň saklaýjysyny korporasiýanyň emläginiň bir bölegini eýesi edýär. Paýnamalary çykaryp, kompaniýa iri maýa goýum taslamalary amala aşyrmak mümkinçiligini berýän maliýe kuwwatyny toplaýar. Paýnamanyň eýesi diwidend diýip atlandyrylýan korporatiw peýdanyň bir bölegini alýar. Diwidend peýdanyň massasyna, onuň toplanýan we sarp edilýän paýlarynyň arasyndaky gatnaşyklara, korporasiýanyň maýa goýum syýasatyna we başga faktorlara laýyklykda üýtgeýär. Ol düýpden tölenmänem bilinýär. Paýnamanyň eýesiniň başga-da birnäçe hojalyk hukuklary bar, mysal üçin, ses hukugy hem-de korporasiýanyň ýolbaşçy düzümine saýlanmak hukugy.

Obligasiýalar – zaýomlar hem döwlet tarapyndan hem-de korporasiýalar tarapyndan çykarylýar.

Obligasiýany çykaranlar takyk möhletlerde karz alnan pullary hem-de zaýomyň çykarylmagynyň netijesinde alnan peýdanyň bir bölegini düzýän karz pullar prosentini tölemäge borçlanýarlar. Diwidendden tapawutlylykda göterim üýtgemän galýar ýa-da bank stawkalarynyň üýtgemegine jogap çäre hökmünde sähelçe üýtgeýär. Şonuň üçin käbir halatda obligasiýalar kesgitlenen girdejili gymmat kagyzlar diýip atlandyrylýar. Prosent düzgün boýunça zaýomyň ähli möhletiniň dowamynda deň böleklenip tölenýär. Käbir obligasiýalar boýunça göterim resmileşdirilenok (obligasiýalaryň kupony ýok), obligasiýalar üzülen

pursatynda satyn alnan baha bilen saklaýjylara satylan bahalaryň aratapawudy göterim görnüşinde tölenýär.

Paýnamalaryň we obligasiýalaryň birmeňzeş hiliniň, birmeňzeş özüne çekijiliginiň ýoklugy maýa goýumlar üçin düşnüklidir.

**Kärhananyň maliýe resurslarynyň düzüminden mysal (şertli maglumatlar), balans boýunça, tablisa №5**

**müň man.**

| | | udel agramy |
|---|---|---|
| **a) Çeşmeler boýunça:**<br>1) Öz serişdeleri (esaslyk maýa, ätiýaç gaznasy, peýda, maksatly gaznalar, esaslandyryjylaryň goşandy). | **911000** | **42,4** |
| 2) Uzak möhletli bank karzlary | **650000** | **30,2** |
| 3) Beýleki durnukly passiwler: (gysga möhletli karzlary, karz, bergiler, şol sanda býujete we durmuş ätiýaçlandyryş bergi alan hak ujy tölegleri). | **585000** | **27,3** |
| **JEMI:** | **2146000** | **100** |
| **b) Ýerleşisi boýunça:** | | |
| 1) Esasy serişdeler we uzak möhletli maýa goýumlar, esaslandyryjylardan algylar. | **390000** | **18,2** |
| 2) Ätiýaçlyk önümçilik gorlary we harajatlary, materiallary. | **733000** | **34,1** |
| 3) Pul serişdeleri, hasaplaşyk we walýuta hasaplary we beýleki aktiwler. | **1023000** | **47,7** |
| **JEMI:** | **2146000** | **100** |

Kärhana işläp başlandan soň maliýe serişdeleriniň düzüminde peýda, pul girdejileri esasy orny eýeleýärler (seret tablisa №5). Giňeldilen üznüksiz önümçiligi herekete getirmek üçin maliýe serişdeleriniň belli bir möçberiniň mydama dolanşykda bolmaklygy hökmandyr. Maliýe serişdeleriň aglaba bölegi ýeneki önümçilik tapgyrynda kapital häsiýetine eýe bolup goýulýarlar, ýagny peýda gazanmak üçin. Şeýlelik-de pulyň haryda, harydyň kapitala öwrülmekligi üznüksiz herekete öwrülýär.

**Şekil №1**

## Kärhanalaryň öz serişdeleriniň hasabyna we maliýe bazarynda ýygnalýan maliýe serişdeleri




Gaýtalamak üçin soraglar.

1. Maliýe serişdeleriniň düzümi nähili we olaryň çeşmeleri nämelerden ybarat?
2. Kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň emele getirilişine eýeçilik nähili täsir edip biler?
3. Gymmat bahaly kagyzlaryň nähili görnüşleri bar?

## TEMA 3. ÖNÜM ÖNDÜRMEK WE SATMAK BILEN BAGLY HARAJATLAR

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Önüm öndürmek bilen bagly harajatlaryň düzümi
2. Önümi satmak bilen bagly harajatlar
3. Önümiň özüne düşýän gymmaty hem-de ony kemeltmegiň ýollary, harajatlaryň girdejiler bilen deňeşdirilişi.
4. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljerilişi

3.1. Kärhana maliýesiniň öňünde durýan esasy wezipe, önümi öndürmek bilen bagly harajatlary doly we öz wagtynda maliýeleşdirmekden ybaratdyr. Kärhana döredilen halatynda, önümçilik serişdelerini, maddy aktiwleri we önümçilige gerek bolan beýleki harajatlar onuň esaslyk maýasynyň – ustaw gaznasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde, telekeçi ykdysady tarapdan peýda getirmejek bolsa, hiç bir ugra puluny harç etmez. Ylaýtada hususy eýeler harajatlaryny örän tygşytly maliýeleşdirýärler. Ilki önüm öndürmekden ötri, çig mallaryň we materiallaryň belli bir ätiýaçlyklaryny döretmek üçin pul serişdeleri gönükdirilýär. Şol pul serişdelerine öz dolanyşyk serişdeleri diýip at berilýär. Harajatlaryň düzümi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Çig mal, material üçin harajatlar, pul harajatlary, önümçiligi giňeltmek, täze önümçilik serişdelerini satyn almak hem-de olary düýpli bejergi etmek, önümçilik ätiýaçlyklaryny artdyrmak bilen bagly harajatlar, öndürilen önümi satmak bilen bagly harajatlar, kärhananyň kollektiwini durmuş taýdan gorap saklamak üçin harajatlar.

Ykdysady häsiýeti boýunça harajatlar şu aşakdakylara bölünýär:

1. Ýönekeý üznüksiz önümçilige edilýän harajatlar.
2. Giňeldilen üznüksiz önümçilige edilýän harajatlar.
3. Durmuş-medeni çärelere, işçi gullukçylary höweslendirmäge edilýän harajatlar.

Maliýe taýdan çeşmeleri boýunça harajatlar şu aşakdakylara bölünýär:

a) Kärhananyň öz pul serişdeleriniň hasabyna edilýän harajatlar.

b) Beýleki kärhanalardan karz alnan serişdeleriň hasabyna edilýän harajatlar.

ç) Banklardan alnan uzak we gyzga möhletli karz pullaryň hasabyna edilýän harajatlar.

Her bir kärhanada, ylaýtada önüm öndürýän pudaklarda önümçilik harajatlary aýratyn häsiýete eýedir. Önümçilik harajatlary önümiň özüne düşýän gymmaty hökmünde aýratyn bir topara birleşýär. Kärhananyň önüminiň görnüşi köp bolsa, önümiň özüne düşýän gymmaty her önüm üçin aýratynlykda kalkulýasiýa esasynda hasaplanylýar. Önümi satmakdan gelen pul girdejilerden önümiň özüne düşýän gymmatyny aýyrsak aratapawudy peýda ýa-da zyýan bolýar. Her bir kärhananyň maksady harajatlary kemeldip, peýda almakdan ybaratdyr. Önümiň özüne düşýän gymmaty her bir kärhana tarapyndan aýda we her çärýekde

aýratyn hasaplanylýar. Her bir ýurtda şol sanda biziň ýurdumyzda hem Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan önümiň özüne düşýän gymmatyny emele getirýän harajatlaryň düzümi tassyklanylýar.

Peýda kesgitlenilende şol harajatlaryň düzüminden ugur alynýar, ýagny gözükdiriji tarapyndan (16.76-1994ý.) kesgitlenen harajatlar goşulýar. Salgyt gulluklary kärhananyň hasabat işini barlan wagty, şol harajatlaryň gözükdiriji-de göz öňüne tutulanyna laýyk gelýänligine ýa-da gelmeýänligine üns berýärler. Kärhana gözükdirijiden daşary harajatlar goşan bolsa, onda ol emeli suratda alan peýdasyny kem görkezip biler. Salgyt gullugynyň işgärleri şeýle ýagdaý ýüze çykan bolsa, kärhananyň harajatlaryny nädogry ulaldyp, kärhananyň peýdasyny azaldan bolsa, salgydyň möçberini artdyryp jerime çärelerini ulanýar.

Kärhananyň ýolbaşçysyna we hasapçysyna jerime salynýar. Önümçilik harajatlaryna goşulmadyk harajatlar, hojalyk hasaplaşyk girdejisinden ýapylýar.

Önümçilik harajatlar şu aşakdakylardan ybarat:

Çig mal we materiallar, önümi satmak üçin, ýagny belli bir görnüşe getirmek üçin çüýşe gap, ýaşşik we beýleki gap-gaçlar, önümçilik serişdelerini gündelik bejergi etmek üçin ätiýaçlyk şaýlar, kömekçi materiallar, ýörite egin-eşikler, önümi komplekt etmek üçin materiallar, ýarymfabrikatlar, tebigy çig mallary gazyp almak üçin tölenýän tölegler, kärende haklary, aragatnaşyk üçin harajatlar, elektroenergiýa, ýangyç, suw, gysylan howa, gaz, buz we beýleki harajatlar. Şu sanalan materiallary satyn alnyş nyrhy ulaglar üçin harajatlary üstüne goşmak bilen önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar, zähmet haky, esasy we goşmaça zähmet haky, sylag gaznasy, kärhananyň işçilerine tölenýän natural zähmet haklary, egin-eşikler, mugt berilýän iýmitler, süýt, ýaşaýyş jaýlaryň tölegleri, rugsat haky, tölenýän kömek pullar, işçileri daşamak üçin edilýän harajatlar, esasy serişdelere hasaplanýan amortizasiýa, keseden edilen hyzmatlar we harajatlara goşulýan ýerli salgyt we ýygymlar we ş.m. önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Harajatlaryň summasyndan, mysal üçin, çig mal we materiallar (dürli hyzmatlar) üçin tölenilen goşulan baha üçin salgydyň summasy aýrylyp, galan bölegi önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Kärhana hasaplanan goşulan baha üçin salgytdan öň töleneni tutup (zaçýot) galýarlar. Banklardan we beýleki üpjün edijilerden haryt we haryt satyn almak üçin, dürli hyzmatlary tölemek üçin, alnan gysga we uzak möhletli karz pula tölenen göterimler goşulýar. Maddy däl aktiwleriň könelmesi harajatlaryň düzümine goşulýar. Banklaryň hyzmatlary üçin tölegler-de harajatlara goşulýar. Önümler zaýalanandan çekilen zyýanlar kepillendirilen bejergi üçin çykan harajatlaryň düzümine goşulýar.

**Senagat pudagynda önüm öndürmek üçin harajatlaryň düzümi**[1]

**Tablisa №6**

**mlrd. manatda**

| **Harajatlar** | **2007** | **Tutýan % orny** |
|---|---|---|
| Önüm öndürmek üçin harajatlar | 18867 | 100 |
| şol sanda hemmesi: | | |
| Maddy harajatlar | 10209,4 | 54,1 |
| Zähmet hakynyň harajatlary | 3220,0 | 17,1 |
| Sosial harajatlar üçin tölegler | 599,6 | 3,2 |
| Amortizasiýa üçin aýrylýan serişdeler | 529,6 | 2,8 |
| Gaýry harajatlar | 4309,3 | 22,8 |

Tablisadan görşümiz ýaly maddy harajatlar esasy orny tutýar. Bu harajatlaryň tygşytlanylmagy aýratyn ähmiýete eýedir.

Durmuş üpjünçiligi pul toplumyna edilýän 20% geçirimler, ýagny zähmet haky toplumynyň möçberinden ugur alnyp, önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Kärhananyň harajatlary maliýeleşdiriş çeşmesi boýunça şu aşakdakylara bölünýär:

a) Önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulan, pul girdejileriň hasabyna maliýeleşdirilýän harajatlar.

b) hojalyk hasaplaşyk girdejisiniň, peýdanyň we pul toplumlarynyň hasabyna edilýän harajatlar.

Ykdysady mazmuny boýunça harajatlary ýene üç topara bölmek bolar:

1. Peýda görmek bilen bagly harajatlar, (önümçiligiň barşyna hyzmat etmek, önüm öndürmek we satmak bilen bagly) hem-de goýumlar.

2. Peýda görmek bilen bagly däl harajatlar: (hususy eýäniň sarp etmegine, haýyr sahawat işlerine, durmuş ulgamyny goramaga, ýaşaýyş jaý, kadr taýýarlamak, saglygy goramak we beýleki harajatlar).

3. Mejbury suratda edilýän harajatlar (döwlete tölenýän salgytlar, gümrük paçlary, ätiýaçlyk tölegleri, pensiýa we durmuş üpjünçilik pul toplumlaryna edilýän harajatlar).

3.2. Her bir önümçilik kärhanasynda diňe önümi öndürmek bilen bagly däl-de, satmak bilen bagly harajatlar hem ähmiýete eýedir.

Önümi satmak bilen bagly harajatlar:

1. Taýýar önümleri haryt görnüşine getirmek üçin etiketkalar, gaplamalar, sertifikat tölegleri girýär;

2. Taýýar önümleri alyjylara ýetirmek, gorap saklamak üçin gümrükhana tölegleri we beýlekiler;

3. Taýýar önümleri ýüklemek, düşürmek we ulag harajatlary.

---

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri 2000-2007ýý., Aşgabat., 115 sah.

Önümçilik harajatlarynyň üstüne önümleri satmak bilen bagly harajatlary goşsaň, önümiň özüne düşýän doly gymmaty bolýar. Önümçilik harajatlary öndürilen harytlyk önümiň gymmatyna paýlasaň önümiň bir manadyna edilýän harajatlaryň möçberi kesgitlenilýär. Bu bolsa her bir kärhanada esasy görkeziji bolup durýar. Bu harajatlar bir manatdan pes bolmaly, ýogsada zyýan gazanylardy. Her bir önümi öndürmek üçin edilýän harajatlar kalkulýasiýa esasynda meýilnamalaşdyrylýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatyna has anygy şular goşulýar:

a) Gönüden-göni önümi öndürmek bilen bagly harajatlar (önümçiligiň tehnologiýasyny gurnamaklyk, şol sanda gözegçilik, hil we ş.m. bagly).

b) Tebigy çig mal, ekerançylyk ýerleri bejermek, suw tölegleri, ýer üçin tölegler we ş.m.

ç) Önümçiligi taýýarlamak we ornaşdyrmak bilen bagly harajatlar (meselem, gazyp alýan pudaklarda, barlag işleri, ýol, täze kärhanalar, önümçilige girizmek bilen bagly, täze önümleri köpçülikleýin önümçilige girizmeklik, (düýpli maýa goýum bilen maliýeleşdirilýänler muňa girmeýär) täze gurulýan kärhananyň direksiýasyny saklamak, täze önümçilik üçin kadrlary taýýarlamak, taslamadaky ýüze çykan kemçilikleri düzetmek bilen bagly).

g) Önümçilik (tehnologiýasyny kämilleşdirmek bilen bagly).

d) Oýlap tapyjylyk (önümçilik işine hyzmat etmek, çig mal, material ýangyç energiýa, ownuk gurallar, ätiýaçlyk şaýlar).

w) Kadaly durmuş şertlerini, tehniki howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly harajatlar.

ž) Tebigaty goramak bilen bagly enjamlary saklamak.

z) Kärhanany dolandyrmak bilen bagly harajatlar ( dolandyryjy, apparatlar, zähmet haky, ulag, komandirowka, dolandyrmagyň tehniki serişdeler informasiýa – maglumatlar, hasaplaýyş merkezler, aragatnaşyk, auditor, konsultasiýa-maslahat, bank hyzmatlary, keseki edaralaryň tölegli hyzmaty, wekilleriň geleninde saklamak bilen bagly maslahatlar, ýygnaklar geçende smetadan çykma) ilkinji dokumentler balan wagty.

k) Kadrlary taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak.

l) Işçi güýjüni toplamak.

m) Ulag, işçileri gatnatmak, daşamak.

n) Wahta nokadynda işländäki goşmaça harajatlar.

o) Zähmet rugsatlary.

p) Durmuş ätiýaçlandyrylyşa edilýän aýrylyp goýulmalar.

Önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty diýlip, önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmekde ulanylýan tebigy resurslaryň, çig mallaryň, materiallaryň, ýangyç, energiýa, zähmet resurslary, esasy toplumlar we önüm öndürmek we ýerleşdirmek üçin ulanylan beýleki harajatlaryň gymmatlaýyn bahalandyrylmagyna aýdylýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatyny emele getirýän, harajatlar ykdysady mazmuny boýunça şu aşakdaky ýaly toparlanýar:

Maddy harajatlar (çykyndynyň gymmatyny aýyrmak bilen);

Zähmet haky;

Durmuş harajatlary üçin aýrylyp goýulma;

Esasy fondlaryň-amortizasiýasy;

Beýleki harajatlar.

Harajatlaryň düzümi her pudakda tapawutlanýar. Mysal üçin, nebiti gazyp alýan senagatyň harajatlarynyň düzümi şu aşakdaky ýaly:

1. Nebiti çykarmak üçin tehnologiki enjamlarynyň işleýşini üpjün edýän harajatlar.
2. Ýere emeli täsir etmek üçin çykdajylar.
3. Önümçilikdäki işçileriň zähmet haklary.
4. Goşmaça zähmet haklary.
5. Durmuş ätiýaçlandyrma edilýän harajatlar.
6. Guýularyň (skwažina) amortizasiýasy.
7. Nebit, gazy toplamak we ibermek bilen bagly harajatlar.
8. Nebiti tehnologiýa taýdan taýýarlamak bilen bagly harajatlar.
9. Önümçiligi özleşdirmek we taýýarlamak harajatlary.
10. Enjamlary saklamak we ulanmak harajatlary.
11. Umumy önümçilik harajatlary.
12. Beýleki önümçilik harajatlary.
13. Önümçilikden daşary harajatlar.

Bu pudakda “çig mallar we materiallar” “seh harajatlary” görkezilmeýär. Işläp bejeriji senagatda bolsa harajatlaryň düzüminde buhgalteriýa hasabynda önümçilikden taýýar önüm çykarylanda, özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýar. Mysal üçin her bir önümiň özüne düşýän gymmaty hasaplanyp, taýýar önümler we gutarylmadyk önümler arasynda paýlanylýar. “Salgytlar hakynda” bitewi kanunda bolsa satylan önümlerine edilen harajatlaryň düzümi boýunça peýda (zyýan) hasaplanylýar. Ol pul girdejiden aýyrmalar görnüşinde hasaplanýar. 154-nji maddada – harytlary (hyzmatlary, işleri) öndürmek we ýerlemek bilen baglanşykly çykdajylar (harajatlar) şular: maddy çykdajylar, zähmete hak tölemek üçin çykdajylar, durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler, könelmäniň (iznos) hasaplanyp ýazylan möçberi, beýleki çykdajylar. Soňra salgyt gulluklary tarapyndan satylan we satylmadyk taýýar önümleriň arasynda harajatlaryň paýlanyş tertibi bellenildi. Ol iki usuldan ybarat: 1) Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we satmak bilen bagly diňe göni harajatlary paýlamak. 2) Ähli harajatlary paýlamak arkaly.

Göni harajatlara çig mal we materiallar, kömekçi materiallar, komplektlemek üçin gerek önümler, önümçilikde zähmet çekýän işçileriň zähmet haky we durmuş ätiýaçlandyryşyna geçirilýän 20 göterim önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň amortizasiýasy. Ýöne, bu taýda gutarylmadyk önümler üçin düşýän göni harajatlaryň möçberi hasaba alynmaýar. Şonuň ýaly-da satylman galan ambardaky taýýar önümlere düşýän göni harajatlarda hasaba alynman, diňe satylan önümlere düşýän harajatlar girdejiden aýrylyp peýda kesgitlenýär.

Ikinji usulda öndürilen we satylan önümleriň arasynda ähli harajatlar paýlanylýar. Bu harajatlar “Salgytlar hakynda” bitewi kanunda 155-158 maddalarynda görkezilen harajatlar girýär. Şeýlelikde, bärde-de ýokarky usuldaky ýaly gutarylmadyk önümçilige we ambardaky taýýar önümlere düşýän harajatlar

aýrylyp goýulýar. Käbir salgyt töleýjiler salgyt gulluklary bilen ylalaşyp, bu usullary ulanmanam bilerler. Eger jemi (umumy) girdejisiniň möçberi 100000 manatdan geçmedik halatlary.

Biz mysallar esasynda, harajatlaryň deňeçer paýlanşyna seredip geçýäris. Harajatlar deňeçer paýlananda hasabat döwründe peýda (zyýan) dogry kesgitlenilýär. Mundan başga-da diňe satylan önümlere edilen harajatlar dogry kesgitlenilýär.

**Tablisa № 7**

**Harajatlaryň deňeçer paýlanyşy**

**manat**

| № | Görkezijiler | Göni harajatlary paýlamaklyk | | | Ähli harajatlary paýlamak | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | I çärýek | II çärýek | III çärýek | I çärýek | II çärýek | III çärýek |
| | | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1. | Çig mal we materiallaryň çärýegiň başynda ambardaky galyndysy | 0 | 100 | 200 | x | 100 | 200 |
| 2. | Çärýegiň başyna gutarylmadyk önümçiligiň möçberi | 0 | 500 | 550 | 0 | 900 | 1100 |
| 3. | Çärýegiň başyna ambardaky taýýar önümler | 0 | 1530 | 1600 | 0 | 2300 | 2400 |
| 4. | Çärýekde amala aşyrylýan maddy harajatlar jemi | 1200 | 1300 | 900 | 1200 | 1300 | 900 |
| 4.1 | şol sanda Çärýekde satyn alynan çig mal we materiallar | 1000 | 1100 | 800 | 1000 | 1100 | 800 |
| 4.2 | Çärýekde beýleki maddy harajatlar | 200 | 200 | 100 | 200 | 200 | 100 |
| 5. | Önümçilige goýberilen çig mal we materiallar çärýek boýunça | 900 | 1000 | 1000 | 900 | 1000 | 1000 |
| 5.1 | şol sanda Önümçilikde ulanylýan çig mal we materiallar çärýekde | 800 | 900 | 900 | x | x | x |

Önümçilik harajatlary önümçilik pudaklarynda buhgalter hasabynda 20-nji hasapnamada alnyp barylýar. 20-nji hasapnamada önümçilik harajatlaryň öz hakyky bahasy görkezilýär. 20-nji hasapnamanyň kreditinden taýýar önümlere 40-njy hasap (sçýot) öz gymmaty boýunça satylanda 46-njy hasapnama, debetine ýagny realizasiýa – satuw hasapnamasyna 46-njy hasaba satuw nyrhy boýunça geçirilýär. Satuwdan gelen pul girdejilerinden önümiň özüne düşýän gymmatyny aýyrsaň, şol önümiň peýdasy ýa-da zyýany bolup durýar.

3.3. Her bir önümçilik kärhanasynda önümiň özüne düşýän gymmatyny, ýagny harajatlary tygşytly ulanmak uly ähmiýete eýedir. Harajatlar näçe tygşytly

ulanylsa, şonça-da kärhananyň alýan peýdasy ýokarlanýar. Tygşytlylyk şu aşakdaky ugurlarda alnyp barylýar:

Çig mal we materiallary tygşytly ulanmagyň ýollaryny gözläp, önümçilige ornaşdyrylýar; galyndylary gaýtadan ulanyp täze önümçilige gönükdirilýär; zaýa önümleri çykarmaklygy kemeldýär; dünýä möçberinde ulanylýan tehnologiýa, önümçilik usullary, önüm öndürmegiň barşynda ulanylýar; zähmetiň barşyny göwnejaý ýola goýmak; her bir tygşytlanýan zat üçin işçi we gullukçylary höweslendiriş ulgamlaryny ulanmak, şeýle hem tygşytlanan materiallaryň belli bir bölegini işçileri höweslendirmek üçin bermek.

Döwlet kärhanalarynda her bir geljek ýyl üçin peýdanyň möçberi teswirlenýär, sebäbi peýdanyň bir bölegi döwlet býujetiniň girdejilerini emele getirýär. Beýleki kärhanalarda meýilnama bolmadyk halatynda-da ol takyklanýar. Peýdanyň möçberini meýilnamalaşdyrmak üçin ilki bilen geljek ýylda satylmaly önümiň möçberi kesgitlenýär, soňra ýylyň başyna we aýagyna satylman galan önümleriň düşýän gymmaty boýunça möçberi kesgitlenýär.

Önümçilik harajatlarynyň geljek ýyl üçin taslamasyny düzmek üçin şu aşakdaky formulany ulanmak bolar.

$$XÖ = X_1 + XXÖ - X_2$$

XÖ – geljek ýylky çaklama boýunça önümleriň özüne düşýän gymmaty.

$X_1$ – ýylyň başyna satylman galan harytlyk önümiň özüne düşýän gymmaty boýunça bahasy (summasy).

XXÖ – geljek ýylda öndürilmeli harytlyk önümleriň çaklama boýunça özüne düşýän gymmaty.

$X_2$ – geljek ýylyň aýagyna satylman galan önümleriň özüne düşýän gymmaty.

3.4. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljerilişi kärhana üçin ähmiýetlidir. Onuň göz öňünde tutulanyndan ýa-da geçen ýyllaryňkydan peselmegi, gowy netijedir. Şu taýda bir zady belläp geçmekçi, ol pese gaçanda önümiň hiline erbet (otrisatel) täsir etmeli däldir. Önümiň özüne düşýän gymmaty tygşytlylyk esasynda, şeýle-de zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy, täze tehnika hem-de tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy esasynda gazanylýar. Önümçilikde, dürli eýeçilik görnüşinde işleýän kärhanalarda häzirki wagtda önümçilik harajatlary barasynda plan goýberilmeýär, emma käbir kärhanalar maksatnamalar we hasap (smeta) işläp düzýärler, seljermäni şu maksatnamalardan ýa-da hasapdan tapawudyny seljeriş geçirip bilýärler.

Seljermeler usuly dürli-dürlidir. Biz olaryň içinden bir manat harytlyk önüme düşýän harajatlaryň seljerilişini saýlap aldyk.

Biz ony aşakdaky şertli maglumatlar esasynda seljerýäris.

**Tablisa № 8**

**Düşýän gymmatynyň seljerilişi**

| **Görkezijiler** | | **Setirleriň №** | **manat** |
|---|---|---|---|
| Ähli harytlyk önümleriniň maksatnamada göz öňünde tutulan özüne düşýän gymmaty | | 1 | 16081 |
| Hakyky goýberilen harytlyk önümleriň düşýän gymmaty | a) Hasabat ýylynda maksatnamada göz öňüne tutulan düşýän gymmaty | 2 | 16380 |
| | b) Hakyky düşýän gymmaty boýunça | 3 | 16251 |
| Bazar nyrhlary boýunça harytlyk önüminiň summasy | ç) Maksatnama boýunça | 4 | 18710 |
| | d) Maksatnamada göz öňünde tutulan nyrhda, hakykysy | 5 | 19032 |
| | e) Hakyky öndürleni hakyky bahada | 6 | 19032 |
| Harytlyk önümlerini maksatnamada göz öňünde tutulanynyň bir manadyna düşýän summasy – teňňede | | 7 | 85.95 |
| Hakyky öndürilen harytlyk önümleriniň bir manadyna düşýän gymmaty (teňňede) | a) Hakyky öndürilen assortimentdäki önümleriň düşýän gymmaty maksatnama ýüzünden (2:5) | 8 | 86.07 |
| | b) Hasabat ýylyndaky öndürileni hakyky nyrhda (3:6) | 9 | 85.39 |
| | ç) Maksatnama boýunça göz öňünde tutulan nyrhlarda (3:5) | 10 | 85.39 |

Biz şu tablisanyň esasynda önümiň özüne düşýän gymmatynyň maksatnamada göz öňünde tutulanyndan haýsy sebäplere görä pese gaçanlygyny ýa-da ýokary galanlygyny degşerip görýäris.

8 setir – 86.07

-7 setir – 85.95

-  –  0.12

0.12 teňňe harytlyk önüminiň düzüminiň (assortimentiniň) üýtgänligi sebäpli pese gaçypdyr.

Tygşytlylyk gazananlygy sebäpli

10 setir – 85.39

- 8 setir – 86.07

tapawut – 0.69 teňňe

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň maksatnama bilen deňeşdireniňde pese gaçany – 0.69 teňňe.

8 setir – 86.07

10 setir – 85.39

Ähli harytlyk önümleriniň düşýän gymmatynyň pese gaçmasyndan gazanylan tygşytlylyk 129 müň manat C 19032 x 0.68

Häzirki wagtda kärhana işiň esasy we esasy däl görnüşi boýunça harajatlaryň düzümini häsiýetlendirilýän hasabaty tabşyrýarlar. Bu bolsa harajatlary seljermek üçin zerur maglumatlardyr.

Önümçiligi ýola goýmak üçin maddy däl aktiwlere edilýän harajatlaryň ähmiýeti ulydyr. Maddy däl aktiwlere taraplaryň ylalaşygy boýunça esaslandyryjylaryň (uçreditelleriň) öz goýumlarynyň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasyna (ustaw hazynasyna) goýan goýumlary, obýektleri satyn almak we taýynlyk derejesine getirmek üçin hakyky harajatlary hasaba almak bilen, gaýry kärhanalardan we şahsyýetlerden tölegli alynanlary, gaýry kärhanalardan we şahsyýetlerden bilermenlik usulynda mugtyna alynanlar, şeýlede kärhananyň satyn alan patentleri, ygtyýarnamalar (lisenziýalar), söwda markalary, haryt belgileri, önümçilik maglumatlaryny ulanmaga hukuklar, şonuň ýaly-da “Nou – Hau” , “Gudwill” we guramaçylyk çykdajylary degişlidir. “Nou – Hau” – täze tehnologiýanyň tehniki we beýleki wezipelerini ulanmak arkaly kärhananyň işiniň netijeliligini artdyrmaklyk bolup, maddy aktiwlere “Gudwill” degişlidir. Ol “firmanyň bahasy” – kärhana satylanda ýüze çykýar. Maddy däl aktiwler uzak möhletlerde ulanylýar. Şeýle bolansoň olara edilen harajatlar önümçilik harajatlaryna kem-kemden, köneliş hasaplamak arkaly geçirilýär. Maddy däl aktiwler ilkinji bahalandyrylyşynda hasaba alynýar.

Maddy däl aktiwleriň könelmeginiň ululygy, olaryň ilkinji gymmatyna we peýdalanan möhletine (ýöne kärhananyň işleýän möhletinden aýry geçmezlik şerti bilen) esaslanyp, her aýda kesgitlenen çäklerde hasaplanylýar. Mysal üçin, satyn alynan ygtyýarnamanyň möhleti üç ýyl, gymmaty 5 mln. manat diýeliň. Onuň bir ýyllyk gymmaty 5 mln. 3 ýyl = 1666.7 müň manat, bir aýlygy 138.9 müň manat. (1666:12 aý) Bu köneliş degişlilikde önümçilik harajatlarynyň düzümine goşulýar.

2008-nji ýylyň ýanwar – sentýabr aýlarynda ykdysadyýetiň esasy pudaklary boýunça önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejiler 125631.3 mlrd. manat bolup, ol öňki ýyl bilen deňeşdirilende 2.4 esse artykdyr. Şonuň ýaly-da balans peýda 58227.7 mlrd. manada barabar boldy. Şonuň esasy bölegi senagat we söwda pudaklaryna degişli boldy. Ulag pudagyna 395.1 milliard manat zyýan gazanyldy.

Bu harajatlar soňra çaklanylýan pul girimleri bilen deňeşdirilip, peýda ýa-da zyýan kesgitlenilýär.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Önümçilik harajatlarynyň düzümi nämeden ybarat?
2. Önümi satmak bilen bagly harajatlara haýsylar girýär?
3. Önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar haýsy kadalaşdyryjy resminamalar bilen kadalaşdyrylýar?
4. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň ýollary nämeden ybarat?
5. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň geljek ýyl üçin taslamasyny düzmek nämä gerek?

# TEMA 4. ÖNÜMI ÝERLEŞDIRMEKDEN GELEN PUL GIRDEJILERI

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileriniň düzümi
2. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejilerini artdyrmagyň ýollary
3. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejilerini paýlamak we meýilnamasyny düzmeklik
4. Pul girdejileriniň seljerilişi
5. Kärhanalaryň býujete töleýän salgytlary we tölegleri

4.1. Önümi satmakdan gelen pul girdejisi kärhananyň esasy görkezijileriniň biri bolup hyzmat edýär. Sowet planly ykdysadyýeti döwründe-de bu esasy görkeziji bolup hyzmat etdi. Önümi satmakdan alnan pul girdejisi kärhananyň maliýe serişdeleriniň esasy çeşmesidir. Haryt dolanyşygy döwründe öndürilen öňüm satylsa, onda oňa her bir kärhanada çekilen zähmet jemgyýet tarapyndan kabul edilýär. Eger önüm satylmasa, onda oňa edilen harajatlar biderek bolup durýar. Kärhananyň eýesiniň pul harajatlary yzyna gaýdyp gelmeýär. Şeýle kärhanalar batyp galýarlar. Kärhananyň maliýe gullugynyň esasy wezipesi öndürilen önümi satmaklygy ýola goýup, satylan önümlerden alynmaly pul serişdeleriň wagtly-wagtynda kärhananyň hasabyna gelmegini üpjün etmekdir. Öndürilen önümler satylmasa onda kärhanada diňe bir üznüksiz önümçilik üpjün edilmän, hat-da, ýönekeý üznüksiz önümçilikde mümkin däldir. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň ýanwar-sentýabr aýlarynda ykdysadyýetiň esasy pudaklary boýunça önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejiler 125631,3 mlrd. manat bolup, ol öňki ýyl bilen deňeşdirilende 2,4 esse artykdyr. Şonuň ýaly-da balans peýda 58227,7 mlrd. manada barabar boldy. Şonuň esasy bölegi senagat we söwda pudaklaryna degişli boldy. Ulag pudagynda 395,1 milliard manat zyýan gazanyldy.

P – X – işçi güýji, önümçilik serişdeleri = $X_1$ – $P_1$ – şu öwrülişik bolmaýar.

Häzirki wagtda önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejisiniň hasaba alnyşynyň 2-sany usuly bar:

a) Öndürilen önümleri satan halatynda pul serişdeleriň kärhananyň hasaplaşyk hasapnamasyna gelenine we gelmänligine baglylykda, ýagny önüm ýerleşdirmekden gelen pul girdeji görkeziji hökmünde puluň gelen-gelmänligine baglylykda hasaba alynýar. Mysal üçin, çärýekde kärhana 600 mln. manatlyk önüm satypdyr. Emma kärhananyň hasaplaşyk hasapnamasyna 500 mln. manat pul gelipdir. Birinji usulýeti esasynda 600 mln. manat pul girdeji hasaba alynýar. 600 mln. manatdan önümiň özüne düşýän 400 mln. manat gymmatyny aýryp, 200 mln. manat peýda hasabatda görkezilýär.

b) Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejisi hökmünde önümi satmakdan gelen hakyky pul girdejisi hasaba alynýar, şeýle bolansoň 600 mln. manat däl-de 500 mln. manat girdeji hökmünde kabul edilýär. Şol sanda önümçilik harajatlary we önümiň özüne düşýän gymmaty 500 mln.-ň ýüzünden alynýar. Her bir kärhana

ýylyň başynda şu usulýetiniň haýsynyň ulanyljakdygy barada karar kabul edýär. Önümçilikden gelýän pul girdejileri kärhananyň esasy maliýe ýagdaýyna täsir edýän faktordyr. Öndürilen önümler içki we daşky bazarda, bölek satuw ýa-da lomaý baha esasynda satylýarlar. Hasaplaşyk iki hili görnüşde alnyp barylýar, nagt we nagt däl görnüşde.

Nagt däl görnüşdäki hasaplaşyk täjirçilik banklarynyň üstünden geçýär.

Nagt hasaplaşyklar kärhananyň kassa apparatlarynyň üstünden geçýär.

Nagt däl hasaplaşyklar nagt pullaryň dolanyşykda hereket etmegini kemeldýär. Bu bolsa, pul çykarmak üçin edilýän harajatlaryň tygşytlanmagyna getirýär. Şonuň üçin biziň döwletimiz nagt däl pul hasaplaşygy önümçilige ornaşdyrmagyň tarapyndadyr. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejiniň düzümi şulardan ybaratdyr:

1) Önüm öndürmekden we satmakdan gelen pul girdejisi.

2) Her hili edilen işlerden we hyzmatlardan gelen pul girdejisi.

3) Eksportdan gelen walýutalar, ýöne pul girdejisi hökmündäki görkeziji walýutada däl-de manatda hasaba alynýar. Şol walýutalaryň gelen günündäki bankyň kursy boýunça manada geçirilýär. Meselem, 10 müň dollar, girdeji bolsa 10000$ x 2.85 = 28500 manat hasaba alynýar.

4) Tomaşa jaýlaryndan hem-de beýleki işlerden gelen pul girdejiler.

Önüm satmakdan gelen pul girdejileriniň düzüminde goşulan baha üçin salgyt we goşmaça tölegler, serişdeleri peýdalanýanlygy üçin tölegler, gytaklaýyn salgyt hökmünde goşulyp bilner. Bu salgytlar, ýörite salgyt we salgyt salmaklyk dersinde okadylýanlygy üçin olar barada düýpli durup geçmeýäris.

4.2. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bazaryň islegini göz öňüne tutup önüm öndürmeklik yzygiderli ýokarlandyrylýar. Telekeçi eger bazar göterse ýa-da bazaryň islegi bolsa, önümçiligi ýokarlandyrmak üçin pul serişdelerini we maýany gaýgyrmaýar. Her bir telekeçi kapitalist ilki bilen marketing ylmynyň esasynda bazaryň konýunkturasyny öwrenýär we diňe şondan soň önümçiligi ýola goýýar. Marketingiň esasynda öndüriljek önümiň hili, öňa çykaryljak harajatlar, mahabatlandyrmagyň şertleri, bazar islegi, mümkin bolaýjak alyjylaryň sany, alyjynyň aradaşlygy öwrenilýär.

Kärhananyň pul girdejisi we peýdasy hökmünde Salgytlar baradaky bitewi kanunda başgaça çemeleşilýär. Mysal üçin, harytlar satylanda, (sçýot faktura ýazylanda) ýagny alyjy tarapyndan kabul edilende, haryt üçin pul geçirilmedigem bolsa salgyt binýady hökmünde kabul edilýär. Salgyt salmak maksady üçin geleşigiň taraplarynyň harytlara, işlere, hyzmatlara ulanan bahasy kabul edilýär. Munuň şeýle däldigi subut edilýänçä, bu baha bazar bahasy bolup durýar diýlip çak edilýär. Eger bu bahalar lomaý söwdada bazaryň hakyky bahasyndan (şol sanda bölek satuw) 20 göterimden köp kem bolan ýagdaýynda, salgyt gullugy degişli harytlar bazaryň hakyky nyrhlaryndan ugur alyp, salgydy hasaplamak we bellemek barada esaslandyrylan çözgüt kabul etmäge haklydyr. Mysal üçin (bölek satuwda) harytlaryň hakyky bazar bahasy esas edilip alynýar. Muny anyklamak üçin şu usullar ulanylýar.

Harytlaryň hakyky bölek satuw bazar bahasy döwlet hasabaty edaralaryndan, haryt biržalarynyň maglumatlaryndan alnan, şunuň ýaly bahalaryň

arasynda 15 göterim çäklerinde emele gelen göterime görä azaldylan, şonuň ýaly-da harytlaryň hakyky bazar bölek satuw baradaky maglumatlar ulanylýar. Harytlaryň hakyky bazar bahasynyň alyjynyň olary soňra ýerleýän bahasynyň esasynda kesgitleýän usuly.

Şunda alyjynyň ýerleýän bahasy alyjynyň şeýle harytlary ýerlemek üçin eden harajatlarynyň degişli bölegine, şeýle hem alyjynyň şu ugurda alýan peýdasynyň möçberlerinde azaldylýar.

Satyjynyň şeýle görnüşindäki harytlara çykaran harajatlarynyň we işiň şu ulgamynda adaty alynýan peýdanyň esasynda harytlaryň hakyky bazar bahasyny kesgitlemek usulyda ulanylyp bilner.

Ýeri gelende aýtsak, şu usullar bilen kesgitlenen hakyky bazar bahasy degişli hasaplamalar bilen tassyklanmalydyr. Hakyky bazar bahasy baradaky maglumatlar bazaryň maglumatlaryndan, döwlet hasabaty edaralaryndan we beýleki resmi maglumat çeşmelerinden alynyp biliner.

Önümi satmakdan gelen pul girdejilerini artdyrmagyň ýollary esasan şulardan ybarat:

1. Bazaryň islegini marketing esasynda öwrenmek we şonuň esasynda önümçiligi ýola goýmak, şol sanda daşarky bazary öwrenmek.

2. Ýokary hilli önüm öndürmek.

3. Önümçilige ýokary öndürijilikli tehnikany we tehnologiýany, zähmetiň ylmy taýdan guralyşyny ornaşdyrmak.

4. Önümi satyn alýan firmanyň maliýe ýagdaýy, ýagny hasaplaşyk hasapnamasynda puluň barlygy ýa-da ýoklugy.

5. Alyjylaryň golaý ýa-da daşlygy, şuňa baglylykda ulag, aragatnaşyk.

6. Mahabatlama (reklama) işleriniň ýola goýluşy we beýlekiler.

Her bir kärhanada öndürilen önümler ýurdumyzyň jemi içerki önümini düzýär, ol manat we dollar hasabynda kesgitlenýär. Jemi içerki önüminden harajatlary aýyrsaň, aratapawudy milli girdeji bolýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde diňe bir ýylyň dowamynda öndürilen önümler satylman, onuň düzümine geçen ýyldan galan önümlerde goşulýar. Şonuň ýaly-da şu ýylda öndürilen önümleriň belli bir möçberi satylman indiki ýyla geçýär. Şonuň üçin her bir kärhanada öndürilen önümleriň gymmatyna ýylyň başyndaky galan önümlerde goşulýar. Şol önümleri doly satyp bolsa, onda pul girdejileri şonuň bilende artdyryp bolýar.

Telekeçi dürli çeşmelerden, hat-da öz maýa toplaýyş serişdelerini, bankdan karz pullary ýa-da gymmat bahaly kagyzlary çykaryp we ýerleşdirip serişde toplaýar we önümçiligi ösdürmäge gönükdirýär. Netijede, ýurdumyzda-da milli girdeji ýokarlanýar, býujete tölegler artýar, ýöne bu barada doly durulyp geçilmedi, çünki olar ýörite, salgyt we salgyt salmaklyk sapagynda öwrenilýär.

4.3. Döwlet kärhanalarynda şonuň ýaly-da firmalarda geljek ýyl üçin satylmaly önümleriň gymmaty meýilnama esasda kesgitlenilýär. Çünki geljek ýyl üçin peýdanyň möçberini kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Peýdanyň belli bir bölegini döwlet býujetine geçirmeli bolan soň, býujetiň girdejilerini öňünden kesgitlemek zerurdyr. Beýleki eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda bolsa, geljek ýyllar üçin öndürilmeli önümleriň taslamasy düzülýär. Önümi ýerleşdirmekden

gelen pul girdejileriň möçberi balans usuly esasynda kesgitlenilýär, ýagny ilki bilen öndürmeli önümleriň görnüşleri belli edilýär, şonuň ýaly-da nyrhy çaklama edilýär. Bir ýylda çykarylmaly önümleriň möçberine jemi harytlyk önümleri diýilýär.

Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejisi şu aşakdaky ýaly paýlanylýar: (seret şekil)

a) Çig mal we materiallar ätiýaçlygyny döretmek üçin edilýän harajatlar.

b) Býujete geçirilmeli bergiler üçin.

ç) Banklardan alynan karz pullary üzmek üçin.

d) Zähmet hakyny tölemek üçin.

e) Durmuş medeni çäreleri maliýeleşdirmek üçin.

f) Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin, başga edaralara bolan bergilerini hasaplaşmak üçin we ş.m.

Netijede, pul girdejileri, diňe bir döwlet býujetiniň däl-de, kärhananyň hut öz maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup durýar, şonuň bilen bir hatarda möhüm maliýe görkezijisidir.

Önüm ýerleşdirmekden gelmeli pul girdejiniň geljek ýyl üçin meýilnamasy şu aşakdaky ýaly balans usuly ulanylyp hasaplanylýar.

$$\mathbf{Pg = G\ddot{o}_1 + H\ddot{o} - G\ddot{o}_2}$$

**Pg** – geljek ýylda çaklanýan önüm ýerleşdirmekden alynjak pul girdejileri.

**Gö$_1$** – geljek ýylyň başynda ammarda, ýolda ýa-da satylmadyk, ýöne alyjynyň ammarynda jogapkärçilikli saklanylýan önümleriň satuw nyrhdan gymmaty.

**Hö** – geljek ýylda öndürmeli çak edilýän harytlyk önümleriň satuw bahadan gymmaty.

**Gö$_2$** – geljek ýylyň aýagyna satylman galjak ammarda, ýolda we alyjynyň jogapkärçiliginde boljak önümleriň bahasyndan gymmaty.

Şeýle usuldaky meýilnamany köplenç döwlet kärhanalarda we uly kärhanalarda ulanylýar.

4.4. Kärhana maliýesini öwrenýänler hökmany suratda esasy maliýe görkezijileriň biri bolan pul girdejisiniň seljermesini başarmalydyrlar. Munuň netijesinde maksatnamada göz öňünde tutulan harajatlaryň hasabat döwründe näderejede üýtgeýänligini görkezýär. Biz aşakda bu seljermäniň ýygy-ýygydan ulanylýan usullary bilen tanyş edýäris:

**Tablisa №9**

## Önümleri satmakdan alynan pul girdejileri

**müň manatda**

| № | Görkezijiler | Hasabat ýylynda | | Geçen ýylda | Aratapawut | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Maksatnamada göz öňünde tutulany | Hakykysy | | Maksatnamadakydan | | Geçen ýylyňkydan | |
| | | | | | manatda | % | manatda | % |
| 1. | Harytlyk önüminiň lomaý bahada, maksatnamada göz öňünde tutulany | 18655000 | 19530000 | 17196000 | +875000 | +4.7 | 2234000 | +13.6 |
| 2. | Maksatnamada göz öňünde tutulan harytlyk önümi, maksatnamadaky lomaý baha bilen | 18710000 | 19032000 | 17026000 | +322000 | +1.7 | 2006000 | +11.8 |
| 3. | Satylan önümleriniň hakyky möçberiniň harytlyk önümden tapawudy | -55000 | +49800 | +170000 | 553000 | +3 | 328000 | +1.8 |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, maksatnamada göz öňünde tutulan satylmaly önümler, maksatnama nyrhlary esasynda 4.7% artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

(875000 x 100 = 4.7%)
18655000

Şol sanda harytlyk önüminiň artmagy netijesinde 322000 müň manat ýa-da 1,7% ösüpdir. (322000 x 100) = 1,7%
18655000

Satylan önümleriň maksatnamada göz öňünde tutulanyndan artyk ýerine ýetirilmegi şu sebäplere görä:
3%, (553000 x 100) ýyldan ýyla geçýän, satylmaly taýýar önümleriň galyndysynyň
18655000

satylyp kemelmegi netijesinde 1,7% harytlyk önümleriniň artmasy netijesinde
(322000 x 100) = 1,7%
18655000

**Tablisa №10**

## Hakyky satylan önümleriň maksatnama bilen deňeşdirilişi

**müň manat hasabynda**

| № | | Maksatnama boýunça | Hakyky öndürileni | aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Hasabat ýylynyň başyna satylman galan önümler (taýýär önümler we beýlekiler) satuw bahada | 1602000 | 1602000 | - |
| 2. | Öndürilen harytlyk önümler, satuw bahada | 18710000 | 19032000 | +322000 |
| 3. | Satylan önümleriň möçberi (satuw bahada) | 18655000 | 19530000 | +875000 |
| 4. | Hasabat ýylynyň aýagyna geljek ýyla geçýän satylman galan önümler (taýýar önümler we beýleki galanlar) satuw bahada (1+2-3) | 1657000 | 1104000 | -553000 |

Tablisadan görnüşi ýaly göz öňünde tutulan ýylyň başyna satylman galan önümler maksatnamada göz öňünde tutulany ýaly, ýylyň aýagyna satylman galan önümler 16700 manat bolmaly bolsa, ol önümler satylyp 553000 müň manada kemelipdir we satylan önümleriň şol möçberde artmagyna getiripdir.

**Tablisa №11**

## Sortlaryň täsiri

| Önümleriň sortlary – hili | Lomaý nyrhy (manatda) | Maksatnama boýunça göz öňünde tutulany | | | Hakyky ýerine ýetirileni | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Mukdary (sanda) | Gymmaty (müň. manat) | Udel agramy (%) | Mukdary (sanda) | Gymmaty (müň. manat) | Udel agramy (%) |
| 1-nji sort | 2000 | 200 | 400.0 | 87.0 | 240.0 | 480.0 | 96.0 |
| 2-nji sort | 1600 | 20 | 32.0 | 8.7 | 8 | 12.8 | 3.2 |
| 3-nji sort | 1200 | 10 | 12.0 | 4.3 | 2 | 2.4 | 0.8 |
| **Jemi** | **1930 (444:230)** | **230** | **444.0** | **100** | **250** | **495.2** | **100** |

Tablisadan görnüşi ýaly, maksatnama boýunça önümleriň ortaça bahasy 1,930 manat (444:230), hakyky bahasy 1980 manat (495,2:250), önümleriň sortlarynyň gowulaşmasyndan alynan gymmaty (1980-1930) 50 manat. Umumy önümleriň sortlarynyň hasabyna ýokary galmagy netijesinde 12,5 müň manat goşmaça alynypdyr (50 manat x 250) 12,5 müň manat.

Esasy serişdeleriň önümçiligiň artmagyna edýän täsiri: önümleriň ýokary depginde artmagy esasy serişdeleriň netijeli ulanmagyna baglydyr. Ony esasan esasy gaznalaryň gazna netijeliligi görkezijiligi bilen kesgitlenýär.

Ýenebir önüm öndürilişiniň artmagyna esasy täsir edýän zat, önümçilik serişdeleriniň ýokary öndürijilikli ulanylmagy. Bu görkezijiler şu aşakdaky hasaplamalar esasynda hasaplanylýar.

**Tablisa №12**

**Esasy serişdeleriň fondberijiligi**

| № | Görkezijiler | Hasabat ýylynda | | | Öňki ýyldaky görkezijiler |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Maksatnama boýunça | Hakykysy | Tapawut (+,-) | |
| 1. | Jemi öndürilen önümler | 18810 | 19100 | +290 | 17296 |
| 2. | Esasy önümçilik gaznalarynyň ýyllyk ortaça gymmaty (mün manat) | 7182 | 7286 | +104 | 7077 |
| 3. | Fond berijilik esasy önümçilik gaznalarynyň 1 manadyna öndürilen önümler, manat ýa-da teňňe | 261,9 | 262,2 | 0,3 | 244,4 |

Tablisadan görnüşi ýaly, esasy serişdeleriň ulanylyşy gowulanypdyr. Olaryň her manadyna öndürilen önümler maksatnamada göz öňünde tutulanyndan 300 manat, geçen ýylky bilen deňeşdireniňde (262,2-244,4) 17800 manat köpelipdir. Bu geçen ýylky bilen deňeşdireniňde ýokary öndürijilikli tehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagy netijesinde gazanylypdyr. Mundan başga-da önümleriň düzüminiň (assortimenti) üýtgemegi harytlara, önümleriň möçberine täsir edip biler. Mysal üçin ýokary düşewüntli önümler önümçilige ornaşdyrylanda, onda umumy önüm we kärhananyň peýdasy ýokarlanyp biliner. Mysal:

**Tablisa №13**

**Önümleriň görnüşleriniň önümçiligiň ýokarlanmagyna täsiri**

**müň manat**

| Önümleriň görnüşleri. Tikin fabriginden şertli mysallar | Bahasy (manat) | Hasabat ýylynyň maksatnamasy esasynda | | Hasabat ýylynda hakyky ýerine ýetirileni | | Maksatnamanyň ýerine ýetirileni hasaba alynýar | Maksatnamadan ýokary öndürileni |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Mukdary | Gymmaty | Mukdary | Gymmaty | | |
| 1. Uly adamlar üçin jins balaklar | 88150 | 391 | 34470 | 400 | 35260 | 34470 | 79 |
| 2. Uly adamlar üçin jins penjegi | 104670 | 414 | 43330 | 415 | 43440 | 43330 | 1 |
| **Jemi** | | | 77800 | | 78300 | 77800 | 80 |
| **Maksatnamanyň ýerine ýetirileni** | | | | | **100,64** | **100** | **+0,64%** |

Tablisadan görnüşi ýaly maksatnama ähli görnüşler boýunça ýerine ýetirilipdir, assortimentiň üýtgemegi bilen 0.64% artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

**Tablisa №14**

**müň manat**

| **№** | **Görkezijiler** | **Hasabat ýylynyň maksatnamasynda** | **Hakyky** | | **Ýerine ýetirileni %** | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **Hasabat ýylynda** | **Geçen ýylda** | **Maksatnama bilen deňeşdirilende** | **Geçen ýyl bilen deňeşdirilende** |
| 1. | Jemi önüm | 18810000 | 19100000 | 17296000 | 101.5 | 110.4 |
| 2. | Harytlyk önüm maksatnamada | 18710000 | 19032000 | 17026000 | 101.7 | 111.8 |
| a) | göz öňünde tutulan nyrhlarda | | | | | |
| b) | hakyky nyrhda | x | 19032 | x | - | - |

Tablisadan görnüşi ýaly jemi we harytlyk önümler boýunça maksatnamalar geçen ýylky bilen deňeşdirende artygy bilen bellenipdir 8.8%.

$$\frac{(18810000-17296000)}{17296}$$

Munuň daşyndan hakykysy geçen ýylyňkydan 10.4 göterim artypdyr. Harytlyk önümleriň ýokarlanmagy geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 9.9 göterim ýokarlandyrmak göz öňünde tutulypdy $\frac{(18710000-17026000)}{100} = 9.9$

Hakykatda 11.8% göterim ýokarlanypdyr. Önümçiligiň ýokarlanmagyna her bir işçiniň zähmet öndürijiliginiňde ýokarlanmasy täsir edip biler. Biz ony seljermek üçin şu tablisany ulanýarys.

**Tablisa №15**

**Zähmet öndürijiliginiň täsiri**

| **№** | **Görkezijiler** | **Hasabat ýylynda** | | **Geçen ýylda** | **Tapawut** | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **Absolýut sanda** | | **% hasabynda** | |
| | | **Maksatnama boýunça** | **Hakyky öndürileni** | | **Maksatnama boýunça** | **Hakyky öndürileni** | **Maksatnama boýunça** | **Geçen ýylky bilen deňeşdirilende** |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Jemi önüm (mün manat) | 18810 | 19100 | 17296 | +290 | +1804 | +1.5 | +10.4 |
| 2. | Işgärleriň ortaça sany, ş.s: a)önümçilik senagat personaly | 2357 | 2318 | 2355 | -39 | -37 | -1.7 | -1.6 |
| b) | işçiler | 1684 | 1718 | 1740 | +34 | -22 | +2.0 | -1.3 |
| 3. | Ortaça öndürilen önüm (manat) a)önümçilik senagat personaly | 7980 | 8240 | 7344 | +260 | +896 | +3.3 | +12.2 |
| b) | işçiler | 11170 | 11118 | 9940 | -52 | +1178 | -0.5 | +11.8 |

Öndürilen önümler maksatnama bilen deňeşdireniňde 1.5% we geçen ýylky bilen deňeşdireniňde 10.4% ösüp, bu zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy esasynda gazanylypdyr.

Her bir işçiniň zähmet öndürijiligi geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 11.8% ýokarlanypdyr, emma maksatnamada göz öňünde tutulany 0.5% ýerine ýetmändir. Önümleriň artmagy iki faktora bagly: işçileriň umumy sanynyň artmagyna we zähmet öndürijiliginiň artmagyna baglydyr. Mysal: zähmet öndürijiliginiň artmagy esasynda (260 x 2318) = 602,0 müň manat artdypdyr.

Işçileriň sanynyň kemelmegi esasynda (7280 x 39) 312 müň manat kem öndürilipdir. Netijede, önümçilik maksatnamada göz öňünde tutulandan (602-312) 290 müň manat köp öndürilipdir.

**Tablisa №16**

**“Ahal” firmasynda 2008-nji ýyl üçin satylan önümlerden alynjak pul girdejisini we peýdany hasaplamak**
**(şertli maglumat)**

**(müň manat) 2008 ýyl.**

| Görkezijiler | Geljek ýyly |
|---|---|
| 1. Ýylyň başynda galan taýýar önümler, ammarda we ýolda. | a) 29150 (satuw bahasy bilen)<br>b) 18032 (düşýän gymmaty) |
| 2. Ýylyň aýagyna galan taýýar önümler, ammarda we ýolda | a) 31168 (satuw bahasy bilen)<br>b) 21112 (düşýän gymmaty) |
| 3. Öndüriljek önümleriň bahasy. | a) 450847 (satuw bahasy bilen) |
| 4. Satylan önümler: | b) 265051 (düşýän gymmaty) |
| a) (setir a 1+111-11) | a) 448829 (satuw bahasy bilen) |
| b) (setir b 1+111-11) | b) 261971 (düşýän gymmaty) |
| 5. Goşulan gymmatdan alynýan salgyt we aksizler. | a) 57394 (çaklama boýunça) |
| 6. Peýda (setir IVa-V-1Vb) | b) 129464 (çaklama boýunça) |
| 7. Önümçiligiň düşewüntliligi %.<br>VI x 100<br>IV b) | <br>129464 x 100 = 49.4%<br>261971 |

**Şekil №2**

## Pul girdejisiniň paýlanyşy:

<table>
<tr><td colspan="3">Maddy we material harajatlar (çig mal we materiallar, kömekçi materiallar, ýarym fabrikatlar, komplektlemek üçin materiallar, ýangyç, elektrik energiýa, amortizasiýa, organiki we mineral dökünler, tohum, iým, ot we beýleki material görnüşindäki harajatlar).</td><td rowspan="5">Kärhananyň önüm ýerleşdirmekden alýan pul girdejisi</td></tr>
<tr><td colspan="2">Esasy we goşmaça zähmet haky, pensiýa we durmuş üpjünçilik üçin otçişleniýeler (aýrylmalar)</td><td rowspan="4">Jemi girdeji</td></tr>
<tr><td>PEÝDA</td><td rowspan="3">Pul-maýa toplamalary (goşmaça gymmat)</td></tr>
<tr><td>Peýda salynýan salgyt, emläk salgydy, goşmaça tölegler, goşulan baha üçin salgyt, gümrük paçlary, howandarlyk üçin geçirilýänler we beýleki tölegler.</td></tr>
<tr><td>Aksizler, ýerli ýygymlar, ygtyýarnamalar üçin tölegler we ş.m.</td></tr>
</table>

4.5. Kärhanalaryň býujete töleýän salgytlary we tölegleri. Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynda kabul edilen “Salgytlar hakynda” bitewi kanuny we soňraky üýtgeşmeler salgyt ulgamynyň mundan beýläk hem has ýokary derejede kämilleşmegi üçin salgyt töleýjilere düşnükli bolan kanunyň kabul edilmegine, ykdysadyýetimiziň şu günki ösüşine laýyk gelýän salgyt ulgamynyň işlenip düzülmegine getirdi. Munuň netijesinde salgytlaryň sany we möçberi ep-esli derejede kemeldi. Bu bolsa ykdysadyýetiň has hem ýokary depgin bilen ösmegine şert döreder, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň öňküden hem gowulanmagyna getirer.

Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynyň 2004-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-inde kabul eden Türkmenistanyň “Salgyt hakynda” bitewi kanunynda Salgytlar syýasatyna düýpli üýtgeşiklikler girizildi. Bu üýtgeşiklikler 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-inden güýje girdi. Salgytlaryň düzüminiň üýtgemegi bilen Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejisine hem üýtgeşikler girizildi. Şu bitewi kanuna laýyklykda hereket edýän 17 salgydyň ýerine 6 salgyt girizilip, onuň 4-si esasy salgytlar, galanlary salgyt binýady ýüze çykanda tölenýän salgytlar we ýygymlar bolup durýar. Olar şu aşakdaky salgytlar we ýygymlar:

- goşulan baha üçin salgyt; goşmaça töleg (aksizler); ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt; emläk üçin salgyt; edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt; şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy; ýerli ýygymlar; olardan mahabatlandyrma üçin ýygym; şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym; awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym; awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym; itleriň eýelerinden alynýan ýygym.

Şu salgytlara girizilen käbir üýtgeşmeler, ýeňillikler bardyr.

**Goşulan baha üçin salgyt.** Bu salgyt öň käbir harytlar daşary ýurtdan getirilende 20 göterim görnüşinde gümrükhanada harytlar satylmanka, öňünden

tölenýärdi. Bu bolsa telekeçiler üçin maliýe kynçylyklaryny döredýärdi. Söwda bilen meşgullanýan telekeçiler Türkmenistanyň çäklerinde-de öndüren önümlerini we daşdan getirilen harytlary satanda harydyň gymmatyndan 20 göterim hasap bilen salgyt hasaplap (gümrükhanada öňki töläni hasaba almak bilen) gaýtadan tölenýärdi. Bu öz gezeginde, içki bazarda daşdan getirilen harytlaryň gymmatlamagyna getirýärdi.

Türkmenistanyň çäklerinden haryt alyp satylanda salgyt jemi girdejisinden (ýagny satylan harytlaryň satuw nyrhy bilen satyn alnan aratapawudy hökmünde) 16.67 göterim möçberinde tölenýärdi.

Häzirki wagtda salgyt töleýjiler hökmünde edara görnüşli taraplar we telekeçiler çykyş edip, salgydyň binýady hökmünde salgyt salynýan amallar, ýagny: harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanlaryň öwezini tölemegiň alynmagy, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar çykyş edýärler. Şu binýatdan ugur alnyp, salgyt özeni hökmünde kesgitlenilen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen amala aşyrylandan başga, salgyt salynýan amallar geçirilende harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýän, salgyt töleýjiniň islendik bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki taraplardan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan baha salgyt özeni bolup durýar.

Öňki kanun boýunça salgyt salynýan özeni, haçan-da kärhananyň hasabyna nagt we nagt däl görnüşinde pul gelende kesgitlenýärdi. Satylan önümler üçin pul geçirilmedik halatlarda salgyt özeni ýüze çykmaýardy. Häzirki kabul edilen kanun boýunça bu salgytda we peýdadan (girdejiden) alynýan salgytda, ýagny jemi girdeji hasaplananda, önüm, haryt satylanda, işler, hyzmatlar ýerine ýetirilende, olar üçin pul gelende we gelmändigine garamazdan salgyt hasaplanylýar. Bu bolsa buhgalteriýa ulgamynda ýüklenip iberilen hasap ýörelgesini ulanmagy zerur edýär.

GBÜS (goşulan baha üçin salgyt) köp amallar üçin, ýagny ýeňillikler göz öňünde tutulanda salynmaýar. Öň bu salgydyň möçberi umuman 20 göterime deň bolsa, indi ep-esli peseldilip, ol 15 göterime barabardyr.

GBüS üçin salgydyň möçberi o (nol) göterim derejede: tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti, pagtany we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan, özüniň öndüren, şeýle hem satyn alnan harytlar daşary ýurtlara ýerlenende, halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak we şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar edilende. Daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar we ş.m.

Beýleki salgyt salynýan amallar boýunça 15 göterim derejesinde bellenilýär. Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende degişli möçberiň şu salgyt möçberine göterim gatnaşygy hökmünde kesgitlenýän 100-e artdyrylan möçber ulanylýar.

Kärhanalaryň we söwda guramalarynyň satan (ýagny pulunyň gelen-gelmänligine bagly däl) önümleriniň we hyzmatlarynyň doly bahalaryndan alynýar. Hususy söwda guramalary indi öňki ýaly jemi girdejisinden däl-da (harydyň satylan we satyn alnan nyrhynyň aratapawudy), haryt satmakdan alnan

ähli girdejiden 15 göterim tölemeli. Döwlet söwdasy we alyjylar jemgyýetleri, kärhanalary döwlet tarapyndan başga erkin nyrhlarda haryt satsalar, onda olar goşulan baha üçin salgydyň jemi girdejisinden (harytlaryň satylan bahasy bilen satyn alnan bahalarynyň aratapawudyny) tölemeli. Harytlaryň salgyt salmak üçin satylan bahasy bazar nyrhyndan 20 göterimden hem pes bolsa, onda salgyt binýady üçin bazar nyrhy esasy edilip alynýar. Bu hem, öz gezeginde, salgyt töleýjileriň nyrhlar babatda ünsli bolmagyny talap edýär. Mundan başga-da, Millidöwlethasabaty we maglumatlar instituty ýerlerde bahalar baradaky bazar maglumatlarynyň anyk we dogry bolmagyna ünsi güýçlendirmegi zerur bolup durýar. Salgyt boýunça birnäçe ýeňillikler bardyr (seret Türkmenistanyň "Salgytlar barada" bitewi kanunynyň 106-njy maddasyna). Mysal üçin, şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary, şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol ýa-da awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar, derman serişdelerini, saryja ýüňünden ýaz gyrkymy boýunça satylany we şondan egrilen ýüplükler, haly we haly önümleri, elde dokalany we ş.m. birtopar harytlara ýeňillikler bardyr.

Hasaplanan salgytdan salgyt töleýji tarapyndan salgyt salynýan amallary amala aşyrmak üçin niýetlenen harytlary, (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenilen goşulan baha üçin salgyt aýrylýar ýa-da öň bu ulanylýan harytlar üçin tölenen GBüS hasaba alynýar (zaçýot).

Ikinji bir ähmiýetli salgytlaryň birisi goşmaça tölegler (aksizler). Bu salgytlar Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölemäge degişli harytlary getiren halatlarynda edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegi töleýjiler bolup durýarlar.

Buýrujy tarapyndan iberilýän çig maldan (materiallardan) Türkmenistanyň çäklerinde öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar üçin haryt öndüriji goşmaça tölegi töleýji bolup durýar. Bu salgytlary töleýjiler bolup, şu goşmaçä tölegi tölemäge degişli harytlary satýan edara görnüşli we şahsy taraplar çykyş edýärler. Şeýle-de, bu salgyt gytaklaýyn salgyt bolup, hakyky salgyt töleýjiler hökmünde şol harytlary satyn alanlar we sarp edenler çykyş edýärler.

Şu aşakdaky harytlar goşmaça tölege degişli harytlardyr. Öndürilýän harytlar boýunça tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýorlar we düzüminde aşakdaky ýaly alkogollar bar bolan gaýry alkogolly içgiler:

- 20 göterime çenli bahasynyň 15%-i möçberinde;
- 20 göterimden 30 göterime çenli bahasynyň 30%-i möçberinde;
- 30 göterimden ýokary piwo bahasynyň 10%-i möçberinde;
- bahasynyň 40%-i möçberinde.

Biz bu taýda goşmaça tölege degişli ähli harytlary getirmedik.

Öňki kanunda eger düzüminde alkogolyň derejesi 40 göterimden ýokary bolsa, onda 55 göterim goşmaça töleg tölenmelidi, emma häzir bu ýatyryldy. Öndürilýän piwo üçin bahasynyň 10 göterimi, benzin, dizel ýangyçlary üçin bahasynyň 40 göterimi möçberinde salgyt tölenýär. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça: piwo harydyň gümrük bahasynyň 50 göterimi, emma 1 litri üçin azyndan 4 manat tölenmelidir. Düzüminde aşakdaky möçberde alkogoly bolan üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler gümrük bahasynyň

100 göterime çenli, emma 1 litri üçin azyndan 20 manat, 20 göterimden ýokary bolsa gümrük bahasynyň 100 göterimi, emma 1 litr üçin azyndan 30 manat tölenmelidir. Spirtli içgiler taýýarlananda ulanylýan spirtiň (saglygy goraýyş maksady bilen getirilýänlerinden beýlekileri) 1 litri üçin ABŞ-nyň 4 dollary tölenmelidir.

Temmäki önümleri üçin gümrük bahasynyň 30 göterimi, emma 1 gutusy üçin azyndan ABŞ-nyň 0,5 dollary, beýleki senagat taýdan öndürilen temmäkiler we olaryň senagat çalşyryjylary: 1 kg üçin ABŞ-nyň 10 dollary tölenilmelidir.

Ýeňil awtoulaglar (tiz kömek awtoulaglaryndan we maýyplar üçin enjamlaşdyrylan ýörite ulaglardan başga) hereketlendirijiniň iş göwrüminiň 1 kub sm-i üçin ABŞ-nyň 0,3 dollary tölenilmelidir.

***Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin tölenýän salgyt.*** Bu salgydy hemmeler tölemeýärler. Ony Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly zatlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri (mundan beýläk peýdaly magdanlar) almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we peýdalanýan edara görnüşli we şahsy taraplar, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar. Salgyt salynýan amallary hökmünde: salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlary özüniň sarp etmegi üçin peýdalanylmagy, şol sanda gaýtadan işlemegi, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkärler tarapyndan öweziniň dolunmagy, şeýle-de ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň alynmagy ykrar edilýär.

Salgyt umuman şeýle tertipde, ýagny: uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça tebigy we ugurdaş gaz üçin 22 göterim; çig nebit üçin 10 göterim. Beýleki töleýjiler düşewüntliligiň derejesine baglylykda töleýärler. Bu salgydyň tölegi üýtgemän öňküligine galýar.

Şunuň ýaly-da, *emläk üçin bir salgyt* bolup, ony doly hojalygy alyp barmak ýa-da gündelik (ynamdar) dolandyrmak hukugy esasynda emlägi bolan edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar. Emläk üçin salgydyň salgyt özeni şular bolup durýar: esasy serişdeler boýunça olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy; maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça olaryň ýyllyk bahasy. Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy bellenen halatlarynda bitewi kanunyň 29-njy maddasynda görkezilen usullaryň esasynda kesgitlenilýär.

Ulanyş taýdan könelişip, möwrüti öten ýa-da özüniň başdaky hilini bölekleýin ýitiren harytlaryň we beýleki maddy gymmatlyklaryň gymmaty olary ýerläp bolaýjak bahadan ugur alnyp kesgitlenýär. Salgydyň möçberi öňküligine galan. Ol ýylda 1 göterimden geçmeýär.

Şu aşakdakylar emläk üçin salgytdan boşadylýar:

maýa goýum pensiýa gaznalary;

maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri;

dini guramalar;

bilim edaralary;

oba hojalyk kärhanalary.

Bu bolsa şu pudaklaryň güýçli depginler bilen ösmegine mümkinçilik berýär.

Edara görnüşli taraplaryň töleýän esasy salgytlarynyň birisi *peýdadan (girdejiden) alynýan salgytdyr.* Bu salgydyň möçberi ep-esli kemeldildi, öň kärhanalar alan peýdasyndan 25 göterim, banklar 30 göterim, çig mal haryt biržasy we beýleki biržalar hem-de arada durmaklykdan alnan peýdadan 35 göterim töleýärdiler. Häzirki wagtda peýdadan alynýan salgydyň möçberleri şulardan ybaratdyr:

Döwlet eýeçiliginde bolmadyk, Türkmenistanyň rezidenti bolup durýan edara görnüşli tarap üçin 8 göterim; beýleki edara görnüşli taraplar üçin 20 göterim ölçegde bellenilýär. Düşewüntler we beýleki edara görnüşli taraplaryň paýçy bolup gatnaşmakda alýan beýleki serişdeler görnüşdäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim möçberinde bellenilýär.

Dürli oýunlardan alynýan girdejiler boýunça şu aşakdaky möçberler bellenilýär:

her bir oýun awtomat üçin günde 400 müň manat. Her bir oýun stoly üçin 500 müň manat. Her bir oturylýan ýer üçin günde 100 mün manat ýa-da bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin günde 40 müň manat ýa-da tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin 500 müň manat.

Oýnuň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberi ulanylýar.

Harytlary, işleri, hyzmatlary ýerleşdirmekde alynýan jemi girdeji salgytlaryň ähli görnüşlerinde bazar nyrhlary esasynda kesgitlenilýär.

Girdejiler hasabat (salgyt) döwründe şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlar etmekden girdejiler tölegiň pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk (işler, hyzmatlar) görnüşinde hakyky gelip gowşuşyna garamazdan, harytlaryň iberilmegi ýerine ýetirilen, hyzmatlar edilen hasabat (salgyt) döwründe alnan diýlip hasap edilýär.

Salgyt salmak üçin harytlaryň işleriň, hyzmatlaryň bahasyny kesgitlemekde şeýle ýagdaýlara üns berilmeli. Ýagny salgyt salmagyň maksady üçin geleşigiň taraplarynyň harytlara, işlere, hyzmatlara ulanan bahasy kabul edilýär. Emma munuň şeýle däldigi salgyt gulluklarynyň barlaglary netijesinde subut edilýänçä bu baha bazar bahasy bolup durýar diýip çak edilýär. Salgyt gulluklary özleriniň barlaglary ýa-da ýerlerdäki döwlet hasabaty edaralarynyň maglumatlarynyň we beýleki resmi maglumat çeşmelerinden alyp bilner. Salgyt töleýjileriň ulanylan bahalary bazaryň hakyky bahasyndan 20 göterimden köp tapawutlanýan (kem bahada satylan) ýagdaýynda, salgyt gullugy degişli harytlara (işlere, hyzmatlara) bazaryň hakyky nyrhlaryndan ugur alyp, salgydy hasaplamak we bellemek barada esaslandyrylan çözgüt kabul etmäge haklydyr. Bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin aşakdaky ulanylyp biliner. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar lomaý bahasynyň döwlet hasabaty edaralaryndan alnan, şunuň ýaly bahalaryň arasynda 15 göterim çäklerinde emele gelen göterime görä azaldylan, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bölek satuw bahasy baradaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenen usuly we beýleki usullary ulanylyp bilner.

Girdejiden goşulan baha üçin salynýan salgyt we goşmaça tölegler (aksiz) aýrylýar. Maddy çykdajylar, şol sanda soňra ýerlemek üçin niýetlenen harytlary satyn almak üçin edilen harajatlar, zähmete hak tölemek üçin çykdajylar, harytlary ýerlemek bilen baglanyşykly we ýerlemekden daşary çykdajylar we ýitgiler

aýrylýar. Bu harajatlaryň düzümi barada 1676 belgili Prezidentiň öňki kabul eden karary güýjünde galýar. Şonuň ýaly-da, salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin bir topar aýrylmalar aýrylýar. Galan peýdadan emläk salgydy aýrylýar.

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça ýörite beýannama berilýär. Bu beýannamada salgydyň özeni we ol boýunça hasaplanan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi görkezilýär. Mysal üçin jemi girdeji öz içine şulary alýar. Harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden gelen girdeji, ýerlemekden daşarky amallardan alnan girdejiler, salgyt özenine düzedişler girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini köpeldýän we azaldýan pul girdejiler, şeýlelikde düzedişleri hasaba almak bilen jemi girdeji anyklanylýar. Bularyň tertibi salgytlar hakynda bitewi kanunda giňişleýin görkezilen, şonuň ýaly-da salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar, şol sanda harytlar ýerlenilen, işler ýerine ýetirilen, hyzmatlar edilen mahaly goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberi, goşmaça tölegler, öň salgyt salynan beýleki edara görnüşdäki taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynan diwidendler we beýleki girdejiler, harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen bagly çykdajylar (şol sanda maddy çykdajylar, zähmet hak tölemek). Döwlet durmuş ätiýaçlandyryşyna geçirimler, könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi, beýleki çykdajylar we ýitgiler, ýerlemekden daşarky çykdajylar (zyýanlar); emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin salgyt, beýleki bellenilen aýyrmalar, ýerlenilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (şol sanda olaryň muzdsyz berilmegi) ilki başky (balans) bahasy bilen olar ulanylan döwürde könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberiniň arasyndaky tapawut, salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenen halatlarynda aýyrmalary köpeldýän pul möçberler we aýyrmalary azaldýan pul möçberler, düzedişleri hasaba almak bilen salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar, Türkmenistanyň hökümetiniň ätiýaçlyk daşary ýurt pulundaky goruna gönükdirilýän serişdeler, peýda ýa-da zyýan anyklanylýar.

*Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň möçberi* ep-esli kemeldildi. Bu salgydy işgärleriň alan zähmet haklaryndan tutup býujete geçirmäge edara görnüşli taraplar – salgyt ýumuşçysy borçlydyrlar. Öň ýokary salgyt möçberi 12 göterime barabar bolsa, häzirki wagtda ol 10 göterime çenli aşaklandy. Şunuň ýaly-da, şu aşakdakylaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir.

- Türkmenistanyň Gahrymany;
- Türkmenistanyň "Weteranlaryň hukuk derejesi, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirmek hakynda" kanuna laýyklykda weteranlar derejesine degişli edilen adamlar;
- söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar; çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplary;
- "Edermenlik" medaly bilen sylaglanan adamlar üçin hasaplanan salgydyň möçberi, olaryň alýan ähli girdejileri boýunça 50 göterim azaldylýar. Şeýle boşatmalary (ýeňillikleri) ulanmaga hukuklary tassyklamak adamlaryň bellenen tertipde resminamalary (olaryň nusgalaryny) görkezmekleri esasynda amala aşyrylýar.

Daşary ýurduň döwlet gullugyna duran raýatyň hakyna tutma işden alan girdejileri, öň oňa şol döwletde salgyt salmaga degişli bolsa, indi degişli däldir. Mundan başga-da, şu aşakdaky ýeňillikler göz öňünde tutulýar:

- islendik şahsy tarap Türkmenistanyň Kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň (50) manat möçberinde aýryp bilýär. Tebigy hadysalar (ýüze çykanlygy) bolup geçenligi sebäpli we şoňa gatnaşyp maýyp bolan şahsy toparlara iň pes iş hakynyň 4 essesi möçberinde ýeňillik berilýär. Mundan başga-da, öz garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap Türkmenistanyň Kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň 1 essesi möçberinde, her bir eklenip bilmeýän adam üçin görkezilen salgyt aýyrmasy degişlidir. Salgyt töleýji üçin eklençdäki adam diýip, onuň doly eklenjinde bolan ýa-da ondan hemaýat alýan, bu kömek onuň ýaşaýşynyň hemişelik we esasy çeşmesi bolup durýan maşgala agzasy ykrar edilýär.

Eklençdäki adama, şular degişli edilýär:

- salgyt töleýjiniň olary saklamak üçin töleg (aliment) töleýän ýa-da tölegi alýan şahsy taraplary;

- döwlet tarapyndan olary saklamak üçin raýatlara hemaýat puly tölenýän çagalar; çaga doglanlygy bilen baglanyşykly, hak alman zähmet rugsadynda bolýan aýallar;

- çaga seretmek üçin döwletiň hemaýat puluny alýan şahsy tarap, eger olarda başga özbaşdak girdeji çeşmesi bolmadyk ýagdaýynda.

Eklençdäki adama aşakdakylar degişli edilmeýär:

- talyp hakyny we pensiýa alýan adamlar, şeýle hem döwletiň eklenjinde bolýan beýleki adamlar;

- çaga doglanlygy bilen baglanyşykly, hak alyp zähmet rugsadynda bolýan aýallar;

- eklençdäki adamyň ony saklaýan salgyt töleýji bilen bile ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna garamazdan, salgyt aýyrmalary berilýär;

- döwlet goragynda mahaly, şeýle hem Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa-da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe ýaralanma, seňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan, söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we aýaly (adamsy) üçin Türkmenistanyň Kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üç essesi möçberinde töleg tölenilýär. Salgyt töleýji şu bitewi kanunyň “a”- “d” bentlerinde görkezilenler babatynda birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasy ulanylýar.

Salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we (ýa-da) saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr.

Ýerli ýygymlara şu aşakdakylar girizildi:

- mahabatlandyrma ýygymyň möçberi üýtgemän galdyryldy. Mysal üçin, Aşgabat şäheri üçin mahabatlandyrma üçin harajatlarynyň bahasynyň 5 göterimi, welaýat merkezi bolup durýan şäher üçin 4 göterimi;

- beýleki ilatly ýerler üçin mahabatlandyrma harajatlarynyň bahasynyň 3 göterimi;

- awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygym 5 göterimligine galdy. Şeýle-de, itleriň eýelerinden alynýan ýygym (gulluk itlerinden başga) iň az iş hakynyň (50 manat) bellenen möçberiniň 0,4 derejesinde ýyllyk görnüşinde bellenildi.

Esasy ýygymlaryň biri-de awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymdyr. Bu ýygymyň möçberi awtoduralganyň meýdanynyň 1 inedördül metrine Aşgabat şäheri üçin 1,5 manat derejede, welaýat merkezleri we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin 1,2 manat, beýleki ilatly ýerler üçin 90 teňňe derejede bellenilýär.

Salgytlar hakynda bitewi kanunyň kabul edilmegi aýratyn guwandyryjy wakadyr. Şunuň bilen baglylykda käbir üns berilmeli we anyklanylmagy ýagdaýlar ýüze çykýar.

Kärhanalar alan peýdasyndan 3 göterim oba hojalyk gaznasyna, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin edara görnüşli taraplardan salgyt salynýan peýdadan 1 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Şeýlelikde kärhanalar býujete tölenýän salgytlary we ýygymlary dogry hasaplamaga we öz wagtynda geçirmäge borçlydyrlar.

Kärhanalaryň töleýän salgytlary esasan birinji derejeli býujetiň girdejilerini emele getirýärler. Esasy umumydöwlet salgytlaryndan kadalaşdyryjy çeşme hökmünde Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine gönükdirilýär.

Birinji derejeli 2009-njy ýylyň býujetinde kärhanalaryň töleýän salgytlarynyň tutýan orny şu aşakdakydan ybarat:

**Tablisa №17**

| **Salgyt we ýygymlar** | **Girdejiler** |
|---|---|
| 1. Ilatdan alynýan salgytlar | 4,1 |
| Peýdadan alynýan salgyt | 21,2 |
| Emläk üçin salgyt | 1,1 |
| Goşulan baha üçin salgyt | 26,5 |
| Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 25,4 |
| Goşmaça tölegler (aksizler) | 8,7 |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler | 7,7 |
| Beýleki girdejiler | 5,3 |
| **Jemi:** | 100% |

Görşümiz ýaly bu salgyt we geçirimleriň arasynda esasy orny goşulan baha üçin salgyt, ýerasty baýlyklaryndan peýdalananlygy üçin salgyt we peýdadan alynýan salgyt eýeleýär.

Ýerli býujetleriň öz çäklerindäki girdejilerden, ýagny döwlet salgytlaryndan olaryň býujetini kadalaşdyrmak maksady bilen geçirimler 2009-njy ýylyň býujetinde şu aşakdaky ýaly göz öňünde tutulan:

**Tablisa №18**

| Welaýatlar we Aşgabat şäheri | Goşulan baha üçin salgytdan | Peýdadan alynýan salgytdan | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 55% | 55% | 55% |
| Ahal welaýaty | 25% | 24% | 25% |
| Balkan welaýaty | 18% | 20% | 18% |
| Daşoguz welaýaty | 95% | 95% | - |
| Lebap welaýaty | 85% | 84% | 85% |
| Mary welaýaty | 24% | 25% | 24% |

Ýokardaky maglumatlardan görnüşi ýaly, her bir welaýat öz çäklerindäki kärhanalaryň peýdaly, netijeli işlemegine höweslenýär. Şeýle-de salgytlaryň öz wagtynda we doly gelmegine gözegçilik edýärler. Mundan başga-da ýerli tabynlykdaky kärhanalaryň töleýän salgytlary ýerli býujetlere gönükdirilýär. Şeýlelikde bu kärhanalaryň netijeli işlemegi üçin şert döretmäge ýerli häkimlikler borçlydyrlar.

Gaýtalamak üçin soraglar.

1. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileriniň düzümi nähili, ol nähili usullar bilen kesgitlenilýär?
2. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejilerini artdyrmagyň ýollary nähili?
3. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileri haýsy ugurlara paýlanylýar?
4. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileri üçin geljek ýyllara meýilnamalar nähili düzülýär?

## TEMA 5. JEMI GIRDEJI, JEMI PEÝDA, PUL – MAÝA TOPLUMLARY WE DÜŞEWÜNTLILIK

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Jemi girdeji hem-de onuň paýlanylyşy
2. Önümi satmakdan alnan peýda we umumy peýda
3. Peýdanyň paýlanylyşy, meýilnamalaşdyrylyşy we düşewüntliligi
4. Peýdadan alynýan salgyt we maýa toplaýyş we sarp ediş pul toplumlary
5. Peýdanyň we düşewüntliliginiň seljerilişi

5.1. Her bir kärhanada öndürilen umumy girdeji bütin jemgyýetiň jemi milli girdejisiniň esasyny düzýär. Kärhananyň umumy pul girdejisinden arassa material harajatlary aýranyňdan soň galan bölegi umumy girdeji bolup durýar. Her bir kärhanada umumy girdejiniň artdyrylmagy ýurdumyzyň milli girdejisiniň artmagyna mümkinçilik berýär. Milli girdejiniň artmagy öz gezeginde býujetiň girdejisiniň artmagyna, halkyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna getirýär. Umumy girdejiniň paýlanylyşy şu aşakdaky şekilden belli bolýar.

Ýurdumyzyň jemi milli içerki önümi 2007-nji ýylda 124784 mlrd. manada golaý boldy, bu san senagat kärhanalarynda 47434 mlrd. manat möçberinde boldy, şol ýylda peýdadan alynýan salgydyň möçberi 5364,8 mlrd. manat, goşulan baha üçin salgyt 5708,2 mlrd. manat, aksizler 1221,3 mlrd. manat, durmuş ätiýaçlyk pensiýa we durmuş üpjünçilik toplumlaryna geçirilýän serişdeler 3505,9 mlrd. manat boldy. 2008-nji ýylda jemi içerki önüm 10,5% ösdi.

Kärhanalaryň peýdasy ýokary depginler bilen artýar. Mysal üçin 2006-njy ýylda jemi pudaklar boýunça alynan peýda 2005-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 26% artypdyr. Senagat pudaklarynda bolsa 36.9% ýokarlanypdyr. Bu önümçiligiň ýokary depginler bilen ösmekligi netijesinde gazanylypdyr. 2007-nji ýylda alynan peýda 30101,9 mlrd. manat bolup, ol 2006-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 139,3% boldy. Ösüş depgini öňküdende ýokarlandy.(Seret tablisa №19)

**Tablisa №19**

**Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça kärhanalaryň we guramalaryň balans peýdasy[1]**

**mlrd.manatda**

| | 2000 | 2006 | 2007 |
|---|---|---|---|
| Peýda - ählisi | 8662,7 | 21605,1 | 30101,9 |
| **şolardan esasy pudaklar boýunça kärhanalaryň we guramalaryň peýdasy:** | | | |
| Senagat | 4683,2 | 12578,3 | 17946,0 |
| Oba hojalygy | 1118,5 | 989,9 | 1563,8 |
| Gurluşyk | 131,6 | 575,4 | 722,1 |
| Ulag we aragatnaşyk | 668,8 | 1177,5 | 1521,5 |
| Söwda we jemgyýetçilik iýmiti | 111,4 | 5521,4 | 7110,9 |
| Üpjün ediş we ýerleşdiriş | 45,3 | 136,1 | 115,7 |
| Önüm taýýarlaýyş | 0,9 | 18,6 | 76,5 |
| Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy | -45,9 | 4,2 | 46,0 |

5.2. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir kärhananyň ahyrky netijesi peýdanyň möçberi bilen kesgitlenilýär. Peýda kärhananyň görkezijileriniň biridir. Peýda iki bölekden durýar:

**Şekil №3**

<table>
<tr><td colspan="5">Önümi satmakdan gelen pul girdeji</td></tr>
<tr><td rowspan="3">Maddy we material harajatlar (çig mal we materiallar, kömekçi materiallar, ýangyç, elektroenergiýa, ýarymfabrikatlar) köneliş tutumy</td><td colspan="4">Umumy girdeji</td></tr>
<tr><td>Esasy we goşmaça zähmet haky</td><td colspan="3">Sarp ediş we maýa toplumlary</td></tr>
<tr><td>Goçmaça tölegler</td><td>Peýda</td><td>Goşulan baha üçin salynýan salgyt</td><td>Peýda salynýan salgyt, emläk salgydy we beýlekiler</td></tr>
</table>

1. Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda.
2. Önümçilik bilen bagly däl işlerden alnan peýda.

Peýdanyň esasy bölegini önümi ýerleşdirmekden alnan peýda düzýär. Kärhanada esasy görkeziji hökmünde umumy peýda, ýagny balansdaky peýda çykyş edýär. Umumy peýda her bir çärýekde balansyň passiw tarapynda görkezilýär. Peýda diňe önüm satylandan soň, kärhananyň hasaplaşyk hasabyna pul gelenden soň kesgitlenýär. Önüm satylmasa kärhana hiç hili pul almaýar. Mysal üçin, kärhana 100 mln. manatlyk önüm öndüripdir, şoňa-da 60 mln. manat harajat edýär. Önümi satmakdan alynmaly peýda 40 mln. manat. Emma kärhana şol aýda 50 mln. manatlyk önüm satypdyr we hasaplaşyk hasabyna puly gelýär, ondan 30 mln. manat harajat aýrylýar. Önümi ýerleşdirmekden alynan peýda 50-30=20 mln. manat, kärhananyň balansynda görkezilýär. Önümi ýerleşdirmekden alnan peýdany kärhana öz hasabatynda görkezýär.

Önümi satmakdan geljek ýyldaky peýdanyň möçberi balans usulyny ulanyp şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$P_0 = P_1 + P_0 - P_2$$

$P_0$ – önümi satmakdan alynmaly peýdanyň möçberi.

$P_1$ – ýylyň başyna geçen ýyldan satylman galyp öňümizdäki ýyla geçýän önümlerden görülmeli peýda.

$P_0$ – geljek ýylda öndürilen harytlyk önümlerden alynmaly peýdanyň möçberi.

$P_2$ – geljek ýylda satylman soňky ýyla geçjek önümlerden alynmaly peýda.

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 2008 ýyl, 115 sah., Aşgabat, 2007 ýyl

Her bir kärhana üçin diňe önüm ýerleşdirmekden alnan peýdanyň ähmiýeti bolman, ähli işleri boýunça alnan jemi peýdanyň ähmiýeti ýokarydyr.

Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda şu aşakdaky ýaly hasaplanylýar. Önümi satmakdan gelen pul girdejiden-goşulan baha üçin salgydy-aksizler-önümiň özüne düşýän gymmaty-önümi satmak bilen bagly harajatlary aýyrsaň – önümi ýerleşdirmekden alnan peýda bolýar. Bu çärýeklik, ýyllyk hasabatda görkezilýär.

Kärhana bellenen tertipde maliýe hasabatyny tabşyrmaga borçlydyr. Maliýe hasabaty şol kärhananyň (guramanyň) hasabat döwründäki emläk we maliýe ýagdaýyny görkezýän görkezijiler ulgamydyr, şeýle hem hasabat döwründäki işiniň maliýe netijesidir.

**Tablisa №20**

**Senagat pudaklary boýunça senagat kärhanalarynda öndürilen önümleri ýerleşdirmekden gelen peýda[1]**

**mlrd.manatda**

| | 2000 | 2006 | 2007 |
|---|---|---|---|
| Ähli – senagat | 4469,2 | 6798,7 | 9797,2 |
| **şol sanda:** | | | |
| Ýangyç energetika pudaklary | 3868,6 | 6114,1 | 8067,1 |
| Maşyn gurluşygy we metal işläp bejerýän senagat | 28,8 | 72,9 | 300,1 |
| Himiýa we nebit himiýasy | 28,7 | 36,1 | 129,8 |
| Gurluşyk materiallary senagaty | 41,6 | 329,7 | 430,1 |
| Ýenil senagat | 300,4 | -55,3 | 372,1 |
| Azyk senagaty | 160,0 | 172,9 | 326,1 |
| **şolardan:** | | | |
| Iýmit-tagam senagaty | 155,4 | 157,9 | 303,9 |
| Et we süýt senagaty | 3,7 | 6,8 | 11,2 |
| Balyk senagaty | 0,9 | 8,2 | 10,6 |
| Beýleki pudaklar | 41,1 | 128,9 | 177,9 |

Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk maliýe hasabatlylygynyň düzümine şular girýär:

- Buhgalterlik balansy;
- Maliýe netijeleri hakynda hasabat;
- Buhgalterlik hasaba alnyşynyň döwlet düzgünleşdirmegini amala aşyrýan guramalar tarapyndan bellenilýän balansa goşmaça;
- Maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan düşündiriş ýazgy;
- Hökmany auditorlyk barlagyna degişli bolan kärhanalar (guramalar) üçin auditorlyk netije.

Kärhananyň jemi peýdasy şeýle kesgitlenýär: önümi ýerleşdirmekden gelen peýdanyň üstüne başga kärhanalara paýçy hökmünde gatnaşyp alan girdejisi, başga kärhananyň paýnamasyny satyn alyp şondan alýan diwidendleri goşulýar, banklar-

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 2008 ýyl, 116 sah., Aşgabat, 2007 ýyl

-dan ýa-da depozit hasapnamalardan alynýan %-ler, emlägi kärendesine berip alan kärende haky goşulýar, şonuň ýaly-da öň satyn alnan esasy serişdeleri satmakdan alnan peýda, Türkmenistanyň çäginden daşardaky satyn alnan paýnamalardan, obligasiýalardan gelýän girdejiler üstüne goşulýar. Mundan daşary başga kärhanadan, ýagny şertnamany bozanlygy üçin alnan jerimeler, öwezini dolmalar munuň üstüne goşulýar. Emma başga kärhanalara tölenen jerimeler, öwezini dolmalar, puşmanlar aýrylýar. Möhleti geçen bergiler peýdanyň üstüne goşulýar, algylar bolsa aýrylýar. Eger hereket edýän bolsa kazinolardan, oýun oýnalýan awtomatlardan gelýän girdejilerden-olara edilen çykdajylary aýyrmak bilen, tomaşa jaýlaryndaky konsertlerden alnan girdeji goşulýar, emma salgyt gulluklaryna tölenen jerimeler, puşmanlar galan peýdadan aýrylýar, anygy ol kärhananyň hojalyk hasaplaşyk girdejisinden aýrylýar. Jemi peýdanyň düzümini şu tablisa esasynda häsiýetlendirip bolar.

**2008-nji ýylyň ýyllyk üçin №2-maliýe görnüş**

**(1 çärýegi, ýarym ýyly, 9 aýy, ýyllyk)**

## “MALIÝE NETIJELER WE OLARYŇ ULANYLŞY BARADA HASABAT”

**1. Maliýe netijeler** **(müň manat)**

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Peýdalar | Zyýanlar |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji) | 010 | 2800 | X |
| Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirme | 011 | x | - |
| Bellenen tertipde ýerlemekden alnan girdejiden aýrylan çykdajylar we geçirimler | 012 | x | - |
| Goşulan baha üçin salgyt | 015 | x | 420 |
| Goşmaça tölegler | 020 | x | 80 |
| Ýerlenilen önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmek üçin harajatlar | 040 | x | 1200 |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekligiň netijesi (010 setirden aýyrmaly 011, 012, 015, 020 we 040 setirleri) | 050 | 1100 | - |
| Gaýry ýerlemekligiň netijeleri | 060 | 50 | - |
| Ýerlemekden daşary amallar boýunça alnan girdejiler we çykdajylar (071-075 setirleriň jemi) | 070 | 90 | 50 |
| Şol sanda: gymmatly kagyzlardan we bilelikdäki kärhanalara şärikli gatnaşmakdan | 071 | 20 | X |
| emlägi kärendesine bermekden alnan girdeji | 072 | 10 | X |
| algy-bergileriň hasapdan öçürilmeginden | 073 | 50 | 30 |
| daşary ýurt pullarynyň hümmetiniň üýtgemeginden | 074 | - | - |
| gaýry girdejiler we çykdajylar | 075 | 10 | 20 |
| **Peýdalaryň we zyýanlaryň jemi** (050, 060, 070 setir.jemi) | 080 | 1240 | 50 |
| Balans boýunça peýda (zyýan) (080 setiriň 3 süt.-4 sütüni) | 090 | 1190 | - |
| Hasabat döwrüni peýda (3 sütünde) ýa-da zyýan (4 sütünde) bilen jemlän kärhanalaryň sany (jemleýji hasabat üçin) | 091 | - | - |
| MAGLUMAT ÜÇIN: Haryt dolanyşygy | 100 | 2800 | - |

Jemi (balansdaky) peýdanyň has anyk düzümi.

a) Önüm ýerleşdirmekden gelen pul girdejileri.

b) Goşmaça tölegler we goşulan baha üçin salgyt.

ç) önümleri öndürmek üçin harajatlar.

d) önüm ýerleşdirmekden alynýan peýda + ýa-da – zyýan (a-b-ç)

e) önüm satmaklyk bilen bagly däl girdejiler: başga kärhanalarda paý esasda gatnaşmakdan gelýän girdejiler, diwidentler, gymmat bahaly kagyzlardan gelen göterimler, emlägi kireýine bermekden gelen girdejiler, jerime sanksiýalar, alynany, öwezini dolmalar.

ä) Önüm satmak bilen bagly däl harajatlar, tölenen jerimeler, öwezini dolmalar we beýlekiler.

f) Kazino-pul utuşly oýnalýan awtomatlardan gelen pul girdeji, lotereýa, audio, wideo kassetalardan, tomaşa jaýlaryndan we beýlekilerden gelen pul girdejiler şolara edilen harajatlary we salgytlary aýrandan soň. Jemi balansdaky peýda = (D+E-Ä+F).

Kärhanalarda alynýan balans peýda №2 maliýe görnüşde öz beýanyny tapýar. Bu maliýe hasabatynyň möhüm bölegidir. Bu hasabatda, çärýekde, 6 aýda, 9 aýda we 12 aýda ösüş bilen önümleri ýerlemekden alynan pul girdejisi, şol pul girdejiden aýrylýan çykdajylar we GBüSS, goşmaça tölegler, ýerlenen önümleri öndürmek üçin harajatlar, önümleri ýerlemekligiň netijesi (peýda ýa-da zyýan) şonuň ýaly-da balans peýdany emele getirýän ýerlemekden daşary amallar boýunça alynýan girdejiler (goşulýar) we çykdajylar (aýrylýar) we balans peýda görkezilýär (seret №2 maliýe görnüşe).

**2. Peýdanyň ulanylyşy** **(müň manat)**

| Görkezijiler | | Setiriň belgisi | Hasabat döwrüniň ahyryna |
|---|---|---|---|
| 1 | | 2 | 3 |
| Býujete tölegler | | 200 | 94 |
| Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna | | 205 | 36 |
| Ätiýaçlyk gora | | 210 | 100 |
| Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna | | 215 | 12 |
| Bölündi: toplaýyş gaznalara | | 220 | 285 |
| sarp ediş gaznalara | | 230 | 285 |
| haýyr-sahabat maksatlara | | 250 | 285 |
| gaýry maksatlara | | 260 | 93 |
| 260-njy setirden: | býujete salgytlar we gaýry tölegler boýunça puşmana tölegler we jerimeler | 261 | 13 |
| | banklaryň we gaýry karzlaryň göterimi | 262 | 80 |
| | ykdysady jerimeler | 263 | - |
| | geçen ýyllaryň zyýanyny ýapmaga | 264 | - |
| | | 265 | - |
| **JEMI :** | | | **1190** |

Şol hasabatda hasabat döwrüniň ahyryna peýdanyň ulanylyşy barada maglumatlar getirilýär (seret №2 maliýe görnüşe).

5.3. Ykdysady gural (ryçag) hökmünde peýdanyň ähmiýeti, ony paýlanyňda ýüze çykýar. Peýda şu aşakdaky ýaly paýlanylýar: peýdadan ilki bilen döwlet býujetine tölenilýän emläk salgydy aýrylýar. Ähli eýeçilik görnüşdäki kärhanalar (ýeňillikden peýdalanýandan başgasy) býujete peýdadan salgyt tölemeklige borçlydyrlar. Galany kärhananyň hojalyk hasaplaşygyndaky girdejisi bolup, ol şu aşakdaky ýaly paýlanylýar, kärhana bankdan uzak möhletli karz alan bolsa, onda şony we şonuň üçin tölenýän göterimleri aýrylýar. Kärhanalarda galan peýda iki bölege bölünýär, ýagny maýa toplamak üçin we sarp etmek üçin. Önümçiligi ösdürmek üçin maýa toplaýyş serişdelerine peýdadan başga amortizasiýa gaznada peýda goşulýar. Eger kärhana gerekmejek serişdelerini satan bolsa, şol serişdeleri satmakdan gelen pul serişdeleri goşulýar. Önümçiligi ösdürmek üçin serişdeler şu aşakdaky maksatlara gönükdirilýär: düýpli gurluşyga, täze esasy serişdeleri satyn almaklyga, esasy serişdeleriň düýpli bejergisine harçlanylýar. Döwlet we beýleki eýeçilikdäki kärhanalarda önümçiligi ösdürmek, maýa toplaýyş we beýleki serişdeler mydama olaryň ygtyýarynda galýarlar. Önümçiligi durmuş taýdan ösdürmek üçin serişdeler şu aşakdakylara gönükdirilýär: kärhananyň işçi gullukçylary üçin, ýaşaýyş jaý, sagaldyş merkezlerini, öýlerini, profilaktoriýalary gurmaklyga, abatlaýyş etmeklige, çagalar edaralaryny, hassahanalary gurmaklyga, işçi we gullukçylaryň hünärini artdyrmak bilen bagly harajatlara we ş.m.

Peýdany artdyrmagyň ýollary:

1. Öndürilen önüm ýokary peýda derejesini üpjün edýän bolsa, onda firma pul serişdelerini gaýgyrman önümçiligi artdyrmaklygy ýola goýýar. Munuň üçin köp smenalaýyn işi gurnaýar. Täze tehnika we tehnologiýa önümçilige ornaşdyrylýar, ýagny ýokary derejede onuň giňeldilmegini üpjün edýär. Alyjylaryň şol önüme bolan islegini ymykly öwrenýär, ýagny täze alyjylary gözlemekligi ýola goýýar. Önümiň hilini ýokarlandyrmaga üns berýär. Marketing-mahabatlandyrma işini ymykly ýola goýýar.

2. Her bir önümiň özüne düşýän gymmatyny peseldýär, çig mal we materiallar tygşytly ulanylýar. Şonuň üçin ýokary hilli täze materiallary hem-de şolary tygşytly ulanmaklyga mümkinçilik berjek täze tehnologiýa önümçilige ornaşdyrylýar.

3. Islegleri (konýunkturany) ymykly öwrenip, kärhana harytlaryň nyrhyny ýokarlandyryp biler, bu bolsa peýdanyň artmagyna getirýär. Telekeçiler monopol ýagdaýy özüne üpjün edip, nyrhlary ýene ýokary derejede ösdürip bilerler, emma bu önümçilik bilen bagly peýda däldir: şeýle bolanda döwlet bu monopol ýagdaýyň garşysyna çäreler belleýär.

4. Öndürilen önümleri yzygiderli artdyrmak, geljekde peýdany artdyrmagyň esasy faktory bolsa-da, hakyky peýda öndürilen önümleri satmaklykdan alynýar. Şonuň üçin firmalarda öndürilen önümleri ýokary nyrhdan satmaklygyň ähmiýeti firma üçin ýokarydyr. Şonuň üçin bazary öwrenmek ylmy-marketingi giňden ýola goýýar we ulanýar. Harytlary eksport etmegiňde ähmiýeti ýokarydyr. Käbir kärhanalar önümiň özüne düşýän gymmatyny peseldip, nyrhlary peseldýär we bazary eýeleýär, ýagny köp önüm satyp peýdany artdyrýar.

Peýdanyň möçberini, her bir edilen işiň peýdalylygyny häsiýetlendirýän görkeziji bar. Oňa düşewüntlilik diýilýär. Düşewüntlilik şu aşakdaky görkezijilerden ybarat:

Kärhananyň düşewüntliligi möhüm görkeziji bolup, ol şu aşakdaky formula bilen kesgitlenilýär: **BP/ÖHs+Dsş100%**

**BP** – balansdaky peýda, çärýekde ýa-da ýylda.

**ÖHs** – önümçilik serişdeleriň bir çärýekde ýa-da ýylda ortaça gymmaty.

**Ds** – dolanyşyk serişdeleriň bir çärýekde ýa-da ýylda ortaça ululygy.

Önümçilik serişdeleriň çärýekde (ýyldaky) möçberi şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

1/2+ýanwar+fewral+mart+aprel+maý+iýun+iýul+awgust+sentýabr+oktýabr + noýabr+dekabr+ýanwar 1/2:12

2. Önümçiligiň düşewüntliligi. Önümçiligiň düşewüntliligi şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda x 100% önümçilik harajatlaryň bir ýyldaky möçberi (P x 100% OH)

3. Taslamadaky düşewüntlilik. Taslamada göz öňüne tutulan önümlerden alynmaly peýda 100-e köpeldilýär, paýlanylýar taslamada göz öňüne tutulan önümleriň düşýän gymmatyna.

4. Esasy gaznalaryň düşewüntlilik derejesi. P/ÖHs.

5. Aýry-aýry önümleriň düşewüntlilik derejesi.

Aýry-aýry önümleri satmakdan alnan peýda 100-e köpeldilýär, paýlanylýar aýry-aýry önümleriň özüne düşýän gymmatyna.

6. Düýpli maýa goýumlaryň düşewüntliligi.

Düýpli maýa goýumlardan göz öňünde tutulan peýda x 100/düýpli maýa goýumlaryň möçberi.

5.4. Türkmenistanyň çäginde eýeçiligiň ähli görnüşindäki edara görnüşli taraplar öz alan peýdasyndan hökmany suratda býujete salgyt tölemäge borçlydyrlar. Olardan esasysy peýdadan alynýan salgyt bolup, onuň möçberi şu derejede bellenilýär. 8 göterim – edara görnüşli taraplar – Türkmenistanyň dahyllylary (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakynadky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) üçin, 20 göterim – beýleki edara görnüşli taraplar üçin. Düşewüntler (diwidendler) we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim ölçegde bellenilýär. Her bir oýun awtomaty üçin 30 manat. Her bir oýun stoly üçin günde 370 manat. Her bir oturylýan ýer üçin günde 7 manat. Bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän ber bir kassa üçin günde 38 manat.

Hünärli oýun işiniň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän halatynda, salgydyň has ýokary möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylýar.

Has ýeňillikli salgyt möçberide ulanylýar. Mysal üçin, hususy telekeçiligi ösdürmek maksady bilen hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin girdeji salgydynyň möçberi 2 göterimdir. Salgyt töleýjiler her çärýekde peýdadan alynýan salgyt boýunça beýannama salgyt gulluklaryna bermelidirler. Bu beýannamada jemi girdejiniň möçberi, salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar, şol sanda GBüS, goşmaça tölegler, öň salgyt salynýan beýleki edara görnüşindäki taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidendler we beýleki girdejiler. Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen bagly çykdajylar. Oňa şu aşakdakylary goşmak bilen maddy çykdajylar, zähmete hak tölemek boýunça çykdajylar, könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi, beýleki çykdajylar (zyýanlar), emläk salgydy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt we beýleki bellenilen aýyrmalar. Şeýlelikde bular aýrylyp, salgyt özeni kesgitlenilýär we tölenmeli salgydyň möçberi anyklanylýar.

**Şekil №4**

**Kärhananyň peýdasynyň emele gelşi hem-de paýlanyş şekili**



Has anygy, salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin salgyt aýyrmalara aşakdaky görkeziljek girdejiler, şeýle hem peýdanyň alynmagyna gönükdirilen telekeçilik we gaýry işler bilen baglanyşykly çykdajylar we ýitgiler goşulýar. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalar hökmünde şular kabul edilýär:

- harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende goşulan baha üçin salgydyň hasaplanan pul möçberi, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerlenýän bahasyna olary öndürijiler tarapyndan goşulýan goşmaça tölegiň pul möçberi, şeýle hem goşulan baha üçin salgydyň harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň möçberindäki, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryndaky pul möçberi;

- Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan düşewüntler we beýleki girdejiler;

- oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler;

- harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), aşakdakylary goşmak bilen:

maddy çykdajylar; zähmete hak tölemek üçin çykdajylar; döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler; könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi; beýleki çykdajylar we ýitgiler;

- ýerlemekden daşary çykdajylar (zyýanlar);

- emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin salgyt.

Jemi girdejiniň düzüminden Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilýän serişdeler aýrylýar.

Şol bir harajatlar birnäçe çykdajy maddalarynda göz öňünde tutulan bolsa, onda salgyt salynýan girdeji hasaplananda görkezilen harajatlar diňe bir gezek aýrylýar. Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdejilere degişli çykdajylar (harajatlar) aýratynlykda hasaba alynýar. Çykdajylary aýratyn hasaba almak mümkin bolmadyk halatynda, olar salgyt töleýjiniň ähli girdejileri jemi möçberindäki degişli girdejisiniň paýyna barabarlykda paýlanylýar. Ýokarda görkezilen aýyrmalar diňe olar resminamalar esasynda tassyklanan halatynda kabul edilýär.

Aýyrmalara şu aşakdakylar goşulmaýar:

- ýerleşdirmek bilen bagly bolmadyk amallara degişli çykdajylar (harajatlar);

- telekeçilik we peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar (harajatlar);

- esasy serişdeleri satyn almak, olary oturtmak (gurnamak) boýunça çykdajylar (harajatlar) we düýpli häsiýetdäki beýleki çykdajylar, şeýle hem maddy däl aktiwleriň satyn alynmagy bilen bagly çykdajylar (harajatlar);

- berilýän ýa-da yzyna gaýtarylýan ssudalar we beýleki karzlar;

- düşewüntleri ýa-da başga şuňa meňzeş, şol sanda bilelikdäki işe gatnaşyjylara tölenýän serişdeler;

- salgyt töleýjiniň başga edara görnüşli tarapyň ýa-da şereketiň esaslyk

maýasyna goýumlary;

- hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllarda alynan girdejiler;
- aýyrmalaryň düzüminde hasaba alynan salgyt döwrüniň ahyryna çenli ulanylmadyk ätiýaçlyklaryň serişdeleri;
- ulanylýan esasy serişdeler hatardan çykarylanda, olar sökülip aýrylanda alynýan materiallaryň ýa-da gaýry emlägiň gymmady;
- haýyr-sahawat maksatlary üçin alynan emläk göz öňünde tutulan maksatlary üçin ulanylmadyk ýagdaýynda bu emlägiň gymmady;
- inwentarizasiýanyň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy baýlyklaryň artyk gelýän bölekleriniň gymmady;
- gaýry ýerleşdirmekden gaýry girdejiler.

Jemi girdejiniň düzümine şu aşakdaky girdejiler goşulanok:

- sermaýa gaznasyna gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň, paýçylaryň, agzalaryň) esaslyk maýa gatançlary, paýnamalary (paýlary) ýerleşdirmegiň bahasyndan olaryň nominal bahasyndan (ilkibaşky möçberinden) artyk gelmegi görnüşindäki girdejini hem goşmak bilen;
- gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda ýa-da ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, gatnaşyjy (paýdar, paýçy) tarapyndan edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alnan serişdeler;
- şereketden çykylanda ýa-da ýatyrylýan şereketiň emläginiň oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, bilelikde işlemek (şereket) barada ylalaşyga gatnaşyjy tarapyndan ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alnan serişdeler;
- gymmatly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňyn tapawut;
- döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi bilen býujet guramalarynyň alýan emlägi;
-býujet serişdeleriniň, döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň, mugt pullaryň (grantlaryň) we beýleki çeşmeleriň hasabyna, maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde salgyt töleýji tarapyndan alnan serişdeler we beýleki emläk;
-komissioner tarapyndan komissiýa ylalaşygy boýunça, şeýle hem baglaşylan ylalaşygyň şertlerine laýyklykda şunuň ýaly harajatlar komissioneriň çykdajylarynyň düzümine goşulmaga degişli bolmasa, komitent üçin komissioner tarapyndan geçirilen çykdajylaryň öwezini dolmagyň hasabyna alnan emläk. Görkezilenler tabşyryk ylalaşygyna ýa-da şoňa meňzeş beýleki ylalaşyklara hem degişlidir;
- edara görnüşli taraplaryň pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alan we şahsy pensiýa hasaplaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri;
- karzlar görnüşinde alnan serişdeler we beýleki emläk, şeýle hem olary üzmegiň hasabyna alnan serişdeler we beýleki emläk;

- täjirçilik däl guramalary saklamak we olaryň tertipnamalaýyn işlerini alyp barmak üçin maksatly gelip gowşan serişdeler, şol sanda agzalyk we haýyr-yhsan gatançlary, pul peşgeşleri, miras alynýan emläk;

- borçnamalary üpjün etmek hökmünde girew ýa-da tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk;

- döwlet eýeçiligi görnüşindäki edara görnüşli tarap döredilende oňa berilýän serişdeler we beýleki emläk;

- eger görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralar tarapyndan işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden) alnan serişdeler;

- edara görnüşli tarap üýtgedilip gurnalanda, şol edara görnüşli tarapyň hukuk oruntutary (oruntutarlary) tarapyndan alnan emläk;

- býujet guramalary we telekeçi däl edara görnüşli taraplar tarapyndan, şeýle hem döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan peşgeş bermek barada ylalaşyk boýunça ýa-da mugt alnan emläk (işler, hyzmatlar);

- Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda, şeýle hem pudaklaryň içinde mugt berlende ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda, edara görnüşli taraplar tarapyndan alnan emläk;

- daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsarperwerlik, maliýe we tehniki kömek taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan emläk (işler, hyzmatlar).

Salgyt töleýjiniň maddy çykdajylaryna şu aşakdakyharajatlar degişlidir:

- soňra ýerlemek üçin niýetlenen harytlary satyn almak;

- önüm öndürmekde, işleri ýerine ýetirmekde, hyzmatlary etmekde peýdalanylýan çig maly we materiallary satyn almak;

- öndürilen ýa-da ýerlenilýän harytlary gaplamak we başga hili taýýarlamak üçin, şeýle hem başga önümçilik we hojalyk hajatlary üçin peýdalanylýan materiallary satyn almak;

- gurallary, enjamlary, esbaplary, abzallary, ýörite geýimi we beýleki könelmä degişli bolmadyk emlägi satyn almak;

- gurnamaga degişli toplaýjy önümleri satyn almak;

- goşmaça işlenmäge degişli ýarymtaýýar önümleri satyn almak;

- tehnologik maksatlar, energiýany işläp çykarmak, jaýlary ýylatmak üçin harçlanylýan ýangyjy, suwy we energiýany satyn almak, şeýle hem energiýany özgertmek we geçirmek üçin çykdajylar;

- keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işleri we hyzmatlary satyn almak. Önümçilik häsiýetli işlere we hyzmatlara önümi taýýarlamak, çig maly we materiallary işläp

taýýarlamak boýunça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek, sarp edilýän çig malyň we materiallaryň hilini kesgitlemek üçin synaglary geçirmek, bellenilen tehnologiýa degişli işleriň berjaý edilişine gözegçilik etmek, esasy önümçilik serişdelerini abatlamak we başgalar degişlidir. Keseki guramalaryň ulag hyzmatlary hem önümçilik häsiýetli hyzmatlara degişlidir;

- tebigaty goramak maksatly esasy serişdeleri we gaýry emlägi saklamak we peýdalanmak, hapalaýjy jisimleriň tebigy gurşawa ýol berilýän taşlandylar (zyňyndylar) üçin tölegler we ýerleriň rekultiwasiýasy üçin çykdajylary goşmak bilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik işi we başga işler bilen baglanyşykly beýleki maddy çykdajylar.

Maddy harajatlara goşulýan haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasy olaryň satyn alnyş nyrhlaryndan, şol sanda araçy guramalara tölenilýän komissiýa haklaryny, birža ýygymlaryny, gümrük paçlaryny, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça, ýygymlary we goşmaça tölegleri, daşamak üçin çykdajylary we haryt-maddy gymmatlyklary satyn almak bilen baglanyşykly beýleki harajatlary goşmak bilen, ugur alnyp kesgitlenilýär. Maddy çykdajylaryň bahasyndan yzyna gaýtarylýan galyndylaryň bahasy aýrylýar.

Salgyt salmak maksady bilen, şu aşakdakylar hem maddy harajatlara degişlidir:

- ýerleri baýlaşdyrmaga (rekultiwasiýa) etmek we beýleki tebigaty goraýyş çäreleri üçin çykdajylar;

- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde tassyklanan, tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde haryt maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiliginden we (ýa-da) zaýalanmagyndan çekilen zyýan;

- öndürilende we (ýa-da) daşalanda tehnologik ýitgiler;

- gazylyp alynýan peýdaly magdanlar alnanda taýýarlyk işleri üçin çykdajylar.

Pul we haryt görnüşinde zähmete hak tölemek üçin çykdajylara şular degişlidir:

- kärhanada kabul edilen zähmete hak tölemek ulgamyna we görnüşlerine laýyklykda bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin iş haky;

- önümçilik netijeleri üçin baýraklar, tarif möçberlerine we wezipe aýlyk haklaryna goşmaça haklar;

- gijesine işlenendigi, köp çalşykly işde işlenendigi, hünärleriň utgaşdyrylandygy, hyzmat ediş zolagynyň giňelendigi üçin, zähmetiň agyr, zyýanly, aýratyn zyýanly şertlerinde işlenendigi üçin, iş wagtyndan artyk iş we dynç we baýramçylyk günlerinde iş üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, berilýän öwez puly häsiýetdäki tölegler;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berilýän jemagat hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý boýunça çykdajylar ýa-da olar boýunça pul öweziniň möçberleri;

- şunuň ýaly çykdajylar zähmet şertnamasynda we (ýa-da) toparlaýyn

şertnamada göz öňünde tutulan, şol sanda naharlanmak başga adamlar tarapyndan guralan halatlarynda hem, işgärleriň naharlanmagy üçin çykdajylar;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere berilýän, olaryň şahsy peýdalanmagynda hemişelik galýan mugt berilýän zatlaryň (görnüşli lybasy, egin-başlary goşmak bilen) bahasy (olaryň aşaklandyrylan baha boýunça satylmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň pul möçberi);

- işgärleriň döwlet we (ýa-da) jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda saklanyp galýan, olara hasaplanyp ýazylan iş hakynyň pul möçberi;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlary (peýdalanylmadyk rugsatlar üçin öwezini dolmalar), ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary, çagany naharlamak üçin eneleriň işdäki arakesmeleri, şeýle hem saglygy goraýyş gözegçiliklerini geçmek, döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly wagt üçin tölenýän hak;

- edara görnüşli tarapy (şahamçany, wekilhanany) üýtgedip guramak ýa-da ýatyrmak bilen, işgärleriň sanyny ýa-da işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgäre töleg tölemek;

- işden çykylanda berilýän hemaýat pullaryny tölemek;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenýän hak;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgärleriň okuw wagtynda (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlamak we ş.m.) saklanyp galýan iş haky;

- mejbury işsiz gezen wagty üçin ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty üçin iş haky;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen, zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilen mahalynda hakyky iş hakynyň derejesine çenli goşmaça töleg;

- hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary), şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalary bilen işgärleriň peýdasyna baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary);

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işler wahta usuly bilen ýerine ýetirilende goşmaça tölegleriň pul möçberi;

- barlag geçirilýän, gan tabşyrylýan we her gezek gan tabşyrylandan soň berilýän dynç günlerinde donor-işgärlere iş hakyny tölemek üçin çykdajylar;

- raýat hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işgärleriň ýerine ýetiren işleri (hyzmatlary) üçin, edara görnüşli tarapyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň iş haky, muňa hususy telekeçiler bolup durýan adamlara tölenýän tölegler degişli däldir. Şunda iş hakynyň pul möçberine işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maddy harajatlaryň bahasy goşulmaýar;

- geljekde işgärleriň zähmet rugsatlaryny tölemek üçin ätiýaçlyga we (ýa-da) köp ýyl işländigi üçin her ýyl tölenýän haky tölemek üçin ätiýaçlyga serişde geçirmeler görnüşindäki çykdajylar;

- zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) toparlaýyn ylalaşykda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işgäriň peýdasyna

edilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

Ýönekeýleşdirilen tertipde kärhanalar hasabat döwründe önüm satmakdan alan pul girdejisinden, emlägini satmakdan hem-de önüm satmak bilen bagly däl pul girdejisinden (çykdajyny aýranyňdan soň) ýeke-täk göterim boýunça salgyt töleýärler. Kärhanalar alan jemi peýdasyndan ýönekeýleşdirilen tertipde tölenýän salgydy aýyrýarlar. Galan peýdadan ätiýaçlyk pul gaznasyny döredýärler. Haýyr-sahawat işine gönükdirýärler, galanyny maýa toplaýyş we sarp ediş gaznasyna paýlaýarlar. Maýa toplaýyş gaznasy ylmy barlag konstruktorçylyk işlerine, täze tehnologiýany satyn almaga, önümçiligi täzeden gurnamaga we ösdürmäge, tebigaty goramak işlerine we gurluşyga, dolanyşyk serişdeleriniň hem-de ätiýaçlyklaryň artanyny maliýeleşdirmegine, täze önümleri öndürmekligi ýola goýmaklyga we beýleki çäreler ulanylýar.

Sarp ediş gaznasy durmuş taýdan ösdürmeklige gönükdirilýär, mysal üçin durmuş edaralaryny maliýeleşdirmäge, sagaldyş we beýleki çärelere, önümçilik däl we medeni jaýlaryň gurluşyna, bir wagtlaýyn sylag we material kömek bermäge, işgärleriň jemgyýetçilik iýmitindäki naharlaryny arzanlatmaga hem-de hususy eýäň özüne gerek bolan çärä gönükdirilýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ätiýaçlyk gaznalaryny döredip kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň ähmiýeti uludyr.

Şeýle bolansoň köp kärhanalar ilkinji nobatda ätiýaçlyk pul goruny döredýärler.

Düşewüntliligi artdyrmaklygyň ýollary:

1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ylaýta-da hümmetsizlenme döwründe nyrhlaryň ýokarlanmagy peýdany we düşewüntliligi artdyrmagyň çeşmeleriniň biridir. Nyrhlar aslyýetinde kärhanalar monopoliýa ýagdaýda bolan halatynda-da esassyz artyp biler. Emma önümçiligiň hili ýokary bolanda-da artyp biler. Kärhanalaryň düşewüntliligine täsir edýän esasy faktorlaryň biri önümleriň özüne düşýän gymmatyny yzygiderli kemeltmeklikdir. Bu öz gezeginde tygşytlylygy talap edýär. Önümleriň görnüşlerini üýtgedip ýokary düşewüntli önüm öndürmekde peýdanyň artmagyna täsir edip bilýär. Emma peýdany ýokarlandyrmagyň esasy ugry önüm öndürmekligi isleg öwrenmek netijesinde yzygiderli ýokarlandyrmakdyr. Bäsdeşlik döwründe infilýasiýa kadaly ýagdaýa girende – önümleriň düşýän gymmaty yzygiderli kemelýär, bu nyrhlaryň peselmegine getirýär.

### 5.5. Peýdanyň we düşewüntliligiň seljerilişi

Jemi (balans) peýda maliýe hasabatynyň №2 maliýe görnüşinde (maliýe netijeleri we olaryň ulanylyşy barada hasabat) öz beýanyny tapýar. Munda balans peýdanyň düzümi görkezilýär. Häzirki wagtda ýokardan plan goýberilmän soň kärhanalarda plan barada maglumatlar ýokdur. Käbir kärhanalarda maksatnamalar düzülýär, şol sanda peýda barada hem. Seljeriş geçireniňde öňki ýylyň maglumatlary ulanylyp biliner. Aslyýetinde hakyky maglumatlar maksatnamadaky we geçen ýylky maglumatlardan obýektiw sebäplere görä-de üýtgäp biler, mysal üçin bazaryň islegine görä haýsydyr bir önümiň öndürilişi we satylyşy köpelibem, kemelibem biliner, bu öz gezeginde pul girdejileriň we peýdanyň artmagyna täsir edip

biler. Seljerme geçirilende bu üýtgetmelere çynlakaý üns berilmelidir we eger peýda azalan bolsa, onuň sebäpleri düýpli seljermelidir.

Biz aşakdaky şertli maglumatlaryň esasynda kärhananyň önüm ýerleşdirmekden alan peýdasyny seljerip bilýäris:

**Tablisa № 21**

### Harytlyk önümleriň balansy

**müň manat**

| Görkezijiler | Harytlyk önümiň özüne düşýän gymmaty | Harytlyk önümiň satuw bahasy GBÜS-siz we aksizsiz | Peýda ýa-da zyýan |
|---|---|---|---|
| 1. Hasabat döwrüniň başyna satylman galan harytlyk önümler | 145900 | 160200 | 14300 |
| 2. Hasabat döwründe öndürilen harytlyk önümler | 1625100 | 1903200 | 278100 |
| 3. Hasabat döwrüniň aýagynda satylman galan önümler | 105700 | 110400 | 4700 |
| 4. Hasabat döwründe satylan harytlyk önümler (1 setir + 2 setir-3setir) | 1665300 | 1953000 | 287700 |

Bu maglumatlar 2 görnüşdäki getirilen satylan önümleriň möçberi bilen deňeşdirilip görülýär, eger tapawut bar bolsa, onda ony anyklamaly. Öndürilen önümleriň möçberini 20 hasabyň kreditinden, galan onümleri ammaryň hasabyndan (40 hasaba) we balansdan kesgitläp bolar.

Önüm ýetişdirmekden alynan peýda 287700 müň manat, ýylyň başyna satylman galan + (goşmak) öndürilen önümler - (aýyrmak) ýylyň arasynda satylman galan önümleriň hasaby boýunça kesgitlenilýär.

**Tablisa № 22**

## Önümçiligiň netijesi

müň manat

| Görkezijiler | Göz öňünde tutulan maksatnama esasynda | Hakyky satylan önümler maksatnamada göz öňünde tutulan tertipde düşýän gymmaty esasynda | Hasabat boýunça |
|---|---|---|---|
| 1. Önümiň özüne düşýän doly gymmaty | 1597400 | 1678500 | 1665300 |
| 2. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejisi | 1865500 | 1953000 | 1953000 |
| Önümçiligiň netijesi: Peýda Zyýan | 268100 | 274500 | 287700 |

Hakyky alynan peýda onuň göz öňüne tutulanyndan 19600 müň manat (287700-268100) köp bolupdyr. Biz indi peýdanyň artmagyna täsir edip biljek faktorlary deňeşdirip göreliň: önümleriň hakyky ýerlenişi maksatnamada göz öňünde tutulanyndan 104.69% artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

$$\left[\frac{195300 \text{ x } 100}{1865500}\right] = 104.69\%$$

Bu peýdanyň 12600 müň manat ýokarlanmagyna getiripdir.

$$\left[\frac{(268100 \text{ x } 4.69\%)}{100} = 12600\right]$$

Ikinji täsir edýän faktor, önümleriň özüne düşýän gymmatynyň maksatnamada göz öňüne tutulanyndan peselmeginiň esasynda (1678500-1665300)=13200 müň manat goşmaça peýda alynypdyr. Şeýlelikde (19600-12600-13200)= - 6200 müň manat beýleki faktorlaryň täsiri esasynda kem alynypdyr. Bu önümleriň düzüminiň (assortimentiniň) üýtgemegi bilen kem alynypdyr.

## Umumy düşewüntliligiň seljerilmesi

Umumy düşewüntlilik – bu balansdaky görkezilen umumy peýdanyň esasy gaznalaryň (fontlaryň) hasabat döwründäki ortaça gymmatyna we normalaşdyrylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça gymmatyna gatnaşdyrmak esasynda, (ýagny awansirlenen kapital gymmatyna) göterim görnüşinde hasaplanylýar. Mundan başga-da, aýry-aýry önümleriň düşewüntligi we önümçiligiň düşewüntligi hasaplanylýar.

Häzirki wagtda kärhanalarda plan ýokdur. Ýagny ol hökmany görkeziji däldir. Şeýle bolansoň düşewüntlik plan bilen däl-de, geçen hasabat döwür bilen deňeşdirilýär, düşewüntlilik goýulan kapitalyň girdejililiginiň derejesine bagly bolýar. Kapital-ser maýa näçe netijeli ulanylsa düşewüntliligiň derejesi şonça-da ýokary bolýar, tersine bolsa peselýär. Ýokary öndürijilikli täze tehnika önümiň gymmatyny peseltmäge mümkinçilik berýär, hem-de täze ýokary hilli we düşewüntli önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär.

Peýdanyň möçberi №2 "görnüş" maliýe netijeleri baradaky hasabatdan alynýar, esasy serişdeler we ätiýaçlyklar buhgalteriýa hasabyndan alynýar.

Biz aşakdaky düşewüntliligiň seljerilişini getirýäris:

**Tablisa №23**

**Düşewüntlilik**

| Görkezijiler | Geçen ýylyň maglumaty | Hasabat ýylynyň maglumatlary | Tapawut |
|---|---|---|---|
| 1. Umumy peýda (mln.manat) | 2741 | 2925 | + 184 |
| 2. Önümçilik esasy gaznalaryň ortaça gymmaty | 7182 | 7286 | +104 |
| 3. Dolanyşyk serişdeleriniň (ätiýaçlarynyň) ortaça gymmaty | 4188 | 4287 | + 99 |
| 4. Önümçilik serişdeleriniň jemi (2+3) | 11370 | 11573 | + 203 |
| 5. Umumy düşewüntlilik (1setir/4 x 100) göterim şekilinde | 24.1 | 25.3 | + 1,2 |

Tablisadan görnüşi ýaly düşewüntlilik öňki ýyl bilen deňeşdirilende ep-esli (%) artypdyr.

Geçen ýylyň düşewüntliligi: $\frac{2741}{11370} \times 100 = 24.1\%$

Hasabat ýylynyň düşewüntliligi: $\frac{2925}{11573} \times 100 = 25.3\%$

Balansdaky umumy peýdanyň geçen ýylyňky bilen deňeşdireniňde artmagy bilen, $\frac{2925}{11370} \times 100 = 25.8 - 24.1 = +1.7\%$ düşewüntlilik artypdyr.

Esasy gaznalaryň ýokarlanmagynyň täsiri $\frac{2741}{11573} \times 100 = 23.6 - 24.1 = -0.5\ \%$

Jemi düşewüntliligiň üýtgemegi: + 1.7- 0.5=1.2=25.3-24.1

Mundan başga-da esasy we dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndysynyň geçen ýylky bilen deňeşdireniňde düşewüntlilige edýän täsirini kesgitlemek şu aşakdaky ýaly hasaplanýar:

**Tablisa №24**

**Esasy we dolanşyk gaznalarynyň düşewüntlilige edýän täsiri**

**mln. manat**

| Esasy önümçilik gaznalarynyň ortaça gymmaty | | Dolanyşyk serişdeleriniň ortaça gymmaty | | Balans peýdasy | | Umumy düşewüntlilik (%) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Geçen ýylky | 7182 | Geçen ýylky | 4188 | Geçen ýylky | 2741 | 24.1 |
| Hakykysy | 7286 | Geçen ýylky | 4188 | Geçen ýylky | 2741 | 23.9 |
| Hakykysy | 7286 | Hakykysy | 4287 | Geçen ýylky | 2741 | 23.7 |

Şeýlelikde, esasy önümçilik gaznasynyň hakyky möçberiniň geçen ýylky bilen deňeşdireniňde artmagy netijesinde düşewüntlilik 0.2% kemelipdir (23.9-23.7).

Mundan başga-da balans peýdasynyň aýratyn düzüm bölekleriniň täsiri esasynda, ýagny üýtgemegi sebäpli umumy düşewüntliliginiň üýtgemegini anyklaýarys. Şonuň üçin şu aşakdaky tablisany ulanýarys:

**Tablisa №25**

**Düşewüntliligiň seljerilmesi**

**mln. manat**

| | Geçen ýylky (mln. manat) | Hasabat ýyly (mln. manat) | Aratapawut (mln. manat) | Esasy we dolanyşyk gaznalarynyň jemi (hasabat ýylynda mln. manat) | Düşewüntliligiň üýtgemesi (3/4 x 100) |
|---|---|---|---|---|---|
| | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1. Haryt önümi satmakdan alynan peýda | 2681 | 2877 | +196 | 11573 | +1.69 |
| 2. Beýleki satuwdan alynan peýda | 60 | 64 | +4 | 11573 | +0.03 |
| 3. Satuw bilen bagly bolmadyk zyýan | | -16 | -16 | 11573 | -0.12 |
| **Jemi peýda** | **2741** | **2925** | **+184** | **11573** | **+1.60** |

Seljerme esasynda aýratyn täsirleriň ululygyny kesgitläliň:

Düşewüntliligiň üýtgemegi:

1. Harytlyk önümleriň satuwynyň geçen ýylkydan artmagy +169%,
   şol sanda:

- Geçen ýylkydan harytlaryň köp satylmagy +1.08
- Önümiň düşýän gymmatynyň geçen ýylky bilen deňeşdireniňde peselmegi +1.14
- Önümiň assortimentiniň üytgemegi – 0.53

2. Beýleki satuwyň netijesi +0.03
3. Satuw bilen bagly bolmadyk zyýan – 0.12
4. Geçen ýylkydan deňeşdireniňde jemi balans peýdanyň artmagy netijesinde (1+2+3) +1.60
5. Esasy önümçilik gaznalarynyň geçen ýyldan artmagy netijesinde düşewüntliligiň peselmegi - 0.20
6. Dolanyşyk serişdeleriniň galyndysynyň geçen ýylkydan artmagy -0.20

Jemi geçen ýylkydan düşewüntliligiň üytgemegi (4-5-6) +1.20

Mundan başga-da esasy görkezijileriň biri önümçiligiň düşewüntligidir. Bu görkeziji, balans peýdanyň satylan harytlyk önümleriniň özüne düşýän gymmatyna gatnaşdyrylmagy netijesinde hasaplanylýar.

Mysal üçin:

Balans peýda hasabat ýylynda 2925 mln. manat satylan önümler özüne düşýän gymmaty boýunça 16653 mln. manat. Düşewüntlilik: $\frac{2925}{16653} \times 100 = 17.6\%$

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegi peýdanyň ýokarlanmagyna esasy täsir edýän faktorlaryň biridir. Şonuň üçin bu barada aýratyn durup geçmelidiris.

**Tablisa №26**

**Önümleriň satylyşy**

**(müň manat)**

| Görkezijiler | Hasabat ýylynda | | Geçen ýylda | Aratapawut | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Maksatnamada göz öňünde tutulany | Hakykysy | | Maksatnamadakydan | | Geçen ýylyňkydan | |
| | | | | manatda | % | manatda | % |
| 1. Harytlyk önüminiň lomaý bahada göz öňünde tutulany | 18655000 | 19530000 | 17196000 | +875000 | +4.7 | 2234000 | +13.6 |
| 2. Maksatnamada göz öňüne tutulan harytlyk önümi, maksatnama-daky lomaý baha bilen | 18710000 | 19032000 | 17026000 | +322000 | +1.7 | 2006000 | +11.8 |
| 3. Satylan önümleriň hakyky möçberiniň harytlyk önüminden tapawudy | -55000 | +498000 | +170000 | 553000 | +3 | 328000 | +1.8 |

Maglumatlarda görnüşi ýaly maksatnamada göz öňünde tutulan satylmaly önümler, maksatnama nyrhlary esasynda 4.7% artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

$\left(\frac{875000 \times 100}{18655000} = +4,7\%\right)$ Şol sanda harytlyk önümiň artmagy netijesinde

322000 müň manat, ýa-da +1.7% $\left(\frac{322000 \times 100}{18655000}\right)$

Satylan önümleriň maksatnamada göz öňünde tutulanyndan artyk ýerine ýetirilmegi. Şu sebäplere görä +3% $\left(\frac{553000*100}{18653000}\right)$ ýyldan ýyla geçýän, satylmaly taýýar önümleriň galyndysynyň satylyşynyň kemelmesi netijesinde;

**Tablisa №27**

### Harytlyk balansy

**(müň manat)**

| | Maksatnama boýunça | Hakyky öndürileni | Aratapawut |
|---|---|---|---|
| 1. Hasabat ýylynyň başyna satylman galan önümler (taýýar önümler we beýlekiler) satuw bahada | 1602000 | 1602000 | |
| 2. Öndürilen harytlyk önümler, satuw bahada | 18710000 | 19032000 | +322000 |
| 3. Satylan önümleriň möçberi, satuw bahada | 18655000 | 19530000 | +875000 |
| 4. Hasabat ýylynyň aýagyna geljek ýyla geçýän satylman galan önümler, (taýýar önümler we beýleki galanlar) satuw bahada (1+2+3) | 1657000 | 1104000 | -553000 |

Tablisadan görnüşi ýaly göz öňünde tutulan, ýylyň başyna satylman galan önümler maksatnamada göz öňünde tutulany ýaly, ýylyň aýagyna satylman galan önümler 1657000 manat bolmaly bolsa, ol önümler satylyp, 553000 manada kemelendir we satylan önümleriň şol möçberine artmagyna getiripdir.

**Tablisa №28**

### Sortlaryň täsiri

| Önümleriň sortlary-hili | Lomaý nyrhy (manatda) | Maksatnama boýunça göz öňünde tutulany | | | Hakyky ýerine ýetirilen | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Mukdary (sanda) | Gymmaty (müň manat) | Udel agramy (%) | Mukdary (sanda) | Gymmaty (müň manat) | Udel agramy (%) |
| 1-nji sort | 2000 | 200 | 400.0 | 87.0 | 2400 | 480.0 | 96.0 |
| 2-nji sort | 1600 | 20 | 32.0 | 8.7 | 8 | 12.8 | 3.2 |
| 3-nji sort | 1200 | 10 | 12.0 | 4.3 | 2 | 2.4 | 0.8 |
| **Jemi** | 1.930 (444:230) | 230 | 444.0 | 100 | 250 | 495.2 | 100 |

Tablisadan görnüşi ýaly, maksatnama boýunça önümleriň ortaça bahasy 1,930 manat (444:230), hakyky bahasy 1,980 manat (495,2:250). Önümleriň

sortunyň gowulaşmagyndan alynan gymmaty (1,980-1,930) 50 manat. Umumy önümleriň sortlarynyň hasabyna ýokary galmasy netijesinde 12.5 müň manat goşmaça alynypdyr. (50 x 250)

**Esasy serişdeleriň önümçiligiň artmagyna edýän täsiri.** Önümleriň ýokary depginde artmagy esasy serişdeleriň netijeli ulanmagyna baglydyr. Ony esasan esasy gaznalaryň gazna netijeliligi (фондоотдачи) görkezijiligi bilen kesgitlenýär.

Ýene bir önüm öndürilişiniň artmagyna esasy täsir edýän zat, önümçilik serişdeleriniň ýokary öndürijilikli ulanylmagy. Bu görkezijiler şu aşakdaky hasaplamalar esasynda hasaplanylýar.

**Tablisa №29**

**Esasy serişdeleriň fond berijiligi**

| **Görkezijiler** | **Hasabat ýylynda** | | | **Öňki ýyldaky görkezijiler** |
|---|---|---|---|---|
| | **Maksatnama boýunça** | **Hakykysy** | **Tapawut (+);(-)** | |
| **1.** Jemi öndürilen önümler (müň manat) | 18810000 | 19100000 | +290000 | 17296000 |
| **2.** Esasy önümçilik gaznalarynyň ýyllyk ortaça gymmaty (müň manat) | 718200 | 728600 | +10400 | 707700 |
| **3.** Fond berijilik esasy önümçilik gaznalarynyň 1 manadyna öndürilen önümler, manat ýa-da teňňe | 26190 | 26220 | +30 | 24440 |

Tablisadan görnüşi ýaly, esasy serişdeleriň ulanylyşy gowulanypdyr. Olaryň her manadyna öndürilen önümler maksatnamada göz öňünde tutulanyndan 30 manat, geçen ýylky bilen deňeşdireniňde (26220-24440) 1780 manat köpelipdir. Bu geçen ýylky bilen deňeşdireniňde ýokary öndürijilikli tehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagy netijesinde gazanylypdyr.

Mundan başga-da önümleriň düzüminiň (assortimenti) üýtgemegi harytlara, önümleriň möçberine täsir edip biler. Mysal üçin, ýokary düşewüntli önümler önümçilige ornaşdyrylanda, onda umumy önüm we kärhananyň peýdasy ýokarlanyp biler. Mysal: önümleriň görnüşleriniň önümçiligiň ýokarlanmagyna täsiri.

**Tablisa №30**

**(müň manat)**

| **Önümleriň görnüşleri. Tikin fabriginden şertli mysallar** | **Bahasy (manat)** | **Hasabat ýylynyň maksatnamasy esasynda** | | **Hasabat ýylynda hakyky ýerine ýetirilen** | | **Maksatnamanyň ýerine ýetirilenine hasabat alynýar** | **Maksatnamadan ýokary öndürileni** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Mukdary** | **Gymmady** | **Mukdary** | **Gymmady** | | |
| **1.** Uly adamlar üçin jins balak | 88150 | 391 | 34470 | 400 | 35260 | 34470 | 79 |
| **2.** Uly adamlar üçin jins penjegi | 104670 | 414 | 43330 | 415 | 43440 | 43330 | 1 |
| Maksatnamanyň ýerine ýetirileni | | | 77800 | | 78300<br>100,64 | 77800<br>100 | 80<br>+0.64% |

Tablisadan görnüşi ýaly maksatnama ähli görnüşler boýunça ýerine ýetirilipdir, assortimentiň üýtgemegi bilen 0.64% artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

**Tablisa №31**

## Nyrhlaryň täsiri

**(müň manat)**

| **Görkezijiler** | **Hasabat ýylynyň maksatnamasynda** | **Hakyky** | | **Ýerine ýetirileni %** | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | **Hasabat ýylynda** | **Geçen ýylda** | **Maksatnama bilen deňeşdirlende** | **Geçen ýyl bilen deňeşdirlende** |
| **1.** Jemi önüm | 18810000 | 19100000 | 17296000 | 101.5 | 110.4 |
| **2.** Harytlyk önüm **a)** maksatnamada göz öňünde tutulan nyrhlarda | 18710000 | 19032000 | 17026000 | 101.7 | 111.8 |
| **b)** Hakyky nyrhda | x | 19100000 | x | - | - |

Nyrhlaryň ýokarlanmagy netijesinde 68 müň manta (19100000-19032000) artypdyr.

Tablisadan görnüşi ýaly, jemi we harytlyk önümler boýunça maksatnamalar geçen ýylky bilen deňeşdireniňde 8.8% köp bellenipdir $\left(\frac{18810000-17296000}{17296000}\right)$ hakykysy geçen ýylyňkydan 10.4% artypdyr. Harytlyk önümleriň ýokarlanmagy geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 9.9%. ýokarlandyrmak göz öňünde tutulypdyr.

$\left(\frac{18710000-17026000}{}\right)$ = 9.9%.

Maksatnamada göz öňünde tutulan nyrhlarda 11.8% ýokarlanypdyr.

Önümçiligiň ýokarlanmagyna her bir işçiniň zähmet öndürijiliginiň-de ýokarlanmagy täsir edip biler. Biz ony seljermek üçin tablisanyň maglumatlaryny ulanýarys:

**Tablisa №32**

**Zähmet öndürijiligi**

| | Hasabat ýylynda | | Geçen ýylda | Aratapawut | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Absalýut sanda | | % hasabynda | |
| | Maksatnama boýunça | Hakyky öndürileni | | Maksatnama boýunça | Hakyky öndürileni | Maksatnama boýunça | Geçen ýylky bilen deňeşdireniňde |
| 1. Jemi önüm (müň manat) | 18810000 | 19100000 | 17296000 | +290 | +1804 | +1.5 | +10.4 |
| 2. Işgärleriň ortaça sany a) Önümçilik senagat personaly | 2357 | 2318 | 2355 | -39 | -37 | -1.7 | -1.6 |
| b) Işçiler | 1684 | 1718 | 1740 | +34 | -22 | +2.0 | -1.3 |
| 3. Ortaça öndürilen önüm (müň manat) a) Önümçilik senagat personally (müň manat) | 7980 | 8240 | 7344,0 | +260 | +896 | +3.3 | +12.2 |
| b) Işçiler | 11170 | 11118 | 9940 | -52 | +1178 | -0.5 | +11.8 |

Öndürilen önümler maksatnama bilen deňeşdireniňde 1.5% we geçen ýylky bilen deňeşdireniňde 10.4% ösüp, bu zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy esasynda gazanylypdyr.

Her bir işçiniň zähmet öndürijiligi geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 11,8% ýokarlanypdyr, emma maksatnamada göz öňünde tutulany 0.5% ýerine ýetmändir.

Önümleriň artmagy iki faktora bagly: işçileriň umumy sanynyň artmagyna we zähmet öndürijiliginiň artmagyna baglydyr.

Mysal: zähmet öndürijiliginiň artmagy esasynda (260000 x 2318)=602680 müň manat artypdyr. Işçileriň sanynyň kemelmegi esasynda (7980 x 39)=312000 müň manat kem öndürilipdir. Netijede önümçilik maksatnamada göz öňünde tutulandan (602680000-312000000)=290680000 manat köp öndürilipdir.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Jemi girdeji nähili kesgitlenýär we paýlanylýar?
2. Jemi peýdanyň düzümi nähili we ol nähili paýlanylýar?
3. Peýdadan alynýan salgyt we GBüS nähili hasaplanylýar?
4. Düşewüntlilik we onuň görnüşleri nähili?
5. Peýdany we düşewüntliligi ýokarlandyrmagyň ýollaryny sanaň.

## TEMA 6. SENAGAT KÄRHANALARYNDA ESASY SERIŞDELERIŇ EMELE GELŞI WE PEÝDALANYLYŞY

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Kärhananyň esasy serişdeleri we olaryň düzümi
2. Esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary (amortizasiýasy), ony hasaplamagyň tertibi
3. Düýpli maýa goýumlar we olaryň maliýe çeşmesi

6.1. Önümçilik serişdeleri telekeçilikde mydama kapital häsiýetine eýe bolýarlar, ony balansyň aktiw tarapyndan daşky bergileri we borçlary aýranyňdan soň balansdan kesgitläp bolýar. Ol kapital (maýa goýum) iki bölege bölünýär, ýagny esasy (üýtgemeýän) we üýtgäp durýan. Kärhana özüniň esaslyk maýasyny-ustaw hazynasyny esasy we dolanyşyk kapitalyna paýlaýar.

Esasy kapital – bu esasy serişdelere, entek gutarylmadyk uzak möhletli maýa goýumlara, maddy däl aktiwlere, uzak möhletli maliýa goýumlaryna öwrülýär. Esasy serişdeler – bu maddy taýdan seredeniňde zähmet guralydyr. Esasy serişdeler şu aşakdaky tertipde dolanyşyk edýärler:

Könelşenini hasaplamak bilen (amortizasiýa hasaplamak arkaly), ilkibaşdaky ýagdaýyny dikeltmek üçin serişde toplamak netijesinde, täze esasy serişdeleri gönüden-göni satyn almak netijesinde. Gutarylmadyk uzak möhletli maýa goýumlaryna şu aşakdakylar girýär: täze enjamlary satyn almak we ornaşdyrmak hem-de olary gurnamak we abatlamak üçin gönükdirilen serişdeler, entek olar gurlup gutarylmadyk, heniz önümçilige ornaşdyrylmadyk ýagdaýynda.

Uzak möhletleýin maliýe goýumlary:

- Kärhanalaryň maliýe resurslaryny gelejekde artdyrmaga mümkinçilik berip biljek, uzak möhletleýin maliýe goýumlaryda bardyr. Olara gaýry kärhanalaryň gymmat bahaly kagyzlaryna (paýnama) paý esasda gatnaşmak üçin niýetlenen goýumlary, döwletiň göterimli obligasiýalaryna we ýerli karzlaryna, ýurduň içindäki döredilen bilelikdäki kärhanalaryň esaslyk maýalaryna, daşary ýurtdaky kärhanalaryň maýalaryna goýumlar girýär. Bulary buhgalteriýa hasabynda haçan-da goýulan goýumlaryň üzlüşmek möhleti bir ýyldan ýokary bolanda ýa-da şol goýumlardan bir ýyldan artyk girdeji almak göz öňünde tutulýan ýagdaýynda hasaba alynýar. Ýöne bizde häzirki wagtda döwlet tarapyndan obligasiýalar goýberilmeýär, paýdarlar jemgyýetleri entek köp däl, daşary ýurt kärhanalarynyň, banklarynyň paýnamalary dolanşykda ýok diýen ýaly. Şeýle bolansoň uzak möhletli maliýe goýumlardan gelýän girdejiler az, dünýä maliýe bazarynyň durnuklylaşmasy we gymmat bahaly kagyzlaryň dolanşygynyň artmagy uzak möhletli maliýe goýumlarynyň ähmiýetini gelejekde artdyrar.

Esasy gaznalar her bir önümçilik kärhanasynda ykdysadyýetiň häzirki zaman şerlerinde önüm öndürmekligiň esasy faktorydyr. Ylaýta-da tehniki taýdan gowy ýaraglandyrylan kärhanalar bäsdeşlik – bazar şertlerinde gowy durnuklylyk görkezýärler. Kärhana maliýesi esasy gaznalarynyň özüni öwrenmän şolary satyn almak, ornaşdyrmak hem-de mundan beýläkde bökdençsiz işlemegini üpjün eder

ýaly pul serişdeleri bilen üpjün etmeklik bilen meşgullanýar. Önümçilik serişdeleri iki bölekden ybaratdyr:

1. Esasy serişdeler;
2. Dolanyşyk serişdeleri.

Esasy serişdeler önümçiligiň barşynda köp ýyllap ulanylýar. Öndürilen önümleriň gymmatyna öz gymmatyny kem-kemden geçirýär.

Esasy serişdeler bu kärhananyň eýeçilik hukugyna degişli bolan önümçilikde ulanylýan, ätiýaçlykda duran, konserwasiýa edilen ýa-da kärendesine berlen (uzak möhletleýin kärende alynýanlardan başgalary) desga, jaýlar we gurallardyr. Esasy serişdelerde kärhana ulanmaga berlen ýer parçalary, tokaý we suw baýlyklaryna, ýerasty baýlyklaryna goýulan maýa goýumlar girýär. Işçi we önüm berýän mallar esasy serişdeleriň düzümine girýärler.

Esasy serişdeleriň hasaby olaryň görnüşleri we aýratyn obýektleri boýunça alynyp barylýar.

Esasy serişdeler buhgalteriýa hasabynda özleriniň ilki başky gymmaty boýunça bahalanýar, oňa şolary satyn almak, esaslandyrmak (gurmak) we taýýarlamak üçin harçlanan hakyky çykdajylar girýär. Töleg tölenip alynan esasy serişdeler şolaryň satyn alynmagy üçin edilen hakyky çykdajylaryň möçberiniň jemi görnüşinde bahalanýar, mugt alnan ýa-da esaslandyryjylar tarapyndan kärhananyň esaslyk maýasyna (ustaw hazynasyna) özleriniň goşandy hökmünde berilen ýa-da olary çalyşmak arkaly alnan zatlar, ýagny kabul edilip alnan senedi bilen bazar nyrhy boýunça girdeji edilýär, kärhananyň özünde öndürilen esasy serişdeler önümiň özüne düşýän gymmaty boýunça bahalanýar.

Köp ýyllyk ekinlere çykarylan düýpli maýa goýumlary, ýerleri gowulandyrmaga edilen harajatlar, ähli toplumlaýyn işleriň gutaranlygyna garamazdan, ýylda ulanmaga berlen meýdanlara edilen çykdajylaryň möçberinde bahalanýar. Işçi mallar satyn alynsa satyn alynyş bahasynda, özünde öndürilse girdeji edilen düşýän gymmaty esasynda, önüm berýän mallar, ýaş mallar uly mallaryň hataryna geçirilende özüne düşýän bahasy boýunça hasaba alynýar. Esasy serişdeler özünde öndürilende kabul ediş – geçiriş akty ýazylmak bilen hasaba alynýar.

Esasy serişdeleriň ilki başky bahasy hem-de könelenden soň galan bahasy hasabatda görkezilýär. Esasy gaznalar (fondlar) olaryň hakyky gymmatyny häsiýetlendirýär. Mysal üçin başky bahasy balansda 500 mln. manat bolup, galyndy bahasy aýdaly 50 mln. manat bolsa, onda bu serişdeleriň könelip öndürijiliginiň peselenligini aňladýar. Kärhananyň maliýe hasabatynyň 1-nji görnüşiniň aktiw tarapyndaky 1-nji bölümde hasabat döwrüniň başyna we aýagyna esasy serişdeleriň başky we galyndy bahasy boýunça gymmaty görkezilýär. Biz hasabata seredip, olaryň ýagdaýyna baha berip bilýäris. Olaryň galyndy bahasy näçe az bolsa, onda olaryň şonçada könelenligini aňladyp, potensial öndürijiliginiň peselenligini, olary täze ýokary öndürijilikli esasy serişdeler bilen çalyşmalydygyny aňladýar. Esasy serişdeleriň dikeldiş gymmaty bolup, olary häzirki wagtda täzeden döretmek üçin, (rekonstruksiýa) harajatlaryň jemi çykyş edýär. Esasy serişdeler hökümetiň karary boýunça gaýtadan bahalandyrylyp biliner

(peroosenka). Şeýle ýagdaýda dikeldiş gymmaty täzeden nyrh kesilenden soň hasaba alynýar.

Esasy serişdelere gönükdirilen maliýe resurslary kapital häsiýete eýe bolup, olar kärhanalaryň maliýe netijeleriniň gowulanmagyna täsir etmelidir.

Önümçiligiň ýokarlanmagyna esasy gaznalaryň täsirini seljerme esasynda kesgitläp bolar. Ony kesgitlemäge mümkinçilik berýän görkeziji hökmünde fond berijilik (fondotdaça) ulanylýar. Ol şu aşakdaky tablisa esasynda kesgitlenilýär.

**Tablisa №33**

| **Görkezijiler** | **Hasabat ýylynda** | | | **Öňki ýylyň görkezijileri** |
|---|---|---|---|---|
| | **maksatnama boýunça** | **hakyky ýerine ýetirleni** | **Aratapa-wudy (+), (-)** | |
| 1.Jemi öndürilen önümleriň gymmaty (müň manat) | 18310 | 19100 | +290 | 17296 |
| 2.Esasy gaznalaryň ýyllyk ortaça gymmaty | 7182 | 7286 | +104 | 7077 |
| 3.Fond berijilik (esasy gaznalaryň bir manadyna düşýän önüm) | 261,9 | 262,2 | 0,3 | 244,4 |

Seljermeden görnüşi ýaly, fond berijilik göz öňünde tutulanyndan 0,3 teňňe ýokarlanypdyr. Ol geçen ýylky bilen deňeşdireniňde 17,8 teňňe ýokarlanypdyr. Bu esasy serişdeleriň netijeli ulanylýanlygyny aňladýar.

Buhgalter hasabynda önümçilik serişdeleri 01 hasapda hasaba alnyp, ol ilki başdaky bahasynda hem-de könelişi (iznosy) aýranyňdan soň galan bahasynda görkezilýär. Önümçilik serişdeleriň könelişen summasy 02 passiw hasapnamada görkezilýär. Önümçilik serişdeleri buhgalter hasabynda şu aşakdaky ýaly alnyp barylýar. Önümçilik serişdelerine hyzmat ediş möhleti bir ýyldan ýokary, bahasy 2 minimal zähmet hakyndan ýokary önümçilik serişdeleri girýärler. Şundan pes bolan zähmet gurallary pes bahaly, tiz könelişýän materiallaryň içinde hasaba alynýar. Buhgalteriýada her bir anyk önümçilik serişdesi üçin aýratyn inwentar kitap açylýar. Şol kitabyň sahypasynda önümçilik serişdeleriniň alnan wagty, ilkibaşdaky we soňky gymmaty, berkidilen adamyň ady, familiýasy doly görkezilýär. Düzümi boýunça önümçilik serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

Jaýlar, enjamlar, tehnologik liniýalar, stanoklar, maşyn we ulag serişdeleri, kommunikasion liniýalar, köp ýyllyk miwe berýän baglar, önüm berýän mallar, işçi mallar, keselhanalar, şipahanalar we başgalar.

Önümçilik serişdeleri 2 topara bölünýär: AKTIW we PASSIW.

AKTIW toparyna önümçilige göni gatnaşýan stanoklar, enjamlar, tehnologiki liniýalar, önüm berýän mallar, köp ýyllyk miwe berýän baglar we ş.m.

PASSIW toparyna önüm öndürmeklige göni gatnaşmaýan jaýlar, medeni jaýlar, keselhanalar we beýlekiler.

Önümçilik serişdeleri şu aşakdaky bahada hasaba alynýar: ilkibaşky satyn alnan bahasy, köneliş (iznos) aýrylandan soň galyndy bahasy, düýpli bejeriş we modernizasiýa esasynda dikeldilen bahasy.

6.2. Önümçilik serişdeleri bir ýylda däl-de köp ýyllaryň dowamynda önümçiligiň barşynda ulanylýar. Şeýle bolansoň olar köp ýyllaryň dowamynda könelişýärler, önümçilik serişdeleri iki hili: MORAL we FIZIKI taýdan könelişe zezewar bolýarlar.

Fiziki taýdan köp ýyllaryň dowamynda ulanylmagy netijesinde könelýärler.

Moral taýdan köneliş täze bir önümçilik gurallary oýlanyp tapylyp, ýokary öndürijilikli tehnikalar köpçülikleýin önümçilige ornaşdyrylmagy netijesinde ýüze çykýar. Bäsdeşlik şertlerinde kim täze tehnikany ilkibaşda önümçilige ornaşdyryp bilse, şol hem utýar. Hereket edýän tehnika fiziki taýdan könelişmedik hem bolsa, ol moral taýdan könelýär. Fiziki we moral taýdan könelişen tehnikany çalyşmak üçin pul serişdeleri gerek bolup durýar. Ulanyş tutumyny (amortizasiýa) hasaplamak üçin her bir esasy serişdeleriniň görnüşleri üçin normalary Türkmenistanyň ministrler Kabinetiniň karary esasynda kesgitlenilýär. Mysal üçin, stanoklaryň we enjamlaryň ýyllyk normasy 12% diýeli, ulanyş tutumlary (amortizasiýa) her aýda hasaplanýar. Eger ýyllyk norma 12% bolsa 1 aýlyk norma 12-kä paýlanyp tapylýar. 1 stanogyň bahasy 10 mln. manat, 1 aýdaky amortizasiýa 1%, onda 100 müň manat ýyllyk summasy bolýar. Her aýda şol 100 000 manat önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Önüm satylandan soň gelen pul serişdeleriň düzüminde galýar, has anygy peýda-ulanyş tutumlarynyň möçberine azalýar. Olar harajatlaryň düzüminde ornaşýar. Ulanyş tutumlarynyň normasy kesgitlenende önümçilik serişdeleriň diňe bir fiziki tarapdan könelişmeginden ugur alman, olaryň moral taýdan könelişmeginden hem ugur alynýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçilik serişdelerini köp smenalaýyn, çalt we netijeli ulanmaklygyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Ulanyş tutumynyň serişdeleri önümçilik gaznalaryny düýpli bejertmek üçin, könelişen gaznalary çalyşmak üçin hem-de täze önümçilik serişdelerini satyn almak üçin ulanylýar.

Ulanyş tutumlaryň hasaplamalary 2000-nji ýylyň 24-nji martyndaky № 151502, düzgünnamasy esasynda hasaba alynýar. Ulanyş tutumlary gutarylmadyk, emma ulanylýan gurluşyk obýektlerede hem-de ykrarnama (akt) bilen kabul edilmedik gurluşyk obýektlerinede hasaplanylýar, emma ol önüm berýän mallara, miwe berip başlamadyk köp ýyllyk ösümliklere, kitaphana gaznasyna, şäher abadanlaşdyryş enjamlaryna, awtomobil ýollaryna, býujetde durýan edaralaryň, şol sanda ylmy-barlag konstruktorçylyk serişdelerine, konserwansiýa, modernizasiýa, rekonstruksiýa edilýän esasy serişdelere hasaplanmaýar, ýaşaýyş jaýlaryna diňe köneliş (iznos) üçin hasaplanýar. Daşary ýurtlardan getirilip ornaşdyrylan ýa-da hökümet tarapyndan sanawdaky ýoklara, hut şoňa meňzeşleriňki ýaly norma ulanylýar. Täze esasy serişdelere amortizasiýa normany Maliýe ministrligi kesgitleýär. Ulanyş tutumlarynyň balansdaky bahasy doly könelişmegi esasynda gutarýança hasaplanýar. Täze önümçilige girizilenleri girizilen aýyndan soňky aýyň 1 gününden hasaplanyp başlanýar. Eger hereket ediş möhleti gutarmanka öçürilen serişdeleriň, ulanyş tutumlary edilmän galan gymmatyny galan peýdanyň hasabyna eltýärler. Çaltlandyrylan usulda amortizasiýa esasy serişdeleriň halkyň

köp sarp edýän harytlaryny öndürmek, eksport üçin niýetlenen önümleri import edilýän harytlary çalyşmak üçin, ulanýanlaryna kärhananyň ýazyp bermegi bilen, Maliýe ministrliginiň rugsady bilen hasaplanýar.

2005-nji ýylyň aprel aýynyň 1-inden başlap döwlet kärhanalary we guramalary, şeýle hem döwletiň paýy bolan paýdarlar jemgyýetleri esasy serişdelerine (daşary ýurt karz serişdeleri doly üzülýänçä olaryň hasabyna alnan esasy serişdeler muňa girmeýär) hasaplanylýan ulanyş tutumlary önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) düşýän gymmatynyň, dolanşyk harajatlaryň we nyrhlaryň düzüminden aýyrýarlar. Bu ulanyş tutumlary gaznasy-galyndy peýdanyň we gaznalaryň hasabyna döredilýär. Bu kärhanalar ulanyş tutumlaryny, esasy serişdeleriň ulanyş ýagdaýlaryna we galyndy bahalaryna seljerme geçirmek hem-de düýpli maýa goýumlar boýunça harajatlaryň çeşmelerini döretmek we geljekde olar boýunça meýilnamalar işläp düzmeklik üçin hasaplaýarlar.

Dünýä tejribesinden belli boluşy ýaly, ulanyş tutumlary hasaplamagyň usullaryny kärhananyň özi saýlap alyp biler. Häzirki wagtda şu aşakdaky usullar bar. Çyzyklaýyn (lineýniý) usuly, galyndylaryň kemelmegine esaslanan, gymmatyny hereket eden döwrüne görä paýlap harajatlara goşmak, gymmatyny önüme (işlere) deňeçer paýlamak esasynda.

Emma soňky usulda ilkinji ýyllarda amortizasiýanyň summasy ulydyr, bu bolsa toplanan maliýe resurslaryny netijeli ulanmaga, hat-da bäsdeşlik şertlerinde ýokary öndürijilikli tehnikany satyn almaga, maýa toplamagy üpjün edýär. Käbir halatlarda çaltlandyrmagyň koefisiýenti ulanylýar. Bu Türkmenistanyň maliýe ministrligi tarapyndan, käbir täze tehnika we tehnologiýa üçin ulanylýar. Kärhana bularyň sanawyny görkezip, ministrlige hat üsti bilen ýüz tutýar. Ministrlik tassyklan soň çaltlandyrylan normalar ulanylyp biliner. Biz ikinji usul (gymmatynyň kemelişi esasynda) boýunça amortizasiýanyň hasaplanyş usulyny getirip görkezýäris. Önümçilik serişdeleriniň başky bahasy 120000 manat, ulanylýan möhleti 10 ýyl. Çaltlandyryş koeffisiýenti 2.

**Aşakda biz ulanyş tutumynyň hasaplanyş usulyny getirip görkezýäris**[1]

| Hasaplanyş usuly | Hasaplamagyň esasy | Hasaplamanyň tertibi |
|---|---|---|
| 1. Çyzyklaýyn (lineýniý usuly) | 1) Başky bahasy (B.B.)<br>2) Esasy serişdeleriň peýdaly ulanylmagy esasynda hasaplanan ulanyş tutum normasy<br>3) Gymmaty peýdaň ulanylanda (G.P.U.) | 1. B.B. 120 müň manat<br>2. P.U. 10 ýyl<br>3. Ulanyş tutumynyň ýyllyk summasy 120000 manat (120000 x 10)<br>4. Ulanyş tutumynyň ýyllyk normasy 10% (12 x 100 / 120000 manat)<br>5. Hasabat döwürde bir aýda ulanyş tutumynyň normasy 0,83% (10% / 12 aý)<br>6. Hasabat aýynda ulanyş tutumynyň summasy -1000 manat (120000 x 0,833 / 100) |
| 2. Peýdaly ulanylýan ýyllary esasynda | 1. Başky bahasy (B.B.)<br>2. Ýyl boýunça: möhleti, gutarýança galan möhleti | 1. B.B. 10 müň manat<br>2. Hereket etjek möhleti 8 ýyl<br>3. Hereket etjek möhletiniň jemi = 36 (1+2+3+4+5+6+7+8)<br>4. Ulanyş tutumynyň bir ýyldaky summasy |

| | | |
|---|---|---|
| | | 1 ýyl 8 x 10000: 36 = 2222 manat<br>2 ýyl 7 x 10000: 36 = 1944 manat<br>3 ýyl 6 x 10000: 36 = 1667 manat<br>4 ýyl 5 x 10000: 36 = 1389 manat<br>5 ýyl 4 x 10000: 36 = 1111 manat<br>6 ýyl 3 x 10000: 36 = 833 manat<br>7 ýyl 2 x 10000: 36 = 556 manat<br>8 ýyl 1 x 10000: 36 = 278 manat<br>**Jemi : 10000 manat** |
| 3. Öndürilen önümleriň gymmatyna deňeçer (proporsional) | 1. Başky bahasy (B.B.)<br>2. Esasy serişdeleriň ulanyljak möhletinde öndüriljek önümleriň gymmaty | 1. B.B. 120 müň manat<br>2. Öndürilen önümleriň meýilnama esasynda sany: 24000<br>3. Hasabat aýynda öndürileni 40 sany<br>4. Her önüme düşýän ulanyş tutumynyň möçberi 5 manat (120000 : 14000)<br>5. Hasabat aýyna degişli ulanyş tutumynyň möçberi 200 manat (5 manat x 40)<br>1ýyl 120000:10x2=12000x2=24000 manat<br>2ýyl120000-24000=96000:10x2=19200 manat<br>3 ýyl 96000-19200=70800:10x2=15360 manat<br>4 ýyl 76800-15360=61440:10x2=12288 manat<br>5 ýyl 61440-12288=49152:10x2=9830 manat<br>6 ýyl 49152-9830=39322:10x2=7804 manat<br>7 ýyl 39322-7804=31458:10x2=6292 manat<br>8 ýyl 31458-6292=25166:10x2=5033 manat<br>9 ýyl 25166-5033=20133:10x2=4026 manat<br>10 ýyl 20133-4026=16107:10x2=3221 manat |

Jemi hasaplanany 10 ýylda 107114 manat. Hasaplanmadyk 12866 manady kärhana önümçilik harajatlaryna goşup biler.

Biz aşakda her bir aý üçin hasaplanýan we harajatlara goşulýan ulanyş tutumynyň möçberini görkezýäris.

---

[1]E.P.Korlowa we beýlekiler. “Guramalarda buhgalter hasaby” Moskwa. Finan. we statistika 2002ý. 291 sah.

Tablisa №34

**Esasy serişdelere (köneliş) ulanyş tutumlaryny hasaplamak wedomosty ýanwar, 2009 ýyl üçin**

| № | Esasy serişdeleriň görnüşleri | Häsiýetnamasy | Hasabat döwrüň başyna galyndy | | Esasy serişdeleriň hereketi | | | | | | | | | | Esasy serişdeleriň könelişi (02) | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Debet (girdeýji) | | | Kredit (çykdaýjy) | | | | | Galyndy has. döwrüň aýagynda | | | Aýda | | |
| | | | | | | | | | | Başky bahasy | | | | | | | | |
| | | | Mukdary | Ilki başky bahasy, müň manatda | Resminamalaryň çislosy, nomeri | Mukdary (sany) | Başky bahasy, müň manatda | Resminamalaryň çislosy, nomeri | Mukdary (sany) | Jemi | Ulanyş tutumy geçip ýetişmedik galyndysy | Öçürilip aýyrylanynyň sebäbi | Könelişiň normasy 1 ýylda | summa | Aýlyk ulanyş tutum normasy | summa | Ýylyň başyndan bäri | 01.02. könelişiň jemi |
| 1. | Şöhlat sehi | Täze satyn alyndy | - | 180000 | 01.01.2009 | - | 180000 | - | - | - | - | - | 10 | 178398 | 0,89 | 1602 | 1602 | 1602 |
| 2. | Ambar jaýy | Täze 200 kw.m. | - | 498000 | 01.01.2009 | - | 498000 | - | - | - | - | - | 12 | 493020 | 1 | 4980 | 4980 | 4980 |

Çaltlandyrylan tertipde ulanyş tutumlardan gelen serişdeler diňe halkyň köp sarp edýän, eksport we importa çalyşmaga niýetlenen harytlaryny öndürmäge mümkinçilik berip biljek enjamlary satyn almaga gönükdirilmelidir.

Kärhanalarda ýa-da firmalarda köplenç geljek ýyl üçin ulanyş tutumynyň möçberi meýilnamalaşdyrylýar. Ol (Saf) şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär:

$Saf = S_1 + S_2 – S_3$

$S_1$ – öňümizdäki ýylyň 1-nji ýanwardaky ýagdaýynda ortaça gymmaty.

$S_2$ – geljek ýylda göz öňüne tutulýan satyn alynjak we önümçilige ornaşdyryljak esasy gaznalaryň ortaça gymmaty.

$S_3$ – geljek ýylyň dowamynda könelişen önümçilikden çykaryljak esasy gaznalaryň gymmaty.

Şu summalar anyklanylandan soň hasabat ýylyndaky ulanyş tutumynyň ortaça normasy tapylýar we ýaňky summa köpeldilýär hem-de geljek ýyl üçin ulanyş tutumlarynyň möçberi kesgitlenýär. Ýylyň dowamyndaky önümçilige ornaşdyryljak esasy serişdeleriň ortaça gymmaty şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär:

$S_2$ = Sbş  Km / 12

Sb – satyn alynjak we önümçilige ornaşdyryljak esasy gaznalaryň gymmaty.

Km – şol ady tutulan esasy gaznalaryň geljek ýylda önümçilige ornaşdyrylyp hereket etjek aýlarynyň sany.

Önümçilikden çykaryljak esasy gaznalaryň ortaça gymmaty şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär.

$S_3$ = Sk (12 Km) / 12

Sk – könelişen esasy gaznalaryň gymmaty.

Häzirki wagtda maýa goýuş serişdesi hökmünde her bir firma, her bir kärhana üçin ulanylyş tutumlarynyň summasynyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Inflýasiýa netijesinde esasy gaznalaryň ilkibaşdaky bahasy kemelip galýar. Olaryň şol öňki bahasy häzirki wagtda olaryň anyk gymmatyny aňlatmaýar. Eger şol könelişen bahadan amortizasiýa hasaplanylsa, onda ol summa maliýe serişdesi hökmünde kemlik ederdi. Şonuň öňüni almak üçin Türkmenistan hökümetiniň karary esasynda esasy gaznalaryň täze şu günki anyk bahasyny kesgitlemek üçin gaýtadan bahalandyrylyş geçirilýär.

Daşary ýurtlaryň tejribesinde bolsa, esasy serişdeleriň moral taýdan könelişeninden ugur alnyp ýokarlandyrylan ulanyş tutumlarynyň normalary ornaşdyrylýar.

Çaltlandyrylan amortizasiýa şu aşakdakylara ulanylmaýar:

a) Ulanyş möhleti üç ýyla çenli bolan maşyn we enjamlara;

b) Türkmenhowaýollarynda ulanylýan, ulanyş möhleti işlän sagatlary esasynda kesgitlenilýän uçarlara we dikuçarlara;

w) Awtotransporta ulanyş tutumlary olara 1000 km. ýöränine goşmak bilen gymmatyndan göterim esasynda hasaplanýar.

g) Şeýle-de, aýratyn bir barlag geçiriljek maksatlara ulanylýan täze tehnika we tehnologiýa, ýagny anyk bir önüm öndüriljek maksady bilen.

Çaltlandyrylan usulda ulanyş tutumlary her ýylda deňeçer ýagdaýda hasaplanylýar, şeýle-de onuň normasy aşaky normadan iki esseden köp bolmaly däldir, bu usul bilen toplanan serişdeler eksporta niýetlenen möhüm halkyň sarp edýän önümlerini öndürmeklige niýetlenendir. Ýene-de bir zady belläp geçmelidiris, doly ulanyş tutumlary hasaplanan, hat-da işläp durmasyny dowam etdirýän esasy serişdelere ulanyş tutumy hasaplanmaýar. Şonuň ýaly-da döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda öň belleýşimiz ýaly hasaplanan ulanyş tutumy

harajatlara goşulmaýar, ol maýa toplaýyş gaznanyň ýa-da galyndy peýdanyň hasabyna öwezi dolunýar.

Biz 13-nji mart 2000-nji ýylda № 4606 Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan, halk hojalygyndaky esasy gaznalaryň gaýtadan dikeldilmegi üçin ulanyş tutumynyň normasyny getirip görkezýäris (käbirlerini).

**Tablisa №35**

(balans gymmatyna göterim hökmünde)

| **Esasy gaznalaryň görnüşleri we toparlary (käbirlerini mysal hökmünde getirýäris)** | **Şifr** | **Ulanyş tutumy %** |
|---|---|---|
| **Jaýlar**<br>Önümçilik we önümçilik däl jaýlar<br>Jaýlaryň (25 etaždan ýokary) dürli görnüşli, berk fundamentli monolit jaýlar | 1000 | 0,4 |
| Köp etažly (3 etaždan ýokary) | 10001 | 1,0 |
| Mebel (garnitursyz) | 70002 | 14,3 |
| Mebel (garniturda) | 70003 | 10,0 |
| Elektropriborlar | 70005 | 8,3 |
| Haly ýoljagazlary, belýo- ýatmak üçin, myhmanhana enjamlary | 70007 | 25,0 |
| Ramkaly suratlar | 70007 | 2,0 |
| Bürünç we mermerden heýkeller | 70008 | 1,0 |
| Ýatak jaý üçin ýorgan-düşek | 70009 | 14,3 |
| Ýaby, düýe, eşek | 80000 | 12 |
| Gorag üçin ekilen köp ýyllyk agaçlar:<br>Hwoýaly agaçlar | 90000 | 2,0 |
| Beýleki görnüşleri | 90001 | 2,5 |
| Limonlar | 90002 | 10,0 |

Bu şekilden görnüşi ýaly, esasy serişdeleriň köneliş tutumy dürli-dürlidir, ol olaryň önümçilikde hyzmat ediş döwrüne baglydyr. Mysal üçin, limonlaryň ortaça 10 ýyl ýaşy bolsa, 10 göterim tutumy, hwoýaly agaçlar azyndan 50 ýyl ýaşaýar, olaryň köneliş tutumy 2 göterim ýylda.

6.3. Düýpli maýa goýumlar diýlip täze önümçilik serişdelerini döretmek, gaýtadan dikeltmek (rekonstruksiýalaşdyrmak) we satyn almak üçin goýberilýän pul serişdelerine aýdylýar. Düýpli maýa goýumlaryň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Kärhananyň peýdasy – önümçiligi ösdürmek gaznasy;
2. Banklardan alnan uzak möhletli karz pullar;
3. Maliýe bazarynda gymmat bahaly kagyzlary (aksiýa) çykaryp, satmakdan toplanan serişdeler.
4. Daşary ýurtly maýadarlaryň goýumlary we beýlekiler.

Düýpli maýa goýumlaryň möçberi 2007-nji ýylda 230032 mlrd. manada barabar bolup, ol öňki ýylkydan 13,1 göterim ýokarlandy. Bu görkezijiler ýylyň-ýylyna ýokarlanyp dur. Beýleki we daşary ýurtly maýadarlaryň goýumlary.

**Tablisa № 36**

**Maýa goýum işi[1]**

| | 2000 | 2006 | 2007 |
|---|---|---|---|
| Düýpli maýa goýumlary, mlrd. manat | 9072 | 20340 | 23003,2 |
| Esasy serişdeleriň işe girizilişi, mlrd.manat | 6320 | 11581,2 | 15458,0 |

Maýa goýumlaryň depgini biziň ýurdumyzda örän ýokarydyr. Ol 2007-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 2,5 essedende köpdür.

**Tablisa № 37**

**Eýeçiligiň görnüşleri boýunça esasy gymmatlyklara maýa goýumlaryň düzümi[2]**

| | 2007-nji ýyl | | Şol sanda: | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi | Jemine görä, %-de | Önümçilik gurluşygy | Jemine görä, %-de | Önümçilige degişli däl gurluşyk | Jemine görä, %-de |
| Esasy gymmatlyklara maýa goýumlar | 27500 | 100 | 21386,7 | 100 | 6113,3 | 100 |
| **şol sanda eýeçiligiň görnüşleri boýunça:** | | | | | | |
| döwlet eýeçiliginde | 17020,2 | 61,9 | 12940,8 | 60,5 | 4079,4 | 66,7 |
| döwlete degişli däl eýeçiliklerde | 9174,6 | 33,4 | 7140,7 | 33,4 | 2033,9 | 33,3 |
| daşary ýurtly eýeçilikde | 1305,2 | 4,7 | 1305,2 | 6,1 | | |

Esasy orny görüşimiz ýaly entek döwlet eýeçiligi eýeleýär. Onuň maýa goýumlarda paýy 61,9% deňdir.

---

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri Aşgabat 2000-2007-2008ý.

[2]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. Statistiki ýygyndy. Aşgabat 2008ý.

**Tablisa № 38**

**2008-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlary**

**[1]2008-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-ine ykdysadyýetiň pudaklary boýunça daşary ýurt kärhanalarynyň maýa goýum – gurluşyk işi**

| Pudaklar | Desgalaryň sany, birlik | Desgalaryň şertnama gymmaty, mln. amerikan dollary |
|---|---|---|
| Hemmesi | 503 | 10501,9 |
| Önümçilik pudaklary | 122 | 4528,2 |
| şol sanda: | | |
| Senagat | 71 | 2777,8 |
| Oba hojalygy | 4 | 36,5 |
| Ulag | 17 | 1341,3 |
| Aragatnaşyk | 9 | 19,3 |
| Söwda we ilat üçin iýmitiň guralyşy | 16 | 231,0 |
| Gaýrylar | 5 | 122,3 |
| Sosial medeni maksatly pudaklar | 381 | 5973,7 |
| şol sanda: | | |
| Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy | 169 | 2830,8 |
| Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sosial üpjünçilik | 45 | 738,0 |
| Bilim | 95 | 881,8 |
| Medeniýet we sungat | 30 | 567,1 |
| Gaýrylar | 42 | 956,0 |

Maglumatlardan belli bolşy ýaly, daşary ýurt kärhanalarynyň maýa goýum-gurluşyk işlerine gönükdirilen serişdeleriniň ep-esli bölegi durmuş-medeni maksatly pudaklara gönükdirilendir. Şonuň ýaly-da önümçilik pudaklaryna, ylaýta-da senagat we ulag pudaklaryna maýa goýumlaryň möçberi ulydyr.

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. Aşgabat 2008ý.

**Tablisa № 39**

### [1]2008-nji ýylyň ýanwar – sentýabr aýlarynda esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarynyň maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça düzümi

| Maliýeleşdiriş çeşmeleri | Möçberi, mlrd. manatda | Jemine görä %-de |
|---|---|---|
| Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarynyň hemmesi | 33693,7 | 100,0 |
| şol sanda: | | |
| Kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleriniň hasabyna | 13598,9 | 40,4 |
| Ilatyň serişdeleriniň hasabyna | 509,0 | 1,5 |
| merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň hasabyna | 3369,1 | 10,0 |
| Karz serişdeleriniň hasabyna | 2545,3 | 1,9 |
| Şolardan: | | |
| Daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna | 4892,0 | 14,5 |
| Beýleki serişdeleriň hasabyna | 8779,0 | 26,0 |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, maýa goýumlaryň çeşmelerinde esasy orny kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleri eýeleýär. Karz serişdeleri onçakly orun eýelemeýär.

Döwlet we paýdarlar kärhanalarynda bolsa döwlet býujetinden göz öňüne tutulan serişdeler, paýlary we obligasiýalary ýerleşdirmekden alnan serişdeler we beýlekiler eýeleýär.

Esasy serişdeler üç hili ýagdaýda döredilip bilinýär.

1. Uzak möhletli pul serişdelerini gönükdirmek bilen esasy gaznalary satyn almak.

2. Paýdarlar tarapyndan esaslyk maýasyna natural görnüşde tabşyrylmagy netijesinde.

3. Esasy serişdeleriň döwlet tarapyndan, edara görnüşli we şahsy tarapyndan mugt berilmegi netijesinde.

Uzak möhletli maýa goýumlarynyň çeşmesi has anygy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Telekeçileriň öz serişdeleri.

2. Gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmeklikden, paý esasynda beýleki edara görnüşli we fiziki taraplaryň serişdelerini çekmeklikden.

3. Ýokarda duran assosiasiýalaryň, konsernleriň býujetden daşary pul toplumlarynyň serişdelerini çekmek bilen.

4. Banklaryň uzakmöhletli karz pullary.

5. Daşary ýurt maýadarlarynyň serişdeleri.

6. Döwlet býujetiniň serişdeleri.

---

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. Statistiki ýygyndy. Aşgabat 2008ý.

Esasy serişdeleriň hyzmat ediş hem-de girdeji berýän möhleti bardyr. Şol hyzmat ediş möhleti esasanam düýpli we gündelik bejeriş (remont) etmegiň hasabyna saklanylýar. Düýpli bejeriş üçin harajatlar önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýarlar. Esasy serişdeleri netijeli ulanmagyň ýollary şundan ybaratdyr. Köp smenalaýyn işi önümçilige ornaşdyrmak, zähmeti ylmy taýdan gurnamaklyk, işçileriň hünärini ýokarlandyrmak, gerek wagtynda düýpli bejeriş-bejergi işlerini alyp barmak. Esasy serişdeleriň aktiw tarapyny artdyrmaklyk hem-de onuň düşewüntliligini ýokarlandyrmak. Düşewüntlilik peýdanyň esasy serişdeleriň ortaça gymmatyna paýlamaklyk esasynda kesgitlenýär. Maýa goýumlarynyň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijiler ulanylýar, olardan mysal üçin täze düýpli maýa goýumlar üçin taslamada göz öňünde tutulan serişdeler 1400 mln. manat. Şol esasda önümçilige ornaşdyrylmakdan alynmagy göz öňüne tutulýan bir ýyllyk peýda 450 mln. manat. Düýpli maýa goýumlaryň öz-özüni ödeýiş koeffisiýenti.

$Ööd = \frac{K}{P} = \frac{1400}{450} = 3{,}11$ Bu ýokary görkezijidir. Düýpli maýa goýumlaryň taslamalary saýlanylyp alynanda şu görkezijiler ulanylýar, ýagny köplenç ýagdaýda näçe az ýyldan öz özüni ödeýşi amala aşyrylýan bolsa, şol taslamalar ornaşdyrmak üçin saýlanyp alynýar.

Ykdysadyýeti ösdürmegiň ýokary depginleri maýa goýum serişdeleriniň birsydyrgyn ösdürilmegini we ýurtda maýa goýumlaryň işjeňliginiň saklanylmagyny talap edýär.

2010-njy ýyla çenli döwür üçin maýa goýum maksatnamasynyň esasy ýörelgeleri:

- ýurdy dünýä hojalygyna birleşdirmek arkaly, onuň ykdysady howpsuzlygyny we garaşsyzlygyny üpjün etmekden;
- kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek we mundan beýläk-de ösdürmek, hojalygy dolandyrýan subýektleriň maýa goýum işlerini güýçlendirmek üçin şertleri döretmekden;
- durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny we iri maýa goýum taslamalaryň amala aşmagynyň netijelerini hasaba almakdan;
- ilatyň ösüş ýagdaýyny göz öňünde tutup, olaryň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak üçin täze iş orunlaryny döretmek;
- ilatyň aň-düşünjesini we ylmy mümkinçiligini (bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş, turizm we ş.m.) ýokarlandyrýan ugurlary döwlet tarapyndan goldamakdan ybaratdyr.

Çaklanylýan döwürde maýa goýum serişdeleriň çeşmeleriniň düzüminde esasy agram kem-kemden kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleriniň hasabyna geçer, şunda olaryň maliýe ýagdaýynyň durnukly bolmagyny üpjün etmek üçin aşakdaky çäreler göz öňünde tutulýar:

- gaýtaryp bermek we tölegli esaslarda karz pul bermegiň hasabyna kärhanalaryň döwlet tarapyndan goldanylmagyna kem-kemden we tapgyrlaýyn geçmek (Gaýtaryp bermesiz býujet maliýeleşdirişi esasy durmuş ugurly obýektler üçin saklanyp galar);

- kärhanalaryň tygşytlaýyş gaznalarynyň serişdelerini artdyrmak, şeýle hem banklardaky ýörite maksatly hasapnamalarda toplanmaly ulanyş tutumlarynyň serişdelerine indeksasiýa geçirmek;

- gymmatly kagyzlar we maýalaryň bazaryny mundan beýläkde ösdürmek;

Kärhanalaryň we guramalaryň maýa goýum işeňňirligini ýokarlandyrmak maksady bilen çaltlandyrylan ulanyş tutumlaryny girizmek, nyrhlaryň durnuklylygyny, milli puluň hümmetini, maliýe we bank ulgamlarynyň durnukly ýagdaýyny üpjün edýän çäreler toplumyny amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Maýa goýum taslamalaryna uzak möhletli karzlary (kreditleri) bermek boýunça döwlet täjirçilik banklaryny höweslendiriş ýollary işe giriziler, uly düşewüntleri bolan maýa goýum taslamalaryň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän maliýe-senagat toparlaryny döretmek baradaky başlangyçlar goldaw tapar, täze maliýe düzgünlerini tapgyrlaýyn döretmek işi başlanar.

Maliýeleşdirmegiň beýleki çeşmelerini ozaly bilen maýa goýum işinde giňden ulanmak maksady bilen daşary ýurt maýa goýumlaryny we karzlaryny çekmek boýunça çäreler göz öňünde tutulýar. Bu işe çekilýän daşary ýurt maýa goýumlarynda orta ululykdaky we uly şäherlerde erkin ykdysady zolaklarda, ylaýta-da “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny, nebit-gaz toplumlaryny, oba ýerlerini abadanlaşdyrmak we beýleki ugurlara ençeme milliard serişdeler gönükdiriler. Ýurdyň serhet ýaka territoriýasynda daşary ýurt we ýurdumyzyň telekeçileri bilen bilelikdäki firmalary we kärhanalary döretmegiň hasabyna gös-göni maýa goýumlarynyň paýyny ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde hem ýokary derejeli önümçiliklerde maýa goýmak üçin daşary ýurt karzlaryny çekmek bellenýär. Şol karzlar soňra kärhanalaryň girdejisiniň hasabyna üzülmelidir.

Ilatyň pul goýumlaryny maýa işine gönükdirmek, ozaly bilen ýaşaýyş jaýlaryň we hususy kärhanalaryň gurluşygyna gönükdirmek aýratyn möhüm wezipe bolup durýar. Ilatyň girdejileriniň we goýumlarynyň köpelmegi geljekde maýa goýumlarynyň uly çeşmesine öwrüler. Ilatyň pul goýumlaryny çekmekligi höweslendirmek maksady bilen, olary hümmetsizlenmekden goramak, kiçi telekeçiligi, ýekebara zähmet we telekeçiligiň käbir beýleki görnüşlerini çalt ösdürmek syýasaty ýörediler.

Ilatyň ýaşaýyş jaý gurluşygyny üpjün etmek üçin täjirçilik banklary tarapyndan berilýän ipoteka karzlarynyň ähmiýeti uly bolup, olar gelejekde giň gerim alarlar. Döwlet esasanam daşary döwletlere gazy eksport etmek üçin turba geçirijileri gurmaklyga, ulag infrastrukturasyny – demir ýollary (demirgazyk bilen günortany birleşdirýän Gazagystan – Türkmenistan we Eýran), gara ýollary we beýleki ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga niýetlenen gurluşyklary maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli maksatnamasynda” şu maksatlara 4 milliard amerikan dollary göz öňünde tutuldy. Bu serişdeler her welaýatda bir etrabyň eýýäm durkuny täzeledi. Mysal üçin 2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary içinde

şu maksatlara niýetlenen 2736086,3 million manat[1] harçlanyldy. Bu oba ýerleriniň durkuny düýpgöter täzelär.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Kärhanalaryň esasy serişdeleriniň düzümi nämeden ybarat?
2. Esasy serişdeleri satyn almaklygyň çeşmesini sanaň?
3. Düýpli maýa goýumlar näme we olaryň çeşmesi nämeden ybarat?
4. Esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary näme?
5. Häzirki döwürde maýa goýumlar haýsy ugurlara köp gönükdirilýär?

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. 2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary, Aşgabat – 2008ý. 31 sah.

# TEMA 7. DOLANYŞYK SERIŞDELERI, OLARYŇ DÜZÜMI WE ÇEŞMELERI

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Dolanyşyk serişdeleri we olaryň düzümi.
2. Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak (normalaşdyrmak) we önümçilige zerur ätiýaçlygyny döretmeklik.
3. Dolanyşyk serişdelerini netijeli ulanmagyň ýollary.

7.1. Dolanyşyk serişdelerine önümçilige zerur bolan zähmet predmetleri girýärler. Zähmet serişdeleriniň kömegi bilen zähmet predmetlerine täsir edilip, önüm öndürmeklik ýola goýulýar. Zähmet predmetlerine täsir etmek bilen, täze önüm öndürmekde zähmet predmetleri täzeden işlenilip, täzeden öndürilen önümiň düzümine doly girýärler. Esasy önümçilik serişdelerden üýtgeşiklikde dolanyşyk serişdeleri öndürilen önümiň gymmatyna ulanylyşyna görä öz gymmatyny doly geçirýärler. Düzümi boýunça dolanyşyk serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Çig mal we materiallar, kömekçi materiallar, elektroenergiýa, ýangyç, tiz könelýän, bahasy pes, ownuk-uşak materiallar we gurallar, ätiýaçlyk şaýlar, tohum we iýmit üçin zerur materiallar, iým, organiki we mineral dökünler, gerbisid, pestisid hem-de zyýanly mör-möjekler üçin ulanylýan her-hili dermanlar (preparatlar).

2. Tehnika üçin ulanylýan ýaglar, taýýar önümler üçin gerek bolýan çüýşe we beýleki gaplar, dolanýan materiallar, ýaşikler, haltalar we ş.m.

3. Ýaş mallar, tohum berýän gara mallaryň göleleri, guzylar, jüýjeler we beýlekiler.

4. Satuw üçin taýýarlanyp goýlan taýýar önümler.

5. Geljek ýyl önümlere edilen şu ýylky – harajatlar.

Dolanyşyk serişdeleri 2-sany uly bölekden ybarat.

1. Önümçilik ätiýaçlyklary.

2. Pul serişdeleri.

Pul serişdelerine: kassadaky pul serişdeleri, kärhananyň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeler, walýuta serişdeleri, geçirilen awanslar, debitor algylary girýärler. Sowet döwründe, şonuň ýaly-da käbir ykdysady taýdan ösen ýurtlarda önümçilik ätiýaçlyklary-gorlary normalaşdyrylyp, olara normatiw goýulýardy, ýagny önümçiligi dowam etdirmek üçin gerek boljak çig mallaryň we zatlaryň gory, möçberi bellenilýärdi. Hakyky gorlar normadan ýokary bolsa, onda şoňa bank tarapyndan karz pul berlende ýokary göterim talap edilýärdi. Kadalaşdyrylan ýokary dolanyşyk serişdeleri, dolanyşyk serişdeleriň pes netijeli ulanylýandygyny aňladýardy. Häzirki wagtda kärhanalara dolanyşyk serişdeleri üçin ýokardan direktiwa hökmünde kadalaşdyryjy goýberilmeýär. Ýöne her bir kärhana, ýagny ykdysady seljermä, gowy seljermeklige üns berýäni öz çäginde dolanyşyk serişdeleriň gerek boljak kadalaşdyryjysyny döredýärler.

Dolanyşyk serişdeleriň gerek bolan ätiýaçlyklaryny döretmek üçin zerur bolan pul serişdelerine öz dolanyşyk pul serişdeleri diýip aýdylýar. Kärhananyň öz dolanyşyk pul serişdeleri şu aşakdaky çeşmelerden döreýär.

a) häzirki wagtda dolanyşyk serişdeleri kärhananyň esasan öz serişdeleriniň, ýagny peýda, ykdysady taýdan höweslendiriş gaznalaryň hasabyna we ilki başda esaslyk maýasynyň hasabyna döredilýär;

b) öz serişdeleri ýetmedik wagtynda banklardan alynýan gysga möhletli karz pullar;

w) başga kärhananyň berýän maliýe kömekleri;

g) kreditor bergiler;

d) gymmat bahaly kagyzlardan gelýän pul serişdeler;

e) durnukly passiwler. Kärhanada maýa toplaýyş we sarp ediş üçin niýetlenen serişdeler, ätiýaçlyk pul toplumy we beýleki bergilerden wagtlaýyn serişdeleriň mydama belli bir ulanylman indiki döwre geçýän galyndylary, şolaryň belli bir bölegi önümçilik ätiýaçlyk serişdeleri maliýeleşdirmäge gönükdirilip bilner.

7.2. Ykdysady seljermä (analize) üns berýän kärhanalarda önümçilik ätiýaçlyklarynyň belli bir möçberini döretmek üçin kadalaşdyryjylar ulanylyp, her bir döwür üçin önümçilik ätiýaçlyklarynyň normatiw möçberi kesgitlenýär. Mysal üçin, bir kärhana özüne gerek bolan çig maly Russiýadaky kärhanadan alýar. 2-nji bir kärhana bolsa Türkmenistanyň çägindäki kärhanadan alýar. 1-nji kärhana Rossiýadan çig mal 6 aýyň dowamynda gelýär. Türkmenistanyň çägindäki kärhana çig maly we materiallary 10 günden bir gezek alýar. Russiýadan çig mal kärhana üçin önümçilik ätiýaçlyklaryny döretmek üçin 10 esse köp pul serişdesi gerek. Eger birinji kärhana bankdan karz pul alsa, onda oňa töleýän göterimi 10 esse köp bolardy. Birinji kärhana şol önümçilik ätiýaçlyklaryny döretmek üçin 10 esse köp bolan pul serişdesini toplamasa, onda ol maliýe tarapdan kynçylyk çekerdi.

Dolanyşyk serişdeleriň kadalaşdyryjysy kesgitlenende olaryň bir gün üçin gerek bolan möçberi, näçe günlük gerek boljak möçberi we beýleki normatiwi şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

1. Ulag ätiýaçlyklary – ýagny ýüki beriji bilen öndürýän kärhananyň arasynda hereket edýän ulaglaryň gün dowamlylygy, eger ulag hereketi 20 gün bolsa azyndan 20 günlük ätiýaçlyk – gor döredilýär.

2. Gündelik ätiýaçlyk – bu çig mal we materiallary önümçilikde ulanylanda gerek boljak günleriň sany esasynda kesgitlenýär.

3. Ammarda gerek boljak önümçilik serişdeleriň möçberi. Bu ätiýaçlyk ulag serişdelerinden düşürilip ammara goýlup, önümçilige gönükdirilýän günlerine çenli gerek boljak ätiýaçlyklaryň mukdary.

4. Ätiýaçlyk gorlary, olar ulag serişdeleriň bökdençli ýa-da üpjün edijiler bökdençli işlemegi we ş.m. ýagdaýlar ýüze çykanda, önümçilik ätiýaçlyklary bökdençlik sebäpli ýetmezçilik etmegi mümkin, şonuň öňüni almak üçin köp kärhanalarda 50% möçberinde ätiýaçlyk gory döredilýär. Bar bolan dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlary (zapasy) kadalaşdyryjydan az bolsa, onda oňa normatiwiň ýetmezçiligi diýilýär. Hakyky gorlar normatiwden ýokary bolsa, onda oňa kadalaşdyryjydan ýokary dolanyşyk serişdeleri diýilýär.

Şeýle halatda gerek bolmajak önümçilik gorlary döreýär, bu bolsa goşmaça maliýe serişdelerini talap edýär. Şu ýagdaýda şeýle kärhanada maliýe serişdeleri netijesiz ulanylýar. Şu halatda önümçilik ätiýaçlyklary kadalaşdyryjydan ýokary bolup biler, eger önümçiligiň möçberi artan wagty.

Şonuň ýaly-da:

a) gereginden artyk çig-mal we materiallar getirilen bolsa;

b) önümçilik maksatnamasy ýerine ýetmedik halatda.

Her bir kärhana üçin gerek bolan dolanyşyk serişdeleriň amatly möçberini döretmek üçin dolanyşyk serişdeleriň normalaşdyrylyş işini maliýe bölümleri alyp barýarlar. Olar häzirki zaman kompýuter tehnikasyny ulanýarlar. Önümçilik ätiýaçlyklary kärhananyň bökdençsiz işlemegini üpjün edýär. Dolanyşyk serişdeleri maýa goýulmagyny talap edýär. Maýa (kapital) eýesine näçe köp dolansa, şonça köp goşmaça gymmat getirýär. Dolanyşyk serişdeleri dolanyşykda bolup, näçe köp dolanyşyk etseler, şonça-da olar netijeli ulanylýar. Dolanyşyga gönükdirlen kapitalyň näçe köp dolanyşyk edip eýesine goşmaça gymmat getirişiniň seljermesi K.Marksyň kapitalynyň 2 tomynda görkezilýär.

7.3. Dolanyşyk serişdeleriň netijeliligini häsiýetlendirýän şu aşakdaky görkezijiler bardyr:

$$1.\ DK = PG/DO; \quad \frac{PG}{DO}$$

DK – dolanyşygyň koeffisiýenti. Ol çärýekde ýa-da ýylda dolanyşyk serişdeleriniň näçe gezek aýlanyşyk edendigini häsiýetlendirýär. Dolanyşyk serişdeleriň koeffisiýenti näçe köp bolsa, şonça-da onuň netijeli ulanylandygyny aňladýar.

PG – çärýekde ýa-da bir ýylda kärhananyň pul girdejileriniň ýa-da öndürilen harytlyk önümiň, ýa-da satylan önümiň gymmaty. Ol çärýek ýa-da ýyllyk hasabatdan alynýar.

DO – bir çärýekde ýa-da ýylda dolanyşyk serişdeleriň ortaça gymmaty. Ol buhgalteriýada – hasabat çärýek ýa-da ýyllyk balansyndan alynýar. Ortaça gymmat bolsa seljeriş edilende hasaplanylýar. Mysal: önümiň gymmaty 1 ýylda 1 mlrd. 260 mln. manat bolupdyr, bir ýylda tikin fabrigiň dolanyşyk serişdeleriniň ortaça gymmaty 450 mln. manat.

$$\frac{1260}{450} = 2,8$$

Dolanyşyk serişdeleriniň koeffisiýenti 2,8 diýmek, dolanyşyk serişdelerine goýlan pul serişdeleri bir ýylyň dowamynda 2,8 gezek aýlanşyk edýär. Eger şu aýlanşyk näçe köp bolsa dolanyşyk serişdeleri şonça-da netijeli ulanylardy.

2. Gün hasabynda dolanyşyk serişdeleriň 1 çärýekde ýa-da 1 ýylda dolanyşygynyň möhleti, dolanyşyk serişdeleri näçe günden bir gezek dolanyşyk edendigini aňladýar. Ol şu formula bilen kesgitlenilýär.

$$DG = \frac{G;}{DK;} \quad \frac{360}{2{,}8} = \underline{128{,}6 \text{ günden}} \text{ bir gezek dolanşyk bolupdyr.}$$

G – çärýekde (90) hem-de 1-ýyldaky (360) günleriň sany. Şu formula esasynda tikin fabrigindäki dolanyşyk serişdeleri 128,6 günde bir gezek aýlanyşyk edipdirler.

DK – dolanyşygyň koeffisiýenti.

2-nji formula esasynda-da ýaňky dowamlylygy kesgitläp bolýar.

$$DG = DO \times G/PG$$

G – çärýekdäki ýa-da ýyldaky günleriň sany. kw = 90, ýyl = 360.

DO – çärýekde ýa-da bir ýylda dolanyşyk serişdeleriň ortaça gymmaty.

PG – çärýekde ýa-da bir ýylda pul girdejileri.

Mysal:

450 x 360 / 1260 = 128,6 gün.

Ýa-da başgaça aýdanda dolanyşyk serişdeleri hasabat ýylynda 128,6 günden bir gezek dolanyşyk edýär. Şu dolanyşygyň günleriniň dowamlylygy näçe az bolsa şonça-da dolanyşyk serişdeleri netijeli ulanylýar. 2010-njy ýylda tikin fabrigi 1 mlrd. 300 mln. manat önüm satmaklygy göz öňünde tutýar, ýagny geçen ýyldakydan 40 mln. manat köp önüm öndürmekligi göz öňünde tutýar. Ýokardaky formula esaslanyp geljek ýylda dolanyşyk serişdeleriň gerek möçberini tapyp bileris:

PG/DK (geçen ýylyňky) netijede

130/2,8=464,2 ; 464,2-450=+14,2 m.m. öňümizdäki ýylda goşmaça gerek boljak dolanyşyk serişdeleriň möçberi. Diýmek, kärhana geljek ýylda 14,2 mln. manat goşmaça pul serişdelerini toplamaly, ýagny kärhana üstümizdäki ýylda dolanyşyk serişdelerini tygşytly ulanyp önümçilik ätiýaçlygy üçin amatly ulag serişdelerinden peýdalanyp, önümçiligi köp smenalaýyn ýola goýup, dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygyny ep-esli çaltlandyrmagy göz öňünde tutýar, ýagny dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň dowamlylygyny 3,6 güne çenli gysgaldýar, netijede göz öňüne tutulýan dolanyşyk serişdeleriň dowamlylygy 125 gün bolar diýeli. (128,6-3,6)=125 gün.

DK=360/125=2,88 gezek ; 1300/2,88=451,4 m.m.

Geljek ýylda dolanyşyk serişdeleriň dolanyşygynyň otnositel çaltlandyrylmagy zerarly alnan tygşytlylyk 464,2 – 451,4 = 12,8 m.manat.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanşygynyň dowamlylygyny 130 güne çenli uzaltsak, onda geljek ýylda dolanyşygyň koeffisiýenti 360/130=2,76 bolardy. Netijede kärhana gerek boljak dolanyşyk serişdeleriň möçberi artyp 471 m.m. bolardy.

Dolanyşyk serişdeleriň ortaça gymmaty orta arifmetiki usulda kesgitlenýär, eger bir çärýek üçin gerek bolsa, başyndaky aýyň, ½ gymmaty çärýegiň ortasyndaky aýlaryň doly gymmaty, çärýegiň ahyryndaky aýyň ½ gymmaty goşulyp üçe paýlanylýar. Dolanyşyk serişdeleriň 1 ýyllyk ortaça gymmaty şu aşakdaky ýaly hasaplanýar:

1 ýanwar – ýylyň başy ½ + ýylyň ortaky aýlarynyň doly gymmaty + geljek ýylyň ýanwar aýynyň ½ jemi, paýlanylýar 12. Dolanyşyk serişdeleriň galyndysy hasabat döwrüniň başyna we aýagyna (forma-1) balansyň aktiw tarapynyň bölüminde görkezilýär.

7.3. Dolanyşyk serişdelerini netijeli ulanmagyň ýollary:

1. Ýakyn aralykdaky satyjydan çig mal we material satyn almaklyk, bu bolsa öz gezeginde ulag ätiýaçlyklarynyň kemelmegine getirer, mysal: Russiýadan we beýleki uzak ýurtlardan çig mal alanyndan Türkmenistanyň öz içinden çig mal alanyň amatly, çünki Russiýadan çig mal alanyňda köp günlik ulag ätiýaçlyklary gerek bolardy. Türkmenistanyň öz içinde beýle köp ätiýaçlyk gerek bolmaz.

2. Arzan bahaly we ýokary hilli çig mallary satyn alyp, önümçilik ätiýaçlygyny döretmek.

3. Çig-mal we materiallary tygşytly ulanyp artykmaç galyndysyny azaltmak.

4. Köp smenalaýyn önümçilik işini ýola goýmaklyk.

5. Çig mal we materiallary tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýän, önümçilige täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmak.

6. Çig mal we materiallaryň gerek bolmajak artykmaç ätiýaçlyklaryny aradan aýyrmak.

7. Çig mal we materiallary tygşytly ulanmakdan ötri, işçi we gullukçylara höweslendiriji çäreleri ulanyp, tygşytlylyk düzgünini gazanmaklyk.

8. Önümçilik ätiýaçlyklarynyň ammardan önümçilige barýan aralygyndan gerek bolan gün dowamlylygyny kemeltmek we beýleki çäreler. Her bir kärhanada pul serişdeleri önümçilik ätiýaçlyklarynyň zerur möçberini döretmäge ýeterlik bolmalydyr.

9. Kärhananyň ygtyýaryndaky pul serişdeleride netijeli ulanylmalydyr. Mysal üçin, olar netijesiz bergidarlarda ýitip gitmeli däldirler. Wagtly-wagtyndaky hasaplaşyklara üns berilmelidirler. Artykmaç pul serişdeler: maliýe goýumlaryna, depozitlere we ş.m. netijeli ugurlara gönükdirilmelidirler.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Dolanyşyk serişdeleri düzümi boýunça nämelerden ybarat?

2. Dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryny döretmegiň çeşmeleri nämeden ybarat?

3. Näme üçin dolanyşyk serişdeleri normalaşdyrylýar?

4. Hut öz dolanyşyk serişdeleriniň möçberi kärhananyň balansynda nähili kesgitlenýär?

5. Dolanyşyk serişdeleriniň netijeli ýa-da netijesiz ulanylýandygyny häsiýetlendirilýän görkezijiler nämeden ybarat?

# TEMA 8. KÄRHANANYŇ MALIÝE DURNUKLYLYGYNY WE TÖLEG BAŞARNYKLYLYGYNY HÄSIÝETLENDIRÝÄN GÖRKEZIJILER

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygynyň ähmiýeti
2. Kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygyny häsiýetlendirýän görkezijiler
3. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek

8.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygynyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Kärhana maliýe taýdan durnukly bolmasa ol dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklaryny döredip bilmez, bankdan alan karzlaryny gaýtaryp bilmez, işçi we gullukçylara zähmet hakyny wagtynda töläp bilmez, başga kärhanadan emele gelen bergilerini hasaplaşyp bilmez, paýdarlar jemgyýetleri maliýe taýdan ýagdaýlary ýaramazlaşan ýagdaýynda diwidendleri wagtly-wagtynda töläp bilmez, maliýe taýdan durnuksyzlyk, ylaýta-da täjirçilik banklarynyň işine täsir edýär, olar goýulan goýumlary we depozitleri wagtly-wagtynda gaýtaryp bilmezler. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy netijesinde, banklaryň-da öz gezeginde maliýe ýagdaýlary erbetleşýär, çünki şol kärhanalar banklardan alan karzlaryny üzüp bilmeýärler. Banklar öz gezeginde goýum goýan ýa-da depozit açan ýuridiki we şahsy taraplara goýumlaryny töläp bilmeýärler.

Mysal üçin, goýum goýanlaryň 5% bankdan bir wagtyň özünde pullaryny talap eden halatynda banklar maliýe taýdan batyp galardylar. Ol öz gezeginde milli walýutanyň hümmetiniň pese gaçmagyna getirerdi. Bu bolsa inflýasiýanyň güýçlenmegine getirip, nyrhlaryň esassyz ýerden ýokarlanmagyna getirmegi mümkin, ol öz gezeginde zähmetkeş halkyň hal-ýagdaýynyň peselmegine getirer. Maliýe ýagdaýy erbetleşen kärhanalara bankrotlaşan batan kärhanalar diýilýär. Olar bergidar çukuryna düşýärler. Bankrot bolan kärhanalaryň emläkleri auksionda kim ýokary edilip satylýar. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gündelik seljermesi (analizi) olaryň maliýe bölümleri we menejerler tarapyndan amala aşyrylýar. Mundan başga kärhananyň maliýe ýagdaýynyň degşirilişi banklar tarapyndan, salgyt gulluklarynyň işgärleri tarapyndan we auditor gulluklary tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

Döwlet kärhanalarynyň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşan ýagdaýynda, döwlet kömege ýetişip biler, ýagny maliýe serişdeleri bilen üpjün edýär. Beýleki eýeçilik görnüşinde hereket edýän kärhanalara esasy kömek banklar tarapyndan edilip bilner, ýöne ol hökmany däldir. Kärhananyň maliýe ýagdaýyna seljeriş bermek üçin ulanylýan esasy resminama forma №1 1-çärýeklik hem-de ýyllyk balansdyr. Balans salgyt guramalaryna, maglumatlar we hasaplaýyş edarasyna, döwlet kärhanalarynda ýokary guramalara, karz alan bolsa, banklara tabşyrýarlar. Balans we onyň goşundysy kärhananyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän aýnadyr. Ony kärhananyň ýolbaşçysy we beýleki menejerler, kärhana bilen iş salyşýan bank we

salgyt işgärleri okamagy başarmalydyrlar. Balans şunuň bilen esasy buhgalteriýa hasapnama resminamasydyr.

Kärhananyň balansy 2 bölekden ybarat:

1. AKTIW, 2. PASSIW

**Aktiw** tarapynda kärhananyň serişdeleriniň düzümi görkezilýär, ýagny esasy serişdeler we olaryň gymmaty, önümçilik ätiýaçlyklary we olaryň düzümi, pul serişdeleri (kassa-hasaplaşyk hasaby) awans, debitorlardan bolan algylar görkezilýär.

Balansyň **passiw** tarapynda kärhananyň serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri görkezilýär. Mysal üçin: esaslyk maýa (ustaw hazynasy), peýda, maksatly gaznalar, banklardan alnan uzak we gysga möhletli karz pullar, býujete, işçi gullukçylara we beýleki edaralara bolan bergiler. Balansyň passiw we aktiw tarapy deňeşdirilýär, sebäbi her bir serişdäniň öz çeşmesi bar. Balans belli bir möhletde düzülýär (1-nji ýanwar, 1-nji aprel, 1-nji iýul, 1-nji oktýabr). Balansda kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň goly hökmanydyr. Balansyň ýazgysynda düzediş girizmek gadagandyr. Eger düzediş bar bolsa täzeden balans düzülip salgyt gulluklaryna we beýlekilere tabşyrylýar. Balansda maglumatlar hasabat döwrüniň başyna we aýagyna getirilýär hem-de balans milli walýutada düzülýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmagyň umumy ýollary şulardan ybarat:

1. Kärhana bazar islegini göz öňünde tutup, ýokary hilli önüm öndürmekligi we satmaklygy ýola goýmalydyr, satylan önümler üçin hasaplaşygy öz wagtynda geçirmelidir.

2. Kärhananyň serişdelerini esassyz ýere dagytmaly däldir. Bankdan alnan karz pullary wagtly-wagtynda hasaplaşmalydyr, çünki şeýle edilmese, onda tölenmeli göterimiň möçberi ýokarlanýar.

3. Salgyt gullugyna tölenmeli salgytlary doly we dogry hasaplamaly we öz wagtynda geçirmeli, çünki şeýle edilmese tölenmeli jerimeleriň möçberi artýar.

4. Her bir kärhana ýokary düşewüntli önüm öndürmekligi hem-de ony satmaklygy ýola goýmalydyr.

5. Haryt satmaklygy ýola goýulanda, alyjylaryň maliýe ýagdaýlary ýaramaz bolanda, olar wagtynda hasaplaşyk geçirip bilmeýärler, şeýle bolansoň häzirki wagtda köp kärhanalar öňünden töleg hasaplaşyk tertibinde iş alyp barýarlar.

6. Kärhananyň maliýe gulluklary ýygy-ýygydan kärhananyň maliýe ýagdaýyna seljeriş berip, kärhana ýolbaşçylaryna bu barada dogruçyl habar berip durmalydyrlar, kärhana ýolbaşçylary öz gezeginde kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak çärelerini işläp düzmelidir.

8.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik berýän halkara tejribesinde ulanylýan birtopar görkezijiler bardyr. Şol görkezijiler esasynda seljeriş etmek üçin kärhananyň balansy ulanylýar.

**Sekil №5**

## Balansyň shemasynyň seljerilmesinden mysal

**mln. manat**

| **Aktiw** | **Ýylyň başyna** | **Seljerilýän döwür** | **Passiw** | **Ýylyň başyna** | **Seljerilýän döwür** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Esasy serişdeler we goýumlar | 700 | 1053 | 1. Öz hususy serişdeleri | 6550 | 9399 |
| 2. Hut öz dolanyşyk serişdeleriniň möçberi (I - passiw – I - aktiw) | 5850 | 8346 | 2. Bankdan we beýleki edaralardan alnan karz serişdeler | 166 | 7386 |
| 3. Dolanyşyk serişdeleri we önümçilik ätiýaçlyklary | 2924 | 9857 | 3. Başga kärhanalardan çekilen serişdeler we passiwler | 2581 | 8426 |
| 4. Öz dolanyşyk serişdelerinden önümçilik gorlaryndan artygy | +2926 | -1511 | | | |
| 5. Pul we beýleki aktiwler görnüşindäki serişdeler | 5673 | 14301 | | | |

Ýylyň başyna öz dolanyşyk serişdeleri gerek bolan önümçilik ätiýaçlyklaryndan 2926 mln. manat artyk bolupdyr (5850-2924). Bu kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýylyň başynda gowy bolandygyny aňladýar, ep-esli serişdeler boş bolansoň netijeli ulanylmandyr. Bu bolsa hasabat döwründe debitor bergileriň artmagyna getirýär, emma hasabat döwründe ýagdaý başgaça, önümçilik ätiýaçlary (9857-2924) hasabat döwründe ep-esli artypdyr. Bu bolsa öz dolanyşyk serişdeleriň 1511 mln. manat ýetmezçiligini döredýär. (9857-8346).

Passiw tarapynda kärhananyň öz serişdeleri seljerilýän döwründe esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) artmagy netijesinde bolýar. Muňa oňaýly faktor diýip aýtmak bolar. Aktiw tarapyndaky esasy serişdeler ep-esli ýokarlanypdyr (oňaýly faktor), önümçilik serişdeleriň artmagy kärhananyň mydama ykdysady mümkinçiligini ýokarlandyrýar. Aktiw tarapynyň 3-nji bölümindäki önümçilik ätiýaçlyklary seljerilýän döwürde 3, 4 esse köpelipdir, bu ýagdaýda kärhananyň önümçilik mümkinçiligi ýokarlanýar. Bu seljermäniň maksady önümçilik ätiýaçlyklaryny döretmek üçin öz pul serişdeleriň ýeterlik ýa-da ýeterlik däldigini deňeşdirip görmekdir. Ýylyň başyna öz pul serişdeleri 2926 m.m. (5850-2924) artyk. Bu gowy.

Ýylyň aýagyna (8346-9857) = - 1511 müň manat pul serişdeleri önümçilik ätiýaçlaryndan kem, kärhanada ýylyň başyndaky boş pul serişdeleriň ep-esli bölegini önümçilik ätiýaçlyklaryny artdyrmak üçin ulanylypdyr.

Kärhananyň balansynyň 2 bölüminde keseden çekilen ýagny, bankyň karzy ýylyň başyna 166 mln. manat bolsa, ýylyň aýagyna bolsa -7386 mln. manat bolýar, diýmek bankdan alnan karz pul ep-esli artypdyr. Maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň biri-de kärhananyň hasaplaşyk we beýleki

hasaplaryndaky pul serişdeleriň barlygy ýa-da ýoklugydyr. Başgaça aýdanyňda şol pul serişdeleriň möçberi kärhananyň bergisini üzmäge ýeterlik bolmalydyr. Biziň seljerýän kärhanamyzda ýylyň başyna hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdesi 5673 m.m. bolan bolsa, ýylyň aýagyna -14301 mln. manat ep-esli artypdyr (oňaýly faktor) 3 bölüm passiwde kärhananyň kreditor we beýleki bergileri görkezilýär. Seljerme geçýän kärhanamyzda şol bergiler ýylyň başyna 2581 mln. manat bolan bolsa, ýylyň aýagyna 8426 mln. manat, ýagny 3 esseden hem köpräk artypdyr. (oňaýsyz faktor) Kärhananyň pul serişdeleri bergisini ýapmak üçin ýetmeýär.

14301 = (7386+8426) – 1510 mln. manat ýeterlik däl.

Bu bolsa geljekde kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirip biler. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň ýene-de biri algylary we (debitor we kreditor) bergileri, olaryň möçberi, şolaryň kemelişi ýa-da artyşy, şonuň üçin ilki bilen algylaryň (debitor) düzümini seljerip görýäris. Ýylyň başyna algylar (debitor) 5673 mln. manat, şonuň 439 mln. manady haryt we beýleki hyzmatlary etmek zerarly alynman galan algylar. Şol algylar ýylyň aýagyna ep-esli köpelip, 5 essä golaý artypdyr. Kärhananyň maliýe gullugy hasaplaşyk işlerine ünsüni güýçlendirmeli. Býujetden algysy ýylyň başyna 865 mln. manat, ýylyň aýagyna 1628 mln. manat artypdyr. Býujet bilen hasaplaşyk işlerine ünsi güýçlendirmeli. Beýleki debitor algylary 4090 mln. manat ýylyň aýagyna 8237 mln. manada ýetipdir, ýagny 2 essä golaý artypdyr. Kärhana hojalyk sudy we beýleki guramalaryň üsti bilen algy bergisini hasaplaşmaga ünsi güýçlendirmeli. Kärhana üçin algylaryndan (debitor) başga, bergilerini (kreditor) üzlüşmegiň ähmiýeti uludyr. Seljerme netijesinde bergileriň (kreditor) düzümini deňeşdirip görýäris. Bergileriň (kreditor) içinde haryt we beýleki hyzmatlardan emele gelen bergiler, ýylyň başyna 1985 mln. manat bolsa, ýylyň aýagyna 3288 mln. manada ýetipdir. Diýmek, kärhananyň satyjylara bolan bergisi ep-esli artypdyr. Bu göräýmäge oňaýly faktor, çünki satyjylaryň pullary ulanylýar, emma hasaplaşyk wagtynda geçmese soňundan penýa, jerime, kompensasiýa tölenilýär. Şeýle-de algydarlar sud üsti bilen algysyny islendik wagtda talap edip bilerler.

Býujete bolan bergisi 133 mln. manat bolanlygyndan ýylyň aýagyna 2721 mln. manada ýetipdir we ep-esli artypdyr. Bu býujet bilen öz wagtynda hasaplaşyklaryň amala aşyrylmandygyny aňladýar (otrisatel faktor), çünki býujete penýa, jerimeler tölenilýär, bergileriň (kreditor) ýene-de biri zähmet hakyna bolan bergilerdir. Bu bergiler ýylyň başyna 6 mln. manat bolan bolsa, ýylyň aýagyna 9 mln. manat. Kärhana işçi we gullukçylar bilen öz wagtynda hasaplaşmalydyr. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriniň biri hem balansdaky öz hususy serişdeleri bilen keseden çekilen, karz alnan pul serişdeleriň gatnaşygydyr. Ykdysady taýdan durnukly, kuwwatly kärhanalarda öz serişdeleriniň udel agramy ep-esli ýokary bolýar. Köp derejede karz almak ykdysady taýdan gowşak kärhanalara mahsusdyr. Biziň kärhanamyzyň öz serişdeleri ýylyň başyna 65% bolanlygyndan ýylyň aýagyna (37,2%) derejede bolupdyr. Ýylyň başyna kärhananyň öz pul serişdeleriniň ep-esli bölegini emele getirýän bolsa, ýylyň aýagyna ol peselipdir (37%). Bu bolsa kärhananyň başga kärhanalara garaşsyzlygyny artdyrýar, çünki beýleki kärhanalar öz pul serişdelerini talap etseler, onda seljerilýän kärhananyň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşyp galmagy

mümkin. Maliýe ýagdaýyny deslapky seljermäge mümkinçilik berýän hasaplamasy kärhananyň forma №1 balansyna esaslanýar. Ol ýönekeýdir. Biz käbir maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijilere seredip geçýäris.

**1-nji görkeziji** kärhananyň maliýe taýdan garaşsyzlygynyň koeffisiýenti. Ol kärhananyň ähli balansda görkezilen emläginiň jemine hut özüne degişli pul serişdeleriniň gatnaşygy netijesinde kesgitlenýär. Hasabat ýylynda kärhananyň hut öz serişdeleri balansyň (I passiw) 9399 mln. manat, jemi serişdeleri 25211 mln. manat, (9399-7386+8426) ýylyň başyna (6550+166+2580) = 9297;
onda bu koeffisiýent = $\frac{9399}{25211}$ = 0,37 bolardy. Ýylyň başyna $\frac{6550}{9297}$ = 0,70.

Bu koeffisiýent näçe ýokary bolsa, şonça-da kärhana garaşsyz.

**2-nji görkeziji** kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygynyň koeffisiýenti. Ol karz alnan pul serişdeleriniň wagtynda tölenilmedik bölegi belli edilenden soňra kesgitlenýär. Eger şol tölenilmedik bölegi artsa, kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygy peselýär, ol garaşsyzlyk koeffisiýentine deňdir.

**3-nji görkeziji** işjeňligiň koeffisiýenti. Ol koeffisiýent ýylyň dowamynda satylan önümleriň gymmatynyň ähli emläginiň summasyna gatnaşygy netijesinde kesgitlenýär. Mysal üçin, önüm satmakdan alnan pul girdeji 16561 mln. manat. Ähli serişdeler 25211 mln. manat, şonda ol $\frac{16562}{25211}$ = 0,65 bolýar.

Biziň kärhanamyzda işjeň aktiwligiň koeffisiýenti 0,65. Kärhana ähli emläginiň 65%-ni ulanyp gaýdyp alyp bilipdir. Şol koeffisiýent näçe ýokary boldugyça, kärhananyň işjeň aktiwligi şonça ýokary bolýar, ýagny kärhana öz emlägini şonça-da köp dolanyşyga girizip pul girdejilerini köp gazanyp bilýär.

**4-nji görkeziji** maliýe serişdeleriniň netijeli peýdalanşynyň koeffisiýenti. Bu koeffisiýent kärhananyň hasabat döwründäki alan peýdasyny şonuň ähli emlägine gatnaşdyrmagy netijesinde tapylýar. Mysal üçin, kärhana hasabat ýylynda 7361 mln. manatlyk peýda gazanypdyr, onuň ähli serişdeleri 25211 mln. manat bolsa, onda bu koeffisiýent 7361/25211=0,29 bolardy, bu san näçe ýokary bolsa şonça-da kärhana serişdelerini netijeli ulanýar.

**5-nji,** balansdaky umumy ýapmak koeffisiýenti, bu ähli serişdelerden (25211 mln. manat) esasy serişdeleri aýrandan soň (1053 mln. manat) galan bölegini bankdan alynan karz we kreditor bergilere bölmek bilen tapylýar. Mysal üçin banka bergi we kreditor bergiler (7386+8426); (25211-1053)=24158/7386+8426=1,5. Bu görkeziji pesdir, ol 2-den ýokary bolmalydyr.

**6-njy,** öz hususy serişdeleriň material ätiýaçlyklarda we harajatlaryny döretmäge gatnaşygy: ol passiwdäki I-bölümiň jeminden aktiwiň I-bölümini, esasy serişdeleri aýyryp, galanyny dolanyşyk serişdelerine we önümçilik ätiýaçlyk serişdelere gatnaşdyryp kesgitlenýär.

Mysal üçin, ýylyň aýagyna passiwdäki I-bölümiň jemi 9399,0 mln. manat-esasy serişdeler we dolanyşyk-da däl aktiwler (1053 mln. manat) 8346.0-öz dolanyşyk ätiýaçlyklary;

8346,0/9857=0,84; Görnüşi ýaly kärhana önümçilik dolanyşyk serişdeleriniň 0,84 bölegini hut öz serişdeleriniň hasabyna emele getiripdir. Bu koeffisiýent ýylyň başynada şonuň ýaly hasaplanýar.

**7-nji.** Kärhananyň maliýe ýagdaýyna analiz bermek – seljermek üçin töleg başarnyklylygynyň koeffisiýenti (absolýut likwidlilik) diýen umumylaşdyryjy görkeziji ulanylýar. Ol görkeziji karz we bergileriň jemine hasaplaşyk we beýleki hasapdaky bar bolan nagt pul serişdeleriniň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär. Şol koeffisiýent birden ýokary bolan halatynda kärhananyň töleg başarnyklygy ýokary diýip hasap edilýär, iň pes möçberi 0,20-0,25 kem bolmaly däldir. Ýylyň aýagyna:

$$\frac{14301}{7386+8426} = 0{,}9.$$ Bu ýokary görkezijidir.

Adatça likwidlilik düşünje, töleg başarnyklylygyndan tapawutly bolup, ol kärhananyň aktiwleriniň töleg serişdesine näderejede öwrülip bilmegine aýdylýar.

## 8.3. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljerilmesi.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek üçin Halkara tejribesinde ulanylýan käbir görkezijileriň seljermesini getirip görkezmegi makul bildik. Kärhananyň maliýe ýagdaýy diýlende, onuň öz alyp barýan işlerini maliýeleşdirmek ukyby göz öňünde tutulýar. Ol kärhananyň kadaly hereket etmegi üçin zerur bolan maliýe serişdeleri bilen üpjünçiligi, onuň maksada laýyk ýerleşdirilmegi, netijeli peýdalanylmagy, beýleki edaralar we şahsy taraplar bilen maliýe aragatnaşygyny, tölege ukyplylyk we maliýe durnuklylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy (KMÝ) durnukly, durnuksyz we ýetmezçilikli (krizisli) bolup bilýär. Kärhananyň wagtly-wagtynda tölegleri hasaplaşyp bilmek, giňeldilen esasda öz işini maliýeleşdirmek ukyby onuň gowy (durnukly) maliýe ýagdaýyna şaýatlyk edýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçiligi giňeltmek we kärhananyň batmagyna ýol bermezlik üçin maliýe serişdelerini nähili dolandyrmalydygyny, esasy we döreýiş çeşmeleri boýunça maýanyň düzüminiň nähili bolmalydygyny, öz serişdeleriniň, şeýle-de paýlarynyň nähili bolmalydygyny bilmek zerurdyr. Mundan başgada bazar ykdysadyýetinde ulanylýan maliýe durnuklylygy, tölege ukyplylyk, işjeňlik, düşewüntlilik we beýleki düşünjeleri bilmek gerek.

Seljermäniň baş maksady – maliýe işindäki kemçilikleri öz wagtynda ýüze çykarmak we olary düzetmek, kärhananyň maliýe ýagdaýyny we tölege ukyplylygyny gowlandyrmagyň goşmaça mümkinçiliklerini tapmakdyr. Şonda aşakdaky wezipeleri çözmek zerurdyr:

1. Önümçilik, täjirçilik we maliýe işiniň dürli görkezijileriniň arasyndaky arabaglanyşygy öwrenmegiň esasynda kärhana maliýe serişdeleriniň gelip gowşuşy boýunça meýilnamanyň berjaý edilşine we olaryň kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak nukdaý nazaryndan peýdalanyşyna baha bermeli.

2. Hojalyk işinde serişdeler peýdalanylanda, dürli-dürli maliýe ýagdaýynyň işlenip düzülen modelinden we özüniň gapdaldan çekilen serişdelerden ugur alyp, mümkin bolan maliýe netijelerini we düşewüntliligi çaklamaly.

3. Kärhananyň maliýe serişdelerini has netijeli peýdalanmaga we maliýe ýagdaýyny pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri işläp düzmeli.

KMÝ-nyň durnuklylygyna baha bermek üçin, şu görkezijilerden peýdalanylýar:

- ýerleşdirmek we emele getirmek boýunça kärhananyň maýasynyň düzümi;
- maýany peýdalanmagyň netijeliligi we yzygiderliligi;
- kärhananyň tölege we karzy yzyna gaýtarmaga ukyplylygy;
- kärhananyň maliýe durnuklylygyny üpjün edýän gory (rezerwi).

KMÝ-nyň seljermesi esasan otnositel görkezijilere esaslanýar. Sebäbi balansyň doly görkezijilerini, hümmetsizlenme şertlerinde deňeşdirme görnüşine getirmek çylşyrymlydyr.

Seljerilýän kärhananyň maliýe ýagdaýynyň otnositel görkezijilerini aşakdakylar bilen deňeşdirmek mümkin:

- töwekgelçiligiň derejesine baha bermek we batmak ýagdaýyny çaklamak üçin umumy kabul edilen kadalar bilen;
- beýleki kärhanalaryň şolar ýaly görkezijileri bilen deňeşdirmek, ol bolsa kärhananyň güýçli we gowşak taraplaryny we mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär;
- KMÝ-nyň gowulaşmak ýa-da ýaramazlaşmak meýillerini öwrenmek üçin geçen ýyllaryň şolar ýaly maglumatlary bilen deňeşdirmek.

Maliýe ýagdaýyny seljermek bilen diňe bir kärhananyň degişli gulluklarynyň ýolbaşçylary däl, eýsem ony esaslandyryjylar, maýadarlar-serişdeleriň netijeli peýdalanyşyny öwrenmek üçin, banklar-karz pul bermegiň şertlerine baha bermek we töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek üçin, önüm iberijiler-tölegleri öz wagtynda almak üçin, salgyt gullugy-býujete serişdeleriň gelip gowuşmagy baradaky meýilnamany ýerine ýetirmek üçin we şuňa meňzeşler meşgullanýarlar. Şuňa laýyklykda seljerme içerki we daşarky toparlara bölünýär.

Içerki seljerme kärhananyň maliýe gulluklary tarapyndan geçirilýär. Onuň netijeleri KMÝ-ny meýilnamalaşdyrmak, gözegçilik etmek we çaklamak üçin peýdalanylýar. Onuň maksady – pul serişdeleriniň üznüksiz gelip gowuşmagyny üpjün etmekden we özüniň we gapdaldan alnan serişdeleriň aňrybaş derejede girdeji almaklygyny üpjün etmek we batmaklygy aradan aýyrmak üçin üznüksiz gelip gowuşmagyny we öz serişdelerini hem-de gapdaldan alynan serişdeleri aňrybaş derejede girdeji berer ýaly we batmaklygy aradan aýyrar ýaly ýerleşdirmegi üpjün etmekdir.

**Sekil №6**



Daşarky seljerme çap edilip ýaýradylan hasabatyň esasynda, maýadarlar, maddy we maliýe serişdelerini karz berýän, gözegçilik ediji edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Onuň maksady – aňrybaş girdejileri üpjün etmek we ýitgileri aradan aýyrmak bilen serişdeleri amatly ýerleşdirmegiň mümkinçiliklerini kesgitlemekdir. Daşarky seljermäniň aşakdaky aýratynlyklary bardyr:

- seljermäniň subýektiniň we kärhananyň işi hakyndaky maglumatlary peýdalanyjylaryň köplügi;
- seljermäniň subýektleriniň maksatlarynyň we bähbitleriniň dürli-dürlüligi;
- hasabyň we hasabat görnüşli gollanmalarynyň, ülňileriň bolmagy;
- seljermäniň diňe daşky hasabata gönükdirilenligi;
- diňe daşarky hasabat peýdalanylanda seljermäniň wezipeleriniň çäkliligi;
- kärhananyň işi hakyndaky maglumatlaryň görkezijilerini peýdalanyjylar üçin seljermäniň netijeleriniň aňrybaş derejede aýanlygy.

Mälim bolşy ýaly, kärhana biri-biri bilen ysnyşykly gatnaşykda durýan, hyzmatdaş toparlardan ybarat çylşyrymly gurluşdyr. Hyzmatdaş toparlaryň arasynda esasylary we esasy dälleri tapawutlandyrmak mümkin.

Eger hyzmatdaş toparlar, olaryň kärhananyň hojalyk işine goşandy, telekeçilik işinde özüniň gatnaşmagy we beýlekiler esasynda emele gelýär.

Esasy hyzmatdaş toparlar kärhananyň üstünlik gazanmagyna gyzyklanýarlar. Sebäbi, olaryň abadançylygy gönüden-göni kärhananyň işine baglydyr.

Esasy däl hyzmatdaş toparlara kärhananyň üstünligine aşa gyzyklanmaýanlar-ätiýaçlandyryş kompaniýalary, auditor we hukuk firmalary we şuňa meňzeşler degişlidir.

Maliýe ýagdaýynyň seljermesi aşakdaky döwürleri öz içine alýar:

1. Balansyň wajyp häsiýetnamalaryny ýüze çykarmak: emlägiň umumy bahasyna baha bermek, häsiýetsiz we ykjam serişdeleriň, hususy we karzyna alnan serişdeleriň gymmaty. Bu ýerde balansyň walýutasynyň hereketini we ýerleşdirişiň möçberiniň we girdejiniň hereketini deňeşdirmek möhümdir.
2. Aktiwleriň we passiwleriň düzümindäki we gurluşyndaky üýtgeşmeleriň seljermesi.
3. Doly likwidligiň koeffisiýentiniň, aralyk tölemäniň koeffisiýentiniň we gündelik likwidligiň koeffisiýentiniň görkezijileriniň kömegi bilen tölege ukyplylyga baha bermek.
4. Kärhananyň karzy üzmäge ukyplylygyna baha bermek.
5. Kärhananyň maliýe durnuklylygyna baha bermek.
6. Balansyň likwidliliginiň seljermesi.

Seljermäniň netijesi boýunça balans sazlaşdyrylýar, balansyň çaklamasy düzülýär we kärhananyň geljekki likwidligine baha berilýär. Şunda maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň ulgamynyň ösüş döwürleri boýunça tapawutlanjakdygyny nazarda tutmaly. Kada ähmiýetli ýokarda getirilen tölege ukyplylygyň görkezijileri kämil ulgamyň ösüş we başlangyç döwri üçin häsiýetlidir.

Halkara tejribesinde gabat gelýän seljermäniň esasy görnüşleriniň 6 (alty) sanysyny görkezmek mümkin:

1) Gorizontal (wagt boýunça) seljerme – hasabatyň her görkezijisini geçen döwür bilen deňeşdirmek;

2) Dik wertikal (düzümleýin) seljerme – maliýe görkezijileriniň düzümini anyklamak;

3) Trend seljermesi – hasabatyň her görkezijisini ozalky döwürler bilen deňeşdirmek we trendi kesgitlemek, ýagny tötänleýin täsirlerden we aýry-aýry döwürleriň hususy aýratynlyklaryndan arassalanan görkezijileriň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek;

4) Otnositel görkezijileriň (maliýe koeffisiýentleriniň) seljermesi – hasabatyň dürli görnüşleriniň san gatnaşygynyň hasaby, görkezijileriň arabaglanyşygyny kesgitlemek;

5) Deňeşdirme seljermesi, olar aşakdakylara bölünýär:

- içerki hojalyk – kärhananyň we golçur kärhanalaryň, bölümleriň esasy görkezijilerini deňeşdirmek, hojalygara – kärhananyň görkezijilerini onuň bäsdeşleri we pudagy bilen deňeşdirmek;

6) Sebäp (faktor) seljermesi – görkezijileriň netijesine aýry-aýry sebäpleriň täsir edişini anyklamak.

**Şekil №7**

**Esasy hyzmatdaş toparlar**

| Hyzmatdaş toparlar | Hyzmatdaş toparlaryň goýumy | Öwezini dolmagyň talaby | Maliýe seljermesiniň obýekti |
|---|---|---|---|
| Hususyýetçi | Öz maýasy | Girdeji (diwidend) | Maliýe netijeleri we maliýe durnuklylygy |
| Maýadarlar, karz berýänler | Karz alnan maýa | Goýlan maýanyň göterimi | Karza ukyplylyk |
| Ýolbaşçylar (ýolbaşçylyk) | Iş bilişi we ýolbaşçylyk başarnygy | Zähmete hak tölenişi, aýlyk zähmet hakynyň üstüne goýulany | Kärhananyň işiniň ähli ugurlary |
| Işçiler | Serişdeleri we iş gurallaryny herekete getirmek | Zähmet haky, durmuş şertleri | Kärhananyň maliýe netijeleri |
| Serişdeleri we iş gurallaryny iberijiler | Önüm öndürilişiniň üznüksizligini we netijeliligini üpjün etmek | Şertnamalaýyn baha | Tölege ukyplylyk |
| Alyjylar (müşderiler) | Önümleriň ýerleşdirilişi | Şertnamalaýyn baha | Kärhananyň maliýe netijeleri |
| Salgyt edaralary | Jemgyýetiň hyzmatlary | Salgytlaryň öz wagtynda we doly tölenmegi | Kärhananyň maliýe netijeleri |

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesi üçin maglumatlaryň esasy çeşmesi bolup aşakdakylar hyzmat edýär:

- buhgalteriýa balansy (1-nji görnüş);
- maliýe netijeler we olaryň ulanylşy barada hasabat (2-nji görnüş);

- maliýe hasabatyna düşündiriş;
- pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat (4-nji görnüş);
- düşündiriş haty.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyn seljermesi maliýe hasabatlaryny seljeriş döwründe buhgalter balansyny “okamakdan” başlanýar, şonda aşakdaky wajyp maglumatlar ýüze çykarylýar:

- kärhananyň emläginiň umumy bahasy;
- hereketsiz we ykjam serişdeleriň bahasy;
- kärhananyň özüniň we karz alynan serişdeleriniň möçberi we deňeşdirilişi.

Gorizontal seljermäniň geçirilmegi doly we otnositel ýagdaýda balansyň anyk maddalarynyň deňeşdirilýän döwürde üýtgeýşini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Wertikal seljerme balansyň düzümini kesgitleýär we seljerilýän döwür içinde (aý, çärýek, ýyl) onuň üýtgeýşini ýüze çykarýar.

Aktiwleriň aýry-aýry görnüşlerini passiwleriň degişli görnüşleri bilen deňeşdirip, kärhananyň balansynyň likwidliligi kesgitlenýär. Şeýlelikde, maliýe hasabatynyň seljermesi kärhananyň maliýe ýagdaýynyň deslapky seljermesi hasaplanyp, ol onuň maliýe durnuklylygyna we maliýe serişdeleriniň ulanylyşynyň häsiýetine baha bermäge mümkinçilik berýär.

## Kärhananyň balansynda aktiwleriň düzümindäki we gurluşyndaky üýtgeşmeleriň seljermesi.

Balansyň aktiwi kärhananyň ygtyýarynda bolan maýanyň ýerleşdirilişi, ýagny anyk emläge we maddy gymmatlyga maýa goýma, kärhananyň önümçilikdäki çykdajylary we önümleri ýerleşdirişi hem-de erkin nagt pulyň galyndysy hakyndaky maglumatlary özünde saklaýar. Goýlan maýanyň her bir görnüşine balansyň aýratyn maddasy laýyk gelýär. Balansyň aktiwleriniň düzüminiň ulaldylan çyzygy şekilde görkezilýär.

Balansyň maddalaryny toparlandyrmagyň esasy alamaty, olaryň likwidliginiň (nagt pula tiz öwrülijiligi) derejesi hasap edilýär. Şu alamatlary boýunça balansyň ähli aktiwleri uzak möhletleýin ýa-da esasy maýa, (balansyň aktiwiniň 1-nji bölümi) we gündelik (dolanyşyk) aktiwlerine (balansyň aktiwiniň 2-nji bölümi) bölünýärler.

Kärhananyň serişdeleri içerki dolanyşykda we onuň çäginden daşarda (debitor bergisi, beýleki kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryny, paýnamalaryny, obligasiýalaryny edinmek) peýdalanyp bilner.

**Şekil №8**

## Balansyň aktiwleriniň gurluşynyň çyzgysy




Kärhananyň serişdelerini ýerleşdirmek maliýe işinde we onuň netijeliligini ýokarlandyrmakda örän uly ähmiýete eýedir. Esasy we dolanyşyk serişdelerine nähili serişdeleriň goýlandygyna, önümçilik we dolanyşykda olaryň näçesiniň bardygyna, olaryň aragatnaşygynyň nähili amatlydygyna seljeriş geçirilip, önümçilik we maliýe işiniň netijesi öwrenilip, kärhananyň maliýe ýagdaýyna baha berilýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda kärhananyň aktiwleri, seljerilýän döwründe ilkinji nobatda olaryň düzüminiň, gurluşynyň üýtgeýşini öwrenmeli we tablisanyň mysalynda olara baha bermeli.

Görnüşi ýaly, tablisanyň maglumatlaryna görä, hasabat döwründe seljerilýän kärhananyň aktiwleriniň gurluşy düýpli üýtgäpdir: esasy maýanyň paýy artypdyr, dolanşygyňky bolsa, degişlilikde, 1,5 göterim derejesinde kemelipdir.

Soňraky seljermäniň gidişinde uzak möhletli aktiwleriň üýtgeýşini kesgitlemek hökmandyr.

Soňra maýanyň has ykjam bölegi bolan balansyň gündelik aktiwleriniň her madda boýunça üýtgeýşi seljerilýär.

**Tablisa 40**

### Balansyň aktiwiniň analitiki toparlarynyň we maddalarynyň seljermesi

| Balansyň aktiwi | Döwrüň başynda | | Döwrüň soňunda | | Tapawut, müň manat (+), (-) | Ösüş depgini |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | müň manat | jemine göterim gatnaşygy | müň manat | jemine göterim gatnaşygy | | |
| Emläk jemi | 15845 | 100 | 47535 | 100 | 31690 | 300,0 |
| Durnukly aktiwler | 5219 | 32,9 | 16352 | 34,4 | 11133 | 313,3 |
| Dolanyşyk aktiwleri, şol sanda | 10626 | 67,1 | 31183 | 65,6 | 20557 | 293,5 |
| Gorlar | 4151 | 26,2 | 12528 | 26,4 | 8377 | 301,8 |
| Debitor bergisi | 5704 | 36,0 | 16539 | 34,8 | 10835 | 289,9 |
| Pul serişdeleri | 771 | 4,9 | 2116 | 4,4 | 1345 | 274.4 |

Bankdaky hasaplarda pul serişdeleriniň artmagy, adatça, KMÝ-nyň pugtalanýandygyna şaýatlyk edýär. Onuň möçberi ilkinji nobatda ähli tölegleri-bergileri tölemegi üpjün etmäge ýeterlik bolmalydyr. Uzak wagtyň dowamynda pul serişdeleriniň uly möçberli galyndylarynyň bolmagy, dolanyşyk maýasynyň pes derejede peýdalanylmagynyň netijesi bolmagy-da mümkindir. Olar öz önümçiligini giňeltmek ýa-da beýleki kärhanalaryň paýlaryny we gymmatly kagyzlaryny satyn almak ýoly bilen girdeji almak üçin dolanyşyga goýberilmelidir.

KMÝ-na algy (debitor) hasaplarynyň üýtgemeginiň ýa-da artmagynyň täsirini öwrenmek gerek. Eger kärhana öz işini giňeldýän bolsa, onda onuň alyjylary, edil şonuň ýaly-da onuň algysy (debitor) hem artýar. Beýleki tarapdan, kärhana önüm ýerleşdirmegi kemeldip biler, şonda algylar (debitorlar) hem kemelip biler. Şunlukda, algylaryň artmagyna hemişe kemçilik hökmünde baha berilmeýär. Adaty we möhleti geçirilen algylary tapawutlandyrmaly. Soňkynyň bolmagy maliýe kynçylyklaryny döredýär, sebäbi kärhana önümçilik gorlaryny edinmek, zähmet hakyny tölemek we beýleki maksatlar üçin maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligini duýýar. Serişdeleriň doňdurylmagy maliýe goýumlarynyň dolanyşygynyň haýallamagyna getirýär. Şol sebäpli her bir kärhana tölenişiniň möhletlerini kemeltmäge gyzyklanýar.

Seljermäniň barşynda algylarynyň (debitor) emele gelmeginiň düzümi, sebäpleri we möhleti öwrenilýär, algylaryň düzüminde almagy mümkin bolmadyklarynyň ýa-da talap möhletiniň dolanlarynyň bardygy ýa-da ýoklugy kesgitlenilýär. Eger olaryň arasynda şeýleleri bar bolsa, onda kazyýet edaralaryna ýüz tutmagy hem goşmak bilen olary almak boýunça gyssagly çäreleri görmeli. Algylary (debitor) seljermek üçin balansdan başga-da, buhgalteriýanyň ilkinji we analitiki maglumatlaryndan peýdalanylýar.

Töleg tölemezlik meselesi hümmetsizlenme şertlerinde has möhüm ähmiýete eýe bolýar. Deňeşdirilýän soňky döwürde kärhananyň debitor algylary astronomiki sanlara çenli artypdyr diýeli. Şeýle ýagdaýda onuň agramly bölegi bolsa hümmetsizlenme şertlelerinde ýitirilýär. Mysal üçin, ýylda hümmetsizlenme 30 göterim bolanda, ýylyň ahyrynda, ýylyň başyndaky bilen deňeşdirilende 70 göterimine barabar önüm satyn alyp bolýar.

KMÝ-na önümçilik gorlarynyň ýagdaýy uly täsir edýär. Möçberi boýunça az, ýöne has hereketjeň gorlar nagt maliýe serişdeleriniň az möcberiniň gorda durýandygyny aňladýar. Gorlaryň uly möçberleri bolsa, kärhananyň işjeňliginiň peselýändigine şaýatlyk edýär. Kärhanalaryň köpüsinde bäsdeşlik, ýerleşdirmek üçin bazarlaryň ýitirilmegi, hojalygy ýoredýänleriň we ilatyň satyn alyjylyk ukybynyň pesdigi, önümleriň özüne düşýän gymmatynyň ýokarydygy, öndürmegiň we ýerleşdirmegiň sazlaşykly däldigi we beýleki sebäpler bilen baglanyşyklylykda deňeşdirilýän soňky döwürde gündelik aktiwlerde taýýar önümler has köp agramly bölegi tutýar.

Kärhananyň ammarlarynda taýýar önümleriň galyndylarynyň artmagyna, şeýle-de dolanyşyk serişdeleriniň uzak wagtlap doňdurylmagyna, karz pul almaga we olar boýunça göterimleri tölemäge islegiň bolmazlygyna, önüm iberijilere, býujete, kärhananyň işgärlerine nagt pul tölemäge we şuňa meňzeş bergileriň ösmegine getirýär. Bu önümçiligiň we onuň netijeliliginiň peselmeginiň,

kärhananyň tölege ukyplylygynyň pesdiginiň we onuň batmagynyň esasy sebäpleridir.

Taýýar önümleriň kadadan daşary ýokary bolmagy, onuň düzümini, dowamlylygyny we sebäplerini seljermek üçin, analitiki we ammar hasabyndan, ýerleşdiriş bölüminiň we deslapky maglumatlardan peýdalanylýar. Ýerleşdiriş bazarlaryny giňeltmek we gözläp tapmak maksady bilen önümiň özüne düşýän gymmatyny aşaklatmagyň, onuň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň, kärhananyň ykdysady we maliýe işini üýtgedip we netijeli gurmagyň we şuňa meňzeşleriň ýollaryny öwrenmeli.

### Kärhananyň balansynyň passiwleriniň düzüminiň seljerilmesi

Eger kärhananyň balansynyň aktiwinde onuň serişdeleri görkezilýän bolsa, onuň passiwinde bolsa olaryň emele geliş çeşmeleri görkezilýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy köp halatlarda onuň ygtyýarynda nähili serişdeleriň bardygyna we olaryň nirä goýlandygyna baglydyr.

Peýdalanylýan maýa eýeçilik görnüşi boýunça hususy (balansyň I bölümi) we karz alnan (balansyň II, III we IV bölümleri) bölünýärler.

Hususy maýanyň zerurlygy kärhananyň öz-özüni maliýeleşdirmegi bilen şertlendirilendir. Hususy maýanyň bolmagy kärhananyň özbaşdaklygynyň esasydyr. Şeýle-de bolsa kärhananyň işini diňe öz serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek onuň üçin hemişe, ylaýta-da, önümçilik möwsümleýin häsiýete eýe bolanda amatly däldir. Diňe şonda aýry-aýry döwürlerde bankdaky hasaplarda köp serişdeler toplanýar, beýleki döwürlerde bolsa olar ýetmezçilik eder. Mundan başga-da eger maliýe serişdeleriniň möçberi ýokary bolmasa, kärhana goýlan maýanyň ýokary peýda getirijiligini üpjün edip bilende, karz serişdeleri çekmek bilen, hususy maýanyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak mümkin.

Şol bir wagtyň özünde eger kärhananyň serişdeleri esasan gysga möhletli borçnamalaryň hasabyna döredilen bolsa, onda onuň maliýe ýagdaýy durnuksyz bolar, sebäbi gysga möhletli maýa peýdalanylanda olary öz wagtynda yzyna gaýtarmaga we dolanyşyga beýleki maýalary gysga möhlet bilen çekmäge gönükdirilen gaýragoýulmasyz işi yzygiderli alyp barmaly bolýar.

**Şekil №9**

**Balansyň passiwiniň düzümi**



Şunlukda, hususy we karzyna alnan maýalaryň gatnaşygy näçe amatly bolsa, kärhananyň maliýe ýagdaýy hem şonça durnukly bolýar.

Kärhananyň passiwleri seljerilende ilkinji nobatda onuň düzümindäki, gurluşyndaky üýtgeşmeleri öwrenmeli we olara baha bermeli.

Maýanyň gurluşynda bolup geçen üýtgeşmelere baha bermek maýadarlar we kärhana tarapyndan dürli-dürli bolup biler. Eger karz alýan müsderiniň hususy maýasynyň paýy 50 göterimden köp bolsa, bu ýagdaý banklar we beýleki maýadarlar üçin has ygtybarlydyr. Bu maliýe töwekgelçiligini aradan aýyrýar. Kärhana bolsa, adatça, karz serişdeleri çekmäge gyzyklanýar. Kärhananyň düşewüntliliginden pes göterim bilen karz serişdeleri almak bilen, önümçiligi giňeltmek, hususy maýanyň girdeji berşini ýokarlandyrmak mümkin.

Içerki maliýe seljermesinde hususy we karz maýalaryň hereketini we düzümini öwrenmeli, aýry-aýry düzüm bölekleriň üýtgemeginiň sebäplerini ýüze çykarmaly we hasabat döwründe bolup geçen bu üýtgeşmelere baha bermeli. Karz serişdeleri kärhananyň dolanyşygyna çekmek kadaly ýagdaýdyr. Bu serişdeler uzak wagtyň dowamynda dolanyşykda doňdurylmadyk we öz wagtynda yzyna gaýtarylan şertlerinde maliýe ýagdaýynyň wagtlaýynça gowulanmagyna ýardam edýär. Tersine bolan ýagdaýynda karz bergileriniň möhletiniň ýüze çykmagyna getirip biler. Bu bolsa ahyrky netijelerde göterimleriň, jerimeleriniň tölenmegine, jeza çärelerine we maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýär.

**Tablisa 41**

**Balansyň passiwiniň analitiki toparlary we maddalarynyň seljermesi**

| Balansyň passiwi | Döwrüň başynda | | Döwrüň soňunda | | Tapawut, müň manat (+), (-) | Ösüş depgini |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | müň manat | jemine göterim gatnaşygy | müň manat | jemine göterim gatnaşygy | | |
| Emlägiň çeşmeleri – jemi | 15845 | 100 | 47535 | 100 | 31690 | 330,0 |
| Hususy maýa | 7620 | 48,1 | 30470 | 64,1 | 22850 | 399,9 |
| Karz alnan maýa | 8225 | 51,9 | 17065 | 35,9 | 8840 | 207,5 |
| Uzak möhletleýin borçnama | 3778 | 23,8 | 7977 | 16,8 | 4199 | 211,1 |
| Gysga möhletli karz pullar we zaýomlar | 3600 | 22,8 | 5276 | 11,1 | 1676 | 146,5 |
| Gysga möhletli bergiler | 847 | 5,3 | 3812 | 8,0 | 2965 | 450,0 |

Karz alnan serişdeler döwrüň aýagyna ep-esli artypdyr. Şunlukda, karzyna alnan maýa kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga, aşa köp alan bolsa, käbir halatda ony ýaramazlaşdyrmaga ukyplydyr. Şol sebäpli seljermäniň barşynda karzlaryň düzümini, ýüze çykyşynyň döwrüni, serişdeleri iberijilere, kärhananyň işgärlerine zähmete hak tölemek boýunça, býujete möhleti geçen bergileriň, bardygyny, ýygylygyny we olaryň emele gelmeginiň sebäplerini öwrenmeli, tölegleriň möhletiniň geçirilendigi üçin tölenen göterimleriň we jerimeleriň möçberlerini kesgitlemeli.

Kärhananyň dolanşygynda karz bergilerini peýdalanmagyň ortaça dowamlylygy aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$Kbog = \frac{\text{Karz (kreditor) bergileriniň ortaça galyndysy x döwrüň günleri}}{\text{Algydarlar bilen hasaplaşygyň hasaplarynyň krediti boýunça dolanşygynyň jemi}};$$

Karz bergileri seljerilende onuň şol bir wagtyň özünde algylaryň (debitor) we karz bergileriniň üstüni ýapmagyň çeşmesi hasaplanýandygyny nazarda tutmaly. Eger birinji ikinjiden agdyklyk etse, onda bu hususy maýanyň debitor algyda durýanlygyna şaýatlyk edýär.

Şeýlelikde, balansyň passiwiniň düzüminiň seljermesinde kärhanany maliýeleşdirmegiň çeşmeleriniň emele getirilmeginiň netijeliligine we onuň bazar şertlerinde maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna baha bermek üçin zerurdyr.

## Kärhananyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamy we ony seljermegiň usullary

Halkara derejesinde kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek usullarynyň köpüsinde aşakdakylary göz öňünde tutulýar:

- tölege ukyplylyk;
- karza ukyplylyk;
- maliýe durnuklylygy.

Bu görkezijiler biziň pikirimizçe uniwersal we ýönekeý görkezijilerdir.

## Tölege ukyplylygyna baha berlişi

Kärhananyň tölege ukyplylygy koeffisiýentleriň kömegi arkaly anyklanylýar. Aşakda getirilen tölege ukyplylygyň koeffisiýentleri kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň üsti bilen gysga möhletli bergileri töläp bilmek mümkinçiliklerini häsiýetlendirýär.

$A_L$ – absolýut likwidliginiň koeffisiýenti; gysga möhletli bergileriň has likwidlenýän dolanyşyk aktiwleri – pul serişdeleri we gysga möhletli maliýe goýumlary arkaly ýapylyp bilinjekdigini görkezýär:

$$A_L \quad \frac{PS}{GMP};$$

bu ýerde **PS** – pul serişdeleri we olaryň deň derejeleri;

**GMP** – gysga möhletli passiwler.

Absolýut likwidlikde koeffisiýentiň kadaly derejesi adatça 0,03-0,08 bolmalydyr.

Aralyk koeffisiýenti (tiz likwidlik) kärhananyň gysga möhletli bergileriniň haýsy bölegini pul serişdeleri, gysga möhletli maliýe goýumlary we algylary (debitor) arkaly üzüp boljakdygyny görkezýär:

$$A_K \quad \frac{PS + DB}{GMP};$$

bu ýerde **DB** – debitor bergileri – algylary.

Aralyk koeffisiýenti 0,7-den pes bolmaly däldir.

$\mathbf{G_L}$ (gündelik likwidlik) umumy koeffisiýenti kärhananyň dolanyşyk aktiwleriniň onuň gysga möhletli borçnamalaryndan näçe derejede ýokarydygyny görkezýär:

$$G_L = \frac{II\ A}{GMP};$$

bu ýerde **II A** – balansyň aktiw tarapynyň ikinji böleginiň jemi.

Umumy tölemäniň koeffisiýentiniň kadaly derejesi 1,5-3-e barabar bolmalydyr we 1-den pese gaçmaly däldir.

Umumy töleg koeffisiýenti näçe ýokary bolsa, kärhananyň maliýe ýagdaýyna karz berýänlerde uly ynam döredýär. Eger bu koeffisiýent 1-den pes bolsa, onda şeýle kärhana tölege ukypsyzdyr. Kärhanada pul serişdeleri we hasaplarynda serişdeler ýok bolsa, onda ol gysga möhletli borçnamalarynyň bir bölegini özüniň haryt – maddy gymmatlyklaryny ýerleşdirme arkaly üzüp biler:

$$H_{mgl} = \frac{G}{GMP};$$

bu ýerde $\mathbf{H_{mgl}}$ – haryt-maddy gymmatlyklaryň likwidliliginiň koeffisiýenti, **G** bolsa – gorlar.

Kärhananyň tölege ukyplylygynyň dowamlylygy we derejesi barada dogry netije çykarmak üçin aşakdaky ýagdaýlary hasaba almak gerek:

• kärhananyň işiniň häsiýeti. Mysal üçin, senagat we gurluşyk kärhanalarynda gorlaryň möçberi uly bolup, pul serişdeleriň möçberleri bolsa az bolýar, bölek satuw söwda kärhanalarynda bolsa satmak üçin harytlaryň möçberiniň uludygyna garamazdan, pul serişdeleriniň paýy uludyr we şuňa meňzeşler;

• bergidarlar (debitorlar) bilen hasaplaşygyň şertleri. Harytlar, işler, hyzmatlar satylandan soňra köp wagt geçmänkä bergileriň (debitor) gelip gowuşmagy, dolanyşyk aktiwleriniň düzüminde bergileriň (debitor) uly bolmadyk paýyna getirýär we tersine;

• ätiýaçlyk (çig mal, materiallar we ş.m.) gorlaryň ýagdaýy. Kärhanada üznüksiz işlemek üçin zerur bolan möçberi bilen deňeşdirilende ätiýaçlyk gorlaryň artykmaçlygy ýa-da ýetmezçiligi bolup biler;

• bergileriň (debitor) ýagdaýy: onuň düzüminde möhleti geçen ýa-da tölenilmegi mümkin bolmadyk bergileriň bolmagy ýa-da bolmazlygy.

## Kärhananyň karzy tölemäge ukyplylygyna baha bermeklik

Karzy tölemäge ukyplylyk – bu kärhanada alynýan karzlary öz wagtynda gaýtarmak üçin bar bolan mümkinçiligidir. Karzy tölemäge ukyplylygyň kärhananyň diňe bir karzy yzyna gaýtarmak däl-de, eýsem onuň üçin göterim tölemek mümkinçiligini hem nazarda tutýandygyny unutmak bolmaz.

Kärhananyň karzy tölemäge ukyplylygyna baha bermek üçin esasy görkezijiler aşakdakylardyr:

1. Sap gündelik aktiwlere önüm ýerleşdirmegiň möçberiniň gatnaşygy:

$$K_L = \frac{ÖE}{A_{ga}};$$

bu ýerde $A_{ga}$ – sap gündelik aktiwler;

ÖE – önüm ýerleşdirmegiň möçberi;

Sap gündelik aktiwler – bu kärhananyň gysga möhletli bergilerini aýyrmakdan galan dolanyşyk aktiwleridir. $K_L$ koeffisiýenti dolanyşyk aktiwleriň netijeli peýdalanylýandygyny görkezýär. Bu görkezijiniň ýokary derejesi kärhananyň karzy tölemäge ukyplylygynyň amatlygyny häsiýetlendirýär. Eger-de ol has ýokary ýa-da has tiz köpelýän bolsa işiň dolanyşyk aktiwleriniň bahasyna laýyk gelmeýän möçberlerde alnyp barylýandygyna esas berýär. Şeýle ýagdaý bergileriň dolanyşygynyň haýallamak mümkinçiligini ýokarlandyrar ýa-da satuwyň peselmegine, netijede bolsa, kärhananyň öz karz berijiler bilen hasaplaşygynyň kynlaşmagyna-da getirip biler.

Debitor bergileriniň dolanyşygynyň peselmegi bergidarlara (debitorlara) önüm ibermegi barha artýan möçberlerini tölemäge taýýar däldigi bilen ýüze çykyp biler;

Möhleti geçirilen debitor bergileriniň ýüze çykmagy mümkin (möhlet 3 ýyla deňdir).

Satuwyň möçberleriniň peselmegi işleri öňki möçberlerde üznüksiz alyp barmak üçin maddy dolanyşyk aktiwleriniň ýeterlik däldiginiň netijesidir.

2. Önüm ýerleşdirmegiň möçberiniň hususy maýa gatnaşygy:

$$K_2 = \frac{ÖE}{HM};$$

bu ýerde **HM** – hususy maýa.

Bu görkeziji hususy serişdeleriň dolanyşygyny häsiýetlendirýär. Emma hususy maýanyň ululygyna hakyky baha bermeli. Tölemegiň hususy çeşmelerine balansyň aktiwinde, hususan-da, maddy bolmadyk aktiwler we gorlar degişlidir. Hususy maýanyň möçberine baha berlende, ony maddy bolmadyk aktiwleriň ululygyna kemeltmek maslahat berilýär. Sebäbi olar kärhana ýapylanda ýa-da üýtgedip gurlanda hiç-hili gymmatlyga eýe bolmazdylar. Mundan başga-da, gorlary olaryň balansda durýan bahasy bilen olary ýerleşdirip ýa-da hasapdan öçürip boljak bahalaryň arasyndaky tapawuda laýyklykda kemeltmeli. Dolanyşykda bolmadyk we dolanyşykdaky aktiwleriň atlary agzalan böleklerini nazara almak bilen düzedilen hususy maýa, hususy töleg üpjünçiligi babatynda kärhananyň emläginiň has dogry bahasyny şöhlelendirýär. Şu baha degişli edilen ýerleşdirmekden gelen girdeji hususy çeşmeleriň dolanyşygyny has dogry görkezýär. Sebäbi maddy aktiwler, şeýle-de gorlaryň balans bahasynyň olaryň hakyky bahasyndan ýokary bolmagy satuwyň möçberiniň artmagyna ýardam edýän ýagdaýlar hasaplanmaýar.

3. Gysga möhletli berginiň hususy maýa gatnaşygy:

$$K_3 = \frac{GMB}{HM};$$

bu ýerde **GMB** – gysga möhletli bergiler; **HM** – hususy maýa.

Bu koeffisiýent gysga möhletli berginiň kärhananyň hususy maýasyna bolan paýyny görkezýär. Eger gysga möhletli bergi hususy maýadan birnäçe gezek az bolsa, onda ähli algydarlar bilen doly hasaplaşmak mümkindir. Iş ýüzünde beýleki algydarlar talap bildirýänçä bergisi hökmany suratda tölenmäge degişli bolan ilkinji nobatdaky algydarlaram bolýar. Şol sebäpli ilkinji nobatdaky gysga möhletli bergileri maýanyň we ätiýaçlyk serişdeleriniň ululygyna deňeşdirip görmek dogry bolar.

4. Debitor bergisiniň önümi ýerleşdirmekden giren girdejä gatnaşygy:

$$K_4 = \frac{DB}{ÖE};$$

bu ýerde **DB** – debitor bergisi; **ÖE** – önümi satmakdan gelen pul girdeji.

Bu görkeziji alyjylardan alynmaga degişli puly almaga sarp edilýän wagtyň ortaça derejesiniň ululygy hakynda düşünje berýär. Mysal üçin, 1: 4 gatnaşygy debitor bergisini tölemegiň 3 aýlyk möhletini aňladýar. Munuň köp ýa-da azdygy işiň görnüşine, algydarlar bilen hasaplaşygyň ýagdaýyna, önümçiligiň döwrüniň dowamlylygyna we şuňa meňzeşlere baglydyr. Debitor bergisiniň dolanyşygynyň çaltlandyrylmagyna, ýagny $K_4$ görkezijisiniň peseldilmegi kärhananyň tölege ukyplylygynyň ýokarlanýandygynyň alamaty hökmünde seretmek bolar. Sebäbi alyjylaryň bergileri tiz pula öwrülýär.

5. Likwidlik aktiwleriniň kärhananyň gysga möhletli bergilerine gatnaşygy:

$$K_5 = \frac{LA}{GMB};$$

bu ýerde **LA** – likwidlik aktiwleri.

Mälim bolşy ýaly, likwidlik aktiwleri diýip, dessine pula öwrüp bolmaýan gorlary we beýlekileri aýranyňdan soň galan dolanyşyk aktiwlerine düşünilýär. Eger dolanyşyk aktiwlerinde debitor bergi agdyklyk etse, kärhananyň tölege ukyplylygyna baha bermek üçin, tölenmeýän debitor bergisi üçin howpyň bardygy möhümdir.

Aňrybaş gowy ýagdaýda tölege ukyplylygy ýokarlandyrmagyň iň gowy usuly sap gündelik aktiwleriň, hususy maýanyň we debitor bergisiniň peselmeginiň, şol bir wagtyň özünde önümi ýerleşdirmegiň möçberiniň ösmegi hasaplanýar.

Maliýe durnuklylygy diýilip, kärhananyň tölege ukyplylygyň wagt babatynda durnuklylygyna, hususy we karzyna alnan maýany gaýtarmak, ýagny tölege ukyplylygy üpjün edişine düşünilýär.

Iş ýüzünde önüm ýerleşdirmegiň möçberiniň artmagy gorlarda we debitorlardan algysynda dolanyşyk serişdeleriniň ösmegine getirýär. Eger algydarlaryň düzümi we olar bilen hasaplaşygyň şertnama esaslary üýtgemeýän bolsa, kärhananyň ylaýtada-da, karzdarlyk bergisi görnüşindäki bergileri artýar. Diýmek, eger önüm ýerleşdirmegiň möçberi köp derejede gorlardan we debitor bergiden, karzdarlyk bergileri debitor bergilerinden tiz ösýän bolsa, onda ýokarda atlary agzalan görkezijiler boýunça tölege ukyplylygyň ýokarlanmagynyň gazanylandygyna şaýatlyk edýär.

Uzak möhletli ösüşde işiň durnuklylygy maliýe ýagdaýynyň iň wajyp häsiýetnamalarynyň biridir. Ol kärhananyň düzüminiň gurluşy, onuň daşarky çeşmeleriň serişdelerini ulanyşy, olary çekmegiň şertleri bilen baglanyşykly algydarlara we maýadarlara garaşlylyk derejesine baglydyr.

"Tölege ukyplylyk" we "karzy tölemäge ukyplylyk" düşünjelerinden tapawutlylykda "maliýe durnuklylygy" düşünjesi has giňdir. Sebäbi, ol kärhananyň işiniň dürli taraplaryna baha bermegi öz içine alýar. Maliýe durnuklylygyna baha bermek üçin koeffisiýentleriň ulgamyndan peýdalanýar. Olara gysgaça seredip geçeliň:

1. Hususy maýanyň (awtonomiýa, garaşsyzlyk) jemleniş koeffisiýenti $KA_m$:

$$KA_m = \frac{HM}{BW};$$

bu ýerde **HM** – hususy maýa, **BW** – balansyň walýutasy.

Bu görkeziji kärhananyň eýeleriniň, onuň işini maliýeleşdirmekde gerek bolan serişdeleriniň umumy möçberindäki paýyny häsiýetlendirýär. Bu koeffisiýent näçe ýokary bolsa, ol daşarky karz berijilere garaşly bolmazdan, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklydygyny aňladýar.

Karzyna alnan maýanyň jemlenşiniň koeffisiýentini $K_{ak}$ bu görkezijiniň üstüne goşmak bolar:

$$K_{ak} = \frac{KM}{BW};$$

bu ýerde **KM** – karzyna alnan maýa.

Bu iki koeffisiýentiň jemi: $K_{am} + K_{ak} = 1$

2. $K_s$ – karzyna alnan we hususy maýalaryň gatnaşygynyň koeffisiýenti:

$$K_s = \frac{KM}{HW};$$

$K_s$ - karzyna alnan we hususy maýalaryň gatnaşygynyň koeffisiýenti. Ol kärhananyň aktiwlerine goýlan hususy serişdeleriň her manadyna düşýän karzyna alnan serişdeleriň ululygyny görkezýär.

3. $K_m$ – hususy serişdeleriň dolanşygynyň manýowrlygynyň koeffisiýenti.

$$K_m = \frac{HDS}{HM};$$

bu ýerde **HDS** – hususy dolanyşyk serişdeleri, **HM** – hususy maýa.

Bu koeffisiýent hususy maýanyň haýsy böleginiň gündelik işi maliýeleşdirmek üçin peýdalanylýandygyny, ýagny dolanyşyk serişdelerine, haýsy böleginiň bolsa kapitallaşdyrmaga goýlandygyny görkezýär. Bu görkezijiniň ähmiýeti kärhananyň işiniň görnüşi we onuň aktiwleriniň, şol sanda dolanyşyk aktiwleriniň düzümine baglylykda düýpli üýtgeýär.

$$\mathbf{HDS = HM + UMP - DBA;}$$

Uzak möhletli passiwler esasy serişdeleri we düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin niýetlenilýär.

4. $K_{ug}$ – uzak möhletli goýumlaryň düzüminiň koeffisiýenti:

$$K_{ug} = \frac{UMP}{DBA};$$

**UMP** – uzak möhletli passiwler,

**DBA** – dolanyşykda bolmadyk aktiwler.

Koeffisiýent esasy serişdeleriniň we beýleki dolanyşykda bolmadyk aktiwleriň haýsy böleginiň uzak möhletli karzyna alnan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilendigini görkezýär.

5. $K_{dm}$ – durnukly maliýeleşdirmegiň koeffisiýenti:

$$K_{dm} = \frac{HM + UMP}{DBA + GA};$$

bu ýerde **(HM + UMP)** – üznüksiz maýa, **(DBA + GA)** – dolanyşykda bolmadyk we gündelik aktiwleriň jemi.

Hususy we uzak möhletli karzyna alnan çeşmeleriň serişdeleriniň jeminiň dolanyşykda bolmadyk we dolanyşykdaky aktiwleriň jemi bahasyna bolan gatnaşygy aktiwleriň haýsy böleginiň durnukly çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýändigini görkezýär. $K_{dm}$ – kärhananyň tölemegiň gysga möhletli karzyna alnan çeşmelerine garaşlydygynyň (ýa-da garaşsyzdygynyň) derejesini görkezýär.

$K_h$ – emlägiň hakyky bahasynyň koeffisiýenti:

$$K_h = \frac{P_u}{BW};$$

bu ýerde $\mathbf{P_u}$ – esasy serişdeleriň, çig mallaryň, tamamlanmadyk önümçiligiň we pes bahaly, tiz könelýän zatlaryň jemi bahasy, **BW** – balansyň walýutasy – jemi.

Emlägiň hakyky bahasynyň koeffisiýenti esasy serişdeleriň, çig mallaryň we önümleriň pes bahaly we tiz hatardan çykýan zatlaryň we tamamlanmadyk önümçiligiň jemini balansyň walýutasyna bölmek bilen hasaplanýar. Koeffisiýentiň sanawjysyna girizilýän aktiwleriň sanalan bölekleri – bu esasy işi amala aşyrmak, ýagny kärhananyň önümçilik kuwwaty üçin zerur şert bolan düýpli manysy boýunça önümçilik serişdesidir. Şunlukda, $\mathbf{K_h}$ – koeffisiýenti kärhananyň esasy işini üpjün edýän emlägiň aktiwleriniň düzümindäki paýy görkezilýär. Bu koeffisiýentiň çäklendirilen möçberlerde peýdalanylýandygy düşüniklidir. Ol diňe önümçilik pudagyndaky kärhanalarda hakyky ýagdaýy görkezip biler. Ol dürli pudaklarda düýpli tapawutlanýar. Kärhananyň maliýe durnuklylygyna baha bermegiň ölçegleriniň biri-de gorlary we sarp etmeleri (maddy dolanyşyk gaznalary) emele getirmek üçin serişdeleriň çeşmeleriniň artykmaçlygy ýa-da ýetmezçiligi hasaplanýar.

Adatça maliýe durnuklylygynyň dört görnüşi saýlanylýar:

1. Maliýe ýagdaýynyň absolýut durnuklylygy, haçan-da gorlar we sarp etmeler hususy dolanyşyk maýasyndan we banklaryň haryt-maddy gymmatlyklara beren karz pullaryndan az bolanda ($KP_{t.m.g}$):

$$G < HDS + KP_{t.m.g}$$

bu ýerde **G** – ätiýaçlyk gorlar; **HDS** – hususy dolanyşyk serişdeler.

Şunda gorlaryň we sarp etmeleriň üpjünçiliginiň serişdeleriniň çeşmelerine ($K_{ös}$) koeffisiýenti üçin aşakdaky şert ýerine ýetirilmegidir:

$$K_{ös} = \frac{HDS + KP_{t.m.g}}{G} > 1$$

2. Kadaly durnuklylyk, munda kärhananyň tölege ukyplylygy (KD) kepillendirilýär, eger:

$KD = HDS + KP_{t.m.g.}$ şeýle bolanda, ýagny:

$$K = \frac{HDS + KP_{t.m.g}}{G} = 1$$

3. Durnuksyz (krizisiň öň ýanyndaky) maliýe ýagdaýy, onda töleg balansy bozulýar, ýöne kärhananyň dolanyşygyna (ätiýaçlyk gaznasy, toplaýyş we sarp ediş gaznalaryndaky) serişdelerini wagtlaýynça çekmek, öz dolanyşyk serişdelerini doldurmak üçin bankyň karz puluny we beýlekileri çekmek, ýagny wagtlaýynça erkin çeşmeleriň serişdelerini (Ç wagt) çekmek ýoly bilen töleg serişdeleriniň we töleg borçnamalaryň deňagramlylygyny dikeltmek mümkinçiligi saklanyp galýar:

$$G = HDS + KP_{t.m.g.} + Ç\ wagt$$

ýöne, $K = \dfrac{HDS + KP_{t.m.g} + Ç\ wagt}{G} = 1$ bolanda

Şunda, eger aşakdaky şertler berjaý edilse, onda durnuksyz maliýe ýagdaýyna ýol bererlikli hasaplanýar:

- önümçilik gorlary we taýýar önümler gorlary emele getirmäge gatnaşýan gysga möhletli karzlar we karzyna alnan serişdelere deň ýa-da onuň jeminden agdyklyk bolsa;
- tamamlanmadyk önümçilik we geljekki döwürleriň çykdajylary hususy dolanyşyk maýasyna deň ýa-da az bolsa.

4. Krizis maliýe ýagdaýy (kärhana batmagyň gyrasynda durýar), şonda

$G > HDS + KP_{t.m.g.} + Ç\ wagt$ Şonuň bilen bir hatarda,

$$K = \frac{HDS + KP_{t.m.g} + Ç\ wagt}{G} < 1$$

Şu ýagdaýda töleg deňagramlylygy (kreditor bergileriň) zähmete hak tölegiň, banklaryň karzlarynyň, önüm iberijileriň, býujetiň we şuňa meňzeşleriň möhleti geçirilen tölegleriniň hasabyna üpjün edilýär.

Maliýe ýagdaýynyň durnuklylygy üpjün edilip bilner:

- gündelik aktiwlerdäki maýanyň dolanyşygyny çaltlandyrmagyň hasabyna;
- gorlary we çykdajylary esasly kemeltmek bilen (kadaly ýagdaýa çenli);
- içerki we daşarky çeşmeleriň hasabyna hususy dolanyşyk maýasynyň üstüni doldurmak arkaly we ş.m.

## Balansyň likwidliginiň seljermesi

Balansyň likwidliliginiň seljermesi kärhananyň maliýe çäklendirmeleriniň güýçlenen we tölege ukyplylygyna baha bermegiň zerurlygy şertlerinde ýüze çykýar. Balansyň likwidligi kärhananyň aktiwleriniň onuň borçnamalaryny ýapyp bilmek derejesi hökmünde kesgitlenilýär. Olaryň pul görnüşine öwrülmek möhletlerine laýyk gelýär.

Aktiwleriň likwidligi – balansyň likwidliginiň tersine pul serişdelerine öwrülişi boýunça ululykdyr. Eger aktiwleriň ol ýa-da beýleki görnüşi näçe gysga wagtda pul görnüşine geçse, onuň likwidligi şonça-da ýokarydyr.

Kärhananyň aktiwleri likwidlik derejesine baglylykda aşakdaky toparlara bölünýär:

$A_1$ – has likwid aktiwler – kärhananyň pul serişdeleri we gysga möhletli maliýe goýumlary;

$A_2$ – tiz ýerleşdirilýän aktiwler – debitor bergileri we beýleki aktiwler;

$A_3$ – haýal ýerleşdirilýän aktiwler – gorlar, şeýle-de balansyň aktiwiniň “Uzak möhletli maliýe goýumlary” atly 1-nji bölüminiň maddalary (beýleki kärhanalaryň esaslyk maýasyna (ustaw gaznasyna) goýumlaryň ululygyna kemeldilen) ;

$A_4$ – kyn ýerleşdirilýän aktiwler – balansyň aktiwiniň 1-nji bölüminiň jemi, bu bölümiň ýokary topara girizilen maddasyndan başga.

Balansyň passiwleri tölemek möhletiniň tizliginiň derejesi boýunça toparlara bölünýär:

$P_1$ – has gyssagly borçnamalar – karzdarlyk bergisi, beýleki passiwler, şeýle-de möhletinde tölenmedik bergiler;

$P_2$ – gysga möhletli passiwler – gysga möhletli karz pullar we karzyna alnan serişdeler;

$P_3$ – uzak möhletli passiwler – uzak möhletli karz pullar we karzyna alnan serişdeler;

$P_4$ – hemişelik passiwler – balansyň passiwiniň 4-nji bölüminiň jemi.

Eger kärhananyň ýitgileri bar bolsa, balansyň aktiwiniň 3-nji bölüminiň jemi, onda deňagramlylygy saklamak üçin hususy çeşmeler ýitgileriň ululygyna kemeldilýär, degişlilikde balansyň walýutasy düzülýär. Balansyň likwidligini kesgitlemek üçin aktiwler we passiwler boýunça ýokarda getirilen toparlaryň jemlerini deňeşdirmeli. Eger gatnaşyk aşakdaky ýaly bolsa, onda balans doly likwid hasaplanýar:

$$A_1, > P_1, > A_2, > P_2, > A_3, > P_3, > A_4, > P_4$$

Has likwid ($A_1$) we tiz ýerleşdirilýän ($A_2$) aktiwleriň has gyssagly borçnamalar ($P_1$) we gysga möhletli passiwler ($P_2$) bilen deňeşdirilmegi gündelik likwidlige baha bermäge mümkinçilik berýär. Haýal ýerleşdirilýän aktiwler bilen uzak möhletli we orta gyssagly passiwleriň deňeşdirilmegi bolsa, likwidligiň geljegini şöhlelendirýär. Gündelik likwidlik seredilýän wagtyň pursatynda kärhananyň tölege ukyplylygyna (ýa-da ukypsyzlygyna) şaýatlyk edýär. Geljekki likwidlik geljekki pul gelmelerini we tölegleri deňeşdirmegiň esasynda tölege ukyplylygy çaklamagy aňladýar.

**Gysgajyk netije:**

Seljermäniň baş maksady – maliýe işindäki kemçilikleri öz wagtynda ýüze çykarmak we olary düzetmek, kärhananyň maliýe ýagdaýyny we tölege ukyplylygyny gowulandyrmagyň goşmaça mümkinçiliklerini tapmakdyr.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmagyň ähmiýeti nämeden ybarat?
2. Maliýe ýagdaýyna kärhananyň balansyna seredip nähili baha berilýär?\
3. Balansy okamaklyk näme?
4. Maliýe ýagdaýyna düýpli seljeriş bermäge mümkinçilik berýän nähili görkezijiler ulanylýar?
5. Halkara tejribesinde nähili görkezijiler maliýe ýagdaýyny seljermekde ulanylýar?

## TEMA 9. KÄRHANALARYŇ MALIÝE MEÝILNAMALARY

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Maliýe meýilnamalaryny işläp düzmekligiň bazar ykdysadyýeti şertlerinde ähmiýeti.
2. Maliýe meýilnamasynyň düzümi.

9.1. Girdejileriň we toplumlaryň döredilmegi we paýlanylmagy, merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul toplumlarynyň emele gelmegi we ulanylmagy maliýe meýilnamalarynyň obýektidir. Diýmek, maliýäniň meýilnamalaşdyrylyşy – bu pul girdejileri we toplumlary döretmek, paýlamak we gaýtadan paýlamak bilen bagly ykdysady prosesleriň meýilnama esasynda dolandyrylyşydyr we şonuň esasynda merkezleşdirilen hem-de merkezleşdirilmedik pul toplumlarynyň döredilmegi we ulanylmagydyr.

Maliýe meýilnamalaşdyrylyşyň maksatlary şu aşakdakylar: maliýe serişdeleriň çeşmeleriniň we olaryň umumy ululygynyň kesgitlenilmegi, merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik gaznalaryň, halk hojalygynyň pudaklarynyň hem-de administratiw-territorial birlikleriniň arasynda serişdeleriň paýlanylyşynyň amatly deňeçerlemegiň üpjün edilmegi, serişdeleriň ulanylyşynyň anyk ugurlarynyň takyklanylmagy we zerur bolan ätiýaçlaryň döredilmegi.

Maliýe meýilnamalaşdyrylyşy hojalygy we onuň düzümlerini dolandyrylyşynyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde möhüm guralydyr. Ol döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalary, şeýle-de kärhanalar, birleşikler, edaralar we olaryň ýokardaky guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Hojalygyň alnyp barylyşynyň bazar şertlerinde önümçiligiň ahyrky netijelerine täsir edýän köp sanly faktorlaryň nätakyklygy sebäpli, maliýäniň meýilnamalaşdyrylyşy köp halatda çaklama görnüşinde geçirilýär. Şeýle-de indikatiw, başgaça aýdanyňda, teklip ediş meýilnamalaşdyrmada ulanylýar. Ol maglumat sazlaşdyryş rolyny ýerine ýetirýär we ykdysady kadalaşdyryjylaryň üsti bilen maliýe işiniň subýektlerine gytaklaýyn täsirini ýetirýär.

Halk hojalygyna çaklaýyş we maliýäniň meýilnamalaşdyrylyşynyň täsir ediji roly bar. Bazar ykdysadyýetine geçilen soň, maliýe meýilnamalar hökmany däldir, olar meýletin düzülýär. Emma ol maksatnama hökmünde çaklaýyş esasda ýaýrandyr. Maliýe meýilnamalary işlenip düzülende önümçilik tabşyryklaryň anyklyk derejesi barlanylýar, önümi öndürmek we onuň hilini gowulandyrmak boýunça önümçilik kuwwatlary has doly ulanmagyň hasabyna maliýe serişdeleri köpeltmek, önümiň özüne düşýän gymmatynyň hem-de önümçilik däl harajatlaryň derejesini pese düşürmek boýunça mümkinçilikleri ýüze çykarmak seljerilýär. Şeýle-de bar bolan maddy serişdeleri önümçilige gönükdirmek, dolanyşyk serişdeleriň dolanyşygyny çaltlandyrmak, alnyp barylýan gurluşygyň hasap (smeta) boýunça gymmatyny pese düşürmek, dolandyryş diwany saklamak üçin edilýän harajatlary azaltmak ýoly bilen pul serişdelere bolan islegiň möçberi azaldylýar. Diýmek, maliýäniň meýilnamalaşdyrylmagy bir tarapdan maliýe

serişdeleri dolandyrmagyň guralydyr, başga tarapdan bolsa – jemgyýetçilik önümçiligine täsir edilişiniň aktiw guralydyr.

Maliýäniň meýilnamalaşdyrylmagynda şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Ekstropolýasiýa ýa-da koeffisiýentler usuly. Bu usulyň mazmuny maliýe görkezijileri olaryň depgininiň kesgitlenilmeginiň esasynda takyklanmakdan ybaratdyr. Hasaplamalar hasabat döwrüniň görkezijileriniň we olaryň ösüşiniň durnukly depginlerine düzedilmegine esasynda amala aşyrylýar. Şonuň ýaly usulyň birnäçe düýpli ýetmezçiligi bar:

- Içki hojalyk ätiýaçlyklaryň ýüze çykarylmagyny höweslendirenok, sebäbi plan tabşyryklaryň artykmaç ýerine ýetirilmegi meýilnamalaşdyrylýan döwürde olaryň awtomatik suratda bu planlara goşulmagyny şertlendirýär;

- maddy we pul serişdeleriň ulanylyşyna ýaramaz täsirini ýetirýär, sebäbi meýilnamalaşdyrylýan döwürde olaryň möçberi ýetilen derejeden ugur alnyp takyklanýar.

2. Düzgünleşdiriji usul uly gerim alýar, oňa laýyklykda meýilnamanyň maliýe görkezijileri kesgitlenen kadalar we kadalaşdyryjylar esasynda hasaplanýar.

3. Balans usuly - çykdajylary olaryň çeşmeleri bilen baglaşdyrylmagyny, maliýe meýilnamalarynyň ähli bölümlerini öz arasynda utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Maliýe balansynyň talaplarynyň berjaý edilmegi kärhanalaryň, birleşikleriň, pudaklaryň we ähli halk hojalygynyň harajatlarynyň we girdejileriniň arasynda emele geljek disproporsiýalaryň öňüni almaga, halk hojalygynyň ösüşiniň zerur bolan depginlerini we proporsiýalaryny takyklamaga, içerki resurslaryň çekilmegini hasaba almak bilen olary ählitaraplaýyn esaslandyrmaga mümkinçilik berýär.

4. Taslamaly maksatly usul bazar şertlerinde ylmy-tehniki maksatnamalaryň esasynda maliýe çaklama usullarynyň biri hökmünde öz ösüşine eýe bolar.

5. Köp görnüşli hasaplaşyklaryň, amatly kararlaryň saýlanyp-seçilmegi ykdysady-matematika usullaryň, uzak döwre maliýe çaklamalarynyň geçirilmegi üçin kompýutorlaryň giňden ulanylyşyny göz öňünde tutýar.

Maliýe meýilnamalarynyň düzülişi kärhanalar boýunça amala aşyrylýar. Meýilnamalaşdyryşyň ilkinji tapgyrynda hasabat döwründe maliýe görkezijileriniň ýerine ýetirilişine ykdysady seljeriş geçirilýär. Maliýe görkezijilerine geçirilýän seljeriş önümçilik görkezijiler bilen baglanyşykda amala aşyrylýar. Meýilnamada göz öňünde tutulan girimleri we çykdajylary hakyky girdejiler we çykdajylar bilen deňeşdirilmegi (önümçiligiň görkezijileri bilen baglanyşykda) serişdeleriň akkumulýasiýa edilmedik böleginiň sebäplerini ýüze çykarmaga, olaryň ulanylyşynyň netijeliliginiň derejesini takyklamaga, içerki hojalyk rezerwleri aýan etmäge mümkinçilik berýär.

Meýilnamalaşdyryşyň ilkinji tapgyrynda ykdysady we durmuş ösüşiň meýilleriň görkezijileriniň esasynda meýilnamalaşdyrylýan ýyla girdejileriň we çykdajylaryň anyk görnüşleriniň hasaplamalary geçirilýär. Maliýäniň meýilnamalaşdyrylyşyň üçünji tapgyrynda aýry tabşyryklar, maddalar bir bitewi balansa baglaşdyrylýar we balanslaşdyrylýar. Eger-de göz öňünde tutulan çäreler we meýilnama tabşyryklary pul serişdeleri bilen baglaşmaýan bolsa, onda girdejileriň we toplamalaryň köpeldilmeginiň çeşmeleri agtaryp tapylýar, olaryň

ulanylyşynyň has netijeli ýollary kesgitlenilýär, käbir ýagdaýlarda bolsa çykdajylaryň aýry görnüşleriniň göwrümi gös-göni azaldylýar.

9.2. Maliýe meýilnamasynyň ulgamy meýilnamalaryň köp sanly görnüşlerini gurşap alýar, olar maliýe gatnaşyklaryň dürli-dürliligi bilen, şol sebäplem ulanmaga meýilnamalaşdyrylan serişdeleriň göwrümi bilen tapawutlanýar. Şol alamaty boýunça ilkinji we jemleýji maliýe meýilnamalary tapawutlandyrylýar.

Ilkinji maliýe taslamalaryna şu aşakdakylar degişlidir: maddy önümçiligiň kärhanalarynyň, birleşikleriniň we guramalarynyň maliýe meýilnamalary; önümçilik däl ulgamyň hojalyk guramalarynyň maliýe hasaplary; döwlet edaralarynyň we guramalarynyň smetalary, olaryň çykdajylary býujet serişdeleriniň hasabyna doly ýa-da köp mukdarda maliýeleşdirilýär.

Jemleýji maliýe meýilnamalary umymy döwlet, pudak, territorial – çäk maliýe meýilnamalaryny öz içine alýar. Umumy döwlet maliýe meýilnamalary şu aşakdakylar:

- Döwletiň jemleýji maliýe balansy, jemleýji walýuta meýilnamasy (töleg balansy) döwlet ätiýaçlandyrylyşy boýunça girdejiler we çykdajylar meýilnamasy.

Pudak maliýe meýilnamalary öz içine şu aşakdaky maliýe meýilnamalary alýar:

- Maddy önümçiligindäki pudaklaryň ministrlikleriniň (wedomstwalaryň) girdejiler we çykdajylar balansyny, önümçilik däl pudaklaryň ministrlikleriniň çykdajylarynyň jemleýji smetasy, jemgyýetçilik birleşikleriniň we alyjylar şereketiniň maliýe meýilnamalary. Welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň býujetleri, territorial-çäk maliýe meýilnamalaryna degişlidirler.

Jemleýji maliýe balansy – bu kesgitlenen döwre ösüşiň umumy döwlet çaklamasynyň maliýe maksatnamasydyr. Jemleýji maliýe balansyny Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, täjirçilik banklaryň gatnaşmagynda maliýe ministrligi düzýär. Welaýatlarda balansyň hasaplamasyny welaýatlaryň degişli çäk guramalary amal etmelidirler.

Jemleýji maliýe balansynda döwletiň eýeçiligindäki kärhanalaryň we guramalaryň, eýeçiligiň başga görnüşindäki kärhanalaryň we guramalaryň pul girdejileriniň çeşmeleri hem-de giňeldilen üznüksiz önümçiligine we jemgyýetçilik isleglerine (durmuş-medeni çärelere, goranyşa, dolandyrylyşa) olaryň ulanylyşy görkezilýär.

Jemleýji maliýe balansy öz içine şu aşakdaky esasy görkezijileri goşýar: peýdany, peýda salynýan salgytlary, goşulan baha üçin salynýan salgydy, aksizleri, ulanyş tutumlaryna (amortizasiýa) pul geçirimleri, daşky söwda amallardan girýän girdejileri, ilatdan ýygnalýan salgytlary we ýygymlary, býujetden daşarky gaznalara edilýän pul geçirimleri, durmuş ätiýaçlandyrylyşy, hususylaşdyrmakdan alynýan girdejileri, uzak möhletli karz üçin ulanylýan çeşmeleri.

Jemleýji maliýe balansynyň esasy görkezijileri şu aşakdakylar:

- Halk hojalygyny maliýeleşdirmek üçin edilýän çykdajylar (maýa goýumlary maliýeleşdirmek, dolanyşyk serişdeleriň ösen bölegine edilýän harajatlar, döwlet dotasiýalary we subwensiýalary); daşky ykdysady amallar boýunça edilýän çykdajylar. Diýmek, jemleýji maliýe balansy – bu halk hojalygynyň maliýe serişdelerini häsiýetlendirýän maliýe görkezijileriniň

ulgamydyr. Jemleýji maliýe balansyna goşulýan görkezijileriň düzümi halk hojalyk maksatnamalarynyň maddy we maliýe proporsiýalarynyň balanslaşdyrylyşyny üpjün edýän gural hökmünde ulanylýar.

Kärhanalarda düzülýän maliýe meýilnamalary girdejiler we çykdajylar balansy diýip atlandyrylýar. Bu taslamalar düzümi pudaklardaky kärhanalar hem-de birleşikler we ýokardaky durýan guramalar üçin umuman birmeňzeşräk. Girdejiler we çykdajylar balansy üç-dört bölümden ybaratdyr:

1. Girdejiler we beýleki serişdeler.
2. Çykdajylar we aýrylyp goýulmalar (otçisleniýalar).
3. Kärhananyň bank edaralary bilen karz (kredit) aragatnaşyklary.
4. Býujet we býujetden daşarky pul toplumlary bilen aragatnaşyklary.

I bölüm. “Girdejileriň we serişdeleriň girimleri”, oňa banklardan we döwletiň (býujet we býujetden daşarky gaznalardan) başga kärhananyň öňdäki ýylda toplanyp bilinjek ähli maliýe serişdeleri goşulýar. Bu bölümiň düzümine şu aşakdaky girdejiler goşulýar: esasy işden alynýan peýda, gymmat bahaly kagyzlardan alynýan göterimler we diwidentler, ylmy-barlag häsiýetli işlerden alynýan peýda, ulanyş tutumy üçin (amortizasiýa) geçirimleri, zerur bolmadyk emläkleriň satylmagyndan (esasy serişdeler, materiallar) alynýan girdeji, durnukly passiwleriň geljek ýylda artan bölegi we ş.m.

II bölüm. “Çykdajylar we serişdeleriň (otçisleniýeleri) aýrylyp goýulmalary”. Bu bölümde önümçiligiň geljek ýylda giňeldilmegine, işiň iň gowy netijeleriniň ykdysady taýdan höweslendirilmegine we başga çykdajylara maliýe serişdeleriň gönükdirilýän beýanyny tapýar. Oňa şu aşakdaky çykdajylar goşulýar: maýa goýumlary, sarp ediş, ätiýaçlyk gaznalara edilýän otçisleniýeler, gymmat bahaly kagyzlary satyn almak üçin edilýän çykdajylar, dürli haýyr-sahawat gaznalara we durmuş çärelere edilýän otçisleniýeler we ş.m. girýär.

III bölüm. “Kärhananyň bank edaralary bilen karz (kredit) aragatnaşyklary”, onda kärhananyň uzak möhletli alýan karz pullary, olaryň gaýtaryp berlişi we karzyň (kreditiň) ulanylmagy üçin tölenýän göterimler görkezilýär. Bu bölüm iki bölekden ybaratdyr: çykdajylar böleginde bolsa olaryň kem-kemden üzülişi we olardan peýdalanylandygy üçin tölenýän göterimler görkezilýär, girdeýjide alynmaly summa görkezilýär.

IV bölüm. “Kärhananyň býujet we oňa girýän hem-de býujetden daşarky maksatly gaznalar bilen aragatnaşygy”. Üçünji bölüm ýaly bu bölüm hem iki bölekden, ýagny girdejiler we çykdajylar bölekleriden ybaratdyr. Bu bölüme bir tarapdan, býujete we býujetden daşarky gaznalara tölenýän salgyt we beýleki tölegleri, başga tarapdan bolsa, býujetden berilýän pullar goşulýar. (IV bölüm) bilen (III bölüm) balanslaşdyryjy bölümlerdir; býujetden alynýan pullar býujete we býujetden daşarky gaznalara tölenýän tölegleriň artýan bölegi, karz aragatnaşyklaryň galyndysyny (saldosyny) (III bölüm) hasaba almak bilen girdejiler (I bölüm) bilen çykdajylaryň (II bölüm) arasyndaky aratapawuda laýyk gelmelidir.

Maliýe meýilnamasy çärýeklere paýlamak bilen bir ýyl üçin düzülýär hem-de kärhananyň ähli maliýe-hojalyk işinde işi netijeli guramak üçin hökmany şert bolup hyzmat edýär.

Önümçilik däl ulgamyň guramalarynyň we edaralarynyň köplenç, özüniň girdejiler çeşmesi ýok we olar býujetden maliýeleşdirilýär. Olar her ýyla maliýe meýilnamalaryň görnüşi bar bolan hasaplary (smetalary) işläp düzýärler. Hasaplarda (smetalarda) meýilde göz öňünde tutulýan mukdar görkezijileri (mysal üçin, keselhanalaryň - krowat (koýkalarynyň) sany, okuwçylaryň kontingenti, personalyň sany we ş.m.) hem-de kesgitlenilen kadalar (normatiwler) boýunça hasaplanan harajatlaryň her bir ugry boýunça maliýeleşdirmäge bolan isleg görkezilýär. Aýry guramalaryň we edaralaryň hasaplaryny (smetalaryny) jemlemek bilen ministrlikleriň, wedomstwolaryň, ýerli dolandyryş guramalaryň bölümleriniň jemleýji hasaplary (smetalary) düzülýär. Jemleýji hasaplaryň (smetalaryň) taslamalary ykdysady we maliýe guramalary bilen ylalaşylýar we döwlet býujeti düzülende hasaba alynýar.

Mundan başga-da kärhanalarda kalendar – döwür üçin maliýe meýilnamalary düzülip, onda pul serişdeleriniň bir aýda gelişi we olaryň öňde duran hasaplaşyklara ýeterlik ýa-da ýeterlik däldigi anyklanylýar. Eger pul serişdeleri ýeterlik bolmasa, onda çäreler işlenip düzülýär. Mysal üçin gysga möhletli bank karzlary we beýleki çeşmeler.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Maliýe meýilnamalarynyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde ähmiýeti barmy?
2. Kärhanalarda maliýe meýilnamalary nähili tertipde düzülýär?

## TEMA 10. OBA HOJALYK KÄRHANALARYNYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Daýhan bileleşikleriniň, oba hojalyk kärhanalarynyň aýratynlyklary hem-de olaryň ýurdumyzyň ilatyny azyk bilen üpjün etmekdäki ähmiýeti.
2. Oba hojalyk kärhanalarynyň esasy we dolanyşyk serişdeleri, önümçilik harajatlary.
3. Oba hojalyk kärhanasynyň pul girdejisi, peýdasy we ony paýlamaklyk.
4. Oba hojalyk kärhanalarynyň maliýe seljerilmesi.

10.1. Oba hojalygyny ösdürmekde maliýäniň roly iňňän uly bolup, döwletimiz şol pudagy ösdürmek üçin maliýe serişdelerini aýamaýar. Önümiň pagta we bugdaý ýaly öran möhüm görnüşleri artyp, 2008-nji ýylda 1011 müň tonna pagta we 1000 mün tonna bugdaý öndürildi. 2009-njy ýylda 1055 müň tonna pagta öndürmeklik göz öňünde tutulýar. Ýurduň şekere bolan islegini kanagatlandyrmak üçin, gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmeklik ýola goýuldy. Oba hojalyk önümleriniň beýleki görnüşleri ep-esli artar, suw üpjünçiligi gowulanar, Türkmen kölüni gurmak üçin köp serişde goýberildi. Oba hyzmaty edaralar täze oba hojalyk tehnikalary bilen üpjün edilýär. Diňe olaram däl, daýhan hojalyklarynyň tehnika üpjünçiligi gowulaşýar.

Ýurdumyzy iýmit bilen hem-de galla we beýleki oba hojalyk önümleri bilen üpjün etmekde oba hojalyk ulgamynyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Hut ýaňy-ýakynda gök önüm we et bilen üpjün etmek uly mesele bolup durýardy. Döwlet tarapyndan kolhoz we sowhozlara plan tabşyryk goýberilýärdi. Bazar ykdysadyýetine geçmeklik bilen azyk, gök-önüm we et meselesi çözüldi, olaryň bolçulygy döredildi. Oba hojalygynda dürli eýeçilikdäki hojalyklaryň sany (ýylyň ahyryna) şeýleräkdir[1]:

Daýhan birleşikleri 585, ilatyň hojalyklary (müň sany) 752,4, şol sanda şahsy kömekçi hojalyklar (müň sany) 714,6, hususy haryt öndürijiler (müň sany) 2,5.

Ähli hojalyklar boýunça jemi öndürilen önümi 2007-nji ýylda 31900 milliard manat bolup, ol öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 19 göterim artandyr. Bu ýokary ösüşdir.

Döwlet ekerançylary ýer we suw bilen üpjün etmelidir. Pagta süýümini eksport etmeklik walýuta girdejileriniň çeşmesi bolup durýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň oba hojalygynda guramaçylyk işleri düýpli üýtgedildi, öňki kolhoz we sowhozlaryň ýerine daýhan birleşikleri, kärendeçi we potratçy hojalyklary, daýhan (fermer) hojalyklary döredildi. Soňky wagtlarda ekerançylyk ýerleriniň köpüsi hususy eýelere we mülkdarlara berilip başlandy. Oba hojalyga dürli eýeçilik görnüşleri ornaşdy. Geljekde fermer hojalyklary we hususy eýeler esasy oba hojalyk önümlerini öndürijilere öwrülerler.

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. Aşgabat 2008 ýyl, 45 sah.

Oba hojalyk pudagy mydama Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň üns merkezindedir. 2009-njy ýylyň Ýaşulylar Maslahatynda ekin meýdanlarynyň ýerleşdirilişi, oba hojalyk tehnikany ulanmak meselelerine seredildi. Oba hojalygyny ösdürmäge Türkmenistanyň hökümeti ep-esli maddy we pul serişdelerini gönükdirýär. Önümiň aglabasyny hususy eýeler öndürer. Oba hojalyk pudagynda häzirki wagtda hereket edýän, edara görnüşli tarap bolup durýan esasy kärhanalar şulardyr: Daýhan birleşikleri: bular gatyşyk eýeçilige esaslanan edara görnüşli taraplardyr. Olar oba hojalyk önümlerini öndürmek we satmak bilen meşgullanýarlar. Mundan başga-da Sadulla Rozmetow we Myratberdi Sopyýew adyndaky oba paýdarlar jemgyýetleri hereket edýärler. Oba hojalyk önümlerini öndürýän “Türkmen mallary” assosiasiýasy, “Maryşeker” paýdarlar jemgyýeti, oba hojalygyna hyzmat edýän “Obahyzmat” paýdarlar jemgyýeti, oba hojalyk önümlerini satyn alýan we işläp bejerýän “Türkmenpagta”, “Türkmengalla” assosiasiýalary, olaryň düzümindäki zawodlar bardyr. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde giň gerim alan köp sanly daýhan hojalyklary, kärendeçi we potratçy hojalyklar köpdir. Oba hojalyk önümlerini artdyrmakda şahsy hojalyklaryňda ähmiýeti ulydyr. Oba hojalygynda reformalar geçirildi. Daýhan birleşikleriniň işi şu güniň talaplaryna laýyk edilip üýtgedilip guruldy. Oba hojalyk önümleriniň döwlet tarapyndan satyn alyş nyrhy ýokarlandyryldy. Mysal üçin pagtanyň bir kilogramynyň nyrhy 5200 manat, inçe süýmli pagtanyňky bolsa 7200 manada çenli ýokarlandyryldy. Bugdaýyň satyn alyş nyrhy bir kilogramy 2000 manada çenli ýokarlandyryldy. Bu öz gezeginde daýhan hojalyklarynyň pul girdejileriniň artmagyna, oba hojalyk önümlerini artdyrmaga gyzyklanma (stimul) döretdi. Netijede ýurdumyzyň azyk garaşsyzlygyny üpjün etmäge mümkinçilik döredi. Döwlet mundan başga-da oba ýerlerinde zähmet çekýänleriň maddy, durmuş we medeni ýagdaýyny gowulandyrmak üçin býujetden dört milliard amerikan dollaryna barabar pul gönükdirer. Bu oba ýerlerinde ýollaryň, medeni jaýlaryň, häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýasy bilen üpjün edilen mekdepleriň, hassahanalaryň bir gideni gurulýar. Dünýäde iň kuwwatly öňdebaryjy tehnikalar satyn alynýar. Her welaýatda bir etrabyň durky täzelendi, gelejekde beýleki etraplaryňda durky tutuşlygyna täzelener. Oba hojalyk pudagy salgytlardan doly boşadyldy. Bu pudaklardaky hojalyklara berilýän karzyň göterimi örän pesdir. Obada ýaşaýyş jaý gurluşygyny giňeltmek maksady bilen ipoteka karzlary giň gerime eýe boldy. Şeýlelik-de oba hojalyk pudagynyň ösmegine giň şertler döredildi.

Häzirki wagtda oba hojalyk önümleriniň aglabasy, ylaýta-da pagta we galla daýhan birleşikleriniň paýyna düşýär. Daýhan birleşikleriniň esasy wezipesi oba hojalyk önümlerini öndürmek, işläp bejermek bolup, olar esasan döwlet tabşyrygyny ýerine ýetirýärler. Bu hojalyklar esasan kärendeçiler bilen işleýärler we kärendeçileriň önüm satyp gazanan pul girdejisiniň bir bölegini öz ygtyýaryna alýarlar. Bu bileleşikleriň öz meýletin agzalary bardyr. Emläkleri, ýagny ýer, döwlet tarapyndan berilen esasy serişdeler. Bu hojalyklarda ýörite hojalygyň işini ýola goýýan işgärleri bardyr. Emma olaryň işini dolandyrmak öz agzalarynyň umumy ýygnagy tarapyndan amala aşyrylýar. Önümleri erkin nyrhda we döwletiň

satyn alyş nyrhynda satylýarlar. Mysal üçin, kärendeçi şertnama esasynda döwlete borçlaryny ýerine ýetiren soň, galan önümini erkin nyrhda satyp biler. Daýhan birleşikler önümçilik serişdelerini satyn alyp, düýpli gurluşyk işlerini maliýeleşdirip biler. Şonuň ýaly-da alan peýdasyndan durmuş taýdan ösdürmek gaznasyny, ätiýaçlyk gaznasyny, önümçiligi ösdürmek – maksatly pul gaznasyny döredip biler.

Maldarçylykda uly ähmiýete eýe bolan “Türkmenmallary” assosiasiýasy maldarçylykda döwlet syýasatyny alyp barmak esasynda öz garamagyndaky maldarçylyk hojalyklary, weterinariýa gullugy, örini suwlylandyrmak kärhanalary bolan topluma öwrüldi. Bu bolsa maldarçylyk önümleriniň ýokary depginler bilen artmagyna getirdi. Maldarçylyk hojalyklarynda kärende gatnaşyklary giň gerim aldy, mysal üçin döwlet eýeçiligindäki gara mallary, dowarlary we düýeleri kärendesine bermek usulyny alyp barýar. Maldarçylygy ösdürmekde höwes döretmek üçin kärendeçiler bilen hasaplaşygyň ähmiýeti ýokarydyr. Mysal üçin çopanlar bilen kärendeçilik şertnamada berkidilen 100 garaköli ene goýundan 95, işşek goýundan 85 guzy, saryja goýundan 85, her 100 ene geçiden 100 owlak almaklyk bellenilip, alynan önümiň 50%-i kärendeçiniň zähmet haky görnüşinde berilýär.

Ýylyň dowamynda özüne berkidilen her 100 ene sygyrdan 80 göle, 100 bogaz tüweden 98 göle, her bir sagylýan sygyrdan 2000 kg. süýt sagyp almak tabşyryk berilýär. Mallary tükel orta we ýokary semizlikde saklamaly. Alynan süýdiň hemmesi we göläniň 60 göterimi (esasan öküz görnüşli) kärendeçä, 40 göterimi, (tüwe görnüşli) kärhana degişli bolýar.

Şeýlelikde, kärhananyň ygtyýaryna galan önümlere assosiasiýa eýeçilik edýär. Onuň pul girdejisi maldarçylyk önümlerini satmakdan emele gelýär.

Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetinde bolsa, öndürilen önüm şol hojalyklaryň ygtyýarynda bolup, olar şolary satyp pul girdejilerini gazanýarlar. Bu hojalygyň hut özüniň ygtyýarynda pagta arassalaýjy zawody bolup, ol ahyr önüm - süýüm satmaklyga mümkinçilik berýär. Paýdarlar jemgyýetiň paýdarlarynyň arasynda alan peýdasynyň bir bölegi diwidend – paýhaky hökmünde paýlanylýar. Biz aşakda şu hojalygyň (şertli maglumatlar) geljek ýyllarda göz öňünde tutýan pul girdejisiniň we peýdasynyň meýilnamasyndan mysal getirýäris. (Seret S.Rozmetow adyndaky paýdarlar jemgyýetiniň mysalynda düzülen maliýe meýilnamasyna).

Oba hojalygyny ösdürmek döwletimiziň mydama üns merkezinde. Häzirki wagtda daýhan birleşikleriniň ygtyýaryna ýeňil tehnika, “Oba hyzmat” paýdarlar jemgyýetinden alynyp berildi. Galan çylşyrymly tehnika ylaýta-da, daşary ýurtdan getirilen, oba hyzmat paýdarlar jemgyýetiniň ygtyýarynda galar. Bu edara remont – bejergi işlerinde gurnaýar. Şonuň bilen bir hatarda könelenleri daýhan potratçylara beriler.

Häzirki wagtda ekerançylyk ýerleriň müňlerçe gektary suwarylyp, olaryň ekin dolanyşygyna girizilmegi üçin döwlet tarapyndan her ýyl býujetden milliardlarça manatlar goýberilýär. Fermer, kärendeçi, potratçy hojalyklarynyň oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin gerek bolan harajatlaryň ýarysy döwlet tarapyndan tölenilýär. Eger döwlete şertnama esasynda önüm tabşyrylsa onda

maldarçylyk pudaklary hökümet salgytlaryndan doly boşadylýar. Oba hojalyk kärhanalaryna häzirki wagtda esasan merkezleşdirilen tertipde oba hojalyk tehnikasy bilen kömek edilýär. Oba hojalyk pudagynyň maliýesine täsir edýän şu aşakdaky aýratynlyklar bar. Oba hojalygyna goýlan pul serişdeleri gysga möhletde gaýdyp gelmeýär. Bu bolsa 4-5 aýyň dowamynda pul harajatlaryň yzygiderli artmagyny talap edýär. Mysal üçin, pagtaçylykda ýylyň başyndan tä güýzüň ahyryna çenli pul harajatlary edilýär, pagtadan pul girdejileri bolsa sentýabr aýyndan girip başlaýar. Serişde oba hojalyk kärhanalarynyň özünde bolmansoň, ol banklar tarapyndan gysga möhletli kreditiň – karz puluň zerurlygyny ýüze çykarýar. Diýmek, oba hojalyk kärhanalaryna beýleki pudaklardan aýratyn köp karz serişdeleri gerek bolup durýar. Oba hojalyk kärhanalarynda önümçilik döwri uzak bolansoň, köp pul serişdeleri gerek bolýar, şonuň üçin oba hojalygyna kömek bermek üçin ýörite daýhan banklar ulgamlary döredildi. Döwlet täjirçilik daýhan banklary oba hojalyk kärhanalarynyň diňe bir harajatlaryny maliýeleşdirmän, olara wagtly-wagtyna karz pul berip durýar. Şonuň ýaly-da oba hojalyk önümlerini satmakdan gelen pul girdejilerini daýhan hojalyklarynyň hasapnamalaryna wagtly-wagtynda geçirilmegini üpjün edýär. Oba hojalyk önümleri satylyp bolunýança awans bermekligi ýola goýýar. Şol awansy Merkezi Bankyň karz serişdeleriniň hasabyna berýär. Soňra oba hojalyk kärhanalary önümlerini satyp bolansoň alan pul girdejisi bilen hasaplaşyk geçip durýar.

Harajatlar ylaýta-da oba hyzmaty guramalary mehanizasiýa işi ýerine ýetirende daýhan, ýerinde ýerine ýetirilen işiň möçberini görkezip çek ýazyp berýär, şonuň esasynda daýhan banky oba hyzmatyna daýhanyň hasabyna karz pul berýär ýa-da oba hyzmatynyň özüne karz pul berýär. “Türkmenpagta” döwlet konserni ýa-da “Türkmengalla” önümleri assosiasiýasy, Daýhanbanky bilen hasaplaşýar ýagny, fermer ýa-da daýhan üçin tölenen summasy gaýtarýar. Döwlet diňe döwlet tabşyryklaryny berjaý etmek üçin galla ýa-da pagta ekýän potratçylaryň harajatlarynyň ýarysyny öz hasabyna alýar.

10.2. Häzirki wagtda oba hojalyk önümlerini ýola goýmak üçin köp möçberde esasy serişdeler toplumlary gerekdir. Oba hojalykdaky esasy toplumlaryň düzümi beýleki pudaklardan, ylaýta-da senagatda üýtgeşikdir. Oba hojalygyň esasy serişdeleriň düzümi boýunça şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Jaýlary suw bilen üpjün edýän stansiýalar, kanallar we drenaž setleri, oba hojalyk tehnikasy, traktorlar, kombaýnlar, ulag serişdeleri, seýalkalar we beýlekiler girýärler. Oba hojalykda esasy serişdeleriň köpüsini köp ýyllyk ösümlikler, ýagny miwe berýän agaçlar, plantasiýalar we beýlekiler, munuň daşyndan iş mallary, önüm berýän köp ýaşan iri we ownuk şahly mallar we beýleki önüm berýän mallar girýärler. Oba hojalykda häzirki wagtda ýerler satylyp alynmandan soňra, ol esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmaýar. Esasy serişdeleriň oba hojalykda netijeli ulanylmagy köp derejede oba hojalyk önümleriniň, ýagny 1 gektardan alynýan hasyllylygyň hem-de mallaryň önümliliginiň artmagyna baglydyr. Häzirki wagtda tehnikanyň ulanylyşyny gowulandyrmak maksady bilen biziň ýurdumyzda her etrapda öňki kolhoz we sowhoz tehnikasynyň hasabyna ýörite “Obahyzmaty” edarasy döredildi. Şolar ýarym bahasyna daýhanlaryň we oba hojalyk kärhanalaryň işlerini edip berýärler. Şonuň üçin döwlet tarapyndan ýaňky edaralara ýokary

öndürijilikli tehnika we traktorlar satyn alnyp berilýär. Soňra daýhan hojalyklary gurplanandan soň oba hojalyk tehnikasyny özleri satyn alyp bilerler. Oba hojalyk önümçilik serişdeleriň çeşmesi şu aşakdakylardan ybarat:

1. Oba hojalyk kärhanalaryň we daýhan birleşikleriň (fermerleriň) öz pul serişdeleri (ulanyş tutumlary (amortizasiýa) gaznasy, peýdasynyň bir bölegi, paýdarlaryň serişdeleri)
2. Döwlet býujetinden goýberilýän pul serişdeler.
3. Banklardan alynýan uzak möhletli karz pullar.

Käbir hojalyklar oba hojalyk tehnikasyny kärendeçilige alýarlar. Işçi we önüm berýän gara mallaryň köpeldiliş çeşmesi aýratyn, iri mallaryň göleleri, guzulary, jüýjeleri uly ýaşa ýetenden soňra, gara mallaryň sanyny köpeltmäge geçirilýär, gara mallaryň ýaş mallary uly ýaşa ýetýänçä dolanşyk serişdeleriň hasabynda durýarlar. Oba hojalyk kärhanalarynda oba hojalyk tehnikasyna we jaýlara ulanyş tutumlary (amortizasiýa) hasaplanylýar. Oba hojalyk kärhanalarynda dolanyşyk serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Esasy we kömekçi materiallar.
2. Ýangyç we elektroenergiýa.
3. Organiki we mineral dökünler.
4. Tohum we her-hili şitiller, nahallar.
5. Iým, iýmit mallar üçin, däri – dermanlar.
6. Taýýar önüm.
7. Ätiýaçlyk şaýlar, gap-gaç, halta, ýüp we ş.m.
8. Gutarylmadyk önümçilik.
9. Pul serişdeleri.

Oba hojalyk kärhanalarynda dolanyşyk serişdeleri özüniň gymmatyny önümçilik harajatlaryna bir wagtlaýyn we doly geçirýärler. Oba hojalyk kärhanalarynda dolanyşyk serişdeleri üçin normatiw bellenmeýär. Ýöne oba hojalyk kärhanalary özlerine gerek bolan dolanyşyk serişdeleriň, ýagny bökdençsiz işlär ýaly ätiýaçlygyny döredýärler.

Önümçilik ätiýaçlyklary düzümi boýunça şu aşakdakylardan ybarat:

Çig mal, materiallar, her-hili ýaglar, ätiýaçlyk şaýlar, organiki we mineral dökünler, ýangyç, gerbisidler, pestisidler, mallar üçin gerek boljak iýmler we beýleki ownuk materiallar, gap-gaçlar. Oba hojalykda gerek boljak iýmler we olaryň gerek boljak möçberi iýmit birliginde hasaba alynýar. Iýmit birligi 1 kg. süle dänesiniň kaloriýasynyň möçberi bilen kesgitlenýär. Ol her bir iýmde dürli-dürlidir. Mysal üçin: 5000 t. iým – 1,200 t. iým birligi bolsa, onda 1000 sany mala 1 mln. 200 kilo iým birliginde iým gerek. Diýeli, eger taýýarlanylan ot-iýmler şondan az bolsa, onda mallary gyşdan çykarmak kyn bolýar. Üç ýaşa ýetenden soň ýaş mallaryň bir bölegi uly önüm berýän gara mallaryň hataryna geçirilýär, ýa-da esasy serişdeleriň hataryna, galan bölegi semrediş bazasyna iberilýär. Oba hojalyk kärhanalary tohum, ot-iým, mineral we organiki dökünler, ätiýaçlyk şaýlarynyň ätiýaçlygyny döretmäge aýratyn üns bermelidir. Olaryň çeşmesi-esasan öz serişdeleri ýetmezçilik eden halatlary banklardan alynýan gysga möhletli karz pullar. Oba hojalygyna ýeňillikli karz pullaryň, göterimi bary-ýogy 1%-den köp däldir.

10.3. Oba hojalyk kärhanasynyň pul girdejileri şu aşakdakylardan ybarat:

Oba hojalyk önümlerini (pagta, däne, gök önümler we beýlekiler) maldarçylykdan alynýan et, süýt, ýag, ýüň we beýleki önümleri bazarda satmakdan hem-de satyn alyş nyrhy boýunça döwlete tabşyrmakdan emele gelýär. Oba hojalyk kärhanalaryň bazar ykdysadyýetine geçmekligi bilen oba hojalyk önümlerini öndürmeklige hem-de islän nyrhyndan satmaga mümkinçilik döredi. Döwlet häzirki wagtda diňe bir pagta we däne, şaly, gant şugundyryndan tabşyryklaryny belleýär we daýhan hojalyklarynyň önümçilik harajatlaryny ýapyp ýokary derejede peýda almaklygy üpjün edýän, satyn alyş nyrhlary kesgitleýär, ol nyrhlar bazar şertlerinde, ýyl-ýyldan ýokary bellenilýär. Bu bolsa dürli eýeçilik görnüşindäki daýhan hojalyklarynyň oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanmaga höwesini, gyzyklanmasyny döredýär. Daýhan banklary ýylyň dowamynda oba hojalyk kärhanalaryna karz çäginde (awans) bermekligi ýola goýýarlar. Döwlete tabşyrylan önümleri wagtly-wagtynda hasaplaşmagyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Oba hojalyk önümleriniň wagtly-wagtynda hasaplaşylmagy daýhan banklarynyň üsti bilen geçirilýär. Oba hojalyk önümlerini satmakdan gelen pul girdejileri <u>nagt we nagt däl görnüşdedir.</u>

**Nagt däl görnüşde** – döwlete pagta, däne we beýleki önümleri tabşyrmakdan gelen pul serişdelerine we lomaý söwda hasaplaşyk geçirilýär, wagtly-wagtynda hasaplaşmagyň özi daýhan üçin ähmiýetlidir. Nagt görnüşinde erkin nyrhlar esasynda bazarda we beýleki alyjylara satyp bilýär. Oba hojalygynda esasy görkeziji hökmünde hasyl we hasyllylyk ýaly görkezijiler ulanylýar. Mysal üçin 1 gektardan alnan pagtanyň we bugdaýyň hasaby sentner hasabynda, umumy alnan hasyly umumy ekilen gektara paýlamak bilen hasaplanylýar. Oba hojalygyň maldarçylyk pudagynda her sagylýan sygyrdan süýtden kg. hökmünde 1 ýylda, çärýekde ýa-da gije-gündizde alynýan süýdüň möçberi kesgitlenýär. Ýüz goýundan ýa-da 100 ene sygyrdan alnan göläniň ýa-da guzynyň sany, her bir arynyň ýaşiginden alnan balyň mukdary esasy görkezijileriň biridir. Oba hojalygynda edilýän harajatlar şol bir gektardan alynýan önüm, sentner hasabynda, ýagny şoňa edilýän harajatlar manat hasabynda hasaplanylýar. Mysal üçin 1000 ga. pagta ekilen bolsa, şol pagtany öndürmek üçin edilen harajatlary 1 ýylyň dowamynda 1000 ga. paýlanylýar hem-de 1 ga. edilen harajat kesgitlenilýär. 1 gektara edilen harajady şol gektardan alnan hasyla paýlamak netijesinde 1 sentnere edilen harajatlary hasaplamak mümkin. 1 sentnerden alnan peýdany ýa-da zyýany kesgitläp bolýar. 1 gektara edilen harajady hasaplap 1 gektardan alnan pul girdeji bilen deňeşdirip görüp, 1 ga-dan alnan peýdany ýa-da zyýany hasaplap bolýar. Oba hojalykda önümleri we pul girdejini artdyrmagyň şu aşakdaky çeşmeleri bar:

A) ekstensiw usul.

B) intensiw usul.

Ekstensiw usulda ekerançylyk meýdanlarynyň, mallaryň baş sanynyň artmagy netijesinde önüm ýokarlandyrylýar.

Intensiw usulda her bir gektardan alynýan hasyllylygyň ýokarlanmagy maldarçylygyň önümliliginiň artmagy netijesinde önümi artdyryp bolýar. Oba hojalyk önümleriniň hasyllylygy ýerleriň meliorativ ýagdaýynyň gowulanmagyna, drenaž setleriniň geçirilmegine, organiki we mineral dökünleriň köp dökülmegine,

oba hojalyk ekinlerine zyýan berýän mör-möjekleriň ýok edilmegine, köp hasyl berýän tohumlara we beýleki çärelere baglydyr. Maldarçylykda bolsa, tohum mallary saýlap almak, ot-iým bazalary köpeltmek, mallaryň idedilmegine gözegçilik etmek we beýlekiler täsir edýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilmeli bilen oba hojalykda dürli eýeçilik görnüşlerine esaslanan paýdarlar, kärendeçi, potratçy, daýhan we beýleki hojalyklar döredildi. Hususy eýeler we mülkdar (fermer) hojalyklary harajatlaryň tygşytlylygyna, dolandyryş diwanynyň kemeldilmegine, oba hojalyk tehnikasynyň netijeli ulanylmagyna aýratyn üns berýärler. Oba hojalyk kärhanalarynda harajatlar şu aşakdakylardan ybarat:

1. Tohum, organiki we mineral dökünler, maldarçylykda zerur bolan iýmlerdir;

2. Oba hojalyk tehnikasynyň ätiýaçlyk şaýlary we olaryň ulanyş tutumlary (amortizasiýasy); gündelik bejeriş;

3. Zyýanly, mör-möjeklere garşy ulanylýan dermanlar;

4. Esasy we goşmaça zähmet haklary;

5. Gysga möhletli karzlar üçin tölenilýän göterimler, ýangyç we her-hili ýaglar, oba hyzmatyna we keseden çekilenlere tölenýän mehanizasiýa işleri üçin tölegler;

6. Maldarçylykda bolsa, ýaş mallary ösdürmek üçin gerek bolýan harajatlar we beýlekiler.

Oba hojalyk önümçiliginde peýda şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

Ýylyň dowamynda oba hojalyk önümlerini satmakdan gelen pul girdejileriň jeminden, şol önümleri öndürmek we satmak bilen bagly harajatlaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär. Mundan başga-da jemi peýda önümçilik bilen bagly bolmadyk her-hili pul girdejilerini goşmak bilen hem-de tölenen jerimedir, öwezini dolmalary aýyrmak bilen kesgitlenýär.

Biziň ýurdumyzda oba hojalyk önümçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen oba hojalyk kärhanalaryna salgyt we beýleki töleglerden köp sanly ýeňillikler berilýär. Oba hojalyk kärhanalary häzirki wagtda goşulan baha üçin salgyt, peýdadan alynýan salgyt, emläk salgydy we beýleki köp sanly salgytlardan boşadylandyr. Şonuň bilen bir hatarda 20% durmuş ätiýaçlandyrma edilýän töleglerden boşadylandyr. Emma muňa garamazdan oba hojalykda işleýän işgärler pensiýalar, kömek pullar (posobiýalar) bilen doly esasda peýdalanýarlar. Oba hojalykda işleýän işgärler zähmet hakyndan girdeji salgydyny tölemeýärler.

Biz oba hojalyk kärhanasynyň maliýe meýilnamasynyň düzümine seredip geçýäris. Sadulla Rozmetow adyndaky paýdarlar daýhan birleşiginiň geljek ýyl üçin maliýe meýilnamasyndan nusga.

Ekin meýdany 6600 gektar. Hojalyk esasan pagtaçylyk bilen meşgullanýar we her gektardan 35 sentner (3500 kg.) pagta hasylyny almaklygy göz öňünde tutýar. Jemi öndürilmeli pagta 23100 tonna tonna bolup, şonuň 25 göterimi döwletiň ygtyýaryna tabşyryk nyrhy boýunça satylýar, galany erkin nyrhlar boýunça satylýar.

**Tablisa 42**

| Önümleriň ady | Çykym | Önümleriň möçberi | Bahasy dollarda | Jemi dollarda | 1 ton. manatda | Jemi girdeji manatda |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Süýüm | 30 | 5198 | 1000 | 5197500 | 4000 | 20780000 |
| Ülint | 3,5 | 606 | - | - | 173,2 | 105000 |
| Üpdük | 0,8 | 139 | - | - | 303,2 | 42144,0 |
| Çigit | 56 | 12936 | - | - | - | - |
| Ýag | 13,2 | 1708 | - | - | 2880 | 4917800 |
| Künjara | 45 | 5821 | - | - | 250 | 1455400 |
| Şulha | 30,6 | 3958 | - | - | 178 | 704524 |
| Jemi | | | | | | 28064868 |
| Döwlete tabşyrany | 25% ýygymdan | 5775 | - | - | 1,04 | 6006000 |
| Jemi girdeji | | | | | | 34070868 |

Bir kg. pagtadan alynan jemi girdeji 1,48 teňňe.

Bir gektara düşýän girdeji 34070868 : 6600 = 5162,2 manat.

Hojalyk ýokardaky pagta hasyly üçin jemi 6944800 manat harç edipdir ýa-da 1 ga. 1052,2 manat harç edipdir. Mundan başga obany abat saklamak üçin – 415800 manat, suwaryş hyzmatlary üçin – 138600 manat, dolandyryş zweno üçin – 36000 manat, ýerli býujete tölenýän 6600 manat, ýer salgydy – 7541800 manat.

Jemi harajatlar ýa-da 1 gektara 7541800 : 6600 = 1142,7 manat.

Jemi pul girdeji 34070868 manat.

Goşulan baha üçin süýüme salgyt (5198000 x dollar x 2,85 x 15 göterim) 222214,5 manat.

Pagta üçin jemi harajatlar 7541800 manat.

Süýüm we çigitden ýag almak üçin harajatlar 2847200 manat

Jemi harajatlar 10389000 manat

Paýdarlar jemgyýetiniň arassa peýdasy 23681868 manat

Peýdadan maýa toplaýyş gaznasyna 20% 4736371 manat

Ätiýaçlyk gaznasyna 40% 9472746 manat

Paýdarlara degişli paýhaky (diwidend) 40% 9472746 manat.

Önümçiligiň düşewüntliligi $\frac{23681868 \times 100}{10389000} = 227{,}9\%$

Pagtaçylyk pudagy aslyýetinde gowy hasyl alynanda girdejili pudakdyr, ýaňky seljeren hojalygymyz, pagtadan ýylyň-ýyly ýokary girdeji gazanýar. Şeýle hojalyklar başga-da bar. Mysal üçin M.Sopyýew adyndaky Ak bugdaý etrap Ahal welaýatynyň paýdarlar daýhan birleşigi we beýleki hojalyklar. Gowaça mysal üçin şaly bilen deňeşdireniňde suwy az talap edýär. Pagtadan ýokardaky görşümiz ýaly diňe süýüm däl, azyk önümleri-ýag, mal iýmiti – künjara, şulha ýaly önümler

öndürilýär. Mysal üçin 1 kg. pagta süýüminden 5 metr prostynlyk mata, 12 metr çit mata, 40-140 sany tikin ýüplükleri alynýar.

1 tonna şulhadan – 85 litr spirt, 300 kg. linolit, 28 kg. kömürturşy gazy, 20 kg. uksus kislotasy we beýleki önümler alynýar. 1 kg. pagta çigidinden 170 gram çigit ýagy, 400 gram künjara, 300 gram şulha alynýar.

Biziň ýurdumyz pagtaçylykda dünýäde 11-nji orunda, GDA ýurtlarynda bolsa 2-nji orny eýeleýär.

Pagtaçylygy giňeltmekde ýurdumyzda gowy mümkinçilikler bar. Gelejekde gowaçanyň hasyllylygyny artdyrmaga aýratyn üns bermelidiris.

10.4. Oba hojalyk kärhanalaryň maliýe seljermesi.

Biz aşakda maliýe netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijileriniň seljermesine seredip geçýäris.

**Tablisa 43**

**Girdejileriň geçen ýylky bilen deňeşdirilişi**

**mln. manat**

| Görkezijiler | Geçen ýylyň netijesi | Hasabat ýylynyňky | Ýerine ýetirileni geçen ýylyňky % hasabynda | Geçen ýylkydan aratapawudy |
|---|---|---|---|---|
| Önümleriň ýerleşdirilişinden alynýan girdeji ekerançylyk | 1765,7 | 2051,6 | 116,2 | +285,9 |
| Maldarçylyk | 299,0 | 48,7 | 16,3 | -250,3 |
| Beýleki işler | 7,0 | -94,5 | - | -101,5 |
| Jemi | 2071,5 | 2005,8 | 96,8 | -65,9 |
| Satuw bilen bagly bolmadyk girdejiler | - | 137,0 | - | +137,0 |
| Çykdajylar | - | 38,7 | - | +38,7 |
| Jemi | 2071,7 | 2109,1 | 101,6 | +32,4 |

Geçen ýylyň alynan girdejisinden hasabat ýylynda 32,4 mln. manat ýa-da 1,6% köp alynypdyr. Bu daýhan birleşiginiň işiniň netijeliliginiň ýokarlananlygyny aňladýar. Ekerançylykdan girdejiniň möçberi 285,9 mln. manat artanda bolsa, maldarçylygyň netijesi peselipdir, ýagny geçen ýylky bilen deňeşdirende 250,3 mln. manat az alynypdyr.

**Tablisa 44**

**Peýda täsir eden sebäpler**

**mln. manat**

| № | Görkezijiler | Geçen ýylky | Hakyky satylan önümler, geçen ýylyň düşýän gymmatynda | Hasabat ýylyndaky | Geçen ýylkydan tapawut (+,-) |
|---|---|---|---|---|---|

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Satylan önümleriň düşýän gymmaty | 4408,2 | 5043,4 | 5410,4 | +1002,2 |
| 2. | Önümi satmakdan gelen pul girdejiler | 6479,9 | 7067,6 | 7416,2 | +936,3 |
| 3. | Peýda (zyýan) | +2071,7 | +2024,2 | +2005,6 | -65,9 |
| 4. | 1 mln. manat gazanylan pul girdejiden alynan peýda (3 setir:2 setir) | 319,71 | 286,41 | 270,46 | -49,25 |
| 5. | Peýdanyň geçen ýylkydan artmagy: 1) Satylan önümiň artmagy (2 s. gr.4-gr.3) x str. 4 gr. 3 | X | X | X | +187,9 |
| | 2) Satylan önümleriň düzüminiň üýtgemegi (st. 4 gr.4-gr.3) x str. 2 gr. 4) | X | X | X | -235,4 |
| | 3) Önümiň düşýän gymmatynyň artmagy ýa-da peselmegi (1 str.gr.4–gr.5) | X | X | X | -367,0 |
| | 4) Nyrhlaryň üýtgemegi (2 str. gr.5-gr.4) (-367,0+-235,4--187,9-348,6)=-65,9 | X | X | X | +348,6 |

Hasaplanyşy:

1) Önümleriň möçberiniň artmagy = 7067,6 - 6479,9 = 587,7 x 0319,7 = 187,3 müň manat.

2) Düzüminiň üýtgemegi (286,41 – 319,71) x 7067,6 = - 235,4 müň manat.

3) Önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegi 5043,4 – 5410,4 = - 367,0 müň manat.

4) Nyrhlaryň täsiri 7416,2 – 7067,6 = + 348,6 müň manat.

Netijede: - 65,9 [ - (367 € 235,4) – (187,9 + 348,6]

Seljermeden görnüşi ýaly önümiň möçberiniň artmagy bilen alynan goşmaça peýda 187,9 mln. manat, nyrhlaryň ýokarlanmagy bilen 348,6 mln. manat peýda geçen ýylkydan köp alynypdyr. Emma, önümleriň düzüminiň üýtgemegi, ýagny ýokary düşýän gymmatly önümleriň artmagy we şol esasda önümleriň düşýän gymmatynyň artmagy bilen peýda – 235,9 mln. manada kemelipdir. Önümiň düşýän gymmatynyň artmagy bilen peýda – 367,0 mln. manat kem alynypdyr.

Netijede, geçen ýylky bilen deňeşdirilende peýda – 65,9 müň manada kem alynypdyr.

Peýdany artdyrmagyň ýollary:

1) Satylmaly önümleriň möçberini ýokarlandyrmaly;

2) Ýokary hilli önümleri öndürip, ýokary nyrhlardan satmaly;

3) Önümleriň hasyllylygyny artdyryp, özüne düşýän gymmatyny peseltmeli;

Oba hojalygynda düşewüntlilik esasy görkezijileriň biri bolup, olar şu aşakdaky görnüşlerde hasaplanylýar.

1) Umumy düşewüntlilik

$$D_u = \frac{P \times 100}{E_{so} + D_{so}};$$

P – peýda, $E_{so}$ – esasy serişdeleriň bir ýylda ortaça gymmaty,

$D_{so}$ – dolanyşyk serişdeleriniň ortaça gymmaty. Mysal, esasy serişdeleriň ýyllyk ortaça gymmaty 2505400 müň manat.

Dolanyşyk serişdeleriň ýyllyk ortaça gymmaty 1604240 müň manat

Peýda 850685 müň manat

$$\text{Düşewüntlilik } \frac{850685 \times 100}{250400+1604240} = 20,7\%$$

2) Önümçiligiň düşewüntliligi

$$Ö_d = \frac{P \times 100}{Ö_{n.d.g.}(\text{önümiň düş.gymmaty})}; \quad \frac{2005,8 \times 100}{2410,4} = 37,1\ \%$$

3) Mundan başga-da aýry-aýry oba hojalyk önümleriniň düşewüntliligi:

$$\frac{P \times 100}{Ö_{n.d.g.}(\text{önümiň düş.gymmaty})} = \frac{2500 \times 100}{3100} = 80,6\ \%$$

Oba hojalygynda mundan başga-da her 100 gektar ekilen ýerden aýry-aýry ekinler boýunça alynan peýdanyň möçberi hasaplanylýar. Mysal üçin 200 gektar ýerden gowaça ekilip 1800 mln. manat peýda gazanypdyr. $\frac{1800}{200}$ = 100 gektar ýerden ortaça 900 mln. manat peýda gazanypdyr.

**Tablisa 45**

**Hojalygyň düşewüntliliginiň görkezijileri**

| Görkezijiler | Geçen 5 ýylyň ortaça görkezijisi | Hasabat ýyl | | Üýtgäni – tapawut | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Maksat-namada göz öňünde tutulany | Hakyky | Geçen ortaça 5 ýyl bilen deňeşdirende | Göz öňünde tutulanda-kysyndan |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Peýda (mln. manat) | 2046,4 | 2071,1 | 2104,1 | +57,7 | +32,4 |
| Şol sanda: önümi satmakdan | 1966,0 | 2071,1 | 2005,8 | +39,8 | -65,9 |
| Satylan önümleriň özüne düşýän gymmaty (mln. manat) | 4337,1 | 4408,2 | 5410,4 | +1073,3 | +1002,2 |
| Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň ýyllyk ortaça gymmaty (mln. manat) | 13370,2 | 14599,7 | 14997,8 | +2627,6 | +398,1 |
| Düşewüntliligiň derejesi (%) düşýän gymmatyna | 45,3 | 47,0 | 37,1 | -8,2 | -9,9 |
| Peýdanyň normasy (%) | 15,3 | 14,2 | 14,0 | -2,5 | -0,2 |
| 100 gektar ýere düşýän peýda (mln. manat) | 18,5 | 18,9 | 19,2 | +0,7 | +0,3 |
| Ýyllyk ortaça 1 adama düşýän peýda (müň manat) | 944,7 | 951,1 | 977,2 | +32,5 | +26,1 |

Sanlardan görnüşi ýaly, hasabat döwründe geçen 5 ýyl we maksatnama bilen deňeşdireniňde peýda artypdyr, emma düşewüntlilik pese gaçypdyr. Ýöne, 100 gektardan alynan peýda we ortaça bir işgäre düşýän peýda ýokarlanypdyr.

Daýhan birleşikleri we daýhan hojalyklary mundan başga-da 1 gektara düşýän harajatlary we girdejileri, şonuň ýaly-da peýdany, 1 sentnere düşýän harajatlary we girdejidir peýdany hasaplaýarlar.

Oba hojalygynda esasy görkeziji ýerden alynan hasyl we hasyllylyk, mallaryň önümliligi ýaly görkezijilerdir.

Hasylyň artmagyna iki faktor täsir edýär, 1) ekilen ýerleriň möçberi. Bu ekstensiw usul. 2) Her gektardan alynan hasyllylyk. Bu intensiw usuldyr. Mysal,

**Tablisa 46**

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | Aratapawut (+,-) |
|---|---|---|---|
| Jemi ýygnalan pagta hasyly, sentner hasabynda | 60000 | 76800 | +16800 |
| Ekilen meýdan, ga. | 2000 | 2400 | +400 |
| Bir gektardan alynan hasyllylyk, sentner | 30 | 32 | +2 |

1. Ekilen gektaryň – ekin meýdanynyň artmagy bilen:

artan 400 gektary köpeldýäris, geçen ýyldaky hasyllylyga 400 x 30 = 12000 sentner, artan 2 sentneri köpeldýäris. 2 x 2400 = +4800 sentner, jemi 16800 sentner

Hojalyk ekin ýerini azaldaýanda-da her gektaryň hasyllylygyny artdyryp, hasyly köpeldip biler. Mysal,

**Tablisa 47**

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | Aratapawut (+,-) |
|---|---|---|---|
| Ekilen meýdan (ga.) | 2000 | 1800 | -200 |
| Bir gektardan alynan hasyllylyk, sentner | 30 | 40 | +10 |
| Jemi ýygnalan pagta, sentner | 60000 | 72000 | +12000 |

1) Ekilen gektaryň azalmasy bilen ýitgi – 200 x 30= - 6000 sentner
Hasyllylygyň artmagy bilen artany 1800 x 10 = +18000 sentner
Jemi artany +12000 sentner

**Tablisa 48**

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | Aratapawut (+,-) |
|---|---|---|---|
| Gara mallaryň ýagny, ene sygyrlaryň sany | 1000 | 1100 | +100 |
| 1. Sygyrdan alynýan ortaça süýt, litr | 2500 | 3000 | +500 |
| Jemi alynan süýt, litr | 2500000 | 3300000 | +800000 |

1) Sygyrlaryň sanynyň artmagy + 100 x 2500 = + 250000 litr
2) Her sygyrdan alynýan süýdüň artmagy 500 x 1100 = + 550000 litr
Jemi: 250000 + 550000 = + 800000 litr
Başga mallar we ekinler boýunça-da şeýle seljerişleri geçirip bolar.
Daýhan birleşikleriniň maliýesiniň öwrenilmeli meseleleri:
1) Esaslyk maýasy we ony emele getirýänler.
2) Esasy we dolanşyk serişdeleriniň möçberi we ulanylyşy.
3) Kärendeçiler bilen aragatnaşyklar we hasaplaşyklar.
4) Harajatlar.
5) Daýhan birleşikleriniň ygtyýaryna galýan girdejiler we peýda, onuň paýlanşy, maksatly pul gaznalar.
6) Täjirçilik banklar bilen gatnaşyklar we beýleki soraglar.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Türkmenistany syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli kabul eden Milli Maksatnamasynda we Ýaşulularyň Maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek üçin nähili çäreler göz öňünde tutuldy?
2. Oba hojalyk kärhanalarynyň pul girdejilerine nähili faktorlar täsir edýär?

3. Oba hojalyk kärhanalaryň pul harajatlarynyň düzümi nähili, olarda bir gektardan alynýan pul girdeji, çykdajy, peýda nähili hasaplanylýar?

4. Oba hojalygyna maliýe we salgytdan nähili ýeňillikler göz öňünde tutulan?

5. Oba hojalygynda düşewüntliligi ýokarlandyrmagyň ýollary?

6. Oba hyzmaty edarasy mehanizasiýa hyzmatlary üçin nähili möçberde töleg alýarlar?

7. Daýhan banky näme hyzmatlar edýär?

## TEMA 11. GURLUŞYK KÄRHANALARYNYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Gurluşyk kärhanalarynyň maliýesiniň aýratynlygy.
2. Gurluşyk kärhanalarynda harajatlaryň düzümi, pul girdejisi, peýdasy we esasy – dolanyşyk serişdeleri.

11.1. Ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde gurluşyk toplumynyň orny uludyr. Häzir Türkmenistanyň şäherleri uly gurluşyk meýdançalaryna öwrüldi, iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen önümçilikler gurulýar we olaryň durky täzelenýär. Hut 2000-nji ýylda ýurdumyzyň esasy gaznalary 4,6 trln. manatdan gowrak boldy. Diňe 2007-nji ýylda işe girizilen esasy serişdeleriň möçberi 15458,0 millard manada deň boldy. Elektroenergetikada, nebit çykarýan senagatda, gaz senagatynda, nebiti gaýtadan işleýän, pudakda, ulag infrastrukturasynda uly gurluşyk işleri amala aşyrylýar. 2020-nji ýyla çenli Milli maksatnamada şular göz öňünde tutulýar:

Agrosenagat toplumynda däne saklamaga mümkinçilik berýän bir topar degirmendir – elewatorlar, miwe-gök önüm saklanylýan jaýlar gurlar. Gurluşyk materiallar senagatyny ösdürmäge aýratyn üns berler. Ykdysadyýeti ösdürmegiň ýokary depginleri maýa goýum serişdeleriniň birsydyrgyn ösdürilmegini we ýurtda maýa goýumlarynyň işjeňliginiň saklanylmagyny talap edýär. Geçen 18 ýylyň içinde ___ mlrd. amerikan dollaryndan gowrak maýa goýum goýuldy. Maliýeleşdirmegiň hemme çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlaryň umumy möçberi 2010-njy ýylda 2000-nji ýyldakysy bilen deňeşdirilende 2,7 esse artar diýilip göz öňünde tutulýardy. Emma bu san 2007-nji ýylda 4,3 esse boldy.

**Tablisa №49**

Gurluşyk guramalarynyň ýerine ýetiren potrat işleriniň möçberi, milliard manat[1]

| | 2000 | 2006 | 2007 | 2007-2000 ýyl bilen deňeşdirilende |
|---|---|---|---|---|
| Potrat işleriniň möçberi | 1631,5 | 6219,2 | 6988,2 | 4,3 esse |
| şolardan | | | | |
| Döwlet kärhanalaryňky we guramalaryňky | 1338,0 | 3914,1 | 4282,2 | 3,2 esse |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryňky we guramalaryňky | 293,5 | 9305,1 | 2706,0 | 9,2 esse |

Tablisadan görnüşi ýaly gurluşyk işleri geçen 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 2007-nji ýylda 4,3 esse artypdyr. Şondan has ýokary depginler bilen döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda ol 9,2 esse artypdyr. Bu öz gezeginde hususy sektoryň giň gerim bilen ýaýbaňlanýanlygynyň subutnamasydyr.

---

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 77 sah.

Gurluşyk kärhanasynda şu zatlary anyklamak hökmandyr:

Iş buýrujy (zakazçy) hökmünde önümçilik işini alyp barýan dürli eýeçilikde işleýän kärhanalar bolup bilýär. Şeýle-de döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna täze gurluşyk obýektleri gurlanda hökümet iş buýrujy bolup biler. Şonuň ýaly-da daşary ýurt inwestisiýalary – goýumlary çekilende, bilelikdäki kärhanalar-da iş buýrujy bolup biler. Gurluşyk üçin göz öňüne tutulan pul serişdelerine düýpli maýa goýumlar diýilip aýdylýar. Düýpli maýa goýumlar ýeterlik bolansoň, proýekt – taslama we hasap (smeta) resminamalary tassyk edilenden soň, gurluşyk işlerini maliýeleşdirmekden başlanýar: täze kärhanalary gurmaklyk, ýagny gurluşyk – abatlaýyş işlerini amala aşyrmak, hereket edýän kärhanalary dikeltmeklik (rekonstruksiýa) we täzeden enjamlaşdyryş (modernizasiýa) etmek we ş.m. Düýpli gurluşyk 2 hili usulda alnyp barylýar:

1. hojalyk usuly.
2. potratçylyk usuly.

Hojalyk usuly bilen gurluşyk işleri ýerine ýetirilip biliner. Bu gurluşyk öz güýji bilen ýerine ýetirilýär. Şeýle halatlarda kärhana, gurluşygyň meýilnamasyny, taslamasyny, hasabyny (smetasyny), özüne düşýän gymmatynyň kalkulýasiýasyny we buhgalteriýa hasabyny (uçýotyny) özi kesgitleýär.

Bu işde maddy we beýleki harajatlarynyň hasabyny öz wagtynda ýöretmegiň ähmiýeti ulydyr. Öz amala aşyrýan gurluşygyň hasabynyň (uçýotynyň) ýörelgeleri (prinsipleri) senagatdaky önümçiliginiňki ýalydyr, ýöne bu taýda esasy önüm hökmünde, gutarylyp önümçilige tabşyrylan gurluşyk obýektleri bolup durýar.

Munda aýratynlyklarda bar:

1. Hasabyň obýekti hökmünde aýratyn jaýy ýa-da desgany gurmak ýa-da düýpli bejergi etmek üçin düzülen ýörite hasap (smeta).
2. Gurluşyk önümi – hereketsiz, ýerde durýar, göwrümi uly, ekspluatasiýada köp wagt ulanylýar.
3. Maddy – çig mallar köplenç üsti açyk meýdançada durup, önümçilige iberlende, hasap – faktur ýa-da nakladnoý ýazylmaýar.
4. Goşmaça ýazylan zähmet haky goşmaça naklodnoý harajatlaryň düzüminde hasaba alynýar.

Göni harajatlar 20 hasabyň debetinde, “08” – maýa goýumlar hasabynda her obýekt boýunça hojalyk usulynda aýratyn we kalkulýasiýanyň maddalary boýunça aýratyn alynyp barylýar, ýagny gurluşyk başlan wagtyndan tä gutarylyp kabul edilýänçä.

Harajatlar iki bölege bölünýärler:

1. Göni harajatlar: material, zähmet haky we gurluşykda – gurluşyk montaž işlerinde işleýän işçi we gullukçylaryň zähmet haky, gurluşyga gerek bolan konstruksiýa we detallar, durmuş ätiýaçlygyna 20% geçirimler we gurluşyk maşynlaryny işletmek üçin harajatlar.
2. Nakladnoý harajatlar: apparat-dolandyryş üçin, hyzmat ediş sektoryna harajatlar, beýleki harajatlar we ş.m.

Ykdysady mazmuny boýunça:

1. Maddy harajatlar.
2. Zähmet haky we 20% durmuş ätiýaçlandyryşa geçirim.

3. Ulanyş tutumlary (amortizasiýa).

4. Beýleki harajatlar.

Gurluşyk önümini öndürmek we satmak bilen bagly harajatlar, önümiň düşýän gymmatynyň we kalkulýasiýanyň maddalary esasynda toparlanýar.

Häzirki wagtda gurluşykda harajatlar umuman şu aşakdaky ýaly toparlanýar:

Materiallar, zähmet haky, gurluşyk enjamlaryny, maşynlaryny ulanmak bilen bagly ýüze çykýan harajatlar we nakladnoý harajatlar.

Kalkulýasiýa esasynda 25,26 sçýotlardaky harajatlar gurluşyk obýektleriniň arasynda, zähmet hakyna ýa-da amortizasiýa proporsional paýlanýarlar ýa-da ýerine ýetirilen işiň möçberine proporsional paýlanylýar. Dt – 08, Kt – 25,26. Hojalyk usulynda, potratçylyk usulda Dt – 20, Kt – 25,26.

Gurlup gutarylan diýilip, ekspluatasiýa alynan, akt esasynda kabul edilen obýektler hasaba alynýar. Dt – 01, Kt – 08 ýa-da satyn alnan Dt – 01, Kt – 60 inwertar bahasy hökmünde.

Şol gurluşyk üçin ähli sarp edilen harajatlar jemlenip, ilki başky gymmata aýdylýar.

**Gutarylmadyk –** gurluşygy dowam edýän ýa-da gurluşygy togtadylan, konserwasiýa edilen, ýa-da ulanyşda bolup, kabul ediş (priýom-sdaça) akt ýazylmadyk obýektler.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli häkimiýetler tarapyndan gurlan ýaşaýyş jaý, önümçilik, medeni maksatlar üçin gurlan GBüS çekilmeýär.

Gerek bolmajak esasy serişdeler we maddy däl aktiwler ulanyşdan aýrylyp ýerlenende:

Olar ýerlenende başky bahasyndan köneliş tutumyny aýryp, galan bölegi galyndy baha bolýar, olar bazar bahasyndan satylýarlar.

Mysal, başky bahasy 10 milliard manat 5 ýyl işläpdir; 10% ýyllyk ulanyş tutumy, 5 ýylda 50% = $\frac{10 \times 50\%}{100}$ = 5 milliard (10-5) = 5 milliard galyndy bahasy, satuw bahasy mundan köp, ýa-da az bolup biler.

Ulanylan esasy serişde mysal üçin, 6 milliard manada satylýar diýeli. 6 milliard - 5 milliard = 1 milliard. Peýda salynýan salgydyň obýekti bolup durýar.

Esasy serişdeleri abatlamak harajatlary üçin ýörite ätiýaçlandyryş gazna döredilýär we hakyky edilen harajatlar şu gaznanyň hasabyna öçürilýär.

"GBüS" satyn alynan ýa-da önüm görnüşli enjamlary satyn alyp ornaşdyrylanda hasaplanmaýar.

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler satylanda ýa-da muzdsyz berlende "GBüS" galyndy bahasyndan alynýar. Möçber 0, 15%. Ýeňillikli 2% töleýän - hususy kärhanalar we hususy telekeçiler GBüS tölemeýär.

Gurluşyk ýerine ýetirilende GBüS hasaplanýar we ulanylýan materiallar, hyzmatlar üçin tölenen GBüS "zaçýot" tutulyp galynýar.

Hojalyk usuly bilen iş alnyp barlanda hereket edýän kärhanalaryň özi gurluşyk bejeriş işlerini alyp barýar, ýagny, bölümler döretmek bilen, gurluşyk-abatlaýyş işlerini ýörite-doly hojalyk hasaplaşykda, öz-özüni maliýeleşdirmekde iş alyp barýar. Gurluşyk işleri potratçy guramalar tarapyndan amala aşyrlanda,

gurluşyk etdirmekçi (potratçylyk usulynda) bolýan iş buýrujylar bilen (kontrakt) şertnama baglaşýarlar. Şonda iş buýrujylar bökdençsiz maliýeleşdirmegi öz boýnuna alýarlar. Gurluşyk edaralary öz gezeginde gurluşyk-abatlaýyş işlerini doly öz wagtynda ýerine ýetirmegi öz boýnuna alýar. Türkmenistanda häzirki wagtda gurluşyk-abatlaýyş işlerine köpsanly daşary ýurt firmalary gatnaşýarlar, ylaýta-da türk, fransuz firmalary esasy orny eýeleýärler. Häzirki wagtda gurluşyk işlerine Türkmenistanyň döwlet býujetinden köp möçberde pul serişdeleri goýberilýär. Esasy gurluşyk işleri şu pudaklary: tekstil, demir we gara ýollary, gaz geçirijiler, myhmanhanalar, suwaryş desgalary we sagaldyş merkezleri ş.m. Türkmenistanda häzirki wagtda gurluşyk – abatlaýyş işlerine esasy iş buýrujy hökmünde döwlet çykyş edýär. Dürli eýeçilik görnüşlerinde işleýän kärhanalar ikinji orun tutýarlar. Gurluşygyň möçberi boýunça Türkmenistan GDA döwletleriniň içinde uly orna eýedir. Gurluşygyň maliýesiniň aýratynlygy şu aşakdakylardan ybarat:

- Gurluşygyň gidýän döwri, uzak möhleti talap edýär, ýagny maýa serişdeleri uzak möhletläp goýulýar, bu bolsa öz gezeginde gutarylmadyk gurluşyklary artdyrýar. Bu köp möçberde maliýe serişdeleriň dargadylyp goýulmagyny talap edýär. Gurluşyk kärhanalary işi alyp baranda olary buýrujylar (zakazçylar) tarapyndan yzygiderli maliýeleşdirmegiň ähmiýeti ýokarydyr. Gurluşygyň barşynda pul serişdelerini bir topar gutarylmadyk obýektleriň arasynda paýlamak nädogrydyr. Pul serişdeleri gurluşygyň haýsy hem bolsa bir obýektine gönükdirilmelidir. Gurluşyk işlerini maliýeleşdirmek üçin şu aşakdaky çeşmeler ulanylýar:

1. Täze gurulýan döwlet ähmiýetli obýektlerde döwlet býujetinden göz öňüne tutulan pul serişdeler;
2. Gymmat bahaly kagyzlardan gelen pul serişdeleri, daşary ýurt firmalardan ýa-da kompaniýalardan gelen serişdeler;
3. Hereket edýän kärhanalarda bolsa önümçiligi ösdürmek üçin maýa goýum gaznasy ýa-da peýdanyň belli bir bölegi, işleriniň hojalyk usulynda alnyp barlanda alnan peýda;
4. Gurluşygyň içki ätiýaçlyklary, 2-nji gezek ulanylýan materiallar we beýleki serişdeler.
5. Kärhananyň öz serişdeleri ýetmezçilik eden ýagdaýynda banklardan alnan uzak möhletli karz pullar, şol sanda dünýä banklardan hem-de dürli gaznalardan-toplumlardan alynýan karz pullar we beýlekiler.

Häzirki wagtda gurluşyk-abatlaýyş işleri, esasan, ýörite potrat guramalary, şol sanda daşary ýurtly (trestler, korporasiýalar) tarapyndan amala aşyrylýar. Olar doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüni maliýeleşdirmek esasynda iş alyp barýarlar. Düýpli gurluşyk etmekden öň her bir obýekt üçin taslama we hasap (smeta) resminamalary düzülýär. Taslama-hasap (smeta) resminamalary ýörite taslama institutlary tarapyndan düzülýär. Taslama esasynda gurluşygyň obýektiniň şekili teklip edilýän bolsa, hasap (smeta) resminama tarapyndan onuň gymmaty kesgitlenýär. Iş berijiler taslama-hasap (smeta) resminamanyň esasynda gurluşygy maliýeleşdirýärler.

Taslama institutlarynyň girdejileri şol taslama-hasap (smeta) resminamalaryny düzüp berip alan serişdelerinden ybarat, çykdajylary bolsa, esasy

we goşmaça zähmet haky, materiallar, ulanyş tutumy (amortizasiýa), gündelik bejeriş-abatlaýyş işleri, umumy hojalyk harajatlary bolup, girdeji we çykdajylarynyň aratapawudy peýda ýa-da zyýan bolup durýar. Peýdasynyň paýlanyşy başga kärhanalaryňky ýaly.

11.2. Gurluşyk, abatlaýys işlerinde edilýän harajatlar 2 bölekden ybarat:

Göni harajatlar;

(goşmaça) harajatlar;

**Göni harajatlara –** gurluşyk materiallary, dürli detallar we konstruksiýalar, şolary satyn almak, daşamak bilen bagly harajatlar, ýangyç, elektrik-energiýasy, esasy we goşmaça zähmet haky, gurluşyk maşynlaryny we mehanizmlerini ekspluatasiýa etmek bilen bagly harajatlar girýär.

**Goşmaça harajatlara –** önümçiligi ýola goýmak we alyp barmak bilen bagly administratiw we hojalyk harajatlary, işçilere hyzmat etmek bilen bagly harajatlar, ulanyş tutumy (amortizasiýa) we beýleki gerek bolan harajatlar.

Taslama-hasap (smeta) resminamalary her bir obýekt boýunça aýratyn düzülýär. Onda kesgitlenen harajatlaryň üstüne gurluşyk kärhanasynyň aljak peýdasy-da goşulýar. Şeýlelik-de, gurluşygyň hasap (smeta) gymmaty kesgitlenýär. Şol hasap (smeta) gymmatynyň esasynda buýrujy – iş beriji ýörite hasap açyp maliýeleşdirip başlaýar, ýöne maliýeleşdirmegiň dürli görnüşleri bar, etap boýunça ýa-da iş doly gutarandan soň.

Gurluşyk, abatlaýyş işlerinde 3 görnüşde önümiň özüne düşýän gymmaty kesgitlenýär:

1. Hasap (smeta) boýunça düşýän gymmaty, ol doly hasap (smeta) gymmatyndan göz öňüne tutulýan peýdany aýranyndan soň galan bölegi.

2. Önümiň meýilnamada göz öňüne tutulan önümiň özüne düşýän gymmaty, ol meýilnamada göz öňüne tutulan tygşytlylygyň möçberine bagly.

3. Gurluşyk, abatlaýyş işleriniň hakyky özüne düşýän gymmaty. Bu buhgalteriýa hasabatynyň maglumatlary esasynda gurluşyk abatlaýyş işlerinde hakyky harç edileni degişlidir.

Gurluşyk edaralarynyň peýdasy iki çeşmeden ýagny,

1. Hasap (smeta) gymmatlylygynyň üstüne goýulan goýumdan;

2. Iş alyp baranda, hasap (smeta) gymmatynyň tygşytlanmagy netijesinde gazanylan tygşytlylyk. Jemi balans peýdasy beýleki pudaklardaky ýaly emele gelýär we paýlanylýar. Salgyt baradaky ýagdaý beýleki pudaklardaky ýalydyr. Haky gurluşygyň gymmatyndan hasaplanan GBüS aýyrmak bilen tabşyrylan gymmatyndan şol gurluşygyň hakyky düşýän gymmatynyň aratapawudy gurluşyk işlerinden gazanylan peýdadyr. Goşulan baha üçin salgyt gutarylyp tabşyrylan obýektlere hasaplanýar we hojalyk usuly bilen gurulyp kabul edilen obýektlerede 15 göterim möçberde hasaplanýar we şol obýektler üçin peýdalanylan materiallar, enjamlar, hyzmatlar üçin tölenilen GBüS tutulyp galynýar.

Esasy serişdelerine: jaýlar, gurluşyk, abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin gerek bolan maşyn we enjamlar, göteriji kranlar, kesiji instrumentler, beton taýýarlaýjylar, ulag serişdeleri we beýlekiler girýärler;

Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi beýleki pudaklardaky kärhanalaryňky ýalydyr.

Gurluşyk kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleri öňünden bellenen normatiw esasynda tassyklanýar. Olara şu aşakdakylar degişlidir: hasaplaşyk hasabyndaky we nagt pul serişdeleri, gurluşyk materiallary we konstruksiýalary, ownuk materiallar we ätiýaçlyk şaýlar, gurallar girýärler. Olaryň möçberi proýekt (taslama) hasap (smeta) resminamalary taýýarlananda belli edilýär. Dolanyşyk serişdeleri buýrujylardan – iş berijilerden gelen pul serişdeleriň hasabyna doldurylýar.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Gurluşyk kärhanalarynyň öňünde nähili wezipeler goýulýar?
2. Gurluşyk haýsy usullarda amala aşyrylýar?
3. Gurluşyk kärhanalarynyň girdeji we çykdajylary nämeden emele gelýär?
4. Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi nämeden ybarat?

## TEMA 12. ULAG KÄRHANALARYNYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Deňiz ulaglarynyň maliýesi.
2. Derýa ulaglarynyň maliýesi.
3. Demir ýol ulaglarynyň maliýesi.
4. Howa ýoly ulaglarynyň maliýesiniň aýratynlyklary.
5. Awtoulag kärhanasynyň maliýesiniň aýratynlygy.

12.1. Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleriniň içinde deňiz ulaglary boýunça aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Kaspi deňziniň üsti bilen Wolga-Don kanaly, Gara deňzi, Ortaýer deňzi bilen Türkmenistan dünýä ummanyna çykyp bilýär. Türkmenbaşy şäheri ýöne ýerden Orta-Aziýa derwezesi diýip aýdylmaýar. Deňiz ulagynda esasanda, Türkmenistan Kaspi deňiz ýakasy döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Rossiýa bilen parom gatnaşyklary göz öňünde tutulýar. Deňiz ýol ulagy köpden bäri Orta-Aziýany Kawkaz bilen birleşdirýär. Deňiz gämileri bilen çekilen ýükler entek uly möçberde däldir. (Seret tablisa №50). Türkmenistan deňiz ulagyna geljekde aýratyn üns berer.

**Tablisa №50**

**[1]Türkmenistanda ulaglar bilen ýükleriň daşalyşy, mln. tonna**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1991 | 1995 | 2000 | 2004 | 2006 | 2007 |
| Ulaglar bilen ýükleriň daşalyşy | 350,0 | 317,2 | 463,2 | 534,1 | 582,1 | 624,5 |
| Şol sanda: Demir ýol bilen | 30,0 | 10,0 | 10,1 | 16,4 | 22,3 | 23,6 |
| Gämiler bilen | 0,03 | 0,09 | 0,16 | 0,58 | 0,29 | 0,20 |
| Içerki suw ýollary bilen | 1,3 | 1,3 | 1,7 | 2,7 | 3,1 | 3,5 |
| Awtomobil bilen | 253,8 | 273,2 | 407,6 | 463,0 | 499,7 | 535,4 |
| Turba geçirijiler bilen | 64,8 | 32,5 | 44,1 | 51,4 | 56,5 | 61,8 |
| Uçarlar bilen | 0,03 | 0,01 | 0,01 | 0,01 | 0,01 | 0,01 |
| Ýolagçy gatnadylyşy, mln. adam | | | | | | |
| Demir ýol | 5,6 | 5,2 | 2,6 | 4,1 | 5,3 | 5,8 |
| Gämi bilen | - | - | 0,01 | 0,02 | 0,02 | 0,02 |
| Içerki suw bilen | 1,3 | 1,3 | 1,7 | 2,7 | - | - |
| Awtomobil bilen | 273,9 | 274,3 | 710,6 | 850,8 | 941,8 | 1012,8 |
| Trolleýbus bilen | 21,9 | 23,8 | 24,0 | 36,0 | 41,4 | 46,5 |
| Uçarlar bilen | 2,1 | 1,2 | 1,3 | 1,6 | 1,6 | 1,9 |

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 87 sah., Aşgabat 2008 ýyl.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, ýük daşamakda entek deňiz ýolunyň tutýan orny pes, gelejekde bu sanlar ep-esli ýokarlanar.

**Tablisa №51**

**2008-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlarynda ýük daşaýan ulaglaryň işiniň esasy görkezijileri[1]**

| | Ýük daşalyşy | |
|---|---|---|
| | Möçberi, müň tonna | 2007-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlaryna görä % - de |
| Hemmesi | 534420,7 | 104,1 |
| Şol sanda: Awtomobil ulagy | 461472,0 | 107,8 |
| Geçiriji turba ulagy | 48860,0 | 96,3 |
| Demir ýol ulagy | 20891,0 | 107,7 |
| Içerki suw ýollary | 2961,1 | 102,0 |
| Demir ýol ulagy | 229,1 | 128,7 |
| Howa ýol ulagy | 7,6 | 108,6 |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, ýük daşalşynda esasy orny awtomobil we demir ýol, geçiriji turba ulaglary eýeleýär. Aýratyn ähmiýete eýe bolan deňiz ýol ulagy bolsa, entek ýokary depginler bilen ösmeýär. Ýolagçy gatnatmakda-da awtomobil ulagy we demir ýol ulagy esasy orny eýeleýärler.

Deňiz ulagynyň hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalary şulardan ybarat:

1. Ýük çekýän deňiz gämileri;
2. Ýolagçy çekýän teplohodlar hem-de paromlar;
3. Deňiz portlary.

Deňiz ulagynyň esasy görkezijileri 10 tonna mil hem-de 10 ýolagçy mildir.

(1 deňiz mili = 1852 metr). Şol tonna mil esasynda deňiz ulaglarynyň girdejileri we çykdajylary hasaplanýar. Deňiz ulagynda çekilen ýük we ýolagçylara döwlet tarapyndan kesgitlenen ýörite tarifler esasynda hyzmat edilýär. Deňiz ulagynda haýsy hem bir edilmeli iş üçin baglaşylan şertnamalara çarter diýilýär. Ýerine ýetirilýän işlere bolsa fraht diýilýär. Fraht esasynda ýerine ýetirilen işleriň gymmaty kesgitlenýär. Mysal üçin: ýük çekýän gämi Stambuldan Türkmenbaşy şäherine çenli 10000 tonna ýük çekmek barasynda çarter şertnamasyny baglaşylypdyr. Şol şertnamada işiň fraht boýunça kesgitlenen bahasy 50000 dollar. (1500 mil aralygy x 10000) köpeltmek bilen edilýän işiň tonna mil möçberinde mukdary 15 müň tonna mil bolardy.

---

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. Statistiki ýygyndy. Aşgabat – 2008ý.

Deňiz ulagynda, ylaýta-da daşary ýurt firmalaryna hyzmat edilende hyzmatyň gymmaty daşary ýurt walýutasynda kesgitlenilip biliner. Daşary ýurt çarter reýsini ýerine ýetirýän gämilerde gündelik harajatlar üçin daşary ýurt walýutalaryny ulanmaklyga rugsat berilýär.

Emma olar walýutalaryň sowulyşy barada soňundan hasabat bermelidir. Deňiz ulagynda esasy serişdeler: flot, paromlar, gidrotehniki enjamlar, ýükläp düşürýän kranlar, maşynlar, port desgalary we beýleki esasy serişdeler.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň flotyny ösdürmek barada yzygiderli alada edilýär. Mysal üçin,

1. Täze ýük çekiji gämileri we paromlary satyn almaklyk;
2. Nebit çekýän häzirki zaman tankerlerini satyn almaklyk;
3. Deňiz portlarynyň durkuny täzelemeklik.

Türkmenbaşy şäherindäki deňiz portunyň durkuny täzelemek daşary ýurt firmalaryna tabşyryldy, Ýewropanyň ösüş we rekonstruksiýalaşdyryş banky 30 mln. amerikan dollarynda karz pul berdi, 10 mln. dollar bolsa biziň ýurdumyzyň hasabynadyr. Şol işe gatnaşýan firmalar, durkuny täzelemek döwründe ähli salgytlardan we gümrükdir-ýygymlardan boşadyldy.

Dolanyşyk serişdeleri: ätiýaçlyk materiallar, kassadaky pul serişdeleri, azyk önümleri, hasaplaşykdaky serişdeler we ş.m. Bularyň köpüsi daşary ýurt portlaryndan walýutanyň hasabyna doldurylyp bilner, ylaýta-da ýangyç we iýmit, zähmet haky daşary ýurda hyzmat edýän gämilerde daşary ýurt walýutasynda kassalardan tölenilýär. Deňiz ulagynda peýda ulanyş girdejileri bilen ulanyş harajatlaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär. Deňiz ulagynyň peýdasynyň paýlanylyşy beýleki döwlet kärhanalary ýalydyr, çünki deňiz ulagy döwlet eýeçiligindäki kärhanadyr. Deňiz ulagyny ösdürmekde Türkmenbaşy şäherindäki deňiz portynyň durkuny täzelemegiň ähmiýeti iňňän uludyr, ol 2002-nji ýylda işe girizildi.Port Aziýada iň iri ulag uzeli boldy. Porty gaýtadan enjamlaşdyrmaklyga 40 mln. amerikan dollary harçlanylýar. Türkmenbaşy portynyň durkunyň täzelenmegi, 2010-njy ýyla çenli ýük daşalyşyny 3,8 esse, ýük dolanyşygyny 5,7 esse artdyrmaga mümkinçilik berer. Deňiz parahodçylygynda gämi gatnawynyň täze ugurlary özleşdirildi. Atlantik okeanyna, çykmak, Ýewropa döwletleriniň portlaryna çykmak ýola goýuldy. Astrahan – Türkmenbaşy portlarynyň arasynda yzygiderli teplohod – parom gatnawlary işläp başlady. Hut 2001-nji ýylda nebit daşaýan 5 müň tonnalyk tanker, deňiz flot maýasyny doldurar, ol 11 mln. amerikan dollary möçberindäki ösüşiň Yslam bankynyň karz pulunyň hasabyna maliýeleşdirilýär, bu tanker her ýylda 1 mln. amerikan dollarynda girdeji getirer.

12.2. Türkmenistan üçin derýa ulaglarynyň orny iňňän ýokarydyr. Geljekde bu pudagy ösdürmeklige aýratyn üns beriljek. Gämi ýöreýän derýalar şu aşakdakylardan ybarat: Amyderýa Özbegistanyň Termez portyndan Türkmenabat şäheri, Nukus we Aral deňzi, Türkmenabat bilen Aşgabat şäheri aralykda derýa ulagyny ulanmaklyga mümkinçilik berer. Derýa ulaglary bizi Özbegistan, Gazagystan, Owganystan ýurtlary bilen birleşdirýär, birtopar kanallaryň emele gelmegi Türkmenabat şäheri bilen Aral deňziniň arasynda Amyderýanyň suwunyň kemelendigi sebäpli bütin ýylyň dowamynda gämi gatnawy kemeldi. Gelejekde, Derýa parahodçylygynyň esasy ýük akymlary – Kelif, Türkmenabat, Haýraton,

Termez portlarynyň arasynda amala aşyrylar. Deryýa ulagynyň esasy serişdelerine derýa gämileri, derýa teplohodlary, baržalar, portlar we beýlekiler girýärler. Derýa ulaglary ösüp barýan pudak bolandygy sebäpli, ylaýta-da esasy serişdeleri döwletiň hasabyna ösdürilýär. Ýöne Türkmenabat şäherinde derýa flotyny ösdürmeklige mümkinçilik beriljek, gämi bejeriş zawody hereket edýär. Derýa ulagynyň dolanyşyk serişdeleriniň düzümi deňiz ulagynyňky ýalydyr. Ýük çekmekden, ýolagçy gatnatmakdan, paromlardan alnan pul girdejileriniň hem-de ekspluatasiýa harajatlarynyň aratapawudy peýdadyr. Derýa ulagy döwlet eýeçiliginde bolanlygy sebäpli, peýdanyň 20%-ni döwlet býujetine geçirilýär. Ekspluatasiýa harajatlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Çig-mal, materiallar we ýangyç;
2. Esasy we goşmaça zähmet haky;
3. Esasy serişdeleriň amortizasiýasy;
4. Gündelik bejeriş;
5. Gämileri dolandyrmak bilen bagly administratiw we hojalyk harajatlary.

Ýurduň derýa ulaglary hem mundan beýläk ösdüriler. Türkmenabatdaky “Jeýhun” paýdarlar kärhanasynda teplohodlaryň, baržalaryň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenistanyň hajatlary üçin ýüzýän panton köprüleriň seksiýalary gurulýar.

12.3. Türkmenistanda ulag kommunikasiýalaryň arasynda demir ýollar esasy orun tutýar. Demir ýol ulaglarynyň ösmegine garaşsyzlyk ýyllarda aýratyn üns berilýär. Garaşsyzlyk döwründe birnäçe täze demir ýollary guruldy. Tejen-Maşat-Pekin-Stambul aralygy birleşdirilýär. Şol demir ýoldan her aýda 12 mln. amerikan dollary girdeji gelýär. Häzirki wagt-da Türkmenabat-Atamyrat aralygynda demir ýoly işe başlady. Bu bolsa Owganystan bilen Türkmenistany ykdysady taýdan birleşdirer. Geljekde Gazanjyk-Daşoguz, Türkmenbaşy-Astrahan, Demirgazyk-Günortany birleşdirýän Gazagystan, Türkmenistan, Eýran demir ýolunyň gurluşygyna başlanyldy we beýleki demir ýollary gurmaklyk göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Aşgabat-Daşoguz aralygynda demir ýol gurlup, ol halka hyzmat edýär.

Amyderýadan demir ýol köpri şol etraplarda ýük çekmegiň gymmatyny 50% peselder. Ýeraliýewa-Türkmenbaşy-Gazanjyk-Gyzyletrek demir ýoly gurlyp, bu Eýran demir ýoly setine çykar. Aşgabat-Bamy, Aşgabat-Tejen aralygy elektrikleşdiriler. Bu bolsa Türkmenistany geljekde giň demir ýol seti bilen üpjün eder. Demir ýol ulaglary Türkmenistanyň demir ýollary uprawleniýasynyň ýolbaşçylygynda işleýär. Esasy serişdeleri:

Demir ýollar, wokzal jaýlary we dürli desgalar, lokomotiwler we wagonlar; şol sanda ýük we ýolagçy çekýän wagonlar we beýlekiler. Beýleki pudaklardan aýratynlykda esasy serişdeler demir ýol ulagynda dolanyşyk serişdelerine görä uly orun tutýar. Demir ýol ulagynyň wagonlary, lokomotiwleri başga ýurtlardan walýuta berlip satyn alynýar, emma demir ýol gurluşygy Türkmenistanyň öz güýji bilen amala aşyrylýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde demir ýol ulagynyň esasy serişdeleriniň köpüsi döwletiň walýuta serişdeleriniň hasabyna satyn alyndy. Emma häzirki wagtda demir ýol ulagy girdejili pudaga öwrüldi, esasy serişdeleriň köpüsini öz serişdeleriniň hasabyna satyn alýar. Köp ýurtlarda

bolşy ýaly Türkmenistanda demir ýol ulagy döwlet eýeçiliginde galýar. Demir ýol ulagynyň esasy görkezijisi 10 tonna/km hem-de 10 ýolagçy/ km. Tarifler we beýleki çykdajylar 10t/km, 10 ýolagçy/10/km ýüzünden hasaplanýar. Demir ýol ulagynyň tarifleri ýükleriň görnüşi boýunça differensirlenýär. Mysal üçin: nebit önümi üçin bir tariff, sement üçin bir tarif, konteýnerler üçin beýleki tarifler ulanylýar. Demir ýolulaglarynyň harajatlary ýük hem-de ýolagçy daşamaklygy üpjün eder ýaly ulanyş harajatlaryndan düzülýär. Ulanyş harajatlary 2 bölege bölünýär: **esasy harajatlar we goşmaça harajatlar.**

**Esasy harajatlara** ýangyç hem-de elektroenergiýa, ätiýaçlyk şaýlar, zähmet haky we materiallar, ulanyş tutumlary (amortizasiýa) we şoňa meňzeş harajatlar girýär.

**Goşmaça harajatlara** bolsa umumy hojalyk, ýagny kadrlary taýýarlamak bilen bagly, wokzal we beýleki desgalary saklamak bilen bagly, hojalyk we beýleki ownuk-uşak inwentarlar, edara ediş bilen bagly zähmet haky we beýleki dolanyşyk harajatlary girýärler. Demir ýol ulaglarynda harajatlaryň esasy bölegini ýangyç we elektroenergiýa edilen harajatlar tutýarlar. Ol harajatlaryň möçberi 10 t/km-e meýilnamalaşdyrylýar. Demir ýol ulaglarynyň girdejileri esasan ýük we ýolagçy daşamakdan, wokzallardaky edilen hyzmatlardan gelen girdejilerden ybaratdyr. Daşary ýurt walýutasyndan gelen girdejiler Türkmenistanyň manadyna, banklarda hereket edýän kurs boýunça hasaplanylýar. Demir ýol ulagy häzirki wagtda girdejili pudaklaryň biridir. Demir ýol ulagynyň peýdasy onuň pul girdejisi bilen ekspluatasiýa harajatlaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär. Peýdanyň 20%-ni salgyt hökmünde döwlet býujetine geçirilýär, galany demir ýol ulagynyň özünde galýar. Demir ýol ulagyny ösdürmeklige hökümet aýratyn üns berýänligi sebäpli oňa salgytdan käbir ýeňillikler berilýär. Demir ýol ulaglarynda dolanyşyk serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

Ätiýaçlyk şaýlar we materiallar, ýangyç, ýolagçylar üçin gerek boljak ýorgan-düşekler we ş.m. Olar öz serişdeleriniň we olara ýetmedik halatlary banklaryň karz pullarynyň hasabyna döredilýär. Maliýe işleri bilen meşgullanýan ýörite bölümler bar.

12.4. Howa ýollary ulaglary Türkmenistan Garaşsyzlyk alandan soň aýratyn ösuşe eýe boldy. Sowet häkimiýeti döwründe howa ýollary ulaglary merkeziň garamagynda bolup, onuň Türkmenistana maliýe taýdan hiç-hili dahyly ýokdy, ýöne howa ýoly ulaglary iň bir girdejili pudak bolup, onuň peýdasy soýuzyň ygtyýaryna giderdi. Garaşsyzlyk alandan soňra howa ýollary ulaglary dünýäde öňde barýan uçarlar bilen üpjün edildi (Boing – 737, 757). Aşgabatda Merkezi Aziýada iň uly aeroport ulanylmaga berildi. Şonuň ýaly-da häzirki zaman uçarlaryna mümkinçilik berýän uçup gonýan zolaklar we beýleki häzirki zaman elektron desgalary işe girizildi. Köp daşary ýurtlar bilen howa ýollaryny ýola goýuldy. Biziň halkara aeroportymyz howa ýollary aragatnaşygyny mundan beýläkde giňeltmäge mümkinçilik berýär. Howa ulaglarynyň esasy serişdeleri: uçarlar, dik uçarlar (wertolýotlar) we raýat awiasiýalary, oba hojalyk we beýleki işlerine hyzmat edýän uçarlar, jaýlar we desgalardan ybarat. Howa ýollary ulaglary Türkmenistanda döwlet eýeçiligindedir. Türkmenistanyň howa ýollary uprawleniýasy häzirki wagtda täze uçarlary we beýleki esasy serişdeleri satyn

almaklygy, esasan, döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrýar, emma häzirki wagtda öz serişdeleri artdy.

Howa ýollary ulaglarynyň görkezijileri ýük we ýolagçy gatnatmak, oba hojalygyna kömek etmek, aeroportdaky dürli hyzmatlardan we beýleki edilýän işlerden ybaratdyr. Hyzmatlar bilen meşgullanýan ýörite hojalyk hasaplaşyk firmalar bar. Howa ýollarynda tarifleri döwlet belleýär, şol tariflere ýolagçylary ätiýaçlandyrmak üçin tölegler girýär. Howa ýollaryň uçarlary häzirki wagtda ätiýaçlandyrylandyrlar. Howa ýollarynda girdejiler, diňe manatda däl, bir bölegi daşary ýurt walýutasynda emele gelýär, olar girdeji hökmünde manat-da hereket edýän bankyň kursunda hasaplanylýar. Pul girdejileri bilen ekspluatasiýa harajatlarynyň aratapawudy peýda bolup, ol beýleki döwlet kärhanalaryndaky ýaly paýlanylýar. Dolanyşyk serişdelerinde, ýangyç, ätiýaçlyk şaýlar we ýolagçylar üçin iýmit esasy orny tutýar, olar öz serişdeleriniň we bankdan alynan karz pullaryň hasabyna döredilýär. 2010-njy ýylda howa ulagy bilen ýük daşalyşy 2 esse artar, ýük dolanyşygy 30 esse artar, köp ýurtlar bilen howa ýollary ýola goýular. "Türkmenhowaýollary" kompaniýasynyň girdeji we çykdajylary şu aşakdaky görkezijilerden ybarat:

| **Şertli maglumatlar** | **mlrd. manat.** |
|---|---|
| 1. Ýük çekmek işinden jemi | 190,0 |
| ş.s.Ýolagçylar | 180,0 |
| Poçta | 0,2 |
| Ýük | 8,8 |
| 2. Ýörite sargytlar boýunça | 10,6 |
| 3. Kommunal hyzmatdan, täjirçilik hyzmatyndan uçar-uçurmakdan we beýlekiden gelen girdeji | 79,9 |
| 4. Kärendesine bermekden gelen girdeji | 4,6 |
| 5. Ýolagçy biletlerini satanda alynan ýygymlar | 3,5 |
| 6. Dürli ýygymlardan we gümrüklerden geleni | 5,4 |
| 7. Beýleki girdejiler | 13,2 |
| Jemi girdeji | 320,9 |
| şol sanda ABŞ, dollarynda | 38,6 mln. |
| Uçar aragatnaşygynyň harajatlary | 307,7 |
| Peýda | 13,2 |

Uçar aragatnaşyklarynyň ähli girdejileriniň

90,2%-i halkara uçar aragatnaşyklaryndan gelipdir, 9,8%-i bolsa ýurdumyzyň içindäki işlerden gelipdir. Içerki ulag-uçar ulaglarynyň netijesi uly peýda bermändir, sebäbi içerki ýolagçylardan alynýan tölegler ujypsyzjadyr.

Ulanyş harajatlarynda şu aşakdakylar uly orun tutýar:

| | |
|---|---|
| 1. Aeroport harajatlary (ýangyç, ýaglar) | 136,4 |
| 2. Uçardaky harajatlar | 23,0 |
| 3. Ulanyş tutumlary | 56,7 |
| 4. Düýpli bejergi | 0,9 |
| 5. Gündelik bejergi | 20,5 |

| | |
|---|---|
| 6. Zähmet haky | 23,1 |
| 7. Ätiýaçlandyrma aýrylyp goýulma | 5,9 |
| Jemi harajatlar | 266,6 |

1 – manat girdeji üçin harajat edileni 83 teňňe bolupdyr. Harajatlaryň esasy ulag uçarlarynyň paýyna düşýär, onuň aglabasy halkara uçar gatnaşyklarynyňkydyr. Harajatlarynda esasy bölegini ýangyç we ýaglar, ulanyş tutumlary (amortizasiýa), gündelik bejergi we aeroportdaky ulanmak bilen bagly harajatlar düzýär.

12.5. Türkmenistanda netijeli işleýän pudaklaryň biri awto-ulagydyr. Soňky ýyllarda awto ulag kärhanalary esasan hususy eýeçilige berildi. Awtoulagyň giň geljegi bolup, Türkmenistanyň çägindäki ýük dolanyşygy esasan awtoulaglaryň üstünden geçýär, olary ösdürmek üçin mundan beýläk häzirki zaman gara ýollary gurmaklygyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Garaşsyzlyk döwründe ep-esli ýollar guruldy. Şu günki günlerde Aşgabat-Tejen-Mary ýollaryň durky täzelendi. Aşgabat – Farap aralygynda häzirkizaman awtomagistrallary gurulýar. Aşgabat – Daşoguz magistralynyň durky täzelenýär. Häzirki wagtda döwlet eýeçiliginde ýolagçy ulaglaryň ep-esli bölegi galdy, emma olar hem kem-kemden hususy eýeçilige geçýär. Awtoulaglar döwlet üçin girdejili pudaga öwrüldi, çünki Türkmenistanyň çäginden geçýän daşary ýurt awtoulaglary Türkmenistanyň çäklerine giren wagty gümrük pajyny töleýärler. Bu bolsa awtoulaglary ösdürmek üçin goşmaça pul serişdesi bolup durýar.

Awtoulag kärhanasynda esasy serişdeler hökmünde awtoparky emele getirýän ýolagçy hem-de ýük awtomobilleridir. Awtoulaglaryň esasy serişdeleri beýleki ulag ulgamyndan aýratynlykda öz serişdeleriniň hasabyna satyn alynýar. Emma ýolagçy awtoparky belli bir derejede döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Awtoulaglaryň harajatlary zähmet hakyndan, ulanyş tutumy (amortizasiýa), ýangyç, ätiýaçlyk şaýlar, gündelik bejergi we beýleki harajatlardan durýar. Ýolagçylar awtoulagynda giň derejede esasy serişdeleri-awtobus we taksileri, kärendesine bermek bilen ulanýar. Awtoulaglarda-da beýleki ulag ulgamlaryndaky ýaly daşalýan ýük, gatnadylýan, ýolagçylar üçin tarifler kesgitlenilýär. Awtoulagyň esasy maliýe görkezijisi umumy girdejisidir.

Başga kärhanadan aýratynlykda awtoulag kärhanalary umumy girdejisiniň bir bölegini ýol gaznasyna-toplumyna geçirýär. Ýol gaznasynyň-toplumynyň serişdeleri ýol gurluşygyna we bejergä harçlanylýar. Awtoulag kärhanasynda umumy girdejiniň we eksploatasion harajatlaryň aratapawudy peýdasydyr. Peýdanyň paýlanylyşy beýleki pudaklardaky ýaly, 20% salgyt, galan peýda sarp ediş, maýa toplaýyş we ätiýaçlyk gaznasyny döretmeklige gönükdirilýär.

Geljekde Awtoulaglar iň ýokary derejede hususylaşdyrylar, awtomagistrallaryň durky täzelener we halkara derejesine ýetiriler. Mysal üçin, Aşgabat-Farap (350 km), Gökdepe-Türkmenbaşy (525 km), Aşgabat-Daşoguz (600 km) awtomagistrallaryň we beýleki gara ýollaryň durky täzelener. Ýüpek ýoly ýurdumyzyň çäginden geçýär, bu pudak düşewüntli pudaklara öwrüler.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Deňiz ulaglarynyň esasy serişdeleri, girdeji we çykdajylary nämeden ybarat?

2. Deňiz we derýa ulaglarynyň ýurdumyz üçin ähmiýeti nämeden ybarat?

3. Howa we demir ýollary ulaglarynyň girdeji we çykdajysy nämeden ybarat?

4. Demir ýollarynyň tarifleri nähili we kim tarapyndan bellenilýär?

5. Awtoulaglaryň ähmiýeti barada we olaryň geljegi barada nämeleri bilýärsiňiz?

## TEMA 13. SÖWDA KÄRHANALARYNYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Söwda kärhanasynyň maliýesi we onuň esasy görkezijileri.
2. Söwda kärhanasynyň girdejisi we peýdasy.
3. Söwda kärhanasynyň dolanyşyk harajatlary.
4. Söwda kärhanasynyň esasy we dolanyşyk serişdeleri.

13.1. 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamada söwdany, bazary ösdürmäge uly üns berilýär. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň hem-de tölegli hyzmatlaryň möçberleri ilatyň pul girdejileriniň çak edilýän derejesine laýyklykda hasaplanyp düzülendir, olar 2010-njy ýyla çenli 1999-njy ýylda jemi içerki önümiň 58% bolanlygyndan 65% bolar. 2000-nji ýyldan 2005-nji ýyla çenli döwür üçin bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi 2,4 esse artar, 2005-nji ýyldakysy bilen deňeşdireniňde bolsa 2010-njy ýylda 2,2 esse artar we 26 trillion manatdan gowrak bolar. Bu san eýýäm 2008-nji ýylda __________ ýetdi. Ilatyň ortaça jan başyna düşýän haryt dolanyşygy 2010-njy ýylda, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 3,2 esse artar. Döwlete dahylsyz pudagyň ösdürilmegi hem-de bölek satuw söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy netijesinde haryt dolanyşygynyň umumy möçberinde döwlete dahylsyz söwdanyň paýy artar, ol 93% töweregi bolar. Bu san häzir 21,6 göterime ýetdi. Döwlet söwda kärhanalarynyň işi bolsa esasan, býujetdäki kärhanalary we guramalary üpjün etmäge gönükdiriler.

**Tablisa №52**

**2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda iýmit kärhanalarynyň dolanyşygyny hasaba almak bilen Türkmenistanyň bölek satuw haryt dolanyşygynyň sebitler boýunça umumy möçberi[1]**

| | Möçberi mlrd. manat | 2007-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlaryna görä %-de |
|---|---|---|
| Türkmenistan – hemmesi | 63370,4 | 125,0 |
| şol sanda:<br>Aşgabat şäheri | 32631,1 | 126,5 |
| Welaýatlar: | | |
| Ahal | 7346,1 | 122,4 |
| Balkan | 3812,0 | 121,0 |
| Daşoguz | 5262,1 | 124,4 |
| Lebap | 7002,0 | 124,3 |
| Mary | 7317,1 | 124,5 |

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. Aşgabat 2008 ýyl.

Deňeşdirilýän döwürde söwdanyň möçberi 25% artyp, bu ýokary ösüşdir. Welaýatlaryň görkezijileri-de gowy.

Bölek-satuw haryt dolanşygynyň möçberide örän ýokary depginler bilen artýar. Bu bolsa manadyň hümmediniň we ilatyň durmuş taýdan hal ýagdaýynyň gowulaşýanlygynyň subutnamasydyr. Şonuň bilen bir hatarda daşary söwda dolanşygy ýokary depginler bilen artýar, mysal üçin 2008-nji ýylyň 2 aýynyň maglumatlaryndan belli boluşy ýaly, eksport geçen ýylyň şu döwri bilen deňeşdirilende 41,7 göterim, import 27,7 göterim artyp, oňyn aratapawut 5,8 milliard ABŞ-nyň dollaryna barabar bolupdyr.

2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlaryndaky bölek satuw dolanyşygynda döwlete dahylsyz bölegiň paýy 91,6% -ine barabar boldy. Şol sanda edara görnüşli taraplaryň paýy 3,8%, resmi däl ýagdaýda işleýänleri hasaba almak bilen şahsy taraplaryň paýy 96,2% boldy. Bu bolsa şu pudakda hususy eýeçiligiň giň gerim alanlygyny subut edýär.

2008-nji ýylda daşary söwda 17,8 milliard ABŞ-nyň dollary möçberinde bolup, ol öňki ýylyňky bilen deňeşdirilende öňki ýylkydan 32% artdy. Önümleriň eksporty importdan 2,1 esse ýokary boldy. Türkmenistanyň töleg balansy netijede aktiw bolup, onuň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyny aňladýar. Bu maliýe krizisi döwründe aýratyn ähmiýete eýedir. Biziň ýurdumyza daşary ýurt maýadarlarynyň goýumlary ýokarlanyp başlady. Mysal üçin geçen ýylda daşary ýurt maýadarlarynyň biziň ýurdumyza goýan maýalary 4,8 esse ýokarlandy.

Ykdysadyýetiň ýokary depginde ösmegi býujetiň girdeji we çykdajylarynyň ýerine ýetirilmegine şert döretdi. Mysal üçin, onuň girdejileri 2008-nji ýylda öňki ýyl bilen deňeşdirilende 2,2 esse artdy, çykdajylary 1,5 esse ýokarlandy. Býujet ýetmezçiligi ýokdyr.

Telekeçiligi ösdürmäge gönükdirilen karz pullar öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 42,3 göterim artdy.

Türkmenistanda beýleki pudaklara seredeniňde söwda pudagy köp derejede hususylaşdyryldy. Hususy we beýleki eýeçilige bermeklik söwda hyzmatynyň hilini ep-esli ýokarlandyrdy, harytlaryň bolçulygyny döretdi. Sowet döwründe diňe 2 hili söwda hyzmaty bardy:

**Döwlet söwdasy we kooperatiw söwdasy.** Söwdanyň 90%-i döwlet eýeçiliginiň üstünden geçirilýärdi. Häzirki wagtda döwlet söwdasyny gurnamaklyk Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň garamagynda. Şol ministrligiň garamagynda döwlet eýeçiligindäki uniwermaglar, käbir söwda nokatlary galdy. Kem-kemden doly hususylaşdyrmak netijesinde döwlet eýeçiligindäki söwda kärhanalary hususy eýeçilige berilýär. Oba ýerlerinde häzirki wagtda alyjylar şereketi (kooperasiýasy) saklanyp galdy. Alyjylar kooperasiýasynda esasy we dolanyşyk serişdeleri paýdarlaryň ygtyýarynda. Emma oba ýerinde häzirki wagtda şereketçiligiň tutýan orny peseldi we hususy söwda ep-esli köpeldi. Döwlet söwda kärhanasynyň esasy hojalyk hasaplaşykdaky birlikleri-uniwermaglar, naharhanalar, trestler, dükanlar, restoranlar we beýleki hojalyk hasaplaşykdaky kärhanalar girýärler. Hojalyk hasaplaşygyň ýörelgesi hökmünde öz girdejisi bilen doly çykdajysyny ýapmaklyk, işi alyp barmakda özbaşdaklyk, peýdaly işlemeklik, döwletiň öňündäki bergileri berjaý etmeklik we beýleki

ýörelgelerden ugur alynýar. Hususy eýeçilige geçilmegi bilen söwda kärhanasynyň arasynda bäsdeşlik (konkurensiýa) ukyby giňeldi. Bu söwda hyzmatynyň gowulanmagyna getirer.

Söwda kärhanasynyň esasy görkezijileri:

1. Çärýekde ýa-da ýylda bölek satuw söwdanyň möçberi, lomaý söwda bilen meşgullanýan kärhanada bolsa esasy görkeziji lomaý söwdanyň möçberi.

2. Söwda kärhanasynyň jemi pul girdejisi.

3. Dolanyşyk harajatlary.

4. Söwda kärhanasynyň alan peýdasy.

Beýleki önümçilik pudaklaryndaky ýaly söwda kärhanasynda täzeden gymmat döredilmeýär, emma oňa önümçilikdäki dörän gymmatyň bir bölegi geçýär. Söwda kärhanalary hususy eýeçilikdäkilerden özgesi goşulan baha üçin salgydy töleýärler.

13.2. Söwda kärhanasynyň girdejisi önümçilik ulgamyndaky täzeden dörän gymmatyň bir bölegidir. Önümçilik pudaklary söwda ulgamynda haryt satylanda harydyň gymmatynyň bir bölegini kemeldip satmak netijesinde söwda kärhanasynyň girdejisini üpjün edýärler. Mysal üçin, harydyň bahasy 1 mln. manat, öndüriji 900000 manatdan satýar, ýagny 100000 manat söwda – indirimidir (skidkasydyr). Söwda kärhanasy 1 mln. manatdan satandan soň, aratapawudy 100000 manat söwda indirimi (skidkasy) onuň pul girdejisi bolup durýar.

Söwda kärhanasy 2-nji bir ýagdaýda satyn alnan harytlaryň üstüne goýum goýup satýarlar. Şol haryt satylandan soň goýum söwda kärhanasynyň girdejisini emele getirýär. Mysal üçin, söwda kärhanasynda haryt dolanyşygynyň summasy 1-nji çärýek 2009-njy ýylda 10 mlrd. manat diýeliň. Söwda kärhanasy şol harytlary satyn almak üçin 8 mlrd. manat harçlady we üstüne 2 mlrd. manat goýdy. Söwda kärhanasynyň umumy pul girdejisi 10 mlrd. – 8 mlrd. = 2 mlrd. manat bolar, ol bazardan haryt alyp satsa goşulan baha üçin 15% salgyt töleýär.

1. Umumy girdejisine täsir edýän ýagdaýlar: haryt dolanyşygyny üznüksiz artdyrmak, bu bolsa umumy girdejiniň köpelmegine getirýär.

2. Alyjylaryň islegini öwrenip söwda – indirimi köpräk bolan, ýa-da gymmat bahaly harytlary satmaklygy ýola goýmaklyk.

3. Mahabatlandyrma – marketing işlerini dogry we gowy ýola goýmaklyk.

13.3. Söwda kärhanalarynda alan peýdanyň möçberine täsir edip biljek ýagdaýyň birisi dolanyşyk harajatlarydyr, olar söwdany ýola goýmak üçin gerek bolan pul harajatlarydyr.

Dolanyşyk harajatlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Harytlary daşamak we ýükläp düşürmek, goramak bilen bagly harajatlar.

2. Esasy we goşmaça zähmet haky.

3. Söwda üçin gerek boljak jaýlary, ammarlary we beýlekileri kärendesine almak we saklamak bilen bagly harajatlar.

4. Esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary.

5. Abatlaýyş üçin edilýän harajatlar.

6. Harytlary tämizlemek, gorap saklamak bilen bagly harajatlar, hyzmatlar üçin tölegler.

7. Söwda mahabatlandyrmasy üçin harajatlar.

8. Karz üçin tölenýän göterimler.

9. Durmuş-ätiýaçlandyryşa edilýän otçisleniýeler.

10. Harytlaryň normatiw çäklerinde göz öňünde tutulan ýitginiň summasy, bellik: şol ýokarky çekilen ýitgiler günäkärden töletdirip alynýar.

11. Administratiw-dolandyryş harajatlary we beýleki pul harajatlar we №1676 düzgünnamada göz öňünde tutulýan beýleki harajatlar.

Söwda kärhanasynda dolanyşyk harajatlary bölek satuw haryt dolanyşygynyň summasyna % hasabynda hasaplanýar. Söwda kärhanasynda peýda ýa-da zyýan umumy pul girdejileri bilen dolanyşyk harajatlaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär. Harytlary import edýän (daşary ýurtdan getirilýän) söwda kärhanalary gümrükhanada, gümrük gymmatyndan (ýagny gümrük paçlaryny we tölenýän bolsa aksizleri goşup). Peýda hasaplananda jemi girdejilerden, tölenen aksiz we GBüS, dolanşyk harajatlary aýrylýar.

Peýdanyň möçberine şu aşakdakylar täsir edýär:

Haryt dolanyşygynyň artmagy, umumy pul girdejisiniň möçberiniň köpelmegi, dolanyşyk harajatlaryň yzygiderli tygşytlylygy we beýleki ýagdaýlar täsir edýärler. Söwda kärhanasynda GBüS 8% salgyt bölek satuw söwdanyň möçberinden alynýar. Söwda kärhanasy alan peýdasyndan emläk salgydyny töleýär, 20% peýdadan alynýan salgyt töleýär. Emma hususy eýeçilikdäki söwda kärhanalary diňe pul girdejisinden 2% salgyt töleýärler. Söwda kärhanalary galan peýdasyny 3 sany gazna ugrukdyrýar, ätiýaçlyk gaznasyny döredýär, galan peýda 2 bölege, ýagny sarp ediş gaznasyna we maýa toplaýyş gaznasyna bölünýär we önümçiligi ösdürmäge we dürli maksatlara gönükdirilýär.

13.4. Söwda kärhanasynyň esasy serişdeleri.

Jaýlar, desgalar, ulag serişdeleri, doňduryjy we sowadyjy gurallar, ýükläp düşüriji kranlar we beýleki esasy serişdeler. Esasy serişdeler öz serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Dolanyşyk serişdeleri söwda pudagynda esasy orunlaryň birini tutýar:

**Normalaşdyrylýany – ýa-da söwdany ýola goýmak üçin gerek möçberi hem-de normalaşdyrylmaýany.**

Normalaşdyrylýany ammarda, söwda nokatlarynda we ýolda haryt ätiýaçlyklary, harytlary görnüşe getirmek üçin çüýşe we beýleki gaplar, gaplamalar, ýaşikler, ýüpler, konteýnerler we beýleki materiallar, ýangyç, kerosin, benzin we dürli ýaglar, olaryň möçberini söwda guramalarynyň özleri hasaplaýarlar.

Normalaşdyrylmaýanlar - pul serişdeleri, algylar we ş.m.

Söwda-da normalaşdyrmagyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Emma bu barada indi hiç kim ýokardan görkezme bermeýär, olaryň özleri gerek möçberini belleýär, olar umuman öz serişdeleriniň hasabyna we durnukly passiwleriň hasabyna döredilýär, öz serişdeleri ýetmese banklardan gysga möhletli karz pullar alýarlar. Şonuň üçin söwdada bank karzynyň orny ulydyr.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamada söwda guramalarynyň öňünde goýlan wezipeler?

2. Söwda guramalarynyň umumy pul girdejisi we peýdasy nähili kesgitlenilýär?

3. Dolanyşyk harajatlarynyň düzümi nämeden ybarat?

4. Söwda guramalarynyň girdejisini we peýdasyny artdyrmagyň ýollary nämeden ybarat?

## TEMA 14. PAÝDARLAR KÄRHANALARYNYŇ ÄTIÝAÇLYK KOMPANIÝALARYNYŇ, BANKLARYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1.Paýdarlar jemgyýetleriniň, banklaryň maliýesiniň aýratynlygy.
2.Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň maliýesi.

14.1. Dünýä ýurtlary mysalynda, ylaýta-da bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda ähli kärhanalaryň ýarysyndan gowragy paýdarlar eýeçiligindäki kärhanalardyr. Doly paýdarlar kärhanalarynda paýdar kapitalyň eýesi paýnamany satyn alan adamlar hususy we beýleki kompaniýalardyr. Käbir kärhanalar hat-da hususy eýeçilikdäki kärhanalar paýnama çykaryp we satyp bilýärler, emma olar paýdarlar jemgyýetleri däldir. Paýdarlar jemgyýetleri barada 1999-njy ýylyň 23-nji noýabrynda Türkmenistanda ýörite karar kabul edildi. Şol karar esasynda paýdarlar jemgyýetiniň şu aşakdaky kesgitlemesi bar:

**Paýdarlar jemgyýeti** – oňa gatnaşyjylaryň paýdarlar jemgyýeti babatdaky hökmanylyk hukuklaryny tassyklaýan, paýdarlaryň paýnamalaryň belli bir sanyna bölünen şahsy ýa-da ýuridiki taraplaryň goýumlarynyň esaslyk maýasyna birleşen kärhanasydyr, ýagny, hojalyk işini alyp barmak üçin öz goýumlaryny birleşdirýän şahsy we ýuridiki taraplaryň birleşmesidir. Paýdarlar kärhanasynda paýnamalaryň eýeleri şol paýdar kärhananyň hojalyk hem-de maliýe işiniň gowulanmagyna gözegçilik etmegini üpjün edýär. Bu bolsa döwlet eýeçiligindäki kärhanalara seredeniňde önümçiligiň ýokary derejede ösmegine şert döredýär. Paýnamalaryň eýeleri paýdarlar jemgyýetiniň peýdaly işlemegine mydama höweslenýär we täsir edýär, çünki olaryň alýan paý haky (diwidendi), şol kärhananyň peýdasyna baglydyr.

Paýnamalar haryt biržasynda satylyp we satyn alnyp bilner hem-de olar mydama dolanşykda bolup bilerler. Paýnamany iň köp satyn alan adam şol kärhananyň gözegçilik paketiniň eýesi bolýar. Paýdarlaryň gatnaşmagynda şol kärhanada paýdarlar jemgyýeti döredilýär, onuň mejlisinde kärhananyň işine mydama gözegçilik edýärler.

Paýdarlar kärhanalarynda maliýe serişdeleri paýnamany satmakdan alnan pul girdejiniň hasabyna döredilýär. Şol pul girdejiniň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasy döredilýär hem-de dolanyşyk serişdeleri satyn alynýar. Satylan paýnamalaryň hasabyna toplanan pul serişdä paýdarlar kapitaly diýilýär. Eger kärhana işläp bilmän batyp galsa, onda onuň emlägi-kapitaly paýdarlaryň arasynda paýlanylýar. Paýdarlar jemgyýetiň maliýe taýdan aýratynlygy şulardan ybaratdyr:

1. Paýdarlar jemgyýeti islendik wagty paýnama çykaryp, satyp we satyn alyp bilýär.

2. Paýdarlar - jemgyýetdäki raýatlaryň, firmalaryň hereket etmän ýatan pul serişdeleriniň kapital hökmünde herekete girizilmegini üpjün edýär.

Bu bolsa bütin raýatlaryň önümçilik bilen höweslendirmelerini üpjün edýär. Ösen ýurtlarda paýnamanyň eýesi bolmadyk adamlar juda az. Paýdarlar jemgyýetleri Türkmenistanda hem döredilip başlandy. Paýdarlar jemgyýetleri

döredilende häkimliklerde hasaba alynýar. Munuň daşyndan maliýe ministrliginde hasaba geçýärler hem-de paýnama çykaryp satmaklyga rugsat alýarlar.

Ösen ýurtlarda 2008-nji ýylyň ikinji ýarymynda maliýe krizisi başlanyp, onda aksiýalary we obligasiýalaryň spekulýasiýasy artyp, bu olaryň gymmatynyň peselmegine getirdi.

Paýdarlar jemgyýetinde alnan peýda, şu aşakdaky ýaly peýdalanylýar:

Alnan peýdanyň ilki bilen döwlet býujetine salgyt geçirilýär. Paýdarlar jemgyýetleri alan pul girdejilerinden goşulan baha üçin salgyt töleýärler, galan peýda şu aşakdaky ýaly paýlanylýar: paýdarlar jemgyýetiniň umumy karary esasynda galan umumy peýdanyň bir bölegi 3 sany gaznany: (ätiýaçlyk, maýa we sarp ediş) döretmeklige gönükdirilýär. Şol gaznalara edilmeli geçirimleriň möçberi paýdarlar jemgyýetiniň ýygnagy tarapyndan kesgitlenilýär. Peýdanyň galan bölegi önümçiligi ösdürmek üçin ulanylyp bilner, ýöne bu paýdar jemgyýetiniň ýygnagynda kesgitlenilip bilner. Galan peýda paý haky (diwidend) hökmünde paýnamanyň ululygyna bagly olaryň eýeleriniň arasynda paýlanylýar. Paýlanylmaly paý hakynyň (diwidendleriň) möçberi, ýagny satyn alan paýdarlara berilmeli peýdanyň summasy ähli paýdarlaryň ýygnagy bilen ýa-da şolar tarapyndan saýlanylan geňeşiň mejlisinde kesgitlenilýär. Şol paý haklaryň (diwidendiň) möçberi kärhananyň alan peýdasynyň möçberine hem-de geňeşiň mejlisiniň kararyna baglydyr. Mejlis tarapyndan eger kärhananyň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşsa, onda oňa kömek bermek üçin paýnama üçin degişli paý haklaryň (diwidendleriň) belli bir bölegini geçirmek mümkindir. Häzirki wagtda Türkmenistanda paýdarlaryň maýasy esasynda döredilen birnäçe täjirçilik banklary hereket edýär. Mysal üçin Paýdarlar Täjirçilik “Senagat” banky, Paýdarlar Täjirçilik “Türkmen-türk” banky we başga-da birnäçe beýleki pudaklarda paýdarlar jemgyýetleri hereket edýär. Paýdarlar täjirçilik banklary paýdarlar jemgyýeti derejesine eýedir, Türkmenistanyň banklary ýapyk paýdarlar jemgyýetidir, çünki paýdarlaryň aglabasy şol bankyň işgärleriniň arasynda ýerleşdirilýär. Açyk paýdarlar jemgyýetinde diňe bir öz işgärleriniň arasynda däl-de döwletiň içindäki raýatlaryň we ýuridiki taraplaryň arasynda satylýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde täjirçilik banklarynyň ähmiýeti ulydyr. Banklar ilatyň elinde we kärhanalarda boş ulanylman ýatan pullary jemläp karz resurslary hökmünde ulanyp, halk hojalyk pudaklarynyň örän çalt depginler bilen ösmegine itergi berýärler. Mundan başga-da dürli hyzmatlary, ylaýta-da kärhanalar arasynda hasaplaşyk işlerini amala aşyrýarlar.

**Bellige alynan banklar[1]**

| | 01.01.2009ý. sany |
|---|---|
| Bellige alynan banklar | 11 |
| şol sanda: | |
| Döwlet täjirçilik | 5 |
| Paýdarlar täjirçilik | 3 |
| Täjirçilik | 1 |
| Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar | **2** |

Maglumatlardan görnüşi ýaly banklaryň içinde 45,5 göterimi döwlet täjirçilik banklary. Dünýä maliýe krizisiniň emele gelmeginiň sebäpleriniň biride döwlete dahylsyz hususy banklaryň işiniň netijesiniň kanagatlanarsyz alynyp barylmagydyr. Häzirki wagtda ABŞ-da iri banklary döwletiň ygtyýaryna geçirmeklik meselesi ýüze çykdy. Biziň ýurdumyzda banklar döwlet tarapyndan gözegçilikde bolup, esasan-da döwlet täjirçilik banklarynda goýumlar döwlet tarapyndan kepillendirilendir.

Banklaryň karzlary ykdysadyýetiň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga uly kömek edýär. Biz aşakda 01.01.2009-njy ýylda bank karzynyň düzümi baradaky maglumatlara seredip geçýäris.

**mln. manat**[2]

| | Jemi karzlar | Şol sanda | | | 01.02.2009 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Gysga möhletli | Uzak möhletli | Möhleti geçen | Jemi karzlar 01.02.2009 | 01.02.09 05.02.08 | Şol sanda | | |
| | | | | | | | Gysga möhletli | Uzak möhletli | Möhleti geçen |
| Täjirçilik banklaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulyndaky beren karzlary | 4534,14 | 2257,50 | 2208,05 | 8,58 | 4587,20 | 175,7 | 2260,63 | 2318,02 | 8,56 |
| şol sanda | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligindäki kärhanalara we guramalara | 4031,34 | 2207,97 | 1825,37 | - | 4095,40 | 181,1 | 2214,23 | 1881,17 | - |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara, guramalara we ilata berlen karzlar | 502,8 | 49,53 | 444,69 | 8,58 | 491,81 | 140,8 | 46,40 | 436,85 | 8,56 |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, umumy berilen karzlaryň möçberi yzygiderli ýokarlanýar. Berilen karzlaryň esasy bölegi 01.02.2009-njy ýyl ýagdaýyna 89,3% döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň we guramalaryň paýyna düşýär. Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda uzak möhletli karzlar esasy orny eýeleýär (88,4%). Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda bolsa gysga möhletli karzlaryň tutýan orny ulydyr (54,7%). Tölenmän möhleti geçen karzlaryň tutýan orny pes bolup, olar esasan döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we ilata degişlidir.

---

[1]Bank habarlary, 1/2009 ýyl.

[2]Bank habarlary, 1/2009 ýyl.

**Tablisa №53**

## Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary boýunça milli pulunda berlen karzlar barada MAGLUMAT[1]

**(mln. manat)**

| Görkezijiler | 01.01.08 | 01.04.08 | 01.07.08 | 01.10.08 | 01.01.09 | 01.01.09 01.01.08 %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Gysga möhletli karzlar** | **1981,6** | **1511,1** | **1319,5** | **1387,9** | **2266,1** | **114,4** |
| şol sanda: | | | | | | |
| Senagat | 1431,4 | 993,2 | 700,3 | 753,2 | 1695,6 | 118,5 |
| Oba hojalygy | 0,2 | 27,7 | 60,7 | 62,7 | 2,4 | - |
| Gurluşyk | 7,0 | 6,9 | 30,0 | 28,7 | 31,3 | 447,1 |
| Söwda | 19,2 | 15,7 | 13,5 | 14,8 | 25,2 | 131,3 |
| **Bilelikdäki kärhanalar** | - | - | - | - | - | - |
| Maddy-tehniki üpjünçilik we ýerlemek | 324,6 | 322,0 | 312,6 | 323,6 | 330,4 | 101,8 |
| Ulag we aragatnaşyk | 25,0 | 23,4 | 25,7 | 23,2 | 26,3 | 105,2 |
| Taýýarlaýyş kärhanalary | 93,7 | 73,2 | 125,7 | 126,2 | 96,7 | 103,2 |
| Ýekebara iş (raýatlaryň hususy zähmet işleri) | 58,6 | 42,7 | 44,0 | 48,9 | 45,7 | 77,9 |
| Halk hojalygynyň gaýry pudaklary | 21,9 | 6,4 | 7,0 | 5,0 | 8,2 | 37,4 |

**Bellik:** şol sanda möhleti geçen karzlar.

**Tablisa №54**

## Türkmenistanyň banklarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulunda beren karzlarynyň möçberi we eýeçiligiň görnüşleri boýunça ösüşiniň yzygiderliligi barada MAGLUMAT[2]

**(mln. manat)**

| Görkezijiler | 01.01.08 | 01.04.08 | 01.07.08 | 01.10.08 | 01.01.09 | 01.01.09 01.01.08 %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| TB kärhanalara, guramalara we ilata milli pulunda beren karzlary | **2656,94** | **2236,00** | **2680,59** | **3406,81** | **4534,14** | **170,7** |
| şol sanda: | | | | | | |
| **Gysga möhletli** | **1971,05** | **1500,60** | **1310,38** | **1376,52** | **2257,50** | **114,5** |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 1903,03 | 1460,87 | 1266,15 | 1329,74 | 2207,97 | 116,0 |
| Döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 68,02 | 39,73 | 44,23 | 46,78 | 49,53 | 72,8 |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Şol sanda: raýatlara we edara görnüşli tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlar | 49,78 | 33,38 | 35,80 | 40,47 | 37,98 | 76,3 |
| **Uzak möhletli** | **675,31** | **724,87** | **1361,10** | **2018,95** | **2268,05** | **335,9** |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 394,16 | 430,67 | 1018,82 | 1614,61 | 1823,37 | 462,6 |
| Döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 281,15 | 294,20 | 342,27 | 404,34 | 444,69 | 158,2 |
| Şol sanda: raýatlara we edara görnüşli tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlar | 229,99 | 233,39 | 279,00 | 337,02 | 372,91 | 162,1 |
| **Möhleti geçen** | **10,58** | **10,53** | **9,12** | **11,34** | **8,58** | **81,1** |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 0,01 | 0,50 | 0,01 | 2,00 | - | - |
| Döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalara we guramalara berlen karzlar | 10,57 | 10,03 | 9,11 | 9,34 | 8,58 | 81,1 |
| Şol sanda: raýatlara we edara görnüşli tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlar | 8,70 | 9,13 | 8,23 | 8,42 | 7,71 | 88,6 |

Tablisadan görnüşi ýaly, soňky ýyllarda banklar tarapyndan berilýän karzlar ýokary depginler bilen artýar, esasanam senagat we söwda pudagyna berilýän karzlar.

Banklaryň işi mydama biziň hökümetimiziň üns merkezinde, mysal üçin, "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli milli Maksatnamasynda" bank ulgamyny mundan beýläkde ösdürmekligi niýetlenen uly wezipeler öňde goýuldy. "Bank ulgamy ýurtda maliýe durnuklylygy we milli pulyň satyn alyjylyk ukybynyň berkemesini üpjün eder" diýip bellenilýär. Maksatlaýyn esasda, şeýle hem daşary ýurt pulundaky goýumlary çekmek arkaly taslamalary maliýeleşdirmeklik işi giň gerim alar. Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara karzlar artar, ipoteka karzlar giň gerim alar" diýlip bellenipdir. Şundan ugur alyp ipoteka karzlaryny, ylaýta-da oba ýerlerinde ýaşaýyş jaýlaryny gurmaklyga artdyrmaga niýetlenen ýörite karar kabul edildi. Häzirki wagtda täjirçilik banklar tarapyndan berilýän ipoteka karzlary giň gerim alýar. Uzak möhletli karzlaryň ähmiýeti artar.

[1]Bank habarlary, 01.01.2009ý.
[2]Bank habarlary, 01.01.2009ý.

Her bir täjirçilik kärhanalary ýaly banklar öz girdejilerini emele getirýärler we olar bilen çykdajyny ýapyp peýdaly işleýärler. Banklar alan peýdasyndan döwlete 20% salgyt töleýärler, şonuň ýalyda her-hili hyzmatlardan alnan pul girdejilerinden goşulan baha üçin salgydy töleýärler. Täjirçilik banklary doly hojalyk hasaplaşygy şertlerinde işleýärler. Olaryň maliýe işine döwlet jogap bermeýär. Täjirçilik işi bilen meşgullanýan döwlet banklarynyň maliýe işleriniň netijesine döwlet jogap berýär. Türkmenistanda Döwlet eýeçiliginde we döwlet eýeçiliginde däl birnäçe täjirçilik bilen meşgullanýan banklar hereket edýär.

Döwlet eýeçiliginde döwlet täjirçilik "Türkmenistan" banky, döwlet täjirçilik "Türkmenbaşy" banky, döwlet täjirçilik "Daýhanbanky", döwlet täjirçilik "Daşary ykdysady" banky, Türkmen döwlet täjirçilik "Halk" banklary hereket edýärler. Olar doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüňi maliýeleşdirmek şertlerinde işleýärler. Mundan başga-da Paýdarlar Täjirçilik "Senagat" banky, Halkara paýdarlar "Garagum" banky, Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky we beýleki ýurtlaryň banklarynyň filiallary işleýär. Biz paýdarlar täjirçilik bankynyň girdejileri we çykdajylary boýunça şertli maglumatlary getirýäris:

Tablisadan görnüşi ýaly girdejileriň esasy bölegini, karz berilen serişdeler boýunça alnan göterimler düzýär, çykdajylarda administratiw dolandyryş işgärlere çykdajylar düzýär. Karz berilen serişdeler boýunça tölenen göterimler ikinji orny tutýar.

**PTB-nyň 2008-nji ýyl işleri boýunça girdejileriň we çykdajylaryň düzümi (Şertli maglumatlar)**

**Tablisa №55**

| № | Görkezijileriň atlary | Jemi (müň manat) | Paýy % |
|---|---|---|---|
| A. | Girdejiler | | 100 |
| 1. | Karzlar boýunça alnan göterimler | 4083579 | 44 |
| 2. | Müşderilere hyzmat etmek boýunça | 2647568 | 28 |
| 3. | Birža amallary boýunça | 1596378 | 17 |
| 4. | Ulanylmadyk ätiýaçlygyň hasabyna girdejiler | 697914 | 8 |
| 5. | Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallar boýunça girdejiler | 100157 | 1 |
| 6. | Esasy serişdeleri kärendesine bermek boýunça girdejiler | 118170 | 1 |
| 7. | Gaýry girdejiler | 52465 | 1 |

**Jemi girdejiler** **9 296 240** **100**

Banklar girdeji gazanmak üçin bir topar çykdajylary amala aşyrýarlar.

**Çykdajylaryň düzümi**

**Tablisa №56**

| № | Görkezijileriň atlary | Jemi (müň manat) | Paýy % |
|---|---|---|---|
| B. | Çykdajylar | | |
| 1. | Administratiw – dolandyryjy personala çykdajylar | 2033658 | 36 |
| 2. | Karzlar boýunça tölenen göterimler | 1292052 | 23 |
| 3. | Birža amallary boýunça çykdajylar | 1008438 | 18 |
| 4. | Goýumlar we depozitler boýunça göterimler | 333084 | 6 |
| 5. | Ulanyş tutumlary | 292187 | 5 |
| 6. | Umumy hojalyk boýunça çykdajylar | 275842 | 5 |
| 7. | Auditi geçirmek boýunça çykdajylar | 168488 | 3 |
| 8. | Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallar boýunça çykdajylar | 15000 | 0,3 |
| 9. | Kärende tölegi | 33653 | 1 |
| 10. | Gaýry çykdajylar | 257982 | 5 |

**Jemi çykdajylar 5 710 384 100**

**Balans peýdasy 3 585 856 manat (9296240 - 5710384)**
**Operatiw netijelilik görkeziji (peýda/çykdajy) 0,61 manat.**

Täjirçilik banklarynyň yzygiderli maliýe ýagdaýyny seljermek zerurdyr. Bu dünýäde maliýe krizisi dowam edýärkä hökmanydyr.

**Tablisa №57**

**Maliýe netijäniň seljerilmesi**

**müň manat**

| № | Görkezijileriň atlary | 2007ý. | 2008ý. | (+; -) |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Girdejiler | 12 152 846 | 9 296 240 | 76% |
| 2. | Çykdajylar | 9 678 331 | 5 710 384 | 59% |
| 3. | **Balans peýdasy** | 2 474 515 | 3 585 856 | 145% |
| 4. | Salgytlar | 641 169 | 893 195 | 139% |
| 5. | Ssudalar boýunça ätiýaçlyklar | 839 882 | 1 275 076 | 152% |
| 6. | **Bankyň sap peýdasy** | 993 464 | 1 417 585 | 143% |
| 7. | Işgärleriň sany – jemi | 278 | 200 | 72% |
| 8. | **1 işgäre düşýän peýda** | 3 574 | 7 088 | 198% |
| 9. | Aktiwler düşewüntlilik derejesi | 3,39% | 2% | |
| 10. | Wagt geçen karzlaryň tutýan orny, göterim hasabynda | 5% | 3% | |

Düýpli maliýe seljermesi ýörite “Bank işi” dersinden öwredilýär.

Täjirçilik banklarynyň pul girdejileri umuman alanyňda şu aşakdakylardan ybarat:

1. Karzlar boýunça alnan göterimler, ýagny ssuda berlende alnan göterimler.
2. Karz serişdeleri üçin alynýan tölegler.
3. Akkreditiwler, inkassa, geçirim we beýleki bank amallary boýunça tölegler.
4. Kepillendirilen amallar boýunça komission we beýleki ýygymlar.
5. Habarlar gatnaşyklary üçin hyzmatlar we kärhanalara we guramalara, beýleki banklara edilen hyzmatlar üçin komission we beýleki ýygymlar.
6. Walýuta, lizing, faktoring amallaryň geçirilmeginden alnan girdejiler.
7. Biržalarda satyn alnan ýa-da kärendesine alnan broker orunlaryndan alnan girdejiler.
8. Poçta, telegraf we bankyň beýleki çykdajylary boýunça müşderileriň tölegleri.
9. Hasabat ýyly boýunça alnan göterimler we komission ýygymlar.
10. Ilata edilen hyzmatlar üçin alnan tölegler.
11. Inkassa üçin alnan tölegler.
12. Banklar tarapyndan ozal satyn alnan materiallary satyp, soňra alynan pul girdejiler. Gymmat bahaly kagyzlary öň satyn alyp, soňra ýokary nyrhdan satandan soň aratapawudy we esasy serişdeleri maşyn, stanok, jaýlar we beýlekileri satmakdan alynan girdeji.

Bellik: banklaryň walýuta amallaryndan alnan girdejisi şol gündäki MB-yň kursundan ugur alnyp manada geçirilýär.

**Täjirçilik banklaryň çykdajylarynyň düzümi şu aşakdakylardan ybarat:**

1. Kanun boýunça býujete tölenýän tölegler;
2. Durmuş üpjünçilik gaznalaryna geçirilýän tölegler, hasaplanan zähmet hakyň 20%-i möçberde bankyň harajatlarynyň üstüne goşulýar.
3. Geçirilen tölegler we tölenen göterimler.
4. Türkmenistanyň döwlet banky tarapyndan bellenilen tertipde hyzmatlar hem-de habarlar gatnaşyklary üçin tölenýän komission ýygymlar.
5. Walýuta amallaryny amala aşyrmak bilen bagly harajatlar.
6. Geçen ýylyň hasabyna geçirilen göterimler we ýygymlar, gaýtarylyp berlen göterimler, artyk tölenen komission ýygymlar.
7. Salgyt salynýan döwrüň içinde bellenilen tertipde döwletiň kesgitlän normasy esasynda esasy gaznalar-toplumlar üçin hasaplanylan hem-de çykdajylara goşulýan ulanyş tutumlarynyň (amortizasiýanyň) möçberi. Maddy däl gymmatlyklary sertifikat, lisenziýa (rugsatnama) we beýlekiler üçin hasaplanylan ulanyş tutumlary (amortizasiýa), mysal üçin, lisenziýa üçin tölenýän summa 3 mln. manat, lisenziýanyň hereket edýän döwri 3 ýyl, her ýyl harajatlara 1 mln. manatlyk ulanyş tutumy (amortizasiýa) goşulýar.
8. Esasy gaznalaryň kärendesi üçin edilýän çykdajylar, mysal üçin, eger bir jaý kärendesine berilen bolsa, şondan alynýan kärende haky girdejä goşulýar. Emma şol jaýy saklamak üçin edilýän gündelik bejeriş, ulanyş tutumlary (amortizasiýa) we beýlekiler banklaryň harajatlaryna goşulýarlar.

9. Mahabatlandyrma, konsultasiýalar, her-hili informasiýalar hem-de auditor firmalaryň hyzmatlary üçin tölenýän tölegler.

10. Banka degişli jaýlary, enjamlary we inwentarlary bejermek, ýylytmak, gorap saklamak, gündelik abatlaýyş we beýleki harajatlar.

11. Iş sapary üçin edilýän harajatlar, wekilçilik üçin harajatlar (başga firmalaryň we banklaryň wekilleri çagyrlanda, ýygnaklar geçirilende, banketler gurnalanda edilýän harajatlar, ýöne hökümet tarapyndan bellenilen kadadan artyk bolmaly däldir).

12. Amaly (operasion), kanselýariýa, poçta telegraf çykdajylary, pullary we gymmatlyklary saklamak, olary daşamak, gorap saklamak, elektron hasaplaýyş tehnika we beýleki tehnikany saklamak üçin ýa-da şol hyzmatlary beýleki edaralaryň etmekligi bilen bagly harajatlar.

13. Zähmete hak tölemeklik üçin çykdajylardan başga kanunalaýyklykda ýüze çykýan harajatlar.

14. Esasy we goşmaça zähmet haky.

Şu sanalan girdejileriň we çykdajylaryň aratapawudy paýdarlar we täjirçilik banklaryň peýdasy bolup durýar, peýdasy şu aşakdaky ýaly paýlanylýar:

1. Peýdadan emläk salgydy tölenýär.

2. Galan peýdadan 20% möçberinde peýdadan alynýan salgydy töleýärler we ssuda ätiýaçlygyna geçirilýär.

3. Galan peýda paýdarlaryň ýygnagynyň karary esasynda maýa toplaýyş we sarp ediş gaznasyna geçirilýär. Bu iki gaznadan daşary banklar ätiýaçlyk gaznasyny hem döredýärler, galan peýda paýdarlar banklarynda paýnamanyň eýelerine paý haky (diwidend) tölemeklik üçin gönükdirilýär.

**Paý hakyň** (diwidendiň**)** möçberi alnan peýdanyň möçberine gönüden-göni baglydyr.

Banklaryň girdejileriniň ep-esli bölegini olaryň dürli hyzmatlardan alan pul serişdeleri hem-de karz serişdelerini peýdalanmakdan alan göterimler düzýärler. Täjirçilik banklaryň maliýe ýagdaýy alan pul girdejisiniň möçberine gönüden-göni baglydyr. Banklaryň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän esasy görkezijiler şu aşakdakylar:

**1. Likwidlilik – töleg başarjaňlygy.** Bu belli günde emele gelen bergilerine bankyň hasapnamalarynda bar bolan pul serişdeleriniň gatnaşygy esasynda kesgitlenýär.

**2. Bankyň maliýe taýdan garaşsyzlygy** – bu banklaryň balansyndaky görkezilen jemi serişdeleriniň düzüminde, öz serişdeleriniň tutýan orny bilen kesgitlenýär.

**3. Banklaryň düşewüntliligi** – bu girdejiniň çykdaja ýa-da peýdanyň çykdaja bolan gatnaşygy.

Banklar maliýe ulgamynda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Banklaryň maliýe ýagdaýynyň gowulygy ýa-da erbetligi ýurdumyzyň maliýe ulgamynyň durnuklylygyna täsir edýär. Täjirçilik banklaryň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän esasy resminama onuň çärýekleýin hem-de ýyllyk balansydyr. Paýdarlar täjirçilik banklary paýdarlara öz maliýe ýagdaýyny tanyşdyrmak üçin ýyllyk balansyny metbugatda çap edýärler.

Dou-Džonsyň (birža indeksi) indeksi paýnamalaryň (aksiýalaryň) kursuny kesgitleýär.

Aksiýalaryň yzygiderli kursyny bilip durmak maksada laýykdyr, bir topar aksiýalaryň alynyp satylmagy ortaça olaryň kursuny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

1. Aksiýalaryň bir wagtda bir kursy başga wagtda başga kursy bolup, olar deňeşdirilýär.

Dow-Jons indeksi ED Džons – Dou Jonsyň teklibi bilen 1886-njy ýylda amerikan alymlary tarapyndan kesgitlenildi. Ol 4 sany özbaşdak bölekden durýar: senagat, ulag, communal we kompleks (toplum). Bu indeksleriň hersi liderlik edýän kompaniýanyň Nýu-Ýork fond-biržasyndaky aksiýasynyň bahasynyň esasynda belli edilýär.

Üns berilmeli soraglar:

1) Indeks Dou Džons kesgitlenende, haýsy kompaniýalaryň aksiýasynyň kursundan ugur almaly?

2) Näme üçin şu indeksde kurs aksiýalaryň jemi hökmünde görkezilýär?

3) Maýdalawçysy näme?

Senagat Dou Džons indeksi bu esasydyr, munda iň abraýly 30 senagat kärhanalaryň aksiýasynyň kursy esas edilip alynýar. Bu san haýalam bolsa üýtgäp durýar. Başda bu 12 sanydy. Bu sana durnukly maliýe ýagdaýly, iri korporasiýalar goşulýar. Bular iri paýdarlar (aksioner) aýgytlaýjy rol oýnaýan kompaniýalardyr. Indeksiň maksady fond biržalarynda aksiýanyň bahasynyň üýtgeýiş kursuny görkezýär.

$$D – \text{indeks D.Ž.} = \frac{P}{K}$$

(P – jemi aksiýalarynyň, ýagny sanawa girýän kompaniýalaryň) bahasynyň jemi.
K – korrektirleýän maýdalawjy.

Δ – aksiýalaryň bahasynyň üýtgemegi.

$$\frac{P}{K} = \frac{P + \Delta}{K_\Delta}; \qquad K_\Delta = \frac{P + \Delta}{P}$$

Eger yzygiderli üýtgeýiş ýüze çykanda bolsa:

$$K_{\Delta\Delta 2} = K \times \frac{P + \Delta}{P} \times \frac{P + \Delta_1 + \Delta_2}{P + \Delta_1} = K\, \frac{P + \Delta_1 + \Delta_2}{P}$$

Indeks üýtgäp durýar, eger 1981 ýylda, ol 1,314 bolan bolsa 1994-nji ýylda 0,444 boldy. 2008-nji ýylda bolsa ondanam pese gaçdy. Çünki maliýe krizisi oňa erbet täsir etdi. Maliýe krizisi 2008-nji ýylyň ikinji ýarymynda başlap, häzirem dowam edýär. Dou Džons indeksi birža geçýän günde 7 gezek görkezilýär. Birža açylanda 10, 11 sagatda ir bilen 12-de, 13, 14, 15 sagatlarda görkezilýär. Ol köp ýurtlaryň teleýaýlymlarynda-da görkezilýär.

Başgada indeksler ulanylýar: “Standart end Puers” ABŞ firmasynyň indeksi – “kompleksleýin – 500”. Oňa gündelik aksiýalaryň – 500-si goşulýar we ol esas hökmünde alynan döwründäkisine paýlanylýar we 10 köpeldilýär.

$$- \frac{500 \text{ mlrd. } (2008ý.)}{400 \text{ mlrd. } (1980ý.)} \times 10 = 1,25 \times 10 = 12,5 \text{ indeks}$$

Başgada Metod – Fifo – satylan günündäki aksiýalaryň summasynyň ilki satyn alynan günündäki gymmatyna paýlamak arkaly.

Metod – Lifo – satylan aksiýalaryň gymmatynyň şonuň ýaly iň soňky satyn alnan aksiýalara gatnaşygy.

Dünýäde häzirki wagtda 70 trln. amerikan dollaryndanda köpräk aksiýa, obligasiýa dolanşykda bolup, olar dünýäde çykarylan jemi içerki önümden-de köpdür. Haryt biržalarynda alynyp satylanda spekulýasiýa giň gerime eýe boldy. Banklar belli bir derejede üpjünçiliksiz ipoteka karzlarynyň giň gerim almagy bilen köpçülikleýin batyp galmaklyga sezewar boldy. Dünýä maliýe krizisine uçrady, şeýle ýagdaýlarda ykdysadyýet 2008-nji ýylda durgunlyga uçrap, Indeks – Dow – Jons örän pese gaçdy.

Biz şu taýda käbir Halkara derejesinde köp gabat gelýän käbir terminlere seretmekçi.

Maliýe resurslary – kärhananyň ygtyýarynda bolan pul serişdeler.

1) Wençur kapitaly – (riskowýe wloženiýa) – töwekgelçilik bilen bagly goýumlar – aksiýalary goýbermek, gurluşyk, täze goýum, täze tehnologiýa, kiçi firmalarda çalt netije görkezmek üçin (karz almak, paý esasda we ş.m.).

2) Inwestirowaniýe (goýum) – uzak möhletli goýum üçin maliýe resurslaryň gönükdirilmegi.

3) Portfel goýumlary – (bu portfel bilen bagly bolup, gymmat bahaly kagyzlary toplamak we satyn almak bilen bagly goýumlar – (maddy däl aktiwleri, bu baýlygy aňladýar).

4) Annuitet (nemes dili – her ýylky töleg) goýumçylara – aýratyn belli bir girdeji getirýän, belli bir wagtdan soň, mysal üçin, pensiýa çykan soň, ätiýaçlandyrma we pensiýa fondyna goýulýan serişdeler.

5) Maliýe leweridži – maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkeziji.

6) Inflýasiýa – kagyz pullaryň satyn alyjylyk hümmetiniň pese gaçmagy.

7) Deflýasiýa – hümmetlenme, bahalaryň pese gaçmagy we milli pulyň hümmetiniň, şol sanda daşary ýurt walýutasyna kursunyň ýokarlanmagy. Bu satyn alyjylara gowy bolsa-da ykdysadyýetiň goýumyny peseldip, oňa otrisatel täsir etmegi mümkin.

8) Kapitalyň diskontirlenmegi. Kagyz pullaryň hümmeti gaçmagy mümkin. Gysga möhletde çalt goýulan kapitala girdeji almak bähbitli, çünki alynan peýda ýene önümçilige goýulyp biliner.

9) Bahanyň indeksasiýasy – inflýasiýa döwründe kapitalyň, maliýe resurslarynyň real – hakyky ululygyny saklamak.

Bahalaryň indeksleri:

$i = \frac{P_1}{P_0}$ ;  P – hasabat döwrüň bahasy;  $P_0$ – geçen döwrüň bahasy;

Bahalaryň umumy indeksi $i_{bah.} = \frac{\Sigma P_1 g^1}{\Sigma P_0 g_1}$

$g^1$ – hasabat döwründe satylan harytlaryň möçberi.

Gymmatyň indeksi $i_{st} = \frac{\Sigma P_1 g^1}{\Sigma P_0 g_0}$;  Bular girdejileri ulaltmak üçin ulanylýar.

$g^0$ – geçen döwürde satylan möçberi.

$I_{opo} = \frac{i_s}{I_y} = \frac{\Sigma P_1 g_1}{\Sigma P_0 g_0}$;

$I_{opo}$ – göwrüm krizis (krizis obýoma).  $I_{opo} = \frac{i_s}{I_y} = \frac{\Sigma P_0 g_1}{\Sigma P_0 g_0}$;

14.2. Ätiýaçlyk bazary bazar ykdysadyýetiniň maliýe gurallarynyň biri bolup durýar. Döwlet ätiýaçlyk guramalary 1992-nji ýylda döredildi. Şu gün Türkmen döwlet ätiýaçlyk guramalarynda 44 sany oňa degişli ýerlerde bölümler hereket edýär. Häzirki wagtda şol guramalaryň esasy girdejisi ätiýaçlygyň hökmany görnüşleriniň hasabynadyr. Emma gelejekde meýletin görnüşlerine uly üns beriler. Ätiýaçlyk tölegleri ýylda ähli girimiň 3,3%-inden geçmedi. Häzirki wagtda ätiýaçlygyň 40-dan köpräk görnüşi bar, gelejekde edara görnüşli taraplaryň emlägini, daşary ýurt walýutasynda geçirilýän amallaryny, gurluşyk-abatlaýyş-burawlaýyş işini, daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrmaklyga üns beriler. Öňler daşary ýurt ätiýaçlyk kompaniýalary tarapyndan biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyryş geçirilýärdi, ol walýutanyň daşary ýurda gitmegine getirýärdi. Häzir “Türkmen ätiýaçlandyryş” guramasy uly töwekgelçilikli işleri öz üstüne alyp, ýagny ätiýaçyň çäklerinde, galanyny Halkara “MARŞ MK Lennon”, “Willis Korrunon topar” we beýleki kompaniýalaryň üsti bilen gaýtadan ätiýaçlandyrýar, şonuň bilen bir hatarda daşary ýurt walýutasynda gelen serişdeleriň 15%-ni özünde galdyrýar.

---

[1]Seret: Osnowy menejmenta. Blabanow T. Moskwa, Fin. i stat., 1996 god.

Türkmenistanda häzirki wagtda diňe döwlet ätiýaçlyk guramalary hereket edýär. Ätiýaçlyk kompaniýalary pul girdejilerinden döwlete salgyt töleýärler. Pul girdejileri şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär: ätiýaçlandyryş tölegleri, şertnama esasynda alynýanlary, şonuň ýaly-da ätiýaçlyk işi bilen meşgullanmakdan alnan pul girdejileri, gaýtadan ätiýaçlyk etmeklik bilen alnan pul girdejileri, boş duran serişdelerini bankda goýmak bilen hem-de gymmat bahaly kagyzlary satmakdan alnan pul girdejileri, şonuň ýaly-da ätiýaçlyk işi bilen bagly bolmadyk çeşmelerden alan pul girdejileri. Daşary ýurt firmalaryny ätiýaçlandyryş etmekden alan walýutasy şol günüň kursy boýunça manada geçirilýär. Ätiýaçlyk edaralarynyň girdejilerini hasaplamak üçin alnan umumy pul girdejilerden zähmet hakyndan başga ähli pul harajatlaryny aýyrýarlar.

Häzirki wagtda ätiýaçlyk kompaniýalaryň pul girdejilerinden däl-de salgyt salynýan peýdasyndan salgyt alynýar (20%). Peýdany kesgitlemek üçin ähli pul girdejilerinden umumy harajatlaryny şol sanda zähmet hakyny aýyrýarlar. Ätiýaçlyk kompaniýalaryň harajatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Tölenýän ätiýaçlyk summalary hem-de öwezini dolmalary.

2. Ätiýaçlyk işini alyp barýan agentlere tölenýän höweslendiriş tölegleri, şeýle-de ätiýaçlyk kompaniýalarynda işleýän işgärleriň esasy we goşmaça zähmet haky, ätiýaçlyk töleglerinden ätiýaçlyk gaznalaryny we gorlaryny döretmek üçin edilýän pul geçirmeler, ätiýaçlandyryş guramalaryň harajatlaryna goşulýan salgytlar we tölegler.

3. Döwlet tarapyndan bellenilen norma esasynda esasy serişdeleri gaýtadan dikeltmek üçin edilýän ulanyş tölegleri pul geçirmeleri. Maddy däl gymmatlyklar sertifikat we beýlekileri üçin köneliş tutumlar, esasy işini alyp barmak üçin kärendesine alnan jaýlar üçin edilýän kärende tölegleri, şol tölegler amortizasiýanyň möçberinden geçmeli däldir. Ätiýaçlandyryş gatançlarynyň 15 göterimine çenli çäklerde ätiýaçlandyryş halatlarynyň öňüni almak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek we ş.m.

Mysal üçin, Türkmen döwlet baş ätiýaçlandyryş guramasynyň maliýe netijelerini häsiýetlendirýän görkezijiler şu aşakdaky shemada öz beýanyny tapýar.

**Ýanwar – oktýabr aýlarynda “Türkmendöwletätiýaçlandyryş” guramasy boýunça ätiýaçlyk tölegleriniň we ätiýaçlandyrylanlara tölenen serişdeleriň düzümi[1]**

**Tablisa №58**

| | 2007 ýyl | | 2008 ýyl | |
|---|---|---|---|---|
| | mln. manat | % | mln. manat | % |
| **Ätiýaçlyk tölegleri – hemmesi** | **120109,5** | **100,0** | **377736,6** | **100,0** |
| şol sanda: | | | | |
| Meýletin şahsy ätiýaçlandyrma | 6445,6 | 5,3 | 9226,4 | 2,4 |
| Meýletin emläk ätiýaçlandyrma | 87901,7 | 73,2 | 324761,2 | 86,0 |
| Jogapkärçiligiň meýletin ätiýaçlandyrmasy | 10896,2 | 9,1 | 24306,9 | 6,4 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Hökmany ätiýaçlandyrma | 14866,0 | 12,4 | 19442,1 | 5,2 |
| **Ätiýaçlandyrylanlara tölenen serişdeler – hemmesi** | **7799,3** | **100,0** | **7056,4** | **100,0** |
| şol sanda: | | | | |
| Meýletin şahsy ätiýaçlandyrma | 1499,4 | 19,2 | 1578,6 | 22,4 |
| Meýletin emläk ätiýaçlandyrma | 6086,4 | 78,1 | 5104,4 | 72,3 |
| Jogapkärçiligiň meýletin ätiýaçlandyrmasy | 10,9 | 0,1 | - | - |
| Hökmany ätiýaçlandyrma | 202,6 | 2,6 | 373,4 | 5,3 |

Tablisadan görnüşi ýaly, Ätiýaçlandyryş guramalarynyň görkezijileri ýyl-ýyldan gowulaşýar, mysal üçin 2008-nji ýylda ätiýaçlandyryş tölegleri 2007-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3,1 esseden köpräk ýokarlandyrylypdyr. Ätiýaçlyk tölegleriniň içinde meýletin emläk ätiýaçlandyrylyşy esasy orny eýeleýär (86,0%). Meýletin şahsy ätiýaçlandyryşyň möçberiniň ýokarlanmagyna seretmezden, onuň tutýan orny peselipdir. Ätiýaçlandyrylanlara tölegler, hat-da öňki ýyl bilen deňeşdirilende kemelipdir. Bu öz gezeginde ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň kemelendigine şaýatlyk edýär.

Gazna biržalary gymmat bahaly kagyzlaryň satylşyny, dolanşygyny ýola goýýan, onuň nyrhyny kesgitleýän, şol barada degişli maglumatlary berýän ýapyk paýdarlar jemgyýetidir. Onuň 10-dan az bolmadyk paýdar dürli agzalary bolmalydyr. Gazna biržalary täjirçilik edarasy däldir, onuň maksady ýokary peýda gazanmak däldir, ol öz agzalaryna diwidend tölemeýär, ýöne ol öz-özüni maliýeleşdirmek we hojalyk hasaplaşygy şertlerinde işläp bilýär. Esaslyk maýasynyň minimal ululygy Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Gazna biržalary maýa goýum işi bilen meşgullanmaga haky ýokdur, emma onuň agzalary hökmünde maýa goýum bilen meşgullanýan institutlar bolup biler.

Gazna biržalarynyň girdejileri şulardan ybarat:

1. Özüne degişli gymmat bahaly kagyzlary – paýnamalary satmak bilen alan pul serişdeleri;
2. Gazna biržanyň agzalarynyň töleýän serişdeleri.
3. Gazna biržadaky baglaşylan geleşikden alynan birža ýygymy.
4. Beýleki işlerden.

Gazna biržasynyň pul girdejileri onuň harajatlaryny ýapmaga (ulanyş tölegleri, zähmet haky, kanselýariýa harajatlary we beýlekiler) ýapmak üçin gönükdirilýär. Gazna biržasy we Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasy alan peýdasyndan 20% peýdadan alynýan salgydy töleýärler. Çig-mal haryt biržasynyň esasy pul girdejisi her bir geleşikden alynýan ýygymyň hasabyna emele gelýär. Çykdaýjylary bolsa umuman ýokardaky sanalan ýalydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamasynda gymmat bahaly kagyzlar bazaryny mundan beýläkde ösdürmäge uly üns berilýär, şonda gazna biržalarynyň işide ýola goýulmalydyr.

[1]Türkmenistanyň sosial ýagdaýy. 2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary, Aşgabat 2008 ýyl, sah.59

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Paýdarlar jemgyýetleriniň peýdasy nähili paýlanylýar?
2. Banklaryň girdeji çeşmesi nämeden ybarat?
3. Ätiýaçlyk kompaniýalarynyň, biržalaryň girdejisi haýsy çeşmelerden emele gelýär?

## TEMA 15. DÜRLI EÝEÇILIK GÖRNÜŞLERINDÄKI KIÇI KÄRHANALARYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Kiçi kärhanalaryň maliýesiniň aýratynlygy.
2. Kiçi kärhanalaryň pul girdejileri, olaryň paýlanylyşy we býujet bilen aragatnaşygy.

15.1. Türkmenistanda kiçi kärhanalara dürli eýeçilik görnüşlerindäki işleýän kärhanalar girýärler. Ösen ýurtlaryň tejribesinden belli bolşy ýaly, kiçi we orta telekeçilik bäsdeşlik şertlerinde gowy uýgunlaşýarlar. Mysal üçin, Ýaponiýa ýaly ýurtda ähli önümçilik ulgamyndaky işgärleriň umumy sanynyň 60%-e golaýy kiçi kärhanalarda işleýärler. Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da kiçi kärhanalar köp ýaýrandyr. Ýaponiýada kiçi we orta biznesde işleýän kärhanalaryň hataryna işgärleriň sany 150-ä golaýyragy girýärler. Önüminiň möçberi 5 mln. amerikan dollaryna golaý bolmaly.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň – IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşynda şeýle diýdi: "Ykdysadyýete uly goşant goşýan kiçi we orta telekeçiligi kanunçylyk taýdan goldamakda, şeýle hem oňa ýeterlikli karz-salgyt, guramaçylyk tehniki kömegi bermekde döwletimiziň öňünde durýan möhüm wezipeleriň biridir" diýip belledi.

Biziň ýurdumyzda döwlete dahylsyz böleginiň kiçi kärhanalary – bular hususy, jemgyýetçilik, kooperatiw kärhanalary, şonuň ýaly-da eýeçiligiň gatyşyk (birleşdirilen) görnüşindäki kärhanalardyr. Kärhanalaryň bu toparynda biziň ýurdumyzda hereket edýän, döwlet eýeçiligine degişli, bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçilikli, beýleki döwletleriň, olaryň edara görnüşli we şahsy taraplaryň eýeçiligindäki kärhanalar hasaba alynmaýar.

Kiçi kärhanalara biziň döwletimizde işgärleriň ortaça sany 50 adamdan köp bolmadyk kärhanalar degişlidir. (Şol sanda işleriň görnüşleri boýunça: senagat, elektroenergiýa, gaz we suw üpjünçiligi, gurluşyk – 50 adama çenli we işleriň beýleki görnüşleri boýunça 25 adama çenli)[1].

2007-nji ýylda döwlete dahylsyz kiçi kärhanalaryň sany 7798 sany bolup, olardaky işgärleriň sany 32571 adam bolup, öndürilen önümleri 5021835,8 mln. manat boldy, bu jemi içerki önümiň 4,0 göterimine barabar boldy.

Ösüp barýan köp ýurtlarda kiçi kärhanalaryň işine döwlet tarapyndan aýratyn üns berilýär. Käbir ýurtlarda bolsa salgytlardan ýeňillikler göz öňüne tutulandyr. Türkmenistanda bazar ykdysadyýeti şertlerinde müňlerçe kiçi kärhanalar işleýärler. 1998-nji ýylyň 1-nji apreline çenli kiçi kärhanalar diňe bir salgyt, ýagny peýdadan 30% töleýärdi. Goşmaça gymmatdan alynýan salgytdan boşadylypdy. Bu bolsa kiçi kärhanalaryň ösmegine getirdi.

---

[1]Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri 2002-2007ý.ý. 2008ý. sah.125

1998-nji ýylyň 1-nji aprelinden başlap kiçi kärhanalar beýleki kärhanalar ýaly salgyt töleýärler.

Emma 1999-njy ýyldan başlap kiçi kärhanalara ýene-de salgytdan ýeňillikler girizildi. Kiçi kärhanalarda önümçilik pudaklarynda önümçilik-tehniki maksatlar üçin önümleri öndürýänler hem-de halkyň sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklarda umumy işgärleriniň sany 50 adama çenli, lomaý söwda we ätiýaçlyk, üpjünçilik pudaklarda işleýänleriň sany 10 adama çenli, sanalanlardan başga edaralarda bolsa işgärleriň umumy sany 25 adamdan geçmeli däldir. Kiçi kärhanalarda hasabat işleri we maliýesi beýleki kärhanalaryňky ýaly, esasy serişdeleriniň we dolanyşyk serişdeleriniň döredilişi, peýdanyň paýlanşy umuman beýleki kärhanalaryňky ýaly.

Türkmenistanyň 2010-njy ýyla çenli kabul eden Milli Maksatnamasynda telekeçiligiň kiçi we orta görnüşlerini ösdürmek üçin salgytlardan ýeňillikler göz öňünde tutulýardy. Telekeçiligi we kiçi telekeçiligi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmekde döwlet, jemgyýetçilik we halkara guramalarynyň işini utgaşdyrylyp gurmaklyk amala aşyrylýar. Hyzmat etmek ugrunda telekeçiligiň ösüşini höweslendirmek üçin (auditor, konsalting, injeniring, lizing we şuňa meňzeş beýleki hyzmatlar) ýeňillikli karz bermekde, maliýeleşdirmekde, salgyt salmaklykda has oňaýly düzgünleri ýola goýmaklyga üns beriler.

15.2. Kiçi kärhanalara umumy ýa-da ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaklyk ulanylýardy, mysal üçin onuň haýsydyr birini saýlap almak kiçi kärhanalaryň özüne bagly. Olar degişli etrap salgyt gullugyna hat üsti bilen haýyşnama ýazyp haýsydyr birini saýlap almaga ýüz tutýarlar, ýagny indiki çärýegiň başlanmagyna 30 günden giç bolmazlyk şerti bilen. Emma ýönekeýleşdirilen tertibe geçmekden öňki tertibe geçmegi barada ýene-de hat üsti bilen täze kalendar ýyldan başlap, ýagny ýyl başlamanka 15 gün öňünden duýdurmalydy.

Kärhananyň işgärleriniň umumy sanynyň artanlygy, ýagny kiçi kärhana statusyndan, uly kärhana geçýänligi barada hat üsti bilen salgyt gulluklaryna habar bermelidirler we indiki aýyň 1-nji gününden başlap öňki tertibe geçmelidir. Salgyt gulluklary arzasyna seredip, oňa ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaklyga geçýänligi barada habar bermelidi.

Ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaklyga geçen kärhanalar ýeke-täk salgyt töleýärler, olar goşulan baha üçin salgytdan, peýdadan alynýan salgytdan we emläk üçin salynýan salgytdan boşadylýardylar. Emma goşmaça tölegler töleýän kärhanalar, ätiýaçlyk edaralar, banklar, broker (dellalçylyk), oýun oýnalýan awtomatlardan pul utuşly, kazinolardan girdeji alan kärhanalar, ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt tölemeklige geçirilmeýärdi. Kiçi kärhanalar ýerli salgytlar we ýygymlardan hem-de döwlet durmuş ätiýaçlyk gaznasyna (20%) geçirilýän otçisleniýeden (aýrylyp goýulma) boşadylmaýardy. Ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt tölemeklige geçirilen kärhanalar daşary ýurtdan haryt getirende (import) beýleki kärhanalar ýaly goşulan baha üçin böleginden salgydy gümrükhanada töleýärdiler.

Ýurdumyzda hususy eýeçiligi ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. Şonuň üçin “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi kanunynda hususy eýeçilikdäki kärhanalarda ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salynýar. Mysal üçin, hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydynyň derejesi 2 göterim möçberde kesgitlenýär. Şonuň bilen bir hatarda bu kärhanalar goşulan baha üçin salgytdan, emläk salgydyndan, peýda salynýan salgytdan boşadylandyr. Aslyýetinde hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň düzüminde kiçi kärhanalar uly orun tutýarlar we olar ýeňillikli salgytdan peýdalanýarlar.

2008-nji ýylyň hasabaty müň manat.

| | |
|---|---|
| 1. a) Öndürilen önümi satmakdan alnan pul girdeji (manat) | 1526995,0 |
| 2. b) Önümçilik bilen bagly däl işlerden alnan pul girdeji, çykdajyny aýrandan soň galany | 36328,0 |
| 3. w) Jemi salgyt salynýan pul girdeji | 1563323,0 |
| 4. g) Ýönekeýleşdirilen tertipde salgydyň summasy: (2%) | 31266,4 |
| 5. d) Önümiň özüne düşýän gymmaty | 846517,3 |
| 6. e) Peýda (a+b-g-d) | 685539,3 |

Kiçi kärhananyň peýdasynyň möçberi onuň önümleri öndürmekligi artdyryşyna we önümiň özüne düşýän gymmatynyň kemelişine bagly. Beýleki görkezijiler we olaryň hasaplanyşy, maliýe ýagdaýynyň seljerilişi, beýleki pudaklardaky kärhanalaryňky ýalydyr.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Kiçi kärhanalara haýsylar girýär?
2. Kiçi kärhanalar peýdadan, girdejiden salgydy nähili töleýärler?
3. Kiçi kärhanalar ýönekeýleşdirilen tertipde nähili salgytlar töleýärler?

# TEMA 16. BILELIKDÄKI KÄRHANALARYŇ MALIÝESI

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Ýurdumyzdaky bilelikdäki kärhanalar we olaryň maliýesiniň aýratynlyklary.
2. Bilelikdäki kärhanalaryň pul girdejileri we harajatlary.
3. Bilelikdäki kärhanalaryň peýdasy we onuň paýlanyşy, hojalyk hasaplaşykdaky girdejileri hem-de maliýe meýilnamalary.

16.1. 2010-njy ýyla çenli kabul edilen Milli Maksatnama gelejekde-de "Açyk gapylar" syýasatyna, däp bolup gelýän hyzmatdaşlygy, daşary ýurtlar bilen aragatnaşyklary ýola goýmagy güýçlendirmäge üns berilýär. Daşary ýurt maýa goýumlary giň çekilip, ozalkysy ýaly ykdysadyýeti ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryna gönükdirilýär. Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda hususyýetçiligiň paýdarlar görnüşleri we kooperatiw gatnaşyklaryny işjeň peýdalanmak esasynda özbaşdak we bilelikdäki iş mundan beýläkde ösdüriler. Ýurdumyz garaşsyzlyk alaly bäri açyk gapylar syýasaty alnyp barylýar.

Transmilli häsiýetli kooperatiw gatnaşyklaryň ösüşinde nebit-gaz, himiýa we agrosenagat toplumlary, şeýle hem ulaglar kommunikasiýasynyň ugurlary artykmaçlyk alýarlar. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda bolşy ýaly Garaşsyzlyk döwründe Türkmenistanda dürli pudaklarda bilelikdäki kärhanalar işläp başlady. Bilelikdäki kärhanalaryň sany häzirki wagtda _____ golaýdyr. (gaz, nebit, dokma, turizm, söwda, derman, gurluşyk we beýleki kärhanalar).

2008-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna maýa goýumlaryny özleşdirmeklige dünýäniň 25 ýurdundan 114 sany daşary ýurt kärhanasy, umumy gymmaty 10501,9 mln. amerikan dollaryna deň bolan 503 desganyň gurluşygyna işjeň gatnaşdylar[1].

Bilelikdäki kärhanalarda, ýurdumyzyň içerki maýasy bilen bilelikde daşary ýurt firmalaryň maýa goýumy giňden ulanylýar. Bilelikdäki kärhanalaryň esaslyk maýasynda ýurdumyzyň çäklerindäki firmalaryň paýy 51%-den az bolmaly däldir.

Bilelikdäki kärhanalary döretmekde 2-den başlap birnäçe firmalar gatnaşyp bilerler, şeýle-de ýurdumyzyň içinde bilelikdäki kärhanalary döretmek üçin biziň döwletimiziň özüde paýçy hökmünde gatnaşyp biler. Bilelikdäki kärhanalaryň maliýe serişdeleri we esaslyk maýasy şoňa gatnaşýan paýçylaryň hasabyna emele getirilýär. Baý tebigy baýlyklara eýe bolan biziň ýurdumyzda daşary ýurt maýasyny çekmekligiň hem-de şonuň bilelikdäki kärhanalary esasynda işletmekligiň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Bu barada esasy wezipeler:

1. Bilelikdäki kärhanalaryň işlemegi netijesinde Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin köp derejede ösen daşary ýurtlaryň maýasyny çekmeklige giň ýol açylýar. Bu bolsa Galkynyş döwründe aýratyn ähmiýete eýedir.

2. Ýurdumyzda ösen daşary ýurt tehnikasy we tehnologiýasy hem-de ýokary derejede önümçiligi gurnamak tejribesi ornaşdyrylýar.

---

[1]Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. 2008-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary. Aşgabat – 2008 ýyl. 19 sah.

3. Türkmenistana ýokary hünärli hünärmenler we işçiler getirilip, biziň inžener, tehniki işgärleriň hem-de işçileriň hünärlerini ýokarlandyrýar.

4. Öndürilen önümleri eksport etmek boýunça daşary ýurt menejerleriniň tejribesi giňden ulanylýar we ş.m. beýleki çäreler amala aşyrylýar.

**Bilelikdäki kärhanalaryň maliýe aýratynlyklary şu aşakdakylardan ybarat:**

1. Kärhananyň serişdelerini emele getirmekde daşary ýurt maýasy giňden ulanylýar.

2. Bilelikdäki kärhanalaryň şol kärhanalary döretmekdäki ustawyna baglylykda öndürilen önümleri, ýa-da önüm öndürmekden alnan pul girdejileri ýa-da önümçilikden alnan peýdanyň paýlanylyşy göz öňünde tutulýar.

Mysal üçin, gaz we nebit senagatynda öndürilen nebit we gaz daşary ýurt maýa goýujylar bilen bilelikde paýlanyp bilner. Aýdaly, öndürilen nebitiň 25% -i 10 ýylyň dowamynda daşary ýurt maýa goýujylaryň paýyna geçirilip bilner. Eger şolar bilen şeýle şertler göz öňünde tutulan bolsa, jins materiallary öndürilýän fabrikde bolsa, şol önümleri satmakdan-eksportdan gelen walýutanyň belli bir bölegi daşary ýurt maýa goýujysynyň paýyna geçirilip bilner ýa-da derman fabriginde şol fabrigiň ustawyna laýykda alnan peýdanyň 49%-i hindi firmalaryň paýyna geçirilip bilner, galan 51%-i bolsa biziň ýurdumyzdaky döredijileriň paýyna düşýär.

Bilelikdäki kärhanalar – telekeçilik bilen meşgullanyp, olar dürli pudaklarda hem-de eýeçiligiň dürli görnüşlerine ýagny, hususy, döwlet, paýdarlar, kärendeçilik, ýolbaşçylyk, kooperatiw we başgalara esaslanyp gurlyp bilnerler. Kärhanalar, ýerli guramalarda hasaba alynýar, olar respublikan, ýerli, jemgyýetçilik hem-de hususy adamlar tarapyndan esaslandyrylýarlar. Oňa daşary ýurt firmalary, assosiasiýalary gatnaşyp bilýärler. Kärhanany esaslandyrýan döredijiler bir ýa-da birnäçe bolup bilýärler. Bilelikdäki kärhanalar işi hojalyk hasaplaşygy esasynda alyp barýarlar. Olar öz pul girdejileri bilen çykdajylaryny ýapýarlar we peýdaly işleýärler. Öndürilen önümini, emlägini özi öz islegine görä satýar. Olar öz öndüren önümine bolan islegi yzygiderli öwrenýärler hem-de satýarlar.

Bilelikdäki kärhanalar bäsdeşlik şertlerinde iş alyp barar ýaly derejede öz işini ugrukdyrýarlar. Eksport we import işleri döwlet lisenziýalary, salgytlar baradaky kanunlar, gümrük baradaky düzgünler esasynda kadalaşdyrylýar. Kärhana bankdan karz hem alyp bilýär, gerek bolsa karz-da berip bilýär, şeýle-de paýnama we beýleki gymmat bahaly kagyzlary çykaryp, satyp hem-de satyn alyp bilýär. Bilelikdäki kärhanalar Halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagyň gowy usulydyr. Gaýry ýurtlardaky täze tehnika, önümçilik usullary önümçilige ornaşdyrylýar, bu bolsa önümçiligiň ösmegine itergi berýär. Ösen ýurtlaryň gowşak ösen ýurtlara goldawy artýar, bu umuman maksada laýykdyr. Emma bilelikdäki kärhanany döretmek üçin şertnamalar düzülende nyrhlar, kwotalar, hasaplaşyk-karz amallary, walýutalaryň başga ýurtlara geçişi, salgyt we beýleki ykdysady gurallardan başarnykly peýdalanylmalydyr. Bilelikdäki kärhanalary döretmek üçin şertnamalar, daşary ýurtlaryň bir ýa-da birnäçe kärhanalary bilen baglaşylýar. Bilelikdäki kärhanalary döretmäge gatnaşanlar, esaslyk maýasyna

goýum goýup bilýär, şeýle-de bilelikdäki kärhanalary edara etmäge gatnaşyp bilýär.

Bilelikdäki kärhanalaryň ýuridiki statusy we özbaşdak balansy bolýar. Daşary ýurtdan gatnaşyjy esaslandyryjylar, bilelikdäki kärhanalar ýok edilen halatynda öz goýumyňy, şeýle-de öz bergisini üzüp, yzyna alyp bilýärler.

Bilelikdäki kärhanalaryň iň ýokary edara edýän guramasy onuň prawleniýesidir. Gündelik işini bolsa direksiýa alyp berýär, ol biziň raýatlarymyzdan hem-de daşary ýurt raýatlaryndan bellenilýär. Prawleniýanyň başlygy hem-de baş direktory – Türkmenistanyň raýatlary bolup biler.

Bilelikdäki kärhanalar öz iş maksatnamasyny özbaşdak işläp düzýär. Esasy we dolanyşyk serişdelerini islendik ýurtdan satyn alyp bilýär. Öndürilen önümi nähili satyp bilýär? Bilelikdäki kärhanalary döretmäge gatnaşyjylar öz arasynda olaryň esaslyk maýasynyň goýumlaryna esaslanyp, özara şertnama esasynda paýlaşyp bilerler. Her halatda önüm satmagyň tertibi esaslandyryjy resminamalarynda kesgitlenilýär. Önüm satmaklyk ýurduň çäginde ýa-da daşary ýurtlarda amala aşyrylyp bilner.

Nyrhlar dünýä ýa-da içki bazaryndaky ýaly bolmalydyr. Bilelikdäki kärhanalar ýerli işçi güýjüni ulanmalydyrlar. Şonuň bilen bir hatarda daşary ýurt hünärmenleride peýdalanylyp bilner. Olaryň zähmet haky şertnama esasynda kesgitlenilýär. Olar walýuta bilen-de, öz pulumyz bilen-de tölenilip bilnerler. Bilelikdäki kärhananyň esaslyk maýasy bolmaly, ol esaslandyryjylar tarapyndan döredilýär hem-de alynan peýdanyň hasabyna üsti doldurylýar. Esaslyk maýasynda ýurduň gatnaşyjylarynyň paýy ýarymyndan köp bolmalydyr. Döwlet eýeçiligindäki esasy serişdeler bolsa bilelikdäki kärhanalara şertnama boýunça berilýär, esasy serişdeler kärendä-de berilip bilinýär. Bilelikdäki kärhanalaryň emlägi hökmany ätiýaçlyk edilýär, daşary ýurt ätiýaçlygynda bolsa meýletin ätiýaçlandyrma edilýär.

Bilelikdäki kärhanalaryň emlägi dolandyryş görnüşde konfiskasiýa edilmeýär. Olaryň emläk hukuklary kepillendirilýär.

Meselem, olaryň peýdadan olara degişli bölegini walýuta görnüşinde daşary ýurda geçirmäge hukugy bardyr, şeýle-de salgytlardan ýeňillik, eýeçilik hukuklary kanun tarapyndan goralýar. Her kimiň esaslyk maýa goýumynda dünýä nyrhlary esasynda baha berilýär. Daşary ýurtlaryňky bolsa dowam edýän kurs esasynda manada öwrülýär. Aýdaly, Amerikanyň telekeçisi 10 müň dollar bilelikdäki kärhana goýupdyr. Manadyň kursy 1 dollar = 2,85 manat, (şonda 2,85 manat 10 müň dollar) onuň goýumy 28500 manat möçberinde bolardy. Bu summa şertnama gol çekilen günündäki walýuta kursy esasynda kesgitlenilýär. Bilelikdäki kärhanalar üçin daşary ýurtlylaryň enjamlary, maşyn-enjamlary gümrük pajyndan boşadylýar, eger ol enjamlara dünýä nyrhy ýok bolsa, onda olaryň gymmaty taraplar tarapyndan şertnama esasynda kesgitlenilýär. Bilelikdäki kärhanalarda maliýe kynçylygyny ýenip geçmek üçin ätiýaçlyk pul gaznalary döredilýär. Olar peýdadan aýrylyp goýulýar, ol esaslyk maýasynyň dörtden bir bölegine çenli ýetýänçä goýulýar. Bilelikdäki kärhanalarda şeýle-de ulanyş tutumlary hasaplanýar. Ol düýpli maýa goýumlar üçin ýa-da enjamlary satyn almak üçin ulanylýar. Düýpli maýa goýumlary bolsa, şertnama esasynda öz serişdeleriniň hem-de karz serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar. Şeýle-de olar paýnama –

gymmat bahaly kagyzlary goýberip bilýärler, şol paýnama (aksiýa) degişli serişdeleriň hasabyna-da düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirilip bilýärler.

16.2. Bilelikdäki kärhanalaryň pul girdejileri önüm satmakdan gelýär. Pul girdejileriniň artmaklygyna esasan şeýle faktorlar täsir edýärler:

1. Önümiň artmagy hem-de ony ýerleşdirmek. Bu bolsa köp derejede marketinge baglydyr. Marketing – bazar şertlerini öwredýär, bu önümi satmak üçin ýol açýar. Şeýle-de oňa ýeňillikler we beýlekiler girýär. Bilelikdäki kärhanalarda marketing giň ulanylýar.

2. Önümiň hili hem-de oňa bolan isleg – bu önümi satmaklygy aňsatlaşdyrýar hem-de onuň nyrhyny deň saklamaga mümkinçilik berýär. Köpçülik harytlaryny satýan kärhanalar, mahabatlama üçin pul serişdelerini gaýgyrmaýarlar, bu bolsa öndürilen önümiň dünýä bazaryny eýelemegine mümkinçilik açýar.

3. Haryt öndürmegiň birsydyrgynlygy. Eger harytlara isleg bolan halatlary, bilelikdäki kärhanalar önüm öndürmegi ýokary derejede ýola goýýarlar hem-de alyjylara ýetirýärler. Önüm öndürmek üçin olar dürli harajatlar edýärler. Şol harajatlar düzümi beýleki kärhanalardaky ýalydyr.

Önümiň özüne düşýän gymmatyna şu aşakdaky harajatlar goşulýarlar, maddy, material harajatlar, ulanyş tutumlary, ýagny önümçilik esasy gaznalary öňki derejede saklar ýaly ýa-da dikeldiler ýaly, zähmet haky üçin tölegler, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin otçisleniýeler (20%). Hökmany emläk ätiýaçlanmasy üçin tölegler, karzlar üçin göterimler. Ygtyýarnamalary - lisenziýalary satyn almak üçin harajatlar hem-de öz oýlap tapan zatlary üçin patent almaga edilen harajatlar muňa girýärler. Önümçilik serişdelerini bejermek üçin hem-de beýleki önüm öndürmek hem-de satmak bilen bagly harajatlar girýärler. Eger, bejergi gaznasy döredilýän bolsa, onda ol şu harajatlaryň düzümine girizilýärler.

Material harajatlara şu aşakdakylar girýärler: çig-mal hem-de esasy materiallar (çykdajylaryň hem-de önümçilikde ikinji gezek ulanylýan materiallaryň gymmaty aýrylýar), satyn alnan, önüm öndürmek üçin ýarym fabrikatlar, kömekçi materiallar, ýangyç, energiýa, tebigy çig mallary peýdalanmak bilen bagly harajatlar (geologiýa barlag hem-de gözleg işleri üçin edilýän otçisleniýeler, ýerleri gaýtadan ekin eker ýaly etmek üçin harajatlar: agaç nahallar üçin harajatlar, suw üçin tölegler, ýer üçin hem-de gazylyp alynýan çig mallar üçin tölegler, şeýle-de, keseki kärhanalar tarapyndan önüm öndürmek üçin harç edilen harajatlar girýärler. Ulanyş tutumlary hasaba alnanda, önümçilik serişdeleriniň aktiw böleginiň çalt depginde çaltlandyrylan ulanyş tutumlaryda girýär.

Şu halatda Türkmenistanyň çäklerinde göz öňünde tutulan ulanyş tutumlary kadalaryndan ugur alynýar. Zähmet hakyna şular girýärler: şertnama esasynda tölenýänler, tarif – kesanat hem-de ýerine ýetirilen işine bagly, höweslendiriş maksatlary hem-de sylag görnüşde, önümçilik bilen bagly tölegler, şeýle hem ýyl netijesinde tölenýän tölegler girýärler, harajatlaryň düzümi 1994-nji ýylda çykan № 1676 düzgünnama we “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi kanunynyň esasynda kadalaşdyrylýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan, beýleki çeşmelerden göz öňüne tutulýan harajatlarda bar, olara şu aşakdakylar girýärler:

Maddy kömek, ýylyň netijeleri üçin berilen sylaglar, goşmaça rugsat üçin tölenýän haklar, şol sanda çagalary terbiýeleýän ýeke aýallar üçin berilýän kömekler, pensiýa üçin goşmaçalar, pensiýa gidýänler üçin bir wagtlaýyn berilýän kömekler, paýnama üçin tölenýän diwidendler, emma kärhananyň gaznasyna goýulan goýum üçin degişli haklar hem-de peýdadan beýleki tölegler muňa girmeýärler.

Kärhanada önüm satmakdan gelen pul girdejilerden harajatlar – has anygy düşýän gymmaty aýrylandan soň galan bölegi peýdadyr. Önüm satmakdan gelen peýdany dogry, anyk kesgitlemegiň ähmiýeti ulydyr. Eger önüm öndürilip, ol satylman galsa, şoňa edilen harajatlarda satylan önümiň üstüne goşulsa, bu emeli taýdan önüm satmakdan gelen peýdanyň kemelmegine getirerdi. Bu bolsa nädogrydyr. Kärhananyň peýdasynyň dogrylygyny şu formula esasynda barlap bolar:

$$P = P_{ýbg} + P_{h} – P_{ýag.}$$

P – önümi satmakdan gelen peýda.

$P_{ýbg}$ – ýylyň başyna öňki ýyldan satylman galan önümden alnan peýda.

$P_{h}$ – haryt satmakdan, ýagny üstümizdäki ýylda öndürilen önümleri satmakdan gelen peýda.

$P_{ýag}$ – ýylyň aýagyna, ýagny geljek ýyla geçen önümden alynmaly peýda. Bu formula giňişleýin şeýle görnüşe eýe bolup biler.

$$P = P_{ýbg} (Gir._{ýbg} – Har._{ýbg}) + P_{h} (Gir._{ýd} – Har._{ýd}) – P_{ýag} (Gir._{ýag} – Har._{ýag})$$

ýylyň başynda satylman galan önümiň bahasyndan ($Gir._{ýbg}$), şoňa edilen harajatlary aýyrýarys ($Har._{ýbg}$), soňra ($P_{ýbg}$) peýdanyň üstüne, haryt satmakdan gelen peýdany ($P_{h}$) goşýarys, ol şondan gelen pul girdejisinden ($Gir._{ýd}$), şoňa edilen pul harajatlary ($Har._{ýd}$), aýyryp tapylýar.

$P_{ýag}$ – bolsa, satylman ýylyň aýagyna geçen önümiň gymmatyndan ($Gir._{ýag}$) şoňa bolan çykdajylar ($Har._{ýag}$) aýrylandan soň tapylýar.

Bilelikdäki kärhanalaryň peýdasyna başga-da köp ýagdaýlar täsir edýärler. Meselem, önüm satmak bilen bagly bolmadyk jerimeler, puşmanlar (peniýalar) we beýlekileri kärhana köp alsa, onda ol peýdanyňda möçberini artdyryp biler. Şeýle-de ýitgiler, tölenen jerimeler peýdany azaldyp biler. Bilelikdäki kärhanalarda balans peýdasy, ýagny onuň balansynda görkezilen peýda bolup, ol haryt satmakdan gelen peýdanyň üstüne haryt satmak bilen bagly bolmadyk girdejileriň goşulmagy hem-de şunuň ýaly çykdajylaryň aýrylmagy bilen belli edilýär. Bilelikdäki kärhananyň peýdasyny esasan önüm öndürilişini artdyrmak, onuň hilini gowulandyrmak hem-de düşýän gymmatyny peseltmek bilen köpeldip bolar. Bazar islegini hasaba alyp öndürilen harytlaryň nyrhyda ýokary bolup biler, buda goşmaça peýda almaklygyň çeşmesidir.

**Şekil №10**

**Bilelikdäki kärhanalaryň peýdasynyň paýlanyş şekili**




16.3. Bilelikdäki kärhanalaryň ahyrky maksady, peýda almaklykdyr. Alnan peýda döwlete salgytlar tölenenden soňra bilelikdäki kärhanany döretmek üçin gatnaşyjylaryň arasynda paýlanylýar. Bu bolsa, esaslandyryjylaryň ahyrky netijä höweslenmegini üpjün edýär (Şekile serediň).

Daşary ýurtly gatnaşyjylar nähili höweslendirilýär? Ilki bilenä, olar ýa-ha öndürilen önümiň bir bölegine ýa-da alnan peýdanyň bir bölegine eýeçilik edýärler. Önüm satmakdan gelen girdejiniňde bir bölegine eýeçilik edip bilerler. Olar öz paýyny konwentirlenýän daşary ýurt walýutasy ýa-da önüm görnüşinde alyp bilerler. Bilelikdäki kärhanalar alan peýdasyndan bellenen kanun esasynda salgyt töleýär. Mundan başga-da daşary ýurt ýuridiki guramalar we kärhanalar, paý esasynda alan girdejilerinden bilelikdäki kärhanalaryň peýdasyndan özlerine düşýän paýdan 15% möçberde döwletiň býujetine salgyt töleýärler. Daşary ýurt edara görnüşli taraplar, salgyt gullugyna göz öňünde tutulan ýeňillikler barada ýüz tutmalydyrlar.

Salgyt tölänsoň galan peýdany şu aşakdaky ýaly paýlaýarlar:

Ilki bilen bir topar pul gaznalaryny döredýärler: bilelikdäki kärhananyň esaslyk maýasyna geçirim (otçisleniýe) edýär, kärhananyň kollektiwiniň harajatlary üçin gaznalara gönükdirilýär we geçen ýyllaryň zyýanyny ýapmak üçin we ş.m. aýryp goýýar. Galan peýda bolsa ýurdumyzdan hem-de daşary ýurtdan bolan bilelikdäki kärhanany döretmäge gatnaşanlaryň arasynda paýlanylýar. Şunuň bilen bir hatarda daşary ýurtdan gelen esaslandyryjylarda geçirilýän peýdadan salgytda tutulyp galynýar.

Bilelikdäki kärhanalarda köplenç maliýe meýilnamalaryny düzüp bilýärler. Ol döwlet kärhanalarynyňka meňzeş düzülýär.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Türkmenistanda bilelikdäki kärhanalaryň näme ähmiýeti bar?
2. Bilelikdäki kärhanalaryň esaslyk maýasy nähili döredilýär?
3. Bilelikdäki kärhanalaryň peýdasy nähili paýlanylýar?

# TEMA 17. ÝAŞAÝYŞ JAÝ, KOMMUNAL KÄRHANALARYNYŇ MALIÝESI

## TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Ýaşaýyş jaý kärhanalarynyň maliýesi.
2. Kommunal kärhanalarynyň maliýesi.

17.1. Ýaşaýyş jaý kärhanalary ýurdumyzdaky döwlet eýeçiligindäki ýaşaýyş jaý gaznasyndan, daça hojalyklarynyň gaznasyndan, bejeriş gurluşyk kärhanalaryndan hem-de ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat edýän kömekçi kärhanalardan ybaratdyr. Ýaşaýyş jaý gaznasyny ulanmaklyk, ýaşaýjylar hem-de kärendeçiler bilen şertnama baglaşmaklyk esasynda alnyp barylýar. Ýaşaýyş jaý gaznasynyny giňeltmek, düýpli bejeriş etmek üçin gerek bolan pul serişdeleri şu aşakdakylardan toplanýar: döwlet býujeti, otaglar üçin tölenýän hem-de kärende üçin alynýan tölegler, dürli eýeçilik görnüşindäki işleýän kärhanalaryň geçirýän pul serişdeleri, ipoteka karzlary, daça hojalyklarynyň töleýän tölegleri, raýatlaryň ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin gönükdirýän serişdeleri we ş.m. Ýaşaýyş jaý hojalyklary hojalyk hasaplaşyk şertlerinde işleýärler, ýagny alan pul girdejilerinden öz harajatlaryny ýapýarlar.

Ulanyş harajatlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Dolandyryş-edara ediş üçin harajatlar;
2. Hyzmat ediş personaly saklamak üçin edilýän harajatlar;
3. Öý hojalyk edaralary saklamak üçin edilýän harajatlar;
4. Zähmet haky we durmuş ätiýaçlandyryş üçin geçirim.

Olaryň maliýe aýratynlyklary: ýaşaýyş jaý gaznasyna ulanyş tutumlarynyň hasaplanylmaýandygydyr. Ýaşaýyş jaý hojalyklaryna edilýän bejeriş harajatlaryň köp bölegi döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär. Ýaşaýyş jaý edaralaryny saklamak üçin bejeriş-gurluşyk edaralary hereket edýärler. Şol edaralary maliýeleşdirmek üçin serişdeler döwlet býujetiniň hasabyna goýberilýär. Ýaşaýyş jaý kärhanalaryň girdejileri jaý tölegleri, kärende töleglerinden ybarat bolup, emma şol harajatlaryny ýapmak üçin ýeterlik däldir.

Kommunal hyzmatlary, elektrik energiýany peýdalanmak, ýaşaýyş jaý üçin gaz mugtdyr. Hat-da ABŞ ýaly ösen ýurtlarda gaz hem-de elektrik energiýasy üçin tölegler maşgala býujetiniň ep-esli bölegini tutýar. Gündogar Ýewropa ýaly käbir ösen ýurtlaryň jaýlary mugt gaz bilen-de üpjün edilen däldir. Türkmenistan Garaşsyzlygyny almak bilen kommunal tölegleriň pes derejede bolmaklygy halkyň hal-ýagdaýyny gowulaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Hususylaşdyrylan jaýlarda ýaşaýyş jaý üçin harajatlar, jaýlaryň eýesiniň hasabyna maliýeleşdirilýär. 2010-njy ýyla çenli kabul edilen Milli Maksatnamada ýaşaýyş jaý babatda, ýagny hususy ýaşaýyş jaý gurluşygyny giňeltmek we onuň hilini gowulandyrmak wajyp mesele bolmagynda galar diýlip bellenilýär. Ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligi 2010-njy ýylda bir adama 22,6 inedördül metre çenli ýetirmek bellenilýär. Bu derejä ýetmeklik ýaşaýyş jaý gurluşygynyň möçberlerini ep-esli artdyrylmagy, ýaşaýyş jaý kommunal hojalygyny düýpli özgertmegi talap edýär.

2008-nji ýylyň dokuz aýynyň jemleri boýunça “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasyna” laýyklykda gurulýan desgalarda özleşdirilen maýa goýumlary 2736,1 mlrd. manada deň boldy. Şonuň ýaly-da 125952,1 $m^2$ ýaşaýyş jaýlary guruldy[1].

Ýaşaýyş jaý jemagat hojalygy üçin 2009-njy ýylyň býujetinde – 1915402 mlrd. manat – denominirlenen manatda 38,3 mln. manat bolup, ol geçen ýylyňky bilen deňeşdireniňde 29 göterim ýokarydyr.

Öňde goýulan wezipeler:

- hususylaşdyrmagy çaltlandyrmak we hususy ýaşaýyş jaý gaznasyny ösdürmek;
- ýaşaýyş jaý bazaryny emele getirmek we düzgünleşdirmek boýunça hukuk binýadyny döretmek;
- ilatyň durmuş taýdan ýagdaýy pes gatlaklary, az üpjünçilikli raýatlar, maýyplar üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurmagy we bermegi saklap galmak;
- ýaşaýyş jaýlaryny gurmak we olaryň durkuny täzelemek üçin maliýeleşdirmegiň dürli çeşmelerini: guramalaryň hem-de kärhanalaryň, banklaryň we maliýe guramalarynyň, raýatlaryň serişdelerini, daşary ýurt döwletleriniň hem-de halkara guramalarynyň karzlaryny we grantlaryny hem-de başgalary çekmekdir.

2010-njy ýyla çenli hususy eýeçilikdäki (kooperatiw ýaşaýyş jaýlary we hususylaşdyrylan öýler hem muňa girýär) ýaşaýyş jaýlarynyň paýyny 90% -e çenli ýetirmek çak edilýär.

Täze ýaşaýyş jaýlarynyň bir bölegi talap edilýän nyrh boýunça guramaçylykly bazarlaryň üsti bilen ýerlenilýär. Ilkinji döwürde ýaşaýyş jaý bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek saklanyp galar. Geljekde ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin döwlet tarapyndan belli bir maksatly karzlary, pul kömegini bermek giňeldiler, şunda az üpjünçilikli maşgalalar artykmaçlyklardan we ýeňilliklerden peýdalanarlar. Häzirki döwürde ipoteka karzlary giň gerim aldy. Şunda ýeňillikli göterimler ulanylýar. Kommunal gurluşyga ep-esli möçberdäki serişdeler gönükdirilýär.

Ulanyş harajatlarynyň düzümi:

1. Administratiw edara ediş harajatlary;
2. Hyzmat ediş personaly saklamak üçin;
3. Öý hojalyk edaralaryny saklamak üçin;
4. Gündelik bejeriş-ýaşaýyş jaýlaryny;
5. Her hili hökmany tölegler;
6. Beýleki harajatlar;
7. Zähmet haky we durmuş-üpjünçiligine otçisleniýe;
8. Ýörite eşikler;
9. Hapa çykarmak we ýakmak, syryp süpürmek, gök baglara, suw ýollaryna seretmek we ş.m.

---

[1] Türkmenistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy. 2008-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlary Aşgabat – 2008ý. sah. 32

**Girdejileri:**

1. Jaý tölegi.
2. Ýaşaýyş jaý däl jaýlaryny kärendesine bermekden gelen jaý tölegleri.
3. Kärendeçilerden alynan ýygymlar, maksatly ýygymlar we beýleki girdejiler.

**Esasy gaznalary.**

Ýaşaýyş jaý, ýyladyş jaý (kotelniý) hojalyk jaýlary (90% - ýaşaýyş jaýlary)

Ýaşaýyş jaýlary – býujetiň hasabyna, kärhanalaryň hasabyna, ilatyň serişdesine we uzak möhletli karzyň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Düýpli bejeriş – öz serişdeleri ýetmese, býujetiň hasabyna.

Normalaşdyrylýan dolanyşyk serişdeleri:

1. Ulanyş we gündelik bejeriş üçin gerek bolan materiallar.
2. Arzan bahaly tiz könelýän zatlar.
3. Geljek döwür üçin pul serişdeleri.
4. Kireýine ýaşaýanlar bilen hasaplaşyklar.

Normalaşdyrylmaýanlar.

Hasaplaşyk we kassadaky pullar we debitor algylary.

Maliýe meýilnamasy.

1. Ulanyş harajatlaryň hasaby we girdejileriň hasaby.
2. Serişdeleriň çeşmesi we harç ediliş ugry.

17.2. Kommunal hojalyklarda maliýäni guramaklygyň we hojalyk hasaplaşygynyň aýratynlyklary.

Kommunal hojalyklaryň maliýesi, kommunal kärhanalary we desgalary täzeden dikeldiş etmegi we peýdalanmagy, gurluşyklary amala aşyrmagy, pul serişdeleri bilen üpjün edýär. Şeýle hem pul girdejilerini paýlaýar we hojalyk işine gözegçilik edýär.

Kommunal kärhanalar öz ugry we hyzmatlary boýunça şu aşakdakylara bölünýärler:

a) sanitar-tehniki suw geçirijiler (kanalizasiýa, sanitar arassalamak bilen meşgullanýan kärhanalar), ulag (trolleýbuslar), kommunal energetika (elektrik, gaz, ýylylyk setleri we beýlekiler), kommunal hyzmat (myhmanhanalar we beýlekiler), şäherleriň (obalaryň) daş töweregini abadanlaşdyrmak bilen meşgullanýan kärhanalar we guramalar. Şäher içindäki ýollar hem kommunal hojalyklaryna degişlidir.

Tölegli hyzmat edýän we önüm satýan kommunal hojalyklar adatça hojalyk hasaplaşygynda işleýärler. Tölegsiz hyzmatlary amala aşyrýan kärhanalar (ýollary ýşyklandyryş we başgalar) ýerine ýetirýän işleriniň çäklerinde býujetden maliýeleşdirilýär. Hojalyk hasaplaşygyndaky kommunal kärhanalary önüm öndürmek we hyzmaty amala aşyrmak üçin zerur bolan esasy we dolanyşyk gaznalaryna eýedirler.

Kommunal kärhanalar we guramalar tarapyndan diňe bir önümi ýerleşdirmekden we hyzmaty amala aşyrmakdan gelen girdejileriň jemi hasaplanman, eýsem kommunal-durmuş hojalyklary üçin ýerleşdirilen önümlerden we ýerine ýetirilen hyzmatlardan gelen pul girdejiler hem hasaplanýar. Kommunal kärhanalaryň ulanyş harajatlary göni we nakladnoý (goşmaça) harajatlardan emele gelýär. Göni harajatlar materiallar, önümçilik işgärleriniň zähmet haky, elektroenergiýa, ýangyç, esasy serişdeleriň ulanyş tutumlary üçin harajatlary özünde jemleýär. Nakladnoý (goşmaça) harajatlara önümçiligi (seh we umumy ulanyş harajatlar) dolandyrmak we hyzmat etmek üçin harajatlar degişlidir.

Ulanyş harajatlaryň düzümi kommunal hojalyklaryň pudaklary boýunça tapawutlanýar. Suw üpjünçiligi kärhanalarynda harajatlaryň 50%-ne golaýyny elektroenergiýa we ulanyş tutumlarynyň harajatlary tutýar, trolleýbus hojalygynda harajatlaryň agramly bölegini elektroenergiýa we zähmet hakyna harajatlar eýeleýär. Ulanyş harajatlar önümiň, hyzmatyň göwrümine we önüm birligine harajatlaryň normasyna görä meýilnamalaşdyrylýar.

Kommunal hojalyklarda hyzmaty we önümi öndürmegiň we ýerlemegiň, özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň birnäçe ätiýaçlyklary bar. Mysal üçin, önümçiligiň baryşyny awtomatizasiýalaşdyrmak, suwuň we elektroenergiýanyň boş, bisarpa ulanylmagynyň öňüni almak, administratiw – dolandyryş harajatlary azaltmak, arzan ýangyçlary ulanmak, gazy we suwy ulanmagyň esaslandyrylan normalaryny işläp taýýarlamak we ulanmak. Ulanyş harajatlaryň öwezini doldyrmak hyzmatlardan gelen pul girdejiden amala aşyrylýar. Girdejileriň möçberi önümçilik maksatnamasyndan önümçilik kuwwatlyklaryny ýokary derejede peýdalanmagy we tarifleriň kesgitlenen derejesini hasaba almak bilen kesgitlenýär.

Şäherleriň içinde ulag üçin köplenç ýeke-täk stawkalar ulanylýar. Şäheriň içinde ýolagçylar geçen aralyklary dürli bolsa hem bir tölegi töleýärler. Bu bolsa öz gezeginde ýolagçylar bilen hasaplaşyklary ýeňilleşdirilýär, ilata konduktorsyz hyzmat etmäge mümkinçilik döredýär. Ol öz gezeginde ulag harajatlaryny peseldýär. Kilometrlere görä tarifler adatça ulag şäherara ýük we ilat daşalanda ulanylýar.

Ikinji topara sanitar tehniki kärhanalaryň tarifleri degişlidir.

Üçünji topara energetik kärhanalaryň tarifleri. Bu iki toparyň tarifleri sarp edijileriň kategoriýasyna we maksatly gönükdirilişine laýyklykda differensirlenýär. Tarifleriň 4-nji topary ilata hyzmat edýän myhmanhanalar we kommunal hojalyklary üçin kesgitlenendir. Bu ýerde tarifleriň differensirlenmegi edilýän hyzmatlaryň hiline baglylykda amala aşyrylýar. Önümi ýerleşdirmekden we hyzmaty amala aşyrmakdan gelen pul girdeji önümiň (hyzmatyň) göwrümini tarif stawka köpeltmek arkaly kesgitlenýär. Ulanyş harajatlaryň we girdejileriň esasynda önümi (hyzmaty) ýerleşdirmekden gelen peýda kesgitlenýär.

Jemi girdejilerden ulanyş harajatlaryň jemi aýrylýar. Kommunal hojalyklarda peýdanyň paýlanşy esasan senagatdaky ýalydyr. Emma käbir aýratynlyklary hem bar, käte olaryň peýdasy doly öz ygtyýarynda goýulýar.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Ýaşaýyş jaý edaralarynyň girdejileri we çykdajylary nämeden ybarat?

2. Kommunal hojalyklarynyň girdeji we çykdajylary haýsy çeşmelerden emele gelýär?

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasynda nämeler göz öňünde tutuldy?

## TEMA 18. KORPORASIÝANYŇ MALIÝESI

### TEMANYŇ MEÝILNAMASY

1. Korporasiýalarynyň maliýesiniň aýratynlygy.
2. Maliýe serişdeleriniň çeşmesi.
3. Peýdasynyň ulanylyşy.
4. Hususy, paýdarlar döwlet we beýleki korporasiýalar we olaryň maliýesiniň aýratynlygy.
5. Maliýäni dolandyrmak.

18.1. Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalar ep-esli orny tutýarlar. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalar ylaýta-da nebit, gaz, himiýa, pagta arassalaýjy we ulag energetika we beýleki pudaklarda bar.

Döwlet eýeçiligindäki kärhanalara: Döwlet korporasiýalary, gatyşyk kärhanalar hem-de wedomstwa degişli kärhanalar girýärler. Olar “Kuwwat” korporasiýasy, Türkmengazsenagat, Türkmenawtoýollary,Türkmenhowaýollary, Türkmenpagta, Türkmenmetbugat, Döwlet turistik korporasiýasy, Türkmensyýahat we beýlekiler girýärler. Olar doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüni maliýeleşdirmek şertlerinde işleýärler, käbiri býujetden maliýeleşdirilýärler. Korporasiýalar, kartel, assosiasiýalar, sindikat, trest we konsernler girýärler. Döwlet korporasiýalary önümçilikde we eksportda esasy orun tutýar. Mysal üçin döwlet eýeçiliginde däl korporasiýalarda, ony esaslandyryjylardan ýokarda durýar. Onuň hukuklary birneme çäklendirilendir. Korporasiýanyň eýeleri öz girdejilerini goýan serişdelerine laýyklykda alýarlar. Şeýlelikde olaryň şahsy goýumlara firma goýulan umumy aktiwlerden, ýagny aýratyndyr. Telekeçilik bilen bagly töwekgelçilikler, firmanyň aktiwlerine täsir edýär. Korporasiýanyň eýeçiligindäki emläkler iki bölekden durýar.

1) Paýnamalary ýerleşdirmekden; 2) we paý esasda gatnaşmakdan toplanan serişdelerden. Şuny-da belläp geçmek gerek, korporasiýa emele gelenden soňra, özbaşyna paýnama – gymmat bahaly kagyzlary çykaryp we ýerleşdirip bilýärler. Şu toplanan serişdeler telekeçiligi mundan beýläkde ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Biz käbir ýagdaýy belläp geçmelidiris. Korporasiýanyň işinde býurakratizm, ýagny ony döretmekde emeli päsgelçiliklerde bardyr. Korporasiýany esaslandyryjylaryň korporasiýanyň işine bolan gözegçiligi kynlaşýar. Mysal üçin, kartel – ylalaşygy esasynda önümleriň nyrhyna gözegçilik edilýär. Seret (OPEK). Ol öndürilýän nebitiň dünýäde 60 göterimine çenli gözegçilik edýär.

2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne assosiasiýalaryň, konsernleriň, korporasiýalaryň sany 58 bolup, olaryň esasy bölegi Aşgabat şäherinde ýerleşendir.

18.2. Mysal üçin, gaz, nebit, elektroenergiýa we pagta süýümi we ş.m. korporasiýalara döwlet ýeňillikli karzlar, ylaýta-da düýpli maýa goýumlara býujetden serişdeler goýberilýär, bahalar syýasatynda, salgyt we beýleki ugurlarda ýeňillikler berip, olarda tehniki progressiň çalt ösmegine ýol açýar. Olaryň harajatlary we girdejileri beýleki önümçilik pudaklardaky ýaly, ýöne, maliýesiniň

aýratynlygy: korporasiýanyň merkezi diwanyny saklamak üçin, ätiýaçlyk pul toplumyny döretmek üçin korporasiýa girýän kärhanalar alan peýdasynyň ýa-da girdejisiniň bir bölegini merkeze geçirýärler. Mysal üçin, daşary ýurtlarda korporasiýanyň girdejileriniň üýtgäp durýanlygy üçin merkeze geçirimiň (otçisleniýäniň) ululygy dürli-dürlüdir. Aýdaly elektrik energiýasy we gaz üçin otçisleniýeler tapawutlydyr. Gazyň we elektroenergiýanyň tarifi gije gündiziň dowamynda üýtgäp bilýär. Gündiz energiýanyň köp harçlanylýan wagty tarif ýokary, tersine, gije az ýa-da hususy kärhanalara pes tarif ulanylýar. Ilat üçin bolsa biziň ýurdumyzyň tersine iň ýokary tarif ulanylýar.

Korporasiýanyň harajatlary ikä bölünýär, gündelik harajatlar hem-de düýpli maýa goýumlar üçin edilýän harajatlar. Girdeji we çykdajy aratapawudy bolsa peýda ýa-da zyýandyr. Mysal üçin, käbir halkara korporasiýalaryň alýan peýdalary ortarak döwletleriň 1 ýyllyk pul girdejilerem artygrakdyr. “Jeneral Motors” kompaniýasynyň dürli ýurtlarda şahamçalary (filiallary) bolup, jemi bir ýylky önüm satmakdan alan girdejisi 100 milliard amerikan dollaryndanam geçýändir.

18.3. Peýdasynyň paýlanylyşy: peýdasynyň ep-esli bölegi döwlet býujetine salgyt hökmünde gönükdirilýär, galan bölegi esasy we dolanyşyk kapitaly ösdürmäge, ätiýaçlyk gaznasynyň üstüni dolmaga, eger paýnamalar çykarylyp ýerleşdirilen bolsa, onda paýnamalaryň eýelerine paý haky (diwidend) tölemek üçin gönükdirilýär. Käbir ýurtlarda korporasiýalar maliýe taýdan kynçylyk çekseler, onda olara döwlet tarapyndan subsidiýalar berilýär. Ylaýta-da dowam edýän maliýe krizisleri döwründe hususy we paýdar korporasiýalary diňe bir döwlet çäginde bolmak bilen çäklenmän köp ýurtlarda öz şahamçalaryny (filiallaryny) açmak bilen ýaýrandyr. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda hususy we paýdarlar korporasiýalary iň köp ýaýran eýeçilik görnüşidir. Mysal üçin, ABŞ-da 500 sany iň iri korporasiýalaryň aktiwi 2 trilliýon dollardan geçdi, ýagny önüm satmakdan alan girdejisi 2 trilliýon, peýdasy 1 ýylda 120 milliard dollardan geçdi. Şol korporasiýalar-da maliýe işi esasy orna çykdy.

Biziň ýurdumyzda döwlet korporasiýalary bilen bir hatarda hususy korporasiýalar emele geldi. Olar köp profilli bolup, derman, söwda, maldarçylyk, çörek bişirmek we ş.m. ugurlarda ýaýrandyr. Oňa köp sanly kärhanalar girýärler. Olaryň öz direksiýalary bar hem-de öz alan girdejilerinden merkezi diwany saklamak üçin geçirýärler.

18.4. Hususy korporasiýanyň maliýe işini gurnamakda şu aşakdaky ýörelgeden ugur alýarlar:

1. Maliýe serişdeleri belli bir ugra gönükdirmek üçin merkezleşdirmek.
2. Gysga, orta we uzak möhletli maliýe meýilnamasyny işläp düzmek (aý, çärýek we ýyl).
3. Iri maliýe ätiýaçlyklaryny döretmek (baş ätiýaçlyk, gündelik (operatiw), gizlin ätiýaçlyklar, walýuta kursunyň üýtgänligi üçin dörän ýitgini ýapmak üçin ätiýaçlyk we ş.m.)
4. Müşderilere bolan bergilerini öz wagtynda we doly üzmek, ýagny olaryň ynamyny gazanmak.

Hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň esaslyk maýasy ony esaslandyryjylaryň hasabyna, şeýle-de korporasiýa girýän kärhanalaryň geçiriminiň hasabyna emele

getirilýär. Paýdarlar esasynda döredilen kärhanalarda bolsa paýnamalary ýerleşdirmekden toplanan pul serişdeleriniň hasabyna emele getirilýär.

Ösen ýurtlarda döwlet korporasiýalary giňden ýaýrandyr. Mysal üçin, Welikobritaniýada kömür senagaty, elektrik energiýasy ýaly pudaklarda hereket edýärler. Olar şol pudaklardaky ähli kärhanalary öz içine alýarlar. Döwlet eýeçiligindäki korporasiýalara döwlet dürli kömekleri berip durýar, mysal üçin düýpli maýa goýumlarynyň möçberi, döwlet býujetinden olara subsidiýalar berilýär we ş.m.

Korporasiýalar şu aşakdaky maksatly pul gaznalaryny döredýär. Esasy we dolanyşyk kapitalyny ösdürmek üçin ulanyş tutumlary gaznasy, ätiýaçlyk gaznasy, zähmet haky gaznasy, pensiýa gaznasy, durmuş we haýyr-sahawat gaznasy we ş.m.

18.5. Dünýä bäsleşikligi (konkurensiýa) şertlerinde korporasiýanyň maliýesiniň roly has ýokarlandyryldy, ýörite maliýe menejerleri we uprawleniýeler döredi, diňe bir maliýe menejerleri we däl beýleki gullukdaky işgärler hem köpeldi. Mysal üçin olaryň käbiri barada durup geçýäris.

**Baş bölümi:** maliýe serişdeleri meýilnamalaşdyrýar, pul girdejilerini paýlaýar, kassadaky nagt pullary dolandyrýar, gymmat bahaly kagyzlary çykarýar we satýar hem satyn alýar. Ähli ätiýaçlyk we beýleki pul gaznalaryny döredýärler we ulanýarlar.

**Baş kontrolýor:** korporasiýanyň hasabat işini ýola goýýar, şol sanda maliýe işleri boýunça auditor we buhgalter hasabaty işlerini ýola goýýar. Salgyt hasabyny çykarýar. Maliýe boýunça wise prezident: korporasiýany ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýär, düýpli maýa goýumlary dolandyrýar. Diwidendlerdir we zähmet haklarynyň derejesini kesgitleýär, önümi satmak we beýleki işleri ýola goýýar. Maliýe meýilnamalaryny düzmekligi ýola goýýar. Maliýe meýilnamany uzak möhletli çaklama hökmünde düzýär. Korporasiýalaryň esasy maliýe görkezijileri şulardyr:

Pul girdejileri, peýda we maýa goýumlarynyň möçberi, maliýe serişdeleriň çeşmeleri şulardan ybarat, peýda, ulanyş tutumlary, paýnama we obligasiýa satmakdan gelen girdeji we bankdan alan karz pul serişdeleri.

**Şekil №11**

## EDARA EDIŞ SHEMASY




Maliýe ýagdaýlaryna baha bermek üçin ulanylýan resminamalar:

1. Peýda we zyýan görkezilýän hasapnamalar, maliýe hasabaty.
2. Korporasiýanyň balansy.
3. Pul serişdeleriniň hereketini görkezýän hasapnamalar.
4. Düýpli maýa goýumlar hasapnamalary.

Birinji hasapnamada korporasiýanyň maliýe netijeleri görkezilýär. Mysal üçin, ABŞ-da ýerleşýän "Jeneral Motors" korporasiýasynyň girdejisi we cykdajysy şu aşakdakylardan ybarat.

**Tablisa №59**

## ŞERTLI MAGLUMATLAR:

| "Jeneral Motors" | milliard dollar |
|---|---|
| Önüm öndürmekden we ýerleşdirmekden alnan pul girdeji | 102,8 |
| Satylýan önümleriň özüne düşýän gymmaty | 88,3 |
| Söwda, umumy we administratiw harajatlar | 5,2 |
| Ulanyş tutumy | 3,5 |
| Ýörite gurallaryň ulanyş tutumlary | 2,6 |
| Önümçiligi üýtgedip gurmak bilen bagly harajatlar | 1,3 |
| Amaly girdejiler | 0,8 |
| Beýleki girdejiler | 0,05 |
| Balansdaky peýda | 2,0 |
| Arassa peýda | 2,9 |

Şekilden belli boluşy ýaly, esasy orny önümleri satmakdan alynan pul girdejileri eýeleýär.

**Şekil №12**

**Korporasiýanyň peýdasy şu aşakdaky ýaly paýlanýar:**




Korporasiýanyň maliýesiniň aýratynlygy barada gürrüň etsek, onda balansda aktiw böleginde näbelli, äşgär edilmeýän serişdeler-de görkezilýär. Mysal üçin, firmanyň gymmatlyklary, söwda markalary we belgiler, patent we oýlap tapyjylyk hukuklarydyr, Nou-Hau (önümçiligiň syry) we ş.m. Mysal üçin: Koko-kolo işläp çykarmaklygyň syry ABŞ-da örän gizlin saklanýar. Hut şonuň ýaly hem beýleki käbir önümleriň syry gizlin saklanýar. Jemgyýetçilik we paýdarlar üçin wagtal-wagtal auditor gulluklary tarapyndan barlag geçirilenden soň korporasiýanyň täjirçilik balansy metbugatda çap edilýär. Täjirçiligiň we maliýe işiniň netijelerini häsiýetlendirýän we metbugatda äşgär edilýän esasy görkezijileri şulardan ybarat:

1. Peýdanyň satylan önümlerinden gelen pul girdejilerine bolan gatnaşygy.

2. Peýdanyň normasy (esasy we dolanşyk kapitala bolan gatnaşyklary ýa-da önümleriň özüne düşýän gymmatyna bolan gatnaşygy).

3. Paýnama degişli peýdanyň möçberi göterim hasabynda.

4. Paýnamalar boýunça ortaça girdeji.

5. Dolanyşyk kapitalynyň pul serişdeleriniň gysga möhletli bergilere bolan gatnaşygy.

6. Pul serişdeleriniň we gymmat bahaly kagyzlaryň dolanyşyk kapitalyna bolan gatnaşygy.

Korporasiýadaky maliýe gulluklarynyň esasy wezipesi korporasiýanyň maliýe taýdan durnuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Bazar ykdysadyýetine doly geçilmegi bilen biziň ýurdumyzda dürli eýeçilik görnüşlerindäki korporasiýalaryň sany mundan beýläk-de artar.

Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Korporasiýalaryň görnüşleri?
2. Olaryň maliýesiniň aýratynlygy?
3. Girdejisi, çykdajylary we peýdasy?

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr-Aşgabat, “Ylym neşirýaty”, 2007 ý.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy Aşgabat, 2007 ý.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Turkmenistan-sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy-Aşgabat, 2007 ý.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy-Aşgabat, 2007 ý.

5. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary”.-Aşgabat, 2007 ý.

6. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Ösüşiň täze belentliklerine tarap” Saýlanan eserler. I – II, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008-2009 ý.ý.

7. Gurbanguly Berdimuhamedowyň reformatorçylyk syýasatyna berlen ýokary baha. Türkmenistanyň Prezidentiniňkide kabul edişlik. “Türkmenistan” gazeti, 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-y.

8. Halal zähmet, mähriban topraga söýgi-ýurdumyzyň abadançylygynyň we rowaçlygynyň esasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşaoguz welaýatynda bolmagy. “Turkmenistan” gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 4-i.

9. Türkmen topragynyň ähli baylyklary halkymyzyň bagtyýarlygyna we abadançylygyna hyzmat etmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Lebap we Mary welaýatlarynda bolmagy. “Türkmenistan” gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 5-i.

10. Ähli işler we başlangyçlar ýurdumyzyň we halkymyzyň abadançylygyna gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Balkan welaýatynda bolmagy. “Türkmenistan” gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-i.

11. Türkmenistanyň Konstitusiýasy-Aşgabat, 2009 ý.

12. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy-Aşgabat, 2007ý.

13. Salgytlar barada bitewi kanun. 2005 ýyl we soňraky üýtgetmeler.

14. “Merkezi bank barada” Türkmenistanyň kanuny. “Turkmenskaýa iskra” gazeti, 19.11.1993 ý.

15. “Telekeçi banklar we bank işleri” barada Türkmenistanyň kanuny. “Turkmenskaýa iskra” gazeti, 23.11.1993 ý.

16. Türkmenistanyň daşary ýurtlaryň goýumlary barasynda Türkmenistanyň kanuny. 1998-nji ýylyň maý aýynyň 19-y.

17. “Kärhanalar barada” Türkmenistanyň kanuny. 15.06.2000ý. №28-11.

18. 1999-2000-2009-njy ýyllaryň döwlet býujetleri barada kanunlar.

19. Türkmenistanda raýatlaryň pensiýa üpjünçiligi hakynda kanun.

20. Eýeberdiýew G. E., Halow N.H. we başgalar Türkmenistanyň maliýe ulgamy. 2001 ýyl.

21. “Finansy” pod. red. professora A.M.Kowalýowoý, Moskwa “Finansy i statistika” 1997 ýyl.
22. Finansowyý menejment Moskwa, uçebnik. Izdatelstwo “Perspektiwa” 1997ý.
23. Halow N.H. we Mämmedow D.T. Ätiýaçlandyryş: kämilleşmegiň ýolunda// „Diýar” №6. 2009.
24. Mämmedow D.T. Maliýe seljermesiniň ähmiýeti ýa-da edara-kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak meseleleri // „Nesil” gazýeti 2009. 26 fewral.
25. Mämmedow D.T. Kärhanalaryň maliýe ýagdaýyna seljerme geçirmegiň ähmiýeti // „Biznes reklama” gazýeti 2009. 14 mart.
26. Halow N.H. “Maliýe” okuw gollanmasy. Aşgabat 2007ý.
27. Halow N.H. Sosializmde haryt-pul gatnaşyklary we maliýe. Aşgabat “Ylym” neşirýaty, 1990 ý.
28. Halow N.H. Maliýäniň düýp mazmuny we funksiýalary. Aşgabat 1989 ýyl.
29. Halow N.H. Doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüni maliýeleşdirmek. Aşgabat 1990 ýyl.
30. Halow N.H. Maliýe işi ykdysady kategoriýadyr. Maliýe habarlary. 2-3, 1995 ýyl.
31. Halow N.H. Durmuşda gerek boljak zatlar. Žurnal “Galkynyş” №11, 1991 ýyl.
32. Halow N.H. we başgalar. Kärhana maliýesi. 2001ý.
33. Halow N.H. Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň emele gelmegi. Ylym we tehnika №3 2001ý.
34. Halow N.H., Çarygeldiýew Ý., Eýeberdiýew G.E. Salgytlar we salgytlaryň salnyşy. Aşgabat 2001 ýyl.
35. Halow N.H. Täzeleniş döwrüniň býujeti. “Türkmenistan” gazeti, 18.12.2008ý.
36. Halow N.H. Býujet-maliýe syýasaty. Türkmenistanda ylym we tehnika. 2004 ýyl. №1.
37. Halow N.H. Bazar ykdysadyýetiniň özeni. “Türkmenistan” gazeti, 2004 ýyl, ýanwar aýynyň 29-y.
38. Halow N.H. Türkmen ykdysady gudraty. “Türkmenistan” gazeti, 2007 ýyl, maý aýynyň 27-si.
39. Halow N.H. Gaznam galňap galkynýar. Garagum žurnaly. 2004 ýyl, iýun aýy.
40. Halow N.H. Türkmenistanyň döwlet býujeti we onuň milli manadymyzyň berkitmekdäki ähmiýeti. “Türkmenistan” gazeti, 2003 ýyl, noýabr aýynyň 16-y.
41. Halow N.H. Adalgalar hakynda. “Galkynyş” gazeti, 2003 ýyl, dekabr aýynyň 16-sy.
42. Halow N.H. Maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnal. 2004 ýyl, iýul aýy.
43. Halow N.H., Öserow B. Garaşsyzlyk ýyllarynda ätiýaçlandyryş ulgamynyň ösmegi we kämilleşdirilmegi. “Türkmenistanda ylym we tehnika” žurnal. №4, 2005 ýyl.

44. Halow N.H. “Maliýe resurslary we olaryň çeşmeleri”. “Türkmenistanda ylym we tehnika” žurnal. №12, 2005 ýyl.
45. Halow N.H. Kärhananyň maliýesiniň ähmiýeti we wezipeleri. THHI “Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ykdysady gudraty türkmeniň Altyn asyrynyň sarsmaz binýady” Aşgabat 2004 ýyl.
46. Halow N.H. we beýlekiler. Möhüm ykdysady reforma. “Watan” gazeti, 01.10.2008 ýyl.
47. Halow N.H. “Maliýe gurallarynyň – usullarynyň ähmiýeti we täsiri”, “Watan” gazeti, 2008 ýylyň fewral aýynyň 26-sy.
48. Halow N.H. we başgalar. Milli syýahatçylyk zolagynyň geljegi. “Watan” gazeti, 2007 ýylyň dekabr aýynyň 8-i.
49. Halow N.H. “Türkmen ykdysadyýeti ösüşiň täze menzilleri”. “Türkmenistan” gazeti, 2008 ýylyň mart aýynyň 1-i.
50. Halow N.H. we beýlekiler. Monitoring işini makroykdysady şertlerde guramagyň meseleleri. “Watan” gazeti, 2007 ýylyň sentýabr aýynyn 11-i.
51. Halow N.H. we beýlekiler. Galkynyş döwrüniň býujeti. “Türkmenistan” gazeti, 2007 ýylyň fewral aýynyň 24-i.
52. Halow N.H. Daýhan birleşikleriniň işini mundan beýläk kämilleşdirmek. “Türkmenistanda ylym we tehnika” žurnal. №2, 2007 ýyl.
53. Halow N.H. “Daýhan birleşikleriniň işini kämilleşdirmek”. “Türkmenistan” gazeti, 2007 ýylyň mart aýynyň 27-si.
54. Halow N.H. we beýlekiler. “Ätiýaçlandyryş ulgamy halkyň hyzmatynda”. “Watan” gazeti, 2007 ýylyň ýanwar aýynyň 16-sy.
55. Halow N.H., Orazmämmedow Ý. Maldarçylyk pudagynda hasaplaşyk işini kämilleşdirmek. “Türkmenistanda ylym we tehnika” žurnal. №2, 2008 ýyl.
56. Hodjaniýazow T. Denežnoýe obraşeniýe w gosudarstwe welikih seldjukow. (Po dannym numizmatiki) Aşgabat izdatelstwo “Ylym” 1977
57. “Maliýe” okuw kitaby W.M.Rodionowanyň redaksiýasynda – Maliýe we statistika. 1998 ýyl.
58. Mämmedow M.B., Çarygeldiýew Ý.Ç. Salgytlar hakyndaky teoriýanyň esaslary. Aşgabat “Bereket – Bina” neşirýaty 1994 ýyl.
59. Mämmedow M.B., Çarygeldiýew Ý.Ç. Maliýe menejmenti. Aşgabat “Türkmenistan” neşirýaty 1994 ýyl.
60. Molýakow D.S. “Kärhana maliýesi” – M., “Finansy i statistika” 1997 ýyl.
61. Halow N.H. we beýlekiler. Milli manadymyz Galkynyş binýadymyz. “Watan” gazeti, 01.11.2007 ýyl.
62. Şahow W.W. “Strahowaniýe” okuw kitaby, r/wiýa, STINK-de M., 1997ý.
63. Taýharow B.T. we başgalar. Pul, karz we banklar. Aşgabat 2001ý., 2007ý.
64. “Türkmenistan SSR-niň taryhy”. Birinji kitap. Türkmenistan SSR ylymlar akademiýasynyň neşirýaty. Aşgabat – 1959 ýyl.
65. Woznesenskiý A. Maliýe – gymmat kategoriýasydyr. Maliýe we statistika 1985 ýyl.